**E. Atdaýew, K. Öwelekow,**
**G. Annameredowa, Ý. Toýlyýewa**

# PSIHOLOGIÝA

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2010**

UOK 378:1. 159.9
A 88

**Atdaýew E. we başg.**
A88 **Psihologiýa.** Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: “Ylym” neşirýaty, 2010.

TDKP № 244, 2010 KBK 88 ýa 73

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym“ neşirýaty, 2010.
© Atdaýew E. we başg., 2010.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# I bölüm
# Psihologiýa dersine giriş

## § 1. Psihologiýanyň dersi, wezipeleri we barlag usullary

Her bir adam daşky dünýäni, ondaky predmetleri, wakalary, hadysalary, ýagdaýlary duýmaga, kabul etmäge ukyplydyr. Biz asmana seredip, onuň reňkiniň gökdügini, agaçlara seredip, onuň ýaşyldygyny, howanyň yssydygyny, sowukdygyny, bir predmetiň uludygyny, kiçidigini duýýarys. Daş-töweregimizdäki predmetleriň seslerini eşidýäris, guşuň saýraýan, sazyň çalynýan sesini eşidip, ondan lezzet alýarys. Adam gören, eşiden zatlaryny ýatda saklap, birnäçe wagtdan soň hem aňyna getirip, geljek hakynda arzuw edip, dürli ýagdaýlarda begenip ýa-da gynanyp bilýär. Adamyň durmuşynda käbir hadysalaryň bolup geçmegi duýgularyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Biz okan kitaplarymyz hakynda pikir öwrüp, onuň mazmunyny gürrüň berip bilýäris. Adam daşky dünýäni diňe bir duýman, eýsem şol dünýäde işjeň hereket edýär, dürli kynçylyklary, päsgelçilikleri ýeňip geçýär. Ol dürli ýagdaýlarda hem özüne erk etmegi başarýar. Şonuň ýaly-da adamlar özüniň häsiýetleri, dürli işleri ýerine ýetiriş başarnyklary bilen hem tapawutlanýarlar. Bir adam gaharjaň, başga biri giň göwrümli, beýlekisi şähdaçyk bolýar. Bularyň ählisi: duýmak, kabul etmek, ýatda saklamak, pikirlenmek, hyýala getirmek, erk etmek, duýgulary başdan geçirmek, häsiýetler, temperament adamyň psihiki ýagdaýlarydyr. Şu psihiki ýagdaýlary bolsa psihologiýa ylmy öwrenýär.

**Psihologiýa** – bu adamlaryň psihiki, aňyýet işleriniň kanunalaýyklygy hakyndaky ylymdyr. Psihologiýa ylmy adamlarda dürli psihiki prosesleriň ýüze çykyşyny düşündirmän, eýsem şol psihiki pro-

sesleriň ýüze çykyşynyň sebäplerini hem düşündirýär. Psihologiýa düşünjesi, aslynda, iki sany grek sözünden emele gelip, "*Psýuhe* – jan, ruh", "*logos* – ylym, taglymat" diýlip terjime edilýär, ýagny jan, ruh hakyndaky ylym diýmekligi aňladýar. Psihologiýa ylmynyň döremegi hem jan, ruh düşünjesi bilen başlanýar. Sebäbi, baryp ilkidurmuş jemgyýetinde, adamlarda psihiki hadysalara düşünmäge bolan meýiller döräp başlapdyr. Irki döwürde adamyň psihikalary filosofiýa ylmynyň öwrenýän predmeti bolupdyr. Şeýlelikde, gadymy Gresiýa döwletinde filiosoflar peýda bolupdyr. Olar materialistik we idealistik garaýyşly filosoflar, akyldarlar, pikir ýöredijiler diýlip atlandyrylypdyr. Şeýle filosoflara Demokrit, Platon, Aristotel degişlidir.

**Demokrit** (b.e. öň 460-370-nji ýyllar töwereginde ýaşan) psihikany bütin bir tebigat ýaly materiallaýyn zat diýip hasap edipdir. Jan ruh, atom bölejiklerinden durýandyr, ýöne ol teniň, bedeniň atomlaryndan has näzikdir diýip belläpdir. Daşky dünýä akyl ýetirmek duýma agzalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar, predmetleriň, hadysalaryň göze görünmeýän keşbi bölünip aýrylýarlar we olar ruha ornaşyp, onda yz galdyrýarlar diýip düşündiripdir.

**Platon** (b.e. öň 427-347-nji ýyllar töweregi ýaşan) ruhuň, janyň materiýa bilen hiç hili umumylygy ýokdur. Jan, ruh materialistik dünýäden tapawutlylykda göze görünmeýän häsiýetdäki bir zatdyr diýip belleýär. Ol adamyň akyl ýetirmesi psihikanyň daşky dünýä bilen baglanyşykly hereketi bolman, eýsem ol ruhuň adamyň tenine gelip ýetýänçä, ideal dünýäde gören zatlarynyň ýatlamasydyr diýip nygtaýar.

Psihologik garaýyşlaryň, bilimleriň ösüşi **Aristotel** (b.e. öň 384-322-nji ýyllar töweregi ýaşan) bilen hem berk baglanyşyklydyr. Aristotel psihikanyň ösüşini dürli barlaglaryň üsti bilen öwrenmegi maksat edinýär. Beýik grek alymy, filosofy jany, ruhy – paýhasly jan, ösümlikleriň jany, haýwanlaryň jany diýen üç görnüşe bölýär. Şeýle bölünişik esasynda adamyň psihikasynyň aýratynlygy bellenip, adamyň psihikasy onuň edýän hereketlerine akyl ýetirilişiniň, başdan geçirýän zatlarynyň netijesi, mynasybetidir diýip belläpdir. Aristotel öz döwrüniň akylly, paýhasly filosofy bolupdyr. Ol özüniň "Jan hakynda" diýen traktatynda psihikanyň dürli taraplaryny (ýat, pi-

kir, emosiýa, hyýal, duýgy) seredip geçipdir. Şonuň üçin Aristotel psihologiýa ylmyny esaslandyryjy filosof diýlip hem atlandyrylýar. Emma adamyň psihikasy baradaky ylmy barlaglar, tejribeler XIX asyryň ortalarynda ýerine ýetirilip başlanýar. Emma hakyky ylmy psihologiýa XIX asyryň aýaklarynda XX asyryň başlarynda ösüp başlaýar.

Şeýlelik bilen, gadymy grek alymlarynyň garaýyşlaryna syn edip, adam psihikasynyň mehanizmlerini, faktlaryny ýönekeý göz öňüne getirendiklerini bilmek bolýar. Şonuň üçin bu akyldarlaryň pikirleri çäkli bolupdyr diýlip bellenilýär.

Psihika näme? Ol nähili döreýär?

**Psihika** aýratyn guralan materiýanyň – beýniniň özboluşly önümi hasaplanýar. Munuň, hakykatdan hem, şeýledigini haýwanlarda we adamlarda geçirilen tejribeler tassyklaýar. Mysal üçin, beýnä zeper ýeten halatynda, hökman psihikada kesgitli özgerişler döräp başlaýar.

Adamyň kelle beýnisiniň uly ýarym şarlarynyň ýeňse bölümine zeper ýetende görşi, çekge bölege zeper ýetende sözi we saz heňlerini aňlamak ukyby bozulýar. Şunuň ýaly adamyň durmuşynda gabat gelýän mysallar psihikanyň, beýniniň işidigini subut edýär.

Psihika – munuň özi islendik daşky dünýädäki predmetleriň we hadysalaryň beýnide şöhlelenmesidir. Daşky täsirler adamlarda dürli ýagdaýlarda, wagtlarda dürli-dürli şöhlelendirilip bilner. Biz muňa durmuşda, has dogrusy, çagalara bilim-terbiýe bermek prosesinde hem duşup bilýäris. Mysal üçin, okuwçylar mugallymyň gürrüň berýän temasyny diňleýärler,emma okuwçylaryň her biri özüçe özleşdirýär.

Mugallymyň okuwçylardan edýän talaby deň bolsa-da, okuwçylar deň derejede özleşdirmeýärler. Olar praktiki ýumuşlary ýerine ýetirenlerinde kynçylyk çekýärler. Şeýlelikde, psihika, psihiki şöhlelenme – munuň özi real, emma bize bagly bolmadyk, bizden daşardaky, daşky dünýädäki predmetleriň, hadysalaryň, wakalaryň (obýektiw dünýäniň) obrazlarynyň beýnide şöhlelenmesidir. Ýöne şol şöhlelenmeler her adamyň garaýyşlaryna görä özboluşly döreýärler. Şonuň üçin şöhlelenme subýektiwdir. Şu ýagdaýlaryň ählisi bolsa, psihikanyň obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenmesidigini subut edýär.

Psihiki şöhlelenmeler adamda bolup geçýän anyk, hakyky, takyk şöhlelenmelerdir. Şöhlelenmek arkaly döreýän obrazlar daşky dünýädäki predmetleriň hadysalaryň, wakalaryň şekilidir, nusgasydyr.

Şeýlelikde, psihika – bu beýniniň, özi-de janly beýniniň önümidir. Psihologiýanyň öwrenýän predmeti bolsa şol psihikalardyr.

Psihiki şöhlelenme barada aýdylyp geçilen ähli aýratynlyklar belli bir derejede janly-jandarlaryň hemmesine mahsusdyr, psihikanyň ösüşiniň ýokary derejesi aň bolsa, diňe adam üçin häsiýetlidir.

Psihologiýa ylmynda şahsyýetiň psihikasy esasy 3 sany bölüme bölünip öwrenilýär. Olar psihiki prosesler, ýagdaýlar, häsiýetler diýlip atlandyrylýar. Şahsyýetiň psihikasynyň döreýşiniň esasy formalary we olaryň baglanyşygy şu aşakdaky ýaly bölünýär:

| **Psihiki prosesler** | **Psihiki ýagdaýlar** | **Psihiki häsiýetler** |
|---|---|---|
| akyl ýetiriş prosesleri<br>duýma<br>kabul etme ýat, huş<br>pikirlenme<br>hyýal<br>sözleýiş<br>üns | durnukly gyzyklanma<br>döredijilikli<br>galkynyş<br>ynamlylyk<br>sübhelenmek, apatiýa<br>duýgy<br>erk | temperament<br>häsiýet<br>ukyp |

**Psihiki prosesler** şahsyýetiň psihiki hereketleriniň aýratyn formalary we görnüşleridir. Şahsyýetiň daşky dünýä, tebigata, predmetlere we hadysalara akyl ýetirmegi bilen akyl ýetiriş psihiki prosesleri ýüze çykýar. Mysal üçin, adam predmeti duýup, onuň ähli häsiýetlerini bilýär, soňra ony kabul edip alýar. Ýatda galdyryp bilýär. Şeýlelikde, adamda predmet barada düşünjeler emele gelip, akyl ýetirmek prosesi bolup geçýär.

Emosiýa (joşgun), duýgy, erk – bular hem psihiki proseslerdir. Adam durmuşda, ýaşaýyşda bir zada begenmek ýa-da gynanmak, gaharlanmak, özüňe erk edip bilmek ýaly psihiki prosesleri hem başdan geçirýär. Adamyň özüni alyp barşynda, hereketlerinde psihiki ýagdaýlar hem bolup geçýär.

Mysal üçin, kähalatlarda adamyň ýadawlygynyň ýa-da nähoşlugynyň netijesinde daşky zatlara biperwaýlyk, höwessizlik, meýilsizlik döreýär. Bu bolsa adamda bolup geçýän psihiki ýagdaý – apatiýadyr.

Psihiki ýagdaýlar, psihiki prosesler özüniň durnuklylygy we dowamlylygy bilen tapawutlanýar. Adamlar özleriniň indiwidual aýratynlyklary, sypatlary bilen bir-birinden tapawutlanýarlar.

Mysal üçin, adamlaryň käbiri ýygra, utanjaň bolsa, käbirleri örän alçak, şonuň ýaly-da, şadyýan, şähdaçyk bolýarlar. Bu adamyň psihiki häsiýetlerini görkezýär.

Adamyň psihikasynyň prosesleri, ýagdaýlary we häsiýetleri onuň işinde, hereketinde, özüni alyp barşynda ýüze çykýar. Psihologiýa ylym we okuw predmeti hökmünde öwrenilip, adamda bolup geçýän psihiki hadysalara ylmy esasda düşündiriş bermekdir. Psihologiýa ylym hökmünde dürli psihiki hadysalara ýazmaça düşündiriş bermek bilen çäklenmän, eýsem şol psihiki hadysalaryň manysyny, mazmunyny açyp görkezmekden, psihiki hadysalaryň döreýiş sebäplerini anyklamakdan, dürli kanunalaýyklyklary kesgitlemekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Bilim hakyndaky kanunynda "Bilimiň maksady umumadamzat we milli gymmatlyklar esasynda şahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmekdir" diýlip bellenilýär. Şahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin bolsa, onuň sosial, indiwidual we birnäçe beýleki aýratynlyklaryny öwrenmeli, ýüze çykarmaly we şolara salgylanyp hem okuw – terbiýeçilik işlerini dogry guramaly.

Psihologiýa ylmy şahsyýetiň psihiki işleriniň umumy kanunalaýyklygyny öwrenmegi we ýüze çykarmagy maksat edinýär. Ösen jemgyýeti gurjak ýaş nesli hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet edip ösdürip ýetişdirmekde psihologiýanyň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin çagalara bilim we terbiýe bermekde esasy öň hatarda durýan mugallymlar we terbiýeçiler psihologiýa ylmyna düşünmelidirler. Psihologiýa ylmyna düşünmek, onuň dürli usullaryny öwrenmek bilen her bir mugallym we terbiýeçi şahsyýetiň inçe duýgularyna täsir etmegi başarýar. Okuwçylar ylmy kitaplary okanlarynda logiki taýdan pikirlenip, özbaşdak oýlanyp, öz çözgütlerini tapmagy başarmalydyrlar. Elbetde, okuwçylarda logiki taýdan pikirlenip bilmegi ýüze çykarmak üçin olaryň dürli psihiki aýratynlyklaryny bilmelidir. Okuwçylarda logiki pikirleniş ukybyny ösdürmekde esasy rol mugallyma degişlidir. Şonuň üçin mugallym öz işinde inçe psiholog bolmalydyr diýsek, ýerlikli bolar. Häzirki döwürde mugallymyň iş ukyplylygy barada uly

aladalar edilýär. Häzirki galkynyş döwründe mugallymyň öňünde uly wezipeler durýar. Şonuň üçin her bir pedagog öz käriniň ussady bolmagy başarmalydyr.

Psihologiýa birnäçe ylymlaryň beýleki pudaklarynda hem giňden ulanylýar we öwrenilýär.

Psihologiýanyň aýry-aýry ugurlary öz aralarynda berk baglanyşýarlar.

Psihologiýa ylmynyň birnäçe ugurlaryny, pudaklaryny şu aşakdaky ýaly bölüp görkezmek bolýar.

**1. Umumy psihologiýa** hemmetaraplaýyn psihiki taýdan sagdyn ösen şahsyýetiň psihiki işleriniň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär.

**2. Ýaş aýratynlyklarynyň psihologiýasy** adamyň dürli ýaş döwürlerinde psihiki prosesleriň ýüze çykyşynyň kanunalaýyklygyny öwrenýär. Ýaş aýratynlygy psihologiýasy ýetginjeklik, ýaşlyk, kämillik, uly ýaş hem-de garrylyk psihologiýasy ýaly döwürlere bölünýär. Bu psihologiýanyň esasy wezipesi adamyň dürli ýaş döwürlerindäki psihologiki aýratynlyklaryny öwrenmekden, şahsyýetde dürli psihiki prosesleriň ýüze çykyşynyň has amatly döwürlerini kesgitlemekden ybaratdyr.

**3. Pedagogiki psihologiýa** ýaş aýratynlygy psihologiýasy bilen berk baglanyşykly bolup, şahsyýeti okatmagyň, öwretmegiň we hemmetaraplaýyn terbiýelemegiň psihologik esaslaryny öwrenmekden ybaratdyr. Sebäbi şahsyýetiň ýaş aýratynlygyny kesgitlemän, indiwidual aýratynlygyny öwrenmän, okatmagyň, bilim we terbiýe bermegiň psihologik kanunlaryny ýüze çykarmak, aýdyňlaşdyrmak mümkin däldir. Pedagogiki psihologiýa mugallymlara okatmagyň we terbiýe bermegiň mazmunyny has dogry kesgitlemäge, okuwçylaryň psihiki ösüşine ýardam berýän usullary dogry peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Umuman, pedagogiki psihologiýanyň mazmunynda okuwçylara bilim we terbiýe bermek bilen baglanyşykly meselelere aýratyn orun berilýär.

**4. Sport psihologiýasy** sportuň dürli görnüşleri bilen meşgul bolýan adamlary okatmagyň we terbiýelemegiň psihologik mazmunyny öwrenýär.

Türgenlerde, bedenterbiýeçilerde sport endikleriniň, başarjaňlygyň, sport ýaryşlaryna gatnaşyklarynda dogumlylyk, çydamlylyk ýaly sypatlaryň ýüze çykyşynyň dürli kanunalaýyklygyny öwrenýär.

**5. Medisina, saglyk psihologiýasy** medisina bilen näsaglaryň aragatnaşygyny dogry guramagyň, näsaglara psihologik täsir etmegiň dürli ýollaryny öwrenýär.

**6. Sungat psihologiýasy** sungatyň dürli görnüşi bilen meşgul bolýan adamlarda dürli duýgularyň emele gelşini we dowam ediş aýratynlygyny öwrenýär. Sungat psihologiýasynyň esasy wezipesi şahsyýete gözellik terbiýesini bermek, çeper edebiýata, sazandalyga, suratkeşlige gönükdirilen başarnyklary kemala getirmekden ybaratdyr.

**7. Sosial psihologiýa** jemgyýetiň sosial birleşmeleriniň, toparlarynyň, pikirlerini, sosial duýgularyny, garaýyşlaryny öwrenmekden ybaratdyr. Sosial psihologiýa adamlaryň özara gatnaşyklaryny, kollektiwde biri-birine täsir ediş aýratynlyklaryny öwrenýär.

**8. Patopsihologiýa** adamyň kadaly psihiki işiniň bozulmalaryny we onuň şahsyýete edýän täsirini öwrenýär. Psihologiýanyň bu pudagy birnäçe ýagny,

a) oligofrenopsihologiýa adamyň kelle beýnisiniň dogabitdi ýetmezçiligini, akyl taýdan şikeslilerini öwrenýän;

b) tiflopsihologiýa kör ýa-da çala görýän adamlaryň psihiki aýratynlyklaryny öwrenýän;

ç) surdopsihilogiýa ker ýa-da çala eşidýän adamlaryň psihologik ýagdaýlaryny öwrenýän ugurlara bölünýär.

**9. Zoopsihologiýanyň** psihologiýanyň beýleki pudaklaryndan esasy tapawudy onuň haýwanlaryň psihologiýasyny öwrenýänligidir. Psihologiýanyň bu ugry haýwanlaryň, aýratyn-da ösen haýwanlaryň psihikasyny adam psihikasy bilen deňeşdirip öwrenmeklige mümkinçilik berýär.

**10. Zähmet psihologiýasy** zähmet işiniň psihologik aýratynlyklaryny öwrenýär. Şahsyýetiň hünäri saýlap-seçip almagynyň dürli mümkinçiliklerini, onuň zähmeti ylmy esasda guramagyny, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň zerurlygyny, zähmet kollektiwlerindäki gatnaşyklary dogry guramagyň mümkinçiliklerini öwrenýär.

**11. Kosmiki psihologiýa** uçuş ýagdaýyna taýýarlyk görýän ýa-da uçuş şertlerindäki adamlaryň psihiki aýratynlyklaryny öwrenýär.

Uçuş şertlerindäki adamlarda ýerde bolmadyk aýratyn häsiýetler ýüze çykýar. Şonuň üçin kosmonawtlary taýýarlamak, okatmak we türgenleşik işlerini psihologik taýdan esaslandyrmak meselesi bu psihologiýanyň esasy meselesiniň biridir.

**12. Harby psihologiýa** harby ýagdaýdaky adamlaryň psihiki aýratynlyklaryny öwrenýär. Harby pisihologiýanyň möhüm wezipesi harby okuw we terbiýe meselelerini işläp düzmekdir. Psihologiýa ylmy beýleki ylymlar bolan pedagogika, taryh, anatomiýa, gigiýena, sosiologiýa, sungaty öwreniş we ş.m. bilen hem berk baglanyşykly öwrenilýär. Ýagny bu ylymlaryň ählisinde hem şahsyýetiň işleri öwrenilyär. Mysal üçin, psihologiýanyň pedagogika ylmynyň ösüşi üçin aýratyn ähmiýeti bardyr. Sebäbi ol okuwçylaryň psihiki ösüşiniň kanunalaýyklygyny, olaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklary boýunça ösüş derejelerini, okatmagyň we terbiýe bermegiň netijeli usullaryny işläp düzmegiň praktiki ugurlaryny görkezýär. Psihologiýa ylmy öz ösüşini ylmy-barlag usullarynyň dogry ulanylmagy bilen dowam etdirýär. Sebäbi bu ylmyň ösüşini ylmy maglumat almak, barlamak, derňemek netijesinde gazanmak mümkindir. Usul - bu adamlaryň dürli psihiki aýratynlyklary barada maglumat toplamak üçin amala aşyrylýan täsirler diýlip kesgitlenilýär. Şahsyýeti psihologik taýdan barlamak, derňemek ylmy-barlag usullaryny ulanmagyň üsti bilen durmuşa geçirilýär. Ol ýa-da beýleki usuly ulanmak üçin saýlap almak geçiriljek barlaglaryň predmetine we wezipesine baglydyr. Psihologiýa ylmynda ulanylýan esasy ylmy-barlag usullaryna syn etmek, tejribe, eksperiment geçirmek, gürrüň geçirmek, anketa doldurtmak, işiň netijesini seljermek,test degişlidir.

## Syn etmek usuly

Syn etmek usuly şahsyýetiň dürli tebigy ýagdaýlaryndaky hereketlerini, özboluşly aýratynlyklaryny, ýagdaýlaryny, işlerini synlamak arkaly hemmetaraplaýyn aýdyň öwrenmekligi maksat edinýär. Syn etmek usuly şahsyýetiň okuw, oýun, zähmet işlerinde ulanylyp, tebigy şertlerde geçirmek arkaly maglumat alynýar. Syn etmek ma-

halynda öwrenilýän adam özüne syn edilýändigini duýmaly däldir, sebäbi özüne syn edilýändigini duýsalar, olaryň özüni alyp barşyndaky tebigylygyň ýitmegi mümkindir. Barlag geçirilýän adamyň özüni alyp barşynyň üýtgemegine sebäp bolup biler. Syn etme mahalynda syn edýän adam synag geçirilýän adamyň işine goşulmaly däldir, eger-de goşulaýan halatynda hem goşulyşykly syn etmegi ýola goýmalydyr. Syn etme usulyny dogry guramakdan esasy şu aşakdaky ýaly talaplar goýulýar.

1. Psihiki hadysalaryň tebigylygynyň saklanmagy.
2. Syn etmäniň belli bir maksada gönükdirilen bolmagy.

Syn etme mahalynda alynjak maglumatlaryň takyk bolmagy üçin onuň meýilnamasyny we maksatnamasyny düzmek zerurdyr. Sebäbi barlagyň gidişine yzygiderli gözegçilik etmekde meýilnamanyň we maksatnamanyň düzülmegi gowy mümkinçilik berýär. Şahsyýetiň özüni alyp barşyna gysga wagtyň içinde syn edip, maglumatlar almak mümkin däldir. Sebäbi syn etmäniň dowamlylygy näçe uzak bolsa, şonça-da dogry we anyk maglumatlar toplamak mümkindir.

## Eksperiment, tejribe usuly

Psihologiýa barlagyny geçirmekde eksperiment usuly hem uly rol oýnaýar. Eksperiment ýörite bellenen eksperimentator, tejribeçi tarapyndan öwrenilýän psihiki hadysalar barada ýörite bellenen şertlerde maglumatlar toplamak usulydyr. Bu usulda barlagçy eksperiment geçirilýän hadysa aktiw gatnaşyp, ýüze çykýan psihiki aýratynlyklary hasaba alýar.

Psihologiýa eksperimentini geçirmegiň iki sany görnüşi bolup, olara laboratoriýa we tebigy eksperimentler degişlidir. Laboratoriýa eksperimenti dürli enjamlary ulanmak arkaly ýörite taýýarlanan materiallardan peýdalanmak bilen geçirilýän barlagdyr. Dürli enjamlary ulanmak arkaly eksperiment geçirilende, tejribe geçirilip, synag edilýän adamyň jogaplarynyň aýratynlyklaryny dogry belläp almaga mümkinçilik berýän abzallar ulanylýar. Şeýle abzallaryň birine kompýuterler ýa-da telewizor ekranynda apparatlaryň kömegi bilen geçirilýän oýunlar degişlidir. Şu tehniki abzallaryň kömegi bilen çagalaryň psihiki proseslериniň çaltlygyny, wagtyny kesgitle-

mek we baha bermek mümkindir. Adamyň görüş aýratynlyklaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýän abzalyň biri hem tahistoskopdyr. Bu abzalyň kömegi bilen adamyň duýşunyň, kabul edişiniň tizligi, ünsüniň göwrümi, ýadynyň aýratynlyklary kesgitlenilýär. Uçuş ýagdaýyna taýýarlanýan kosmonawtlaryň psihiki aýratynlyklary ýörite laboratoriýalarda abzallary ulanmak arkaly hemmetaraplaýyn öwrenilip, maglumatlar alynýar. Laboratoriýa eksperimenti adamyň psihiki hadysalarynyň fiziologik mehanizmlerini öwrenmekde hem ulanylýar. Abzaly ulanmak tejribe geçirilýän şahsyýet üçin höweslendiriş serişdesi bolup täsir edýär. Mysal üçin, başlangyç synplarda sapak prosesinde perfokartalary, matematiki amallary öwrenmek üçin ýörite taýýarlanan abzallary ulanmak mümkindir.

Tebigy eksperiment tebigy şertleriň saklanylmagy bilen ýerine ýetirilip, şahsyýetden dürli maglumatlary almak, toplamak usulydyr. Tebigy eksperiment syn etmek hem-de laboratoriýa eksperimentiniň gowy taraplarynyň baglanyşygy esasynda ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, başlangyç synplarda sapagy öňki ýagdaýynda tebigy şertlerde guramak hem, ýörite tejribe geçirmek maksady bilen guramak hem mümkindir. Mugallym sapak prosesinde öňünden ýörite taýýarlanan materiallaryň üsti bilen okuwçylaryň ünsüni, ýadyny, pikirleniş aýratynlyklaryny, hyýala getiriş derejelerini kesgitläp, öwrenip bilýär.

Tebigy eksperiment ýagdaýynda okuwçylar eksperimentiň ýörite geçirilýändigini duýmaýarlar, şonuň üçin olar özlerini örän arkaýyn, parahat alyp barýarlar.

## Gürrüň geçirmek we anketa doldurtmak usullary

Gürrüň geçirmek usuly şahsyýet bilen gös-göni gürrüň geçirmek arkaly maglumat almak usulydyr. Gürrüň geçirmek ýörite taýýarlanan soraglar esasynda alnyp barlyp, onuň dowamynda maksady saklanmalydyr. Geçirilýän gürrüňiň dowamynda yzygiderlik saklanyp, ol sada dilde, düşnükli, hoşniýetli ýerine ýetirilmelidir. Gürrüň geçirilende howlukmaçlyga, gyssanmaçlyga ýol berilmeli däldir, sebäbi gürrüňiň üsti bilen şahsyýetiň beren jogaplary hasaba alynman, onuň özüni alyp barşy, sözlem düzüşi, intonasiýasy we ş.m. barlanylmalydyr. Mysal üçin, mugallym birinji synpyň okuwçylary bilen ilkinji

tanyşlyk gürrüňdeşligini geçirip biler. Ol gürrüň geçirmek üçin soraglary öňünden düzüp, taýýarlap goýýar. Gürrüňiň dowamynda mugallym okuwçylaryň ýadyny, ünsüni, kabul etmelerini, sözleýişlerini, pikirlerini azda-kände ýüze çykaryp we öwrenip bilýär.

Anketa usuly synag edilýän adamyň ýazmaça berýän jogaplarynyň üsti bilen faktlary, maglumatlary toplamak usulydyr. Anketa geçirmek üçin soraglar düzülende düşnükli we dogry bolmaly. Sebäbi anketa işi geçirilende synag edilýän adam bilen gös-göni aragatnaşyk saklanylman, soraglar ýazmaça görnüşinde adama paýlanyp bilner. Şonuň üçin anketa işi geçiriljek adam bilen öňünden jikme-jik düşündiriş geçirilýär. Dolandyryljak anketalar açyk hem-de ýapyk görnüşde bolup bilerler. Açyk anketada synag edilýän adam goýlan soraglara beriljek jogaplary erkin ýagdaýda saýlap alýar, ýagny synag edilýän adam islän jogabyny berip biler. Emme ýapyk görnüşdäki anketada synag edilýän adam hödürlenýän jogaplaryň diňe birini saýlap almaly bolýar. Anketa usulynyň esasy artykmaçlygy hem gysga wagtyň içinde göwrümi boýunça uly material almak mümkinçiligidir. Anketa usuly adamlar bilen ýekelikde we köpçülikleýin ýagdaýlarda geçirilip bilner.

## Test usuly

Psihologiýanyň ylmy-barlag usullarynyň içinde test işjeň usullaryň biri hasaplanýar. Test usulynyň üsti bilen şahsyýetiň akyl taýdan ösüş derejeleri, ukyplary, endikleri, indiwidual aýratynlyklary, psihiki prosesleriniň ýüze çykmalary we beýleki aýratynlyklary ýüze çykarylýar we öwrenilýär. Test gysga wagtyň içinde geçirilip, şahsyýetden anyk maglumatlar almaga mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde okuwçylaryň bilim derejelerini barlamakda test işjeň usul hökmünde ulanylýar. Birnäçe okuwçylardan gysga wagtyň içinde anyk jogaplary almaga mümkinçilik berýär.

Testiň dogry geçirilmegi üçin şu aşakdaky talaplar ödelmelidir.

1. Test standartlaşdyrylan tejribe bolmalydyr, ýagny standartlaşdyrylmanyň zerurlygy synag edilýän adamyň nähili derejede belli bolan standarta laýyk gelýändigini kesgitlemek ýa-da synag edilýän dürli-dürli adamlary öz aralarynda obýektiw deňeşdirmek dogrusynda

ýüze çykýar. Standartlaşdyrmak haýsydyr bir tejribäni köpsanly synag edilýän adamlarda köp gezek barlanandan soň onuň maglumatlarynyň belli bir umumylyga öwrülýänliginiň hasabyna gazanylýar.

2. Synag edilýän adamlara deň we birmeňzeş mümkinçilikleriň berilmegi, şu talabyň bozulmagy synag edilýän adamlary deňsizlik ýagdaýyna salýar.

3. Ýerine ýetirilen testiň netijelerini düşündirmek, test geçirmek esasynda alnan maglumatlar barlanylansoň bahalandyrylýar.

## Işiň netijesini seljermek usuly

Bu usul adamyň psihiki işiniň materiallaşdyrylan netijelerini seljermek arkaly maglumatlar toplamak usulydyr. Barlagçy bu usulda adamyň özi bilen däl-de, onuň işiniň netijesini barlamak bilen iş alyp barýar, ýagny adamlaryň öz ukyplaryna görä ýerine ýetiren işleri barlanylyp, oňa baha berilýär.

Bu usuly suratkeşiň çeken suratyna, okuwçynyň ýazan düzmesine, ussanyň ýasan guralyna, çaganyň kubjagazlaryndan guran jaýjagazyna döredijilik işi hökmünde baha berlende ulanyp bolar. Adamyň döredijilik işine baha berlende onuň işiniň netijesi barlanylman, işiň tutuş gidiş prosesi hem barlanylmalydyr. Diňe şeýle ýagdaýda adamyň eden işine düýpli häsiýetnama berip bolar. Bu usulyň dogry ulanylmagy üçin şu aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir.

Ýerine ýetirilen işiň şol adam üçin mahsus häsiýetli işiň netijesidigini ýa-da ol tarapdan tötänden dörandigini anyklamak zerurdyr. Sebäbi adam bir işi öňünden meýilleşdirip şol işi gowy ýerine ýetirmek üçin bar ukybyny sarp etmäge taýýar bolýar. Emma kähalatlarda adam şol işi tötänden, gyssagly ýerine ýetirmeli bolýar.

Adamyň işiniň nähili şertlerde, ýagdaýlarda bolup geçendigini anyklamak zerurdyr.

Adamyň diňe bir iş öndürijiligini däl-de, köpsanly iş önümleriniň netijeleriniň barlanylmagy hem göz öňünde tutulmalydyr. Psihologiýanyň bu ylmy-barlag usulynyň üsti bilen adamyň ukyby, başarnygy we döredijilik endikleri öwrenilýär, ýüze çykarylýar. Psihologiýanyň ylmy-barlag usullarynyň içinde öz-özüňe syn etmek, psihologik-pedagogik eksperiment geçirmek ýaly goşmaça usulla-

ryň hem barlygyny bellemek bolar. Öz-özüňe syn etmek usuly arkaly adam özündäki bolup geçýän psihiki prosesleri ýüze çykaryp we öwrenip bilýär. Adamyň bir zada gahary gelendigini özi duýup, şol mahaldaky bolup geçýän üýtgeşmeleri bilmäge ymtylsa, onda adamyň köşeşip, gahary gowşan ýaly bolýar. Bu ýagdaý, hakykatdan hem, şeýledir, sebäbi adam öz-özüne syn etmek bilen öz-özüni terbiýeleýär. Özüniň gowşak taraplaryny ýüze çykaryp, ýetmezçilikleri düzedýär. Okuw-terbiýeçilik işini dogry guramakda psihologik-pedagogik tejribe geçirmek usulynyň hem ähmiýeti uludyr. Bu usulyň üsti bilen okuwçylaryň dürli psihiki aýratynlyklary öwrenilýär. Psihologik-pedagogik eksperiment usulynyň bilim beriji we terbiýeleýji diýen iki sany görnüşi bardyr. Geçirilýän eksperiment okuwçylarda bilim beriji häsiýetde geçirilse, onda oňa bilim beriji psihologik-pedagogik eksperiment usuly diýilýär. Bu görnüşdäki usulyň kömegi bilen okuwçylaryň akyl taýdan derejeleri ýüze çykarylýar we öwrenilýär.

Psihologiýa ylmynda usullaryň birnäçe görnüşleri yzygiderli ulanylýar. Her bir usulyň ulanylyş we ýerine ýetiriliş aýratynlygy bardyr. Usullaryň her birini ýerlikli peýdalanmak bilen şahsyýetiň psihiki aýratynlyklary barada baý maglumatlar toplamak mümkindir.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Psihologiýa ylmy nämäni öwrenýär?
2. Psihika şöhlelenme hökmünde nähili häsiýetlendirilýär?
3. Psihologiýanyň maksady we wezipesi nämeden ybarat?
4. Psihologiýada nähili ylmy-barlag usullary ulanylýar?
5. Ylmy-barlag usullaryny ulanmagyň esasy maksady nämeden ybarat?
6. Ylmy-barlag usullarynyň dogry ulanylmagy üçin nähili talaplar goýlup bilner?

**Psihologik sözlük**

***Psihologiýa*** – adam psihikasynyň kanunalaýyklygyny, faktlaryny we mehanizmlerini öwrenýän ylym.

***Psihika*** – daşky obýektiw dünýäniň beýnide şöhlelenmeginiň netijesidir.

Şöhlelenme-predmetmeriň dürli häsiýetleriniň, gurluş aýratynlyklarynyň we gatnaşyklarynyň beýnide dikeldilip bilinmek ukybydyr.

***Apatiýa*** – meýilsizlik, ýadawlyk, agyr hasrat ýa-da nähoşluk netijesinde döreýän psihiki ýagdaý bolup, ol höwesiň ýitip, daşky zatlara biperwaýlygyň döremeginde ýüze çykýar.

***Patopsihologiýa*** – psihikanyň keselli, defektli üýtgeşmelerini öwrenýän psihologiýa ylmynyň şahasy.

***Pedagogik psihologiýa*** – psihologiýanyň okadylyşyň we terbiýäniň psihologik problemalaryny, meselelerini öwrenýän şahasy.

**Amaly ýumuşlar**

1. Çaganyň mekdepdäki ilkinji günleri döwründe birinji synpa gelen okuwçylar bilen tanyşmak gürrüňdeşligini geçirmek.
2. Öz ýoldaşlaryň birine syn etmegi guramak we ondaky käbir aýratynlyklary bellemek.
3. Başlangyç synp okuwçylarynyň çeken suratlary esasynda olaryň zatlary kabul ediş aýratynlyklaryny kesgitlemek.
4. Psihologiýanyň belli bir usullarynyň biri hakynda awtoryň aşakdaky aýdýan sözleri bilen ylalaşyp bolarmy? Bu ýerde haýsy usul hakda gürrüň gidýär we onuň manysy näme?

“Pikir edýän adama şol bir wagtyň özünde pikirlenýän we öz pikirlenmesine gözegçilik edýän hökmünde seretmek bolmaz”.

5. Eger adamyň özi aýtmasa, onuň gaýgylanýandygyny ýa-da şatlanýandygyny biz nämäniň esasynda bilip bilýäris? Bu ýagdaýda biz akyl ýetirişiň haýsy usulyndan peýdalanýarys?
6. Näme üçin adam gapynyň kakylýan sesini eşidip, derrew onuň ýanyna barýar? Şu ýagdaýda adamda nähili akyl ýetiriş prosesi bolup geçýär?
7. Bu ýerde psihologiýanyň haýsy usullary göz öňünde tutulýar? Olaryň her biriniň artykmaçlygy we kemçiligi nämeden ybarat?

a) Topardaky we kollektiwdäki şahsyýetara gatnaşyklaryň gurluşyny, psihologik gabat gelmekligi kesgitlemeklige niýetlenen psihologik derňew usuly.

b) Çagalaryň çeken suratlarynyň esasynda psiholog olaryň predmetleri kabul ediş aýratynlyklaryny kesgitleýär; çagalaryň ýazuw işlerini çuňňur analizlemek we alnan maglumatlary beýleki eksperimentleriň netijesi bilen deňeşdirmek arkaly okuwçylaryň işiniň indiwidual stilini kesgitleýär.

ç) Synag edilýän adama öz gyzyklanýan zatlary, pikirleri, motiwleri, meýilleri we ş.m. hakynda birnäçe soraglara jogap bermeklik teklip edilýär; ýazylan jogaplar analizlenýär we statistik hasaplaýyşdan soňra käbir netijelere gelmek üçin material hökmünde ulanylýar.

Bu usul birbada adamlaryň uly toparynda derňew geçirmäge mümkinçilik berýär we geçirilen wagtynda olar bilen hökman gös-göni kontaktda bolmaklygy talap etmeýär, alnan maglumatlaryň has obýektiw

bolmagy üçin, adatça, bu usul boýunça alnan netijeler beýleki usullar arkaly toplanan maglumatlar bilen deňeşdirilýär we üsti doldurylýar.

d) Bu usulda synag geçiriji öwrenilýän psihologik faktyň has aýdyň ýüze çykmagy, eksperimentatoryň isleýän ugruna gönükdirilmegi, şeýle hem bu faktyň hertaraplaýyn seredilmegi üçin synagyň birnäçe gezek gaýtalanmagyna şert döredýär; bu usulyň esasy artykmaçlygy-synagçynyň täze, obýektiw psihologik faktlary toplamak maksady bilen synag edilýän adamyň işine aktiw goşulyp bilmek mümkinçiligindedir.

## § 2. Beýni we psihika

Psìhika – bu ýokary gurluşdaky materiýanyň-nerw ulgamynyň önümidir. Adamda psihikany, aňyýeti döredýän onuň beýnisidir.

Nerw ulgamy 2 sany möhüm hyzmaty, ýagny:

a) adamyň daşky dünýä bilen gatnaşygyny üpjün etmek;

b) adamyň bedeniniň ähli bölümleriniň işinì koordinirlemek, guramak we gönükdirmek funksiýasyny amala aşyrýandyr.

Adamyň ähli psihiki işleri beýnide şöhlelenip emele gelýär. Adamyň nerw sistemasynyň gurluşy örän çylşyrymlydyr. Onuň gurluşyny düzýän esasy elementleri nerw öýjügidir (neýronlardyr). Neýronyň ululygy 0,03 mm-e deňdir. Neýronlaryň daşyny şahalanýan görnüşdäki dendritler we aksonlar örtüp durýandyr. Nerw süýümleri dürli uzynlykda bolup, onlarça santimetre çenli uzalyp gidýär. Adamyň nerw sistemasynda nerw biotogy emele gelip, maglumatlary sekuntda 120 metr tizlik bilen merkeze ýetirýär. Nerw süýümleriniň daşy ak ýagjymak häsiýetli bolan miýelin gabyjagy bilen ortülendir. Miýelin gabyjagy nerw oýanmasyny kesgitli ugra gönükdirmekde esasy rol oýnaýar.



**1-nji surat**

### Neýronyň (nerw öýjüginiň) gurluşy

Nerw öýjükleri – neýronlar biri-birleri bilen “sinaps” arkaly baglanyşyk saklaýarlar. Nerw oýanmasy sinaps baglanyşygy arkaly bir öýjükden beýleki bir öýjüge geçýär. Nerw öýjükleriniň şeýle baglanyşykly top-

lumyna bolsa **nerwler** diýilýär. Bedeniň ähli bölümleri arkaly alnan informasiýalary, nerw oýanmasyny beýnä habar berýän nerwlere **merkeze ymtylýan nerwler** diýilýär, emma beýniden bedenin bölümlerine informasiýalary ugradýan bölüme **merkezden daşlaşýan nerwler** diýilýär. Merkezi nerw sistemasy kelle we oňurga beýnisinden durýandyr.

Oňurga beýnisinde dogabitdi şertsiz reflekslerin toplumy – merkezleri ýerleşendir. Ol adamyň bedeniniň hereket işini we içki bedenleriň işini sazlaýandyr. Beýni kelleçanagyň içinde ýerleşip, ol daşky täsirlerden goraýar. Beýni ýumşak madda bolup, kelleçanagyň içindäki suwuklykda ýerleşýär. Beýniniň düzüminiň 80%-i suwuklykdyr. Beýni gan we kislorod bilen iýmitlenýär. Beýnä örän inçejik kapillýarlar arkaly gan akyp barýar. Beýni ganyň akmak derejesine örän duýgurdyr, sebäbi beýnä 15 sekunt gan akmasy galsa, adam özünden gidýär, 10 minuda çenli şeýle hadysa gaýtalansa, beýni ölüp bilýär. Adamyň beýnisiniň ortaça agramy 1400 grama deňdir. Beýni biri-biri bilen baglanyşykly bolan birnäçe bölümlerden durýandyr. Beýniniň aşaky bölümine süýri beýni degişli bolup, ol oňurga beýnisini kelle beýnisi bilen baglanyşdyrýar. Süýri beýniniň üstünde ortaky beýni, beýnijik, aralyk beýni ýerleşýär. Beýniniň bu bölümleri uly ýarym şarlar bilen örtülendir. Beýnijik adamyň hereket işini we deňagramlylygyny sazlaýar. Beýniniň ähli bölümleri hem adamyň ýaşaýşy üçin zerur bolan funksiýalary ýerine ýetirýär.




**2-nji surat.**
**Kelle beýnisiniň bölümleri**

Beýniniň in uly we ösen bölümi uly ýarym şarlardyr. Uly ýarym şarlar sag we çep taraplara bölünýär. Uly ýarym şaryň daşy örän ýukajyk 3-4 mm çal madda bilen örtülendir. Bu ýukajyk çal madda bolsa **uly ýarym şaryň gabyjagy** diýilýär. Uly ýarym şaryň gabyjagynda 15 milliarda çenli neýron ýerleşip, olar dürli ululykda, formada we gurluşda bolýarlar. Neýronlar biri-biri bilen örän jebis ýerleşýändirler. Ýarym şaryň gabyjagyndaky neýronlar bölünip ýa-da köpelip bilmeýärler. Täze doglan çaganyň ýarym şarlaryndaky nerw öýjükleri san taýdan uly adamyňky bilen deňdir. Şonuň üçin ösüş nerw öýjükleriniň baglanyşygyna baglydyr. Adamyň ýaşy 30-35-e ýetende, neýronlaryň sany azalyp başlaýar. Alymlaryň bellemegine görä, adamda gündelik 50000-e çenli nerw öýjügi ölüp bilýär. Ýarym şaryň gabygy pikiriň esasy merkezi hasaplanýar.

Uly ýarym şarlar adamyň we haýwanat dünýäsiniň ýaşaýşynda uly rol oýnaýar. Uly ýarym şarlar adamlaryň, haýwanlaryň ähli dogry hereketlerini, ýaşaýşyny emele getirýär. Munuň şeýledigini käbir haýwanlarda geçirilen barlaglar tassyklaýar. Mysal üçin, itleriň operasiýa edilip, uly ýarym şarlary aýrylan ýagdaýynda hereket etmek ukyby ýitýär, öz eýesini tanamaýar, öňki gaýtalaýan endiklerini ýerine ýetirmeýär. Umuman, it maýyp haýwana öwrülýär. Şeýle operasiýa maýmynlarda geçirilende, ol diňe 3 aýa çenli öz ýaşaýşyny dowam etdiripdir. Uly ýarym şarlaryň üsti gasyn-gasyndyr. Keşler, çunluklar, gabygyn üstüni 2000 $sm^2$ çenli köpeldýändir. Her bir ýarym şar keşler boýunça maňlaý, depe, çekge we ýeňse bölümlerine bölünýär.

Adamda maňlaý bölümi uly ýarym şaryň 29%-ni, maýmynda 16%-ni, itde 7%-ni, pişiklerde bolsa diňe 3%-ni tutýar. Uly ýarym şaryň bu bölümine zyýan ýetende, adamyň ähli aňly, pikirli hereketleri üýtgeýär. Ol ýönekeýje päsgelçilikleri hem ýeňip geçip bilmeýär. Adam garaşylmadyk islendik hereketleri ýerine ýetirmäge ymtylýar. Uly ýarym şaryň gabygy duýujy we hereketlendiriji bölümlere bölünýärler. Duýujy bölüme ähli duýuş organlaryndan, deriden myşsalardan, içki organlardan impulslar gelýärler. Duýujy bölümiň neýronlary oýananda bolsa duýuş emele gelýändir. Yarym şaryň ýeňse bölüminde görüş merkezi ýerleşýär. Bu merkeze şikes ýetende, adamyň kadaly görşi bozulyp bilýär. Çekge böleginde eşidiş merkezi

ýerleşýär. Eger bu merkeze zyýan ýetende, adam sesleri aýyl-saýyl edip bilmeýär. Uly ýarym şaryň gabygynyň merkezi keşiniň öň ýanynda hereketlendiriji bölüm, yzynda bolsa deri-myşsa daýanç merkezi ýerleşýär. Hereketlendiriji merkezdäki neýronlaryň oýanmagy bilen adamyň ähli hereket işi amala aşyrylýar.Uly ýarym şaryň gabygynyň bölümleri bir bitewi ýaly işläp, adamyň psihiki işjeňliginiň material esasy bolup durýar. Adamyň ýat tutmagy, sözlemegi, pikirlenmegi, üns bermegi, duýmagy ýaly ähli psihiki işleri uly ýarym şarlaryň gabygy bilen baglanyşyklydyr.




**3-nji surat.**
**Uly ýarym şaryň bölümleri**

Adamyň daşky sreda bilen özara täsir etmeginiň esasy formasy refleksdir. Adamyň merkezi nerw sistemasy arkaly amala aşyrylýan gyjyndyryjylara bedeniň jogap gaýtaryş reaksiýasyna **refleks** diýilýär.

Refleks mahalynda nerw impulslarynyň geçýän ýoluna reflektor **dugasy** diýilýär. Reflektor dugasy 3 bolüme bölünýär:

a) reflektor (duýujy) bölümi;

b) merkezi bölüm;

ç) hereketlendiriji bölüm.

Reflektorlar dugasy reseptorlardan başlanýandyr. Adamyň duýuş organlaryndaky her bir reseptorlar informasiýalary (sesi, ysy, ýagtylygy, temperaturany, nerw galtaşmasyny) kabul edýärler we signal-

laryna– impulslaryna öwürýärler. Nerw impulslarynyň elektrik tebigaty bolup, neýronlaryň uzyn ösüntgileri boýunça örän çalt ýaýraýarlar. Nerw impulslary merkezi nerw sistemasyna geçýärler. Soňra impulslar merkezi nerw sistemasyndan hereketlendiriji ýol arkaly içki organlara barýarlar. Adamyň refleks işi dürli-dürli bolýar. Olaryň käbirleri örän ýönekeý bolýarlar. Mysal üçin, elimize gyzgyn predmet täsir edende, bir zat çümende, gözümize awuşadyjy maddalaryn düşmegi we ş.m. Şeýlelikde, adamyň nerw sistemasynyň esasy iş prinsipi reflektorlaýyn häsiýete eýedir. Refleks işleriniň netijesinde adam öz hereketini dolandyrýar. Eger-de bizde refleks bolmasa, onda biz ýöremegi, ylgamagy, ýazmagy, predmetleri tutmagy, geýinmegi we başga birnäçe hereketleri ýerine ýetirip bilmezdik.

Görnükli rus fiziology I.P. Pawlowyň synpsifikasiýasy boýunça refleks şertsiz we şertli diýen ýaly görnüşlere bölünýär. Şertsiz refleks awtomatiki usulda ýerine ýetirilip, ol adama dogabitdi berlendir. Şeýle reflekse adamyň çeýnemegi, ýuwdunmagy, gaýtarmagy, asgyrmagy, üsgürmegi we ş.m. degişlidir. Şertsiz refleksler adama we haýwanlara dogabitdi berlip, nesilden-nesle geçýärler.

Şertli refleks kesgitli şertleriň, täsirleriň bolmagy bilen emele gelýändir. Mysal üçin, adamyň dürli temperaturany duýmagy, seslere jogap gaýtarmagy şertli refleksiň netijesidir. Şertsiz we şertli refleksler adamyň daşky sreda bilen gatnaşygyny üpjün edýär. Mysal üçin, adam howanyň temperaturasynyň sowukdygyny duýup, ýyly geýinýär we ş.m. Aýratyn-da şertli refleksiň adamyň ýaşaýşynda durmuşy üçin ähmiýeti örän uludyr. Bu barada görnükli rus fiziology I.M. Seçenow şeýle belleýär: “Adamyň özüni alyp barşy, ähli hereketleri reflektor aktynyň çylşyrymly sistemasydyr”. Beýniniň uly ýarym şarlarynyň gabygynda nerw prosesleri bolan oýanma we päsgellenme bolup geçýär. Oýanma we päsgellenme biri-birine garşylykly bolan nerw prosesleridir. Adamyň organlar sistemasynda daşky gyjyndyryjylara jogap edip, birnäçe üýtgeşmeler bolup geçýär. Mysal üçin, adamyň eli gyzgyn predmete degenden soň derrew çekip alýar. Şol wagt adamda ýüregiň işleýşi, dem alşy we ş.m. derrew reflektorlaýyn üýtgeýärler. Şeýle reflektorlaryň işjeňligi merkezi nerw sistemasynda oýanyş we päsgelleniş proseslerini emele getirýär. Neýronlaryň oýanmagy ref-

lektorlaýyn reaksiýalaryň ýüze çykmagy ýa-da güýçlenmegi bilen utgaşýar. Oýanma – bu gymyldy-hereket ýagdaýyna gelen dokumanyň gyjyndyryja berýän işjeň jogabydyr. Oýanma prosesi nerw prosesi bolup, ol nerw sistemasynyň hem esasy funksiýasydyr. Oýanma organizmiň ähli organlarynyň we sistemasynyň aktiwliginiň dolandyryjysy bolup durýar. Oýanma prosesi tormozlanma bilen ýokary nerw işiniň esasyny düzýär. Päsgellenme (tormazlanma) neýronlaryň oýanmagyny çäklendirýär we azaldýar. Nerw sistemasynda päsgellenmäniň gowşamagy aşa oýanma we nerw sistemasynyň gowşamagyna, kämahallar bolsa bedeniň heläk bolmagyna hem eltip bilýär. Adamyň merkezi nerw sistemasyndaky bolup geçýän päsgellenmäni ilkinji bolup rus fiziology I.M. Seçenow açdy. Ondan soňra birnäçe alymlar päsgellenmäniň päsgellenme neýronlarynyň işi bilen baglanyşyklydygyny tassykladylar.

Päsgellenmäniň 2 sany görnüşi bardyr: daşky we içki päsgellenme. **Daşky päsgellenme** daşky gyjyndyryjylaryň täsiri esasynda döreýän päsgellenmedir. Mysal üçin, okuwçynyň pikirlenip, mesele çözüp oturan mahaly iň gowy görýän dosty gapydan girýär. Şu ýerde okuwçynyň ýerine ýetirip oturan işi kesilýär. Şu ýagdaýda uly ýarym şaryň gabygynda güýçli täze oýanyş ojagynyň döremegi gabygyň beýleki merkezlerinde päsgellenmäni emele getirýär. Netijede, hereket ediji refleks päsgellenýär. Içki päsgellenme içki gyjyndyryjylaryň täsiri esasynda döreýän päsgellenmedir. Adamda käbir şertli reflekksleriň üýtgemegini içki päsgellenmäniň mysaly hökmünde getirmek bolýar. Çagalarda kähalatlarda gaýtalanmazlygyň, az türgenleşmäniň netijesinde gigiýeniki endikler gowşaýar. Adamyň dürli ýagdaýlarda özüni saklap bilmegi hem muňa degişlidir.

Uly ýarym şaryň gabygynda emele gelýän nerw prosesleri bolan oýanma we päsgellenme elmydama biri-birine täsir edip durýarlar. Bu täsirlenmeler şu aşakdaky kanunlar esasynda ýerine ýetirilýär.

1. Irrodiasiýa kanuny – bu daşky gyjyndyryjylaryň täsiri esasynda gabykda emele gelen nerw oýanmasynyň belli bir ýerde galman, gabygyň beýleki ýerlerine hem ýaýramagydyr (irrodirlenmegidir).

Mysal üçin, nerw oýanmasynyň irrodirlenmegi bilen sahna tomaşa edip oturan adam oýnuň dartgynlylygynyň täsiri esasynda elini,

aýagyny hereketlendirýär, elini çarpýar, ýerinden turýar, gygyrýar. Bu ýagdaý irrodiasiýa kanunynyň mysalydyr.

2. Konsentrasiýa kanuny – bu ýarym şaryň gabygynda emele gelen oýanma prosesi bilen bir wagtda päsgellenme prosesiniň döräp, oýanmany çäklendirmegidir.

3. Özara induksiýa kanuny – bu ýarym şaryň gabygynda emele gelýän oýanma we päsgellenme prosesleriniň öz orunlaryny çalşyp durmagydyr. Oýanmanyň päsgellenme prosesi bilen baglanyşygy induksiýa kanunynda hem has aýdyň görkezilmeýär. Eger-de uly ýarym şaryň gabygynyň bir bölüminde oýanma prosesí emele gelip, onuň daş-töwereginde bolsa kem-kemden päsgellenme prosesi ýüze çykyp başlaýan bolsa, onda oňa **otrisatel özara induksiýa kanuny** diýilýär. Mysal üçin, adamyň bir işi ýerine ýetirip duran mahaly gyzykly gürrüň eşitmegi bilen ünsi sowlup bilýär.

Eger-de uly ýarym şaryň gabygynyň bir bölüminde päsgellenme döräp, onuň daş-töwereginde bolsa kem-kemden oýanma prosesi ýüze çykyp başlaýan bolsa, onda oňa **položitel özara induksiýa kanuny** diýilýär. Mysal üçin, çaga ukusy tutan mahaly aglaýar, towlanjyraýar, kejirlik edýär. Sebäbi şu ýerde päsgellenme prosesi çaganyň hereket we sözleýiş merkezleriniň induksirlenmegine getirýär.

Beýniniň uly ýarym şarlarynyň gabygy daşky dünýäden we organizmiň, bedeniň özünden dürli signallary kabul etmäge ukyplydyr. I.P. Pawlow şol signallar toplumyny 1-nji we 2-nji signal sistemalaryna bölüp düşündirýär. Ol adamyn görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş, syzyş gyjyndyryjylary arkaly alnan informasiýalar 1-nji signal sistemasyny emele getirýär diýip belläpdir. 1-nji signal sistemasy haýwanlara hem mahsusdyr. Şonuň ýaly-da adamyň uly ýarym şarynyň gabygy sözleri hem aýyl-saýyl etmäge ukyplydyr. Sözler we söz düzümleri predmetler, hadysalar, wakalar barada signal hökmünde ýarym şaryň gabygyna habar berýär. Adamyň sözlere we söz düzümlerine düşünmegine I.P.Pawlow 2-nji signal sistemasy diýip at beripdir. 1-nji hem-de 2-nji signal sistemasy baglanyşykly ýüze çykýarlar. Mysal üçin, mugallym okuwçylara ösümlikler barada gürrüň berýär. Şol bir wagtyň özünde hem synp tagtasyna suratly kartinany berkidip, ösümlikler bilen tanyşdyrýar. Bu ýagdaýda okuwçylar suratly kartina seredip hem-de mugallymyň gürrüňini diňläp, düşünje alýarlar. Suratly

kartina seredip kabul etmek 1-nji signal sistemasy bolsa, mugallymyň gürrüňini diňläp düşünmek 2-nji signal sistemasydyr.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Nerw sistemasynyň nähili ähmiýeti bar?
2. Adamyň merkezi nerw sistemasynyň esasy bölümleri haýsylar?
3. Refleks we reflektor dugasy näme?
4. Reseptorlaryň ýerine ýetirýän işleri nämeden ybarat?
5. Uly ýarym şaryň gabygynda nähili nerw prosesleri bolup geçýär?
6. Päsgellenmäniň nähili görnüşleri bar?
7. Birinji we ikinji signal sistemalarynyň işini häsiýetlendirip ber.
8. Uly ýarym şaryň gabygynda nerw prosesleriniň haýsy kanunlary bolup geçýär?

**Psihologik sözlük**

***Refleks*** – organizmiň nerw sistemasy arkaly aralaşdyrylan gyjyndyryja bolan jogap reaksiýasy.

***Reseptor*** – analizatoryň periferik bölümi bolup, energiýany nerw impulsyna öwürýän apparat.

***Irrodiasiýa*** – nerw proseslerini (oýanmany we päsgellenmäni) öz dörän ýerinden beýleki nerw elementlerine ýaýratmak ukyby.

***Konsentrasiýa*** – üýşürilmek, irrodisiýa ters bolan nerw prosesleriniň özüniň ýaýramak operasiýasynyň ilkibaşdaky dörän ojagynyň çäginde jemlenmegi.

***Induksiýa*** – oýanma bilen päsgellenmäniň öz orunlaryny çalyşmak kanuny.

**Amaly ýumuşlar**

1. Syzyş refleksine degişli tejribe geçiriň!
2. Biz näme üçin elimizi gyzgyn predmete degrenimizde, ony tiz yzyna çekip alýarys? Bu barada öz pikiriňizi beýan ediň.
3. Adamyň görüş, eşidiş we ys alyş duýujylygyna degişli birnäçe mysallar getiriň we olaryň haýsy signal sistemalaryna degişlidigini anyklaň.

## § 3. Psihikanyň we aňyň ösüşi

**Psihikanyň filogenezde ösüşi.** Filogenez diýlip psihologiýada haýwanlaryň psihikasyna we özüni alyp barşynyň döreýiş we taryhy ösüşi (ewolýusiýasy) prosesiniň manysyna düşünilýär. Filogenez (*grphyle* - urugy, tiresi, görnüşi we *genosy* - gelip çykyşy) – organizmiň

toparlarynyň taryhy kemala gelşi. Filogenez psihikada materiýanyň ewolýusiýasynyň ösüşiniň netijesidir.

Psihikanyň ösüşi we döreýşi hakyndaky mesele alymlaryň öňünde duran we durýan esasy mesele bolupdyr.

Ýerde ýaşaýan jandarlar Opaliniň taglymatyna görä, 3 million ýyl mundan ozal Ýer şarynda suwuň emele gelmegi bilen tötänleýin birleşmelerden organiki maddalar, uglewodlaryň birleşmesi bolan uly molekulalar döreýär. Bu molekulalaryň ýaşamagy üçin daşky sreda bilen madda alyş-çalşygy bolmagy zerur. Şonuň netijesinde ol molekulalar has uly birnäçe molekulalara bölünipdir. Soňra bu molekulalar çylşyrymlaşyp, ýönekeý mikroorganizmlere bölünipdir.

Biologik ähmiýetli daşky täsirlere özboluşly hereket bilen jogap bermeklige tropizmler diýilýär. Tropizmiň aşakdaky ýaly görnüşleri bar:

1. Fotatropizmler – ösümligiň ýagtylyga öwrülmegi.
2. Hemotropizm – kesgitli fiziki, himiki sredany saýlap almaklygy.
3. Topotropizm – mehaniki hereket bilen organizmiň jogap bermegi.

Janly organizmler bolan jandarlarda gyjyndyryjylygyň täze formasy bolan duýujylyk ýüze çykýar. Ýagny daşky dünýäni bilmek üçin psihiki apparatlar çylşyrymlaşýar. Organizmiň çylşyrymlaşmagy bilen dürli öýjükli organizmler döreýär. Şonuň netijesinde öýjügiň ýöriteleşmegi bolup geçýär. Netijede, diňe signal kabul edýän wezipesi bolan öýjükleri we olaryň sistemasyny syzgy organlary döredýär (ýagtyny, sesi we ş.m). Gury ýerde ýaşaýşyň çylşyrymlaşmagy zerarly jandarlaryň öňünde ýokary talaplary goýýar. Psihikanyň ösüşi nerw sistemasynyň çylşyrymlaşmagy esasynda bolup geçýär. Nerw sistemasy janly-jandarlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň we talaplarynyň täsiri esasynda çylşyrymlaşýar. Ýagny dyngysyz üýtgeýän daşky sreda jandarlaryň öňünde täze şertler we talaplary goýýar. Ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegi jandarlaryň özüni alyp barşynda üýtgemeleri döredýär. Bu bolsa, öz gezeginde, nerw sistemasynyň ösmegine getirýär. Netijede, psihiki işiň ösmegi bilen ýönekeý formalar kem-kemden çylşyrymlaşyp gidýär.

Ýer ýüzünde ýaşaýşyň döremegi bilen bir wagtda hem psihiki şöhlelenmeler emele gelipdir diýip bolmaýar.

Sebäbi psihika organiki dünýäniň ösüşiniň dowamy we çylşyrymly prosesiniň önümi hasaplanylýar. Ýönekeýje janly mikroorganizmlerde (amýobada, tufelkada, infozoriýada) psihiki şöhlelenmeler bolup geçmeýär. Şeýle mikroorganizmlerde şöhlelenmäniň ýönekeý görnüşi gyjynmak prosesi ýüze çykýar. Gyjynmak – bu organizmiň öz ýagdaýynyň üýtgemegine ýa-da daşky täsirlere jogap bermek reaksiýasydyr. Gyjynmak 2 ýagdaýda ýüze çykyp bilýär:

a) daşky oňyn täsirlere ýakynlaşmak, golaýlaşmak, özüne çekmek (iýmite, ýagtylyga, ýylylyga golaýlamak);

b) daşky tersin täsirlerden gaçmak, daşlaşmak (howp abanmak, himiki elementleriň täsiri we ş.m.).

Janly materiýanyň ösmegi bilen täze aýratynlyklary bolan duýmalar emele gelip başlapdyr. Psihikanyň başlangyç görnüşini bolsa duýmalar düzýändir. Şeýlelikde, şu aýdylanlara esaslanyp, psihika her bir janly materiýanyň häsiýeti hökmünde seredip bolmaz. Ol organiki materiýanyň ýokary görnüşlerine mahsusdyr. Nerw gurluşynyň we psihiki işleriniň ösüş derejesi boýunça haýwanlaryň özüni alyp baryşlarynyň 3 sany tipini görkezmek bolar. Olara instinktler, endikler we intellektual hereketleriň ýönekeý görnüşleri degişlidir.

**Instinktler** haýwanlaryň we mör-möjekleriň özüni alyp baryşlarynyň dogabitdi nesilden-nesle geçýän hereketleriniň görnüşidir. Haýwanlaryň, mör-möjekleriň her biriniň öz durmuşyna, ýaşaýşyna laýyklykda instinktler toplumy bolýar.

Bobr diýen suw jandary agaç şahalaryndan täsin öý gurýar. Bu bobra mahsus bolan instinkt hereketleridir (*4-nji surat*).



**4-nji surat**

Haýwanlaryň, mör-möjekleriň durmuşynda gaýtalanýan instinktleriň täsirinde kämilleşmek hem bolup geçýär. Mysal üçin, balarynyň içinden patyşa balarysynyň döremegi we beýlekileriň hem oňa eýermegi. Elbetde, bu ýagdaý kämilleşen instinkt hökmünde ömrüniň ahyryna çenli saklanyp galýar. Instinkte özüňi alyp barşyň hereketleriniň galyba salnan görnüşleri hem diýmek bolar. Sebäbi, haýwanlarda we mör-möjeklerde degişli hereketler hemmesinde birmeňzeş yzygiderli gaýtalanyp durýarlar. Ýagdaý, şert üýtgese, instinkt hem üýtgäp bilýär. Instinkt – bu şertsiz reflersleriň toplumydyr. Instinktler haýwanlara we mör-möjeklere doglan wagtynda taýýar görnüşde berilýär.



**5-nji surat**

Höwürtgedäki guşjagazlar adamyň barmaklarynyň hereketine görä hem instinkt hereketlerini ýerine ýetirýärler.

Instinkt hereketleri hökmünde guşlaryň möwsümleýin uçup gitmegini, olaryň höwürtge gurunmagyny, haýwanlaryň özüne gyş üçin iýmit taýýarlap goýmagyny mysal getirmek bolar. Käbir haýwanlarda ýa-da mör-möjeklerde has çylşyrymly instinkt hereketleri bolup geçýär. Mysal üçin, balary örän takyk ölçeg birligi boýunça özüne alty granly öý gurunýar ýa-da bobr diýen haýwan agaç şahalarynyň gabygyny aýryp, daşyny arassalap, özüne täsin öý gurunýar. Bu ýagdaý haýwany ýa-da mör-möjegi düşünip, akyl arkaly ýerine ýetirýän ýaly görkezýär. Emma bu beýle däl-de, ol diňe çylşyrymly instinkt hereketidir.

Endikler – bu instinkt hereketlerinden tapawutlylykda her bir haýwanyň gaýtalama esasynda özbaşdaklykda gazanan hereketiniň bir görnüşidir.



**6-njy surat**

Suratda towşan deprek çalmak, it bolsa iýmiti gözläp tapmak ýaly endik hereketlerini edip bilýär.

Endik hereketleri haýwanlaryň durmuşynda adamlar tarapyndan öwredilmek netijesinde hem emele gelip biler. Ol haýwanlar eldekileşdirilip, olara adamlar tarapyndan endikler öwredilip bilner. Haýwanlarda endigiň emele gelşini görmek üçin şu aşakdaky ýaly tejribe geçirilýär. It iýmitlenmek üçin ketegiň kildini ýazdyrmaly. It birnäçe gezek gaýtalandan soň, kildi ýazdyrmagy öwrenip, ketegiň içindäki iýmiti almaga başlaýar. Endige öwrülen hereketleriň ýerine ýetirilişini sirkde eldekileşdirilen we öwredilen haýwanlarda hem görmek bolýar. Endige öwrülen hereketler gaýtalanyp durmasa ýa-da degişli goldaw tapmasa üýtgäp hem bilýärler.

Munuň şeýledigini haýwanlarda geçirilen tejribeler tassyklaýar. Mysal üçin, arasy aýna bilen kesilen akwariumyň bir seksiýasyna ýyrtyjy balygy, beýleki bir seksiýasyna bolsa ownujak balyklary goýberýärler. Ýyrtyjy balyk ownujak balyklary tutjak bolup, ýüzlerçe gezek synanyşýar, ýöne her gezek aýna degip yzyna gaýdýar. Birnäçe wagt geçenden soň ýyrtyjy balykda endik emele gelip, topulmasyny goýýar. Bu ýagdaý seksiýalaryň arasyndaky aýna aýrylandan soň hem saklanýar. Ýöne bu endik birnäçe wagtdan soň ýitip, ýyrtyjy balyk özüni ozalkysy ýaly alyp barmaga başlaýar. Intellektual hereketler ýa-da özüňi alyp barşyň intellektual görnüşi – bu diňe käbir ýokary gurluşdaky ösen haýwanlara mahsus bolan özüňi alyp barşyň ösen

tipidir. Hereketiň bu görnüşini maýmynlaryň käbir görnüşlerinde we suw jandary delfinlerde görmek bolýar.



**7-nji surat.**
**Maýmyn paýhasly hereketleri ýerine ýetirýär**

I.P.Pawlow özüniň köpsanly tejribeleriniň netijesinde maýmynlarda paýhasly, intellekt hereketleriniň bolup geçýändigini tassyklapdyr. Geçirilen şeýle tejribeleriň käbirine seredip geçeliň: maýmynyň kapasasynyň öňünde içi almaly kürüşge goýýarlar we onuň gulpuna ýüp dakýarlar. Birbada maýmyn kürüşgä dakylan ýüpüň bir ujundan çekip, ony öz ýanyna ýakynlaşdyrmak isleýär. Emma köpsanly synanyşygyň başa barmandygyny bilip, maýmyn kürüşgäniň gulpuna

dakylan ýüpüň iki ujuny hem birleşdirip çekýär we öz islegini kanagatlandyrýar. Özüni alyp barmagyň intellektual görnüşi haýwanlaryň sredanyň üýtgeýän şertlerine üstünlikli uýgunlaşmagyny üpjün edýändigi bilen tapawutlanýar. Intellektual özüni alyp barmakda diňe bir aýry-aýry zatlary däl-de, olaryň arasyndaky daşky gatnaşyklary hem şöhlelendirmek mümkinçiligi döreýär.

Adamyň aňy, onuň ösüşi haýwanat dünýäsinde ýaşamagyndan zähmet işine geçmeginiň netijesinde döräpdir. Haýwanat dünýäsi tebigata uýgunlaşmak bilen öz ýaşaýşyny dowam etdirýän bolsa, adam özüniň erk-isleglerine laýyklykda tebigaty özgerdýär. Ýaşaýşyň dowamynda kollektiwleýin zähmet gurallarynyň ýasalmagy we peýdalanmagy adamlaryň ýaşaýşynda barha uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu ýagdaýlaryň ähmiýeti adam psihikasynyň, aňynyň döremegine sebäp bolupdyr. Adam ýaşaýşynda öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin, ilki bilen, zähmet gurallaryny taýýarlapdyr. Zähmet gurallarynyň täsiri bilen adam tebigata has işjeň täsir etmäge başlapdyr. Gurallary taýýarlamagyň we zähmet işinde olary ulanmagyň netijesinde adamyň eliniň funksiýalary kämilleşipdir we ösüpdir. El diňe saklamak işini ýerine ýetirmän, kem-kemden akyl ýetiriş gurluşyna öwrülipdir. Zähmet prosesiniň netijesinde adamyň sözleýiş dili hem ösüpdir. Zähmet işiniň dowamynda adamlaryň biri-birleri bilen aragatnaşyk saklamak zerurlygy ýüze çykypdyr. Şonuň üçin adamlar biri-birleri bilen sözleýiş aragatnaşygyny saklamaga mejbur bolupdyrlar. Adamlaryň bilelikdäki zähmeti, sözleýiş aragatnaşygy netijesinde jemgyýet emele gelipdir.

Adam aňynyň haýwanlaryň psihikasyndan esasy tapawudyny şu aşakdaky ýaly häsiýetlendirmek bolar:

1. Daşky dünýäni şöhlelendirmekde taryhy antogenetik we gnostik hadysalaryň birligi.

2. Adamyň aňynyň döredijilikli we maksada gönükdirilen işjeňligi.

3. Obýektiw dünýäniň adamzadyň umumylaşdyrylan tejribesiniň üsti bilen maksada gönükdirilen, düşünjeli, subýektiw häsiýetde şöhlelendirilmesi.

4. Daşky dünýäniň, onuň köpsanly baglanyşyklaryna we aragatnaşyklaryna akyl ýetirmek görnüşinde şöhlelendirilmegi.

5. Adam aňynyň öňdengörüjilikli häsiýeti.

Adam aňynyň obýektiw hakykaty bolan belli bir gatnaşyklarda ýüze çykýanlygy onuň özboluşly aýratynlyklarynyň biridir. Adam diňe bir töwerekdäki dünýä akyl ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem belli bir derejede öz-özüne akyl ýetirýär we aňlaýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Haýwanlaryň we mör-möjekleriň hereketleriniň nähili görnüşlerini bölüp görkezmek bolar?
2. Adam instinktleri, endikleri bilen haýwan instinktleriniň, endikleriniň nähili tapawudy bar?
3. Näme üçin zähmet we sözleýiş adam aňynyň döremeginiň esasy şerti bolupdyr?
4. Ýokary gurluşly haýwanlaryň intellektual hereketi bilen adamyň intellektual hereketiniň nähili tapawutlary bar?
5. Obýektiw hakykaty psihiki şöhlelendirmegiň ýokary görnüşi diýlen pikiri nähili düşündirmek bolar?

**Psihologik sözlük**

***Instinkt*** – döreýşinde okadylyşy, öwretmegi talap etmeýän psihikanyň, özüňi alyp barmagyň dogabitdi hereketleri. Fiziologik mehanizmli şertsiz refleks.

***Endik*** – gaýtalamak esasynda döräp, ýokary derejede özleşdirilen dolandyryş üçin aňly gözegçiligi talap etmeýän hereket.

***Intellekt*** – düşünmek, aňşyrmak, şahsyýetiň akyl ukyplarynyň durnukly gurluşy.

**Amaly ýumuşlar**

1. Aşakdaky kesgitlemelerde şöhlelenmäniň haýsy formalary häsiýetlendirilýär:

a) biologik islegi kanagatlandyrmaga gönükdirilen daşky täsirleriň belli bir görnüşe jogap hökmünde döreýän dogabitdi reaksiýanyň formasy;

b) türgenleşme prosesinde berkeşen we indiwidual tejribede gazanylan özüňi alyp barmagyň usuly;

ç) endikleriň uýgunlaşmagyny we bir hereketden beýleki hereketlere geçilmegini üpjün edýän, predmetara baglanyşyklary şöhlelendirýän özüňi alyp barşyň çylşyrymly formasy;

d) hemişe maksada okgunly we aktiw häsiýetde bolan, ösüşiň sosial şertleri bilen aralaşdyrylan obýektiw hakykaty psihiki şöhlelendirmegiň ýokary formasy.

2. Bu faktlar özüňi alyp barmagyň haýsy görnüşine degişli?
a) Balary formasynyň tygşytlylygy nukdaýnazardan ýokary kämillikde bolan öýjükleri gurýar we olary baldan doldurandan soňra, agzyny mum bilen örtýär.
b) Köçäni kesip geçýän it gelýän awtomobilleriň maňlaýyndan gös-göni geçmän, olaryň tizligini göz öňünde tutup, egrem boýunça ylgaýar.
ç) Singapurda maýmynlary “Botaniki işe” taýýarlaýan pitomnik bar. Adamlaryň gündelik durmuşynda ulanýan 25-e golaý sözüni ýeňillik bilen özleşdirip, maýmynlar iň belent agaçlaryň depesine dyrmaşyp, olaryň ýapraklaryny we güllerini döwüşdirip, eýelerine getirip berýärler. Başga usul bilen ele salyp bolmaýan bu ýaprakdyr güller gerbariý döretmek üçin ulanylýar.
d) Amýoba sowuk suwdan gaçyp, ýyly suwa geçýär.
e) Çybyn ýumurtgajyklarynyň gurap, zaýa bolmazlygy üçin gury ýerde däl-de, suwuň üstünde guzlaýar.
ä) Doglandan bary-ýogy iki sagat geçip-geçmänkä çaganyň dodagyna emzik degrilende, ol emiş hereketleri bilen jogap berýär.
3. Çykgytlarda getirilen pikirleri jemläp, adamyň aňynyň taryhy-jemgyýetçilik döreýşiniň mazmunyny açyp görkeziň.
a) ”Aň... ilkibaşdan jemgyýetçilik önümi bolup, ol entek adamlar barka şu häsiýetini-de saklaýar”.
b) ”Adam... daşky tebigata täsir edip, ony üýtgedip, şol bir wagtyň özünde hem öz tebigatyny özgerdýär”.
4. Näme üçin zähmet aňyň döremeginiň esasy faktory bolup durýar? Zähmet işi häzirki zaman adamsynyň aňynyň ösüşine nähili täsir edýär?
a) ”Zähmet... – adamyň bütin durmuşynyň esasy şertidir... Ilki zähmet, soňra bolsa sözleýiş maýmynyň beýnisiniň kem-kemden adamyň beýnisine öwrülmegine sebäp bolan esasy iki faktordyr. Adamyň beýnisi maýmynyňka näçe meňzeş bolsa-da, ondan özüniň möçberi we kämilligi bilen tapawutlanýar”.
b) ”El... diňe bir zähmetiň guraly bolman, eýsem onuň önümidir”.
5. I.P.Pawlow adamda jemlemek mümkinçiligini we pikirlenmäniň döremegini ikinji signal sistemasynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrypdyr.
a) ”Söz signallaryň signaly bolmak bilen edil beýlekiler ýaly, hakyky şertli gyjyndyryjydyr. Şol bir wagtyň özünde onuň bu häsiýetini haýwanlaryň şertli gyjyndyryjylary bilen mukdar we hil taýdan hiç hili deňeşdirmek bolmaz” diýip, I.P.Pawlow ýazýar.
b) Ikinji signal sistemasynyň mazmunyny, onuň birinji signal sistemasyndan tapawudyny, şeýle hem ikinji signal sistemasynyň döremeginiň adamyň ösüşinde aýgytly pursat bolandygynyň sebäbini düşündiriň.

# II bölüm
## Şahsyýet we onuň işleri, hereketleri

### § 4. Şahsyýet we onuň kemala gelşi barada umumy düşünje

Psihologiýa ylmynda we beýleki jemgyýetçilik ylymlarynyň mazmunynda, özara gürrüňlerde adam, şahsyýet we indiwid diýen ýaly düşünjeler ulanylýar. Elbetde, bu düşünjeler ýeke-täk bir adamy häsiýetlendirýän bolsa-da, olaryň her biriniň häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Adam başlangyç we düýpli düşünjeleriň biridir. Adam süýdemdirijiler synpyna, synpyna degişli bolan pähimli biologik jandardyr. Adam biologiki jandar hökmünde özüniň aňly-düşünjeli hereketi, daşky dünýä akyl ýetirip bilýändigi, parasatly we paýhasly hereketlere ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Adama öz öňünde maksat goýmaga, etjek işini meýilleşdirmäge mümkinçilik berýän ýokary derejede ösen kelle beýnisi degişlidir. Beýleki bir tarapdan, adam jemgyýetçilik jandarydyr. Jemgyýetçilik-durmuş işleri, zähmet adamyň ösüşine güýçli täsir edýär. Adam jemgyýetçilik önümi bolup duran aňy döredijidir. Adam diýen düşünjä garanyňda darrak manyda ulanylýan şahsyýet diýen düşünje hem bardyr. Şahsyýet – bu özüniň sosial ösüş derejesi bilen tapawutlanýan adamdyr. Jemgyýetçilik durmuşynda kiçijik çagalar ýa-da akyl taýdan näsag adamlar şahsyýet hasaplanmaýar. Şahsyýet – munuň özi aňly-düşünjeli hereketleri bilen jemgyýetiň ösüşine goşant goşmaga işjeň gatnaşýan subýektdir. Şahsyýeti psihologiýa, pedagogika, filosofiýa, etika, estetika, sosiologiýa ýaly ylymlar giňden öwrenýär. Şonuň üçin şahsyýet birnäçe ylymlaryň öwrenýän obýekti hasaplanýar. Şahsyýetiň özboluşly gurluşa eýedigini bildirýän indiwid, indiwiduallyk diýen düşünje hem bardyr. Indiwiduallyk – bu bir adamyň beýleki bir adamdan özüniň psihiki, aňyýet aýratynlyklary bilen tapawutlanýandygyny aňladýan düşünjedir. Her bir adam, şahsyýet özüniň birnäçe aýratynlyklary erki, ünsi, häsiýeti, ukyby bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Şol

tapawutlyklar käbir adamlarda has aýdyň bildirip durýan bolsa, käbirlerinde bolsa göze görünmeýär.

Indiwiduallyk şahsyýetiň psihologiýasy öwrenilende esasy derňew obýekti bolup hyzmat edýändir. Her bir adamyň, şahsyýetiň indiwidligini bize durmuş tejribesi subut edýär. Jemgyýet bilen şahsyýetiň ösüşi biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Jemgyýeti düzýän, ony döredýän we ösdürýän şahsyýetdir. Jemgyýet hem öz gezeginde şahsyýeti ösdürýär we hemmetaraplaýyn terbiýeleýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň I bölüminiň 3-nji maddasynda şeýle diýilýär: **“Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr, şahsyýetdir”**. Döwlet şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetiniň eldegrilmezligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Şahsyýet biziň häzirki döwrümizde sosiologiýanyň, pedagogikanyň, psihologiýanyň, etikanyň, estetikanyň üns merkezinde durýandyr. Şahsyýet baradaky düşünjeler, ylym jemgyýetiň syýasy bähbitlerine galtaşýar. Günbatar psihologiýasynda şahsyýet barada dürli-dürli taglymatlar ýaýrandyr. Şol taglymatlaryň köpüsi biri-birine garşy durýandyr. Olaryň arasynda biologiki, biososial we sosial taglymatlar, Z.Freýdiň şahsyýet barada düşündirişlerinde biologizm has aýdyň ýüze çykýar. Onuň düşündirişlerinde şahsyýet jemgyýetde bolýar, ýaşaýar, şol bir wagtyň özünde hem oňa garşy durýar. Şahsyýetiň hereketi, özüni alyp barşy biologik meýilleri bilen kesgitlenilýär. F.Freýd şol meýilleri düşündirmek bilen gurluşyna görä, uruşlaryň gutulgysyzdygyny, adamda söýmeklige ýa-da weýrançylyga bolan meýilleriň dogabitdiligini belleýär. Biososial taglymatyň wekilleri: “Adamyň ähli psihiki prosesleriniň biologik tebigaty bardyr, şol bir wagtyň özünde hem şahsyýet gönükdirilişi tarapyndan kesgitlenilýär” diýip düşündiripdirler. Bu düşünje hem nädogrudyr. Günbatar psihologiýasynda şahsyýetiň sosial taglymaty hem giňden ýaýrandyr. Bu teoriýa ABŞ-da giňden üns berilýär. Bu teoriýada şeýle pikirler öňe sürülýär. Adam biologik jandar bolup dogulmak bilen, durmuşyň, sosial şertleriň täsiri arkaly şahsyýete öwrülýär. Onda adamlaryň özara düşünişlerine, biri-birine gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berilýär. Emma adamyň ykdysady we syýasy gatnaşyklaryna, olaryň şahsyýete edýän täsirine kembaha garalýar.

Şahsyýet özünde birnäçe esasy ösen taraplary jemläp, bir bitewi sistemalaýyn häsiýete eýe bolýar. Olary şu aşakdaky ýaly häsiýetlendirmek bolar:

1. Şahsyýetiň durnuklylyk alamaty – bu şahsyýetiň dürli ýagdaýlardaky psihiki durnuklylygyny aňladýan komponentdir. Şahsyýet dürli işlerde, hereketlerde, özüni alyp barşynda özüne erk etmegi başarýar. Öz aňyna, duýgularyna kontrollyk, gözegçilik edýär.

2. Şahsyýetiň ýeke-täk bir bitewiligi her şahsyýetiň häsiýetleriniň bir bitewi alamata eýe bolup, beýleki şahsyýetleriň häsiýetlerinden tapawutlydygyny görkezýär. Şahsyýetiň häsiýetleri bölekleýin, aýry-aýrylykda terbiýelenýär, ol bir bitewilikde, umumylykda terbiýelenýär.

3. Şahsyýetiň işjeňligi şahsyýetiň daşky dünýäni, öz durmuş obrazyny üýtgetmekde, ösdürmekde edýän köptaraply hereketleridir.

Şahsyýetiň esasy taraplary, blogy hökmünde şu aşakdakylary bölüp görkezmek bolar:

1. Şahsyýetiň gönükdirilenlik tarapy – bu şahsyýetiň daşky dünýä gatnaşyklarynyň umumy sistemasydyr. Muňa onuň motiwi, islegleri we höwesleri degişlidir.

2. Şahsyýetiň mümkinçilikli tarapy – bu şahsyýetiň dürli işlerdäki, hereketlerdäki öz mümkinçiligini, işe bolan güýç ýeterliklerini hasaba alyp bilmekligidir.

3. Şahsyýetiň özüni alyp baryş aýratynlygy – bu onuň işe bolan ukyplarynyň we başarnyklarynyň birmenzeş däldigini bildirýän tarapydyr.

Şahsyýetiň esasy alamatlarynyň biri onuň gönükdirilenligidir. Gönükdirilme şahsyýetiň öz öňünde goýan maksadyny, höwesini, gyzyklanmasyny we motiwini kesgitleýär. Ol şahsyýeti durmuşda işjeň görkezmäge, aktiw hereket etmäge oýandyrýan zerurlysydyr. Isleg bolsa şahsyýetiň ýetmezçiliginiň ýa-da zatdan kanagatlanmazlygynyň netijesinde emele gelýän we şahsyýeti hereket etmäge oýandyrýan ýagdaýdyr. Şahsyýetiň islegi sosial we tebigy görnüşde ýüze çykyp bilýär. Jemgyýetçilik islegine şahsyýetiň beýleki adamlar bilen gürleşip, aragatnaşyk saklamagy, bilim almagy we özleşdirmegi, zähmet işine aktiw gatnaşmagy, jemgyýetçilik işlerini ýerine ýetirmegi,

medeniýetli yaşamagy, žurnallar okamagy, radio-telewizor diňlemegi, görmegi, kinoteatarlara barmagy we ş.m. degişlidir. Maddy-ruhy islege şahsyýetiň iýip-içmegi, dynç almagy, uklamagy we ş.m. degişlidir. Motiwler-bu akyl ýetirilip düşündirilen isleg bolup, şahsyýeti hereket etmäge oýandyrýan psihiki hadysadyr. Adamyň motiwini bilmezden, onuň bir işe örän göwnejaý, emma beylekä bolsa biperwaý garaýandygyna düşünip bolmaz. Her bir adamyň motiwlerini öwrenmek bilen onuň ahlak-psihologik mazmunyna düşünmek mümkindir. Mysal üçin, adamlaryň käbiri zähmet işini öz borjuna düşünip ýerine ýetirýän bolsa, beýlekileri ak ýürek bilen, üçünji biri bolsa wagtlaýynça diňe egonetik bähbitlerine ýetmek üçin edýär. Şu hadysalaryň hemmesi şahsyýetiň sosial taýdan ösüşiniň dürli derejelerini ýüze çykarmaga, öwrenmäge, baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Adam durmuşda ýaşamak üçin özüniň iymite, geýime we beýleki zatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmalydyr. Islegleriň häsiýeti, olary kadalaşdyrmak şahsyýetiň psihiki gurluşynyň edepliligine baglydyr. A.S. Makarenkonyň belleýşi ýaly, adamyň islegi borjuň süýtdeş doganydyr.

Ýaşaýşyndan estetiki lezzet almak islegi adamyň durmuşynda uly orny eýeleýändir. Şonuň üçin adam durmuşynyň gözel, ajaýyp bolmagy ugrunda çalyşýar. Şahsyýetde estetiki islegleriň netijesinde estetiki duýgular hem kemala gelýär. Islegler adamyň zerurlygyny aňladyp, höwesler bolsa onuň şahsy gyzyklanmasydyr. Höwesler–munuň özi şahsyýetiň özüneçekijiligine garap, seçip alyjylygydyr. Adamyň höwesleri predmetiň özüneçekijiligi sebäpli, duýdansyz, tötänden hem ýüze çykyp biler. Adamyň höwesli hereketiniň onuň durmuşy, ýaşaýşy üçin ähmiýeti uludyr. Adam özüniň durmuşda bagtlydygyna diňe höwes bar bolan ýagdaýynda düşünýär. Höwesler şahsyýeti durmuşa, ýaşaýşa itekleýär we ony aktiwleşdirýär. Howesli ýerine ýetirilýän işler ýeňil we önjeýli bolýarlar. Bilimleri özleşdirmekde höwesleriň ähmiýetini bilmek zerurdyr. Bu barada görnükli pedagog K.D.Uşinskiý şeýle ýazýar: ”Hemişe höweslerden ýaşyryp, diňe mejbur etmek arkaly okatmak okuwçylaryň bilimleri ele almaga bolan höwesini bütinleý ýaşyrýar. Emma okatmak prosesini tutuşlygyna höwese syrykdyrmak bolmaz.” Sebäbi okatmak gara işi, erk

tagallasynyň bolmagyny hem talap edýär. Adamyň höwesleri dürli görnüşlerde bolup bilýärler. Bu ugurda maddy, jemgyýetçilik we ruhy höwesler diýip tapawutlandyrmak bolar.

**Maddy höweslere** adamyň ýaşaýyş aýratynlyklary üçin zerur zatlary döretmek, egin-eşik we azyk önümlerini edinmäge çalyşmak degişlidir. Maddy höwesler baýlyk, zat toplamaga kowalaşmak ýaly ýaramaz formalarda hem ýüze çykyp biler.

**Adamyň ruhy höwesleri** akyl ýetirmek ugrundaky höweslerdir. Adam matematika, taryh, edebiýat, himiya, biologiýa, psihologiýa ýaly ylymlar barada gyzyklanyp, olara düşünmäge, akyl ýetirmäge çalyşýar. Edebiýata we sungatyň dürli görnüşlerine, saza, suratkeşli-ge, teatra bolan höwesleri hem muňa degişli etmek bolar.

Höwesler **takyk we ornaşdyrylan höwes** diýen görnüşlere hem bolünýärler.

**Takyk, gös-göni höwes** – bu şahsyýetiň iş prosesiniň hut özüne bolan höweslerdir. Mysal üçin, adamyň bir zada düşünmegi, şol ugur boýunça bilim almaga höwesi we ş.m.

**Aralandyrylan höwes** – bu şahsyýetiň işiniň netijesinde bolan höwesleridir.

**Höwesleri işjeňligi** boýunça passiw we aktiw görnüşlere hem bölmek bolar.

**Passiw höwesler** – bu şahsyýetiň diňe syn etmek arkaly döredýän höwesleri bolup, adamyň predmete diňe akyl ýetirmegi bilen çäklen-megidir. Mysal üçin, adam saz diňläp, suratlara syn edip, olardan lez-zet alýar.

**Aktiw höwesler** – işjeň höwesler bolup, bu adamyň predmeti syn etmegi bilen çäklenmän, gyzyklanýan predmetini döretmek, ony ele almak ugrunda aktiw hereket etmegidir. Şonuň ýaly-da adamy höwesleriniň möçberi boýunça hem häsiýetlendirmek bolar. Adam-lar özleriniň höwesleriniň giň, köptaraply, çuň we ýüzleý häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar. Jemgyýetiň ösüşinde köpsanly adamlar, ylmy işgärler özleriniň köptaraply höwesleri bilen tapawutlanýarlar.

Şahsyýet özüçe ýaşamaýar, ol kollektiwde bolup, onuň täsiri ne-tijesinde ösüp, kemala gelýär we şahsyýetlik alamatyna eýe bolýar. Kollektiwde şahsyýet terbiýelenýär, onuň ukyplarynyň ýüze çykma-

gy we ösmegi üçin şertler döredilýär. Jemgyýetde adamlar biri-birleri bilen maddy, ruhy, medeni we beýleki zerurlyklara görä aragatnaşyk saklaýarlar, toparlarda we kollektiwlerde bolup geçýärler. Kollektiwiň emele gelmeginde ilkinji toparlar uly rol oýnaýar.

**Ilkinji topar** san taýdan uly bolmadyk durnukly maksatlary boýunça baglanyşdyrylan adamlaryň özara birleşmesidir. Ilkinji topary düzýän adamlar biri-birini tanaýarlar hem-de öňde durýan wezipeleri bilelikde ýerine ýetirmäge gatnaşýarlar. Ilkinji toparyň düzümi 2 adamdan az we 30-40 adamdan bolsa köp bolmaly däldir. Ilkinji toparlara synp, maşgala, önümçilik brigadasynda işleýän we ş.m. adamlaryň topary degişli bolup biler. Adam bir wagtda birnäçe ilkinji toparyň agzasy hem bolup biler. Mysal üçin, okuwçy mekdepde synpyň, gurnagyň, sport seksiýasynyň agzasy hökmünde hereket edip bilýär.

Ilkinji toparyň içinde **mikrotoparlar** hem emele gelip bilýärler. Şeýle toparlar san taýdan 2-7 adamdan köp bolmaýarlar. Mikrotoparlar şahsy we iş bilen baglanyşykly aragatnaşyklaryň kesilmeýänligi sebäpli emele gelýär. llkinji toparlar özleriniň döreýşi boýunça real we şertli, resmi we resmi däl diýen ýaly aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar.

Ilkinji topara girýän agzalaryň arasynda hakyky real gatnaşyklaryň bolmagy bilen **real toparlar** emele gelýär. Bu toparyň agzalarynyň maksatlary we wezipeleri real ýagdaýda hemmeler üçin bellidir we deňdir.

Adamlaryň nominal düzülen umumylygyna **şertli topar** diyilýär. Mysal üçin, sport žurnalistleri dünýäniň iň gowy futbolçylaryndan komanda döretmek meselesini çözýärler. Olar birinji döretmeli oýunçylary sanawa goşýarlar, emma bu oýunçylar we komanda hiç wagt ýaryşda çykyş etmez. Ýöne şol komanda düzülýär we şertli ýagdaýda bar hasap edilýär.

llkinji toparlar resmi ýagdaýda hem döredilip bilner. Şeýle toparlara mekdebiň ýaşlar guramasy, kärdeşler arkalaşygynyň birleşmesi degişlidir. Önümçilik brigadalary, okuw jaýlaryndaky talyplar topary hem resmi toparyň mysalydyr. **Resmi toparlar** diňe buýruk ýa-da karar esasynda üýtgedilip bilner.

**Resmi däl toparlar** ilkinji toparyň içindäki aýry-aýry şahslaryň dostlukly gatnaşyklary, biri-birlerine ynanyşmaklary, iş ukyplarynyň, garaýyşlarynyň gabat gelmekleri esasynda emele gelýän toparlardyr. Şeýle topar üçin ştat raspisaniýeleriň we resmi dokumentleriň güýji ýokdur. Resmi däl toparlar ilkinji topardaky agzybirligiň pugtalanmagyna getirýär. llkinji toparyň içinden referent, etalon toparlaryny tapawutlandyryp görkezmek hem mümkindir. Bu beýleki toparlar ýa-da şahsyýet üçin nusga bolup hyzmat edýän, real bar bolan ýa-da hyýalda döredilen topardyr. Şeýle toparlar her bir şahsyýet üçin nusga, görelde bolup hyzmat eder.

**Topar (kollektiw)** – bu maksatlary we bähbitleri bir bolup, jemgyýete peýdaly iş alyp barýan adamlaryň toparydyr. Görnükli pedagog A.S. Makarenko her bir kollektiwiň esasy alamatlaryny ylmy we praktiki taýdan esaslandyrypdyr. Ol: “Kollektiw – munuň özi şahsyýetleriň guramaçylykly we maksada gönükdirilen kompleksidir” diýip belleýär. Elbetde, beýle diýildigi kollektiwiň diňe jemgyýete peýdaly meseleleriň çözülýän ýerinde bolup bilýändigini aňladýar. Şahsyýet kollektiwde beýleki şahsyýetler bilen aragatnaşykda bolýar. Her bir şahsyýet kollektiwiň üsti bilen beýleki kollektiwlere we jemgyýete goşulýar. Her bir kollektiw hem jemgyýetiň bir bölegi bolmak bilen, jemgyýetiň syýasy, estetiki we ahlak ideallaryny özünde jemleýär. Şahsyýet şu ideallary özünde jemläp, şondan hem ugur alýar. Şahsyýet bilen kollektiwiň özara gatnaşyklaryny şu aşakdaky ýaly tapawutlandyrmak bolar:

1. Kollektiwiň şahsyýete edýän täsiri.

Her bir kollektiw şahsyýeti kollektiwizm sypatly şahsyýet edip terbiýeleýär. Kollektiw şahsyýetiň özüni alyp barşyndaky psihiki gurluşyndaky kemçilikleri özünden öň görýär we ony terbiýelemäge, düzetmäge çalyşýar.

2. Şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiri.

Munuň ölçegini abraý, ýolbaşçylyk, liderlik ýaly kategoriýalarda aňlatmak bolar. **Abraý** – bu şahsyýetiň jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilmegidir. Bu şahsyýete kollektiwiň berýän bahasydyr. Abraýlylyk ilki bilen şahsyýetiň häsiýetine, özüni alyp barşyna, göreldesine baglydyr. Bir adamyň giň düşünjeliligi, ukyplylygy, tejribesi ony beý-

leki adamdan tapawutlandyryp görkezýär. Abraýly adamy hemmeler hormatlaýar, oňa maslahat salýarlar. Türkmen halkynyň taryhynda yz galdyran wekillerden Döwletmämmet Azadyny, Magtymgulyny, Seýdini, Zelilini köplere görelde bolan abraýly şahsyýetler hökmünde görkezmek bolar.

Kollektiw ýolbaşçylygyň bolmagy bilen hem saklanýar. Şu häsiýetde hem şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiri ýüze çykýar. Kollektiw tarapyndan saýlanýan ýa-da bellenýän ýolbaşçy birnäçe funksiýalary ýerine ýetirýär. Ol kollektiwiň her bir agzasyna tabşyryklar berýär, işi kadalaşdyrýar, işe höweslendirýär, baýraklara hödürleýär, terbiýeçilik işlerini guraýar, beýleki kollektiwler bilen aragatnaşygyny ýola goýýar we ş.m.

1-nji tipdäki ýolbaşçylar kollektiwiň işini dolandyrmakda, köplenç, administratirlemek usullaryny ulanýarlar. Şeýle tipdäki ýolbaşçylar hyýrsyz bolýarlar, başgalaryň pikirlerine gulak asmak islemeýärler.Olar kollektiwe degişli bolan kararlary özbaşdak kabul edýärler.

2-nji tipdäki demokratik ýolbaşça kollektiwiň agzalary bilen möhüm problemalary we kararlary bilelikde ara alyp maşlahatlaşmak we çözmek mahsusdyr. Bu tipdäki ýolbaşçylar pikirleriniň çuňlugy, ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýarlar. Olar kollektiwde dürli kemçilikleri goýberen, düzgüni bozan adamlara administratiw çäreleri örän ýerlikli ulanýarlar. Demokratik ýolbaşçyly kollektiwde iş birek-birege düşünişmek, ylalaşmak esasynda alnyp barylýar.

3-nji tipdäki ýolbaşçy işini başyna goýbermek, gatyşmazlyk, işine biperwaý garamak esasynda alyp barýar. Kollektiwdäki adamlar ýolbaşçylygy duýmaýarlar. Şeýle ýolbaşçylara görkezme bermek, başga adamlar bilen aragatnaşyk etmek kyn düşýär. Ol öz kollektiwindäki adamlar bilen ýakyn aragatnaşyk saklap bilmeýär. Şeýle tipdäki ýolbaşçy iň soňunda öz işinden basylýar we ony başga birine tabşyrmaga kaýyl bolýar.

Toparlarda we kollektiwlerde ýolbaşçylygyň agzalan tipleriniň nähili derejededigini bilmek üçin mekdep mugallymlary, psihologlar dürli eksperimentleri geçirip bilerler. Belläp geçişimiz ýaly, sosial psihologiýada ýolbaşçylyk düşünjesi bilen birlikde liderlik düşünjesi hem ulanylýar. Ýolbaşçylyk resmi toparlar üçin jogapkärçilikde döre-

dilýän bolsa, liderlik resmi bolmadyk toparlara degişli aragatnaşyklar bolan mahalynda döredilýär. Lider, köplenç, kiçi toparlarda tötänden ýüze çykýar.

Toparlarda we kollektiwlerde ýolbaşçylaryň, liderleriň roly olaryň abraýyna we guramaçylyk ukybyna baglydyr.

Toparlarda we kollektiwlerde şahsyýetleriň biri-birine düşünişmek, ylalaşmagy esasynda **şahsyýetara gatnaşyklar** emele gelýär. Özara şahsyýetara gatnaşyklar işewür we şahsy gatnaşyklar diýen ýaly görnüşlere bölünýärler. **Işewür özara** gatnaşyklar gulluk wezipesini ýerine ýetirmek wagtyndaky şahsyýetleriň gatnaşygydyr. Mysal üçin, mekdebiň mugallymlar kollektiwiniň özara gatnaşyklary işewür gatnaşyga degişlidir. **Şahsy özara gatnaşyklar** – bu garaýyşlaryň we pikirleriň birligi, höwesleriň birligi, meňzeşligi, biri-birini sulhuň almaklygy esasyndaky şahsyýetleriň gatnaşygy. Mysal üçin, bir köçede ýaşap, elmydama bile oýnaýan çagalaryň gatnaşygy şahsyýetara gatnaşyga degişlidir. Şahsyýetara gatnaşyklarda sygyşmaklyk we konfliktler ýüze çykýarlar. **Sygyşmaklyk** şahsyýetleriň bir-birine düşünip, işiň ylalaşykly, üstünlikli ýerine ýetirilmegidir. Sygyşmaklygyň fiziki, psihologik diýen ýaly görnüşleri bardyr. Fiziki sygyşmaklyk güýçleriň we çydamlylygyň sazlaşygynda amala aşyrylýar. Psihologiki sygyşmaklyk şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlyklarynyň, temperamentiniň, tipleriniň sazlaşykly baglanyşygy esasyndaky ylalaşykly gatnaşygydyr.

Sosial-psihologik sygyşmaklyk adamlaryň sosial rollary üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam edýän şahsy aýratynlyklary bolan adamlaryň özara gatnaşmagydyr.

Şahsyýetara gatnaşyklarda agzalalygyň, konfliktleriň hem bolmagy mümkindir. Agzalalyklar şahsyýetara gatnaşyklarda fiziki we psihiki sygyşmaklyklaryň esasynda ýüze çykyp bilýärler. Ýüze çykan agzalalyklaryň köpüsi parahatçylygyň, birek-birege düşünişmekligiň esasynda çözülýär. Okuw-terbiýeçilik işlerini üstünlikli alyp barmakda mekdeplerde synp toparlarynda psihologik sygyşmaklyk dogry guralan esasy sertleriň biridir.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Adam, şahsyýet we indiwid diýen düşünjeleriň tapawudy nämeden ybarat?
2. Şahsyýet özünde nähili ösen taraplary jemleýär?

3. Şahsyýetiň islegleri we höwesleri nähili ýüze çykýar?
4. Topar diýip nämä aýdylýar?
5. Toparda şahsyýetara gatnaşyklar nähili ýüze çykýar?

**Amaly ýumuşlar**

1. Adam, şahsyýet we indiwid diýen düşünjeleriň hersine durmuşdan bir mysal saýlap almaly we seljermeli. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna syn edip, olarda kemala gelen şahsyýetlilik alamatlarynyň birnäçesini görkezmeli. Onuň oňyn we tersin tarapyny bellemeli.
2. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň şahsyýetiniň durnuklylyk tarapyny kesgitlemeli.
3. Mekdebe çenli döwürdäki çagalaryň hereketlerine syn edip, olaryň özünden ululara öýkünip edýän hereketlerini bellemeli.
4. Özüňe tanyş ýa-da ýakyn bolan bir adama syn edip, şu aşakdakylary bellemeli:
a) durnukly şahsyyet hökmünde görkezýän hereketiniň bir şekili;
b) durnuksyz şahsyýet hökmünde görkezýän hereketiniň bir şekili;
ç) durnukly we durnuksyz şahsyýet hökmünde görkezýän hereketleriniň oňyn we tersin taraplaryny kesgitlemeli.

## § 5. Şahsyýetiň işleri barada umumy düşünje

Adam jemgyýetde ýaşamak bilen öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin işjeňlik görkezýär. Eger adam uklanda, dynç alýan ýagdaýynda bolmasa, onda ony hereket ýagdaýynda diýip bellemek bolar. Adam ýaşaýyşda näme-de bolsa bir iş bilen meşgul bolýar, ol okaýar, zähmet çekýär, sport bilen meşgullanýar, oýnaýar, adamlar bilen aragatnaşyk saklaýar. Adam iş, hereket bilen meşgul bolsa,onuň dürli aňyýet aýratynlyklaryny bilmek mümkindir.Iş, hereket adamyň işjeňligi bolup, öz zerurlyklaryny we gyzyklanmalaryny kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly bolan maksada ýetmäge gönükdirilendir. Adamyň işi, hereketi özboluşly häsiýete eýedir. Işsiz, hereketsiz adam öz durmuşyny dolandyryp bilmeýär. Iş adamyň ýaşaýşy üçin zerur bolan material zatlaryň, ruhy gymmatlyklaryň döremegine getirýär. Adamyň işi,hereketi haýwanlaryň hereketleriniň çylşyrymlylygyna garamazdan düýpli tapawutlanýandyr. Onuň şol tapawutly taraplaryny şu aşakdakylara bölüp görkezmek bolar:

1. Adamyň işiniň aňly-düşünjeli ýerine ýetirilmek häsiýetliligi. Munda adam öz öňünde maksat goýandan soň, öz maksadyna ýetmek üçin hereket edip, onuň netijesini bilmäge çalyşýar.

2. Adamyň işi gural taýýarlamak, peýdalanmak we ony geljek üçin saklap bilmek bilen baglydyr.

3. Adam işiniň jemgyýetçilik häsiýetliligi, ýagny şol işiň kollektiwde kollektiw üçin ýerine ýetirilmegi.

Şahsyýeti hemmetaraplaýyn öwrenmekde onuň işi, hereketi uly rol oýnaýar. Iş, hereket boýunça duýgularyň, garaýyşlaryň, ukyplaryň, erkiň we beýleki birnäçe sypatlaryň dürli-dürli häsiýetleri öwrenilýär. Adamyň her bir işi belli bir ugur boýunça alnyp barylýar. Işiň ýerine ýetirilişiniň dowamynda adam sarp edilýän güýji, tizligi, takyklygy gymyldylar arkaly amala aşyrýar. Işiň esasy şertleri psihiki proseslerdir. Adamda psihiki prosesleriň bolup geçmegi bilen iş, hereket ýerine ýetirilýär. Işiň dowamynda duýmak, üns bermek, kabul etmek, pikirlenmek, hyýala getirmek ýaly birnäçe psihiki prosesler bolup geçýär. Beýleki prosesler hem iş bolmasa kemala gelmeýär. Şonuň üçin adamyň işi psihiki prosesler bilen baglydyr. Işiň islendik görnüşiniň aýratyn tarapy hereketler we gymyldylardyr.

Psihologiýa ylmynda adamyň işi daşky (beden) we içki (akyl) diýen ýaly görnüşlere bölünýär. Birnäçe adamyň işi içki, daşky görnüşlerden formulirlenip, kem-kemden bolsa içki görnüşe gelýär diýip tassyklanypdyr. Daşky işiň kem-kemden içki iş görnüşine geçmegine **interiorizasiýa** diýilýär: Çaga sanamagy öwrenmek üçin ilki predmetden başlaýar. Ol öýdäki meňzeş bolan predmetleri sanaýar. Ol kem-kemden ýatdan sanamagy öwrenip başlaýar. Şu ýerde hem eýýäm çagada pikirlenmegiň esasy predmet däl-de, sözler, sanlar bolýar. Şeýlelikde, akyl hereketiniň predmetler bilen baglanyşykly durmuşa geçirilmegine **eksteriorizasiýa** diýilýär.

Adamyň işi, hereketi psihologiýa ylmyndan başga-da, filosofiýa, taryh, sosiologiýa, pedagogika ýaly ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Psihologiýa ylmy adamyň işiniň, hereketiniň üsti bilen onuň dürli şahsy aýratynlyklaryny ýüze çykarýar. Adamyň işi belli bir gurluşa eýedir. Adamyň işiniň esasy gurluşy hökmünde maksadyny we motiwini görkezmek bolar. Şonuň üçin adamyň her bir işi onuň öz öňün-

de belli bir maksat goýmagy bilen kesgitlenilýär. Maksat goýulmasa iş, hereket bolup bilmeýär. Şeýlelikde, adam işe belli bir motiwler arkaly ugrukdyrylýan we belli bir maksada ýetmäge meýil edýän şahsyýet hökmünde girişýär. Adamyň motiwleri hökmünde onuň pikirleri, hyýallary, duýgulary, islegleri we ş.m. psihiki hadysalary hyzmat edip biler (Adamyň öz öňünde goýan maksadyna ýetmegi üçin diňe içki talaplary ýeterlik däldir).

**Motiw** – bu şahsyýeti hereketi etmäge itekleýän, oýandyrýan meýildir. Şahsyýetiň degişli işleri ýerine ýetirmekdäki motiwleri birmeňzeş däldirler. Mysal üçin, okuwçylaryň okamak motiwlerini deňeşdirip göreniňde şeýle tapawutlyklary bellemek bolar:

a) okuwçynyň gyzyklanma esasynda okamaga meýli;

b) talap etmekligiň esasynda okamaga meýli;

ç) okuwçynyň özüni beýlekilerden aktiw görkezmäge bolan meýilliligi.

Şeýlelikde, adam öz öňünde goýan maksadyna dürli-dürli motiwleriň bolmagy bilen ýetýär. Biz haýsy hem bolsa bir okuw jaýyna girip, ony hem üstünlikli tamamlap, bir hünäri ele almagy maksat edinýäris. Näme üçin sen diňe şol hünäri ele almagy maksat edindiň diýen soragy bereniňde, adamy hereket etmäge oýandyrýan ýagdaý bolan motiw ýüze çykýar. Adamyň işiniň aýratyn tarapy akyl hereketi ýa-da gymyldydyr. Hereketler, gymyldylar adam tarapyndan aňly-düşünjeli özleşdirilýär. Hereketleri, gymyldylary şu aşakdaky ýaly bölüp görkezmek we düşündirmek bolar:

1. Belli bir maksat goýlup, aňly-düşünjeli ýerine ýetirilýän hereketler.

a) Amaly praktiki hereket – bu şahsyýetiň predmete täsir etmegi ýa-da manipulirlenmek esasynda bolup geçýän hereketlerdir.

Çaga praktiki hereketleriň netijesinde predmetler bilen aragatnaşyk saklaýar. Ol predmete täsir etmek bilen ony tanaýar, onuň dürli häsiýetlerini bilýär. Praktiki hereketiň esasynda akyl hereketi ýüze çykýar.

b) Akyl hereketi pikirli, aňly hereketlerdir. Akyl hereketi ýerine ýetirilýän işi has çuň we düýpli özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

2. Duýdansyzlykda ýüze çykýan impulsiw hereketler.

Daşdan güýçli hem-de duýdansyz täsir edýän gyjyndyryjylar, olaryň dürli häsiýetleri adamda impulsiw hereketi ýüze çykarýar.

Adamyň ähli hereketleri sözli hereketlerdir. Adam iş edýän mahaly sözleri, pikiri daşyndan ýa-da içinden aýdyp, öz edýän işini dogry meýilleşdirýär, dürli aýratynlyklaryny, wezipesini anyklaýar, ýalňyşyny ýüze çykarýar. Işiň esasy döwürleri hökmünde şu aşakdakylary bellemek bolar:

1. Işiň maksadyny goýmak (ýerine ýetirilmeli işiň anyk wezipelerini bellemek).
2. Işi meýilnamalaşdyrmak (işi ýerine ýetirmek üçin dürli ýollary saýlap almak).
3. Işi ýerine ýetirmek.
4. Işiň netijesini barlamak we ýalňyşyny düzetmek.
5. Işiň jemini jemlemek we bahalandyrmak.

Şahsyýetiň her bir işi şu döwürleriň bolup geçmegi bilen ýerine ýetirilýär.

Şahsyýetiň işiniň üstünlikli ýerine ýetirilmegi belli bir derejede onuň psihiki ýagdaýyna hem baglydyr. Mysal üçin, adamyň dowamly işleri ýadawlygy döredip bilýär. Ýadawlyk – bu adamyň işe bolan ukyplarynyň tebigy ýagdaýda pese gaçmagydyr.

Adamyň ýadawlygynyň, argynlygynyň esasy görkezijileri işiň gidişiniň pesligidir. Şonuň üçin adamyň ýadawlygyny, argynlygyny aýyrmagyň esasy ýollarynyň biri aktiw dynç almakdyr. Aktiw dynç almak işi dowam etdirmäge mümkinçilik berýär. Adamyň bilim almagy iş, hereket bilen berk baglanyşyklydyr. Şahsyýet predmetlere täsir etmek arkaly emele gelen hereketleriň netijesinde şol predmetleriň häsiýetleri, olary durmuşda ulanmagyň ähmiýeti barada birnäçe düşünjeleri ele alýar. Çaga özüne nätanyş bolan predmeti ilkinji gezek eline alanda, onuň dürli häsiýetleri barada maglumat almaga çalyşýar. Bilimsiz iş, hereket mümkin däldir.

Adamyň ýaşaýyş obrazynyň dogry guralmagy üçin iş, hereket, amala aşyrylýar.Şol işiň bolsa esasy 3 sany görnüşini bellemek bolar.

**l. Oýun işi.** Oýun işi mekdebe çenli döwürdäki we mekdep ýaşyndaky çagalaryň durmuşynda uly ähmiýete eýedir. Işiň bu görnüşi çagalaryň daşky dünýa akyl ýetirmegine, okuwa,zähmete taýýarlanmagyna uly kömek edýär. Beýik rus pedagogy K.D.Uşinskiý oýun

işiniň çagalary durmuşa, döredijilikli zähmete taýýarlamakda uly ähmiýete eýedigini belleýär. Çaganyň ilkinji oýun işleriniň, hereketleriniň uly adamlaryň hereketlerine öýkünmesidigini bellemek bolýar. Çaganyň oýny uly adamlaryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar. Soňra oýny guramak, alyp barmak tutuşlygyna çaganyň eline geçýär. Oýun – bu terbiýe serişdesidir. Oýnuň üsti bilen çagalarda dostluk, birek-birege hormat goýmak ýaly ýokary duýgular terbiýelenýär. Çaganyň durmuşynda funksional, konstruktiw, manipulýatiw, sýužetli, rolly oýunlaryň uly ähmiýete eýedigini bellemek bolar. Çaganyň ilkinji oýun işi funksional hereketlerden başlanýar. Çaga töweregindäki predmetler bilen aragatnaşyk saklap, dogry hereketleri ýerine ýetirip başlaýar. Ol predmetleri dogry tutmagy, olara dogry täsir etmegi öwrenip başlaýar. Soňra çaga kem-kemden konstruktiw oýunlary oýnap başlaýar. Ol kubjagazlardan jaýjagazlary gurýar, ýörite niýetlenen enjamlar arkaly dürli predmetleriň şekillerini gurýar. Bu bolsa çaganyň hyýala getirmesini, pikirlenmesini, kabul etmelerini ösdürýär. Çagalaryň ösüşinde sýužetli-rolly oýunlar 3-4 ýaşynyň içinde başlaýar. Çaga rolly oýunlarda adamlaryň hereketlerini, sözlerini gaýtalap, olara öýkünýär. Şonuň esasynda hem çagalar biri-biri bilen aragatnaşyk saklamagy, dogry sözleşmegi, özara pikir alyşmagy öwrenýärler. Çaganyň 5-6 ýaşynyň içinde rolly oýunlar has-da aktiwleşýär. Olar kollektiwleýin oýnamagy öwrenýärler. Bu bolsa çaga kollektiwde ýaşamagy öwredýär.

**2. Okuw işi.** Okuw şahsyýetiň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almak prosesidir. Okuw işiniň alnyp barlyşyna 2 adam gatnaşýandyr. Oňa mugallym hem-de okuwçy degişlidir. Okuw işi– aktiwasion iş prosesi hasaplanýar. Okuw işiniň dowamynda mugallym her bir okuwça pikirlenmegi, daşky dünýäsini dogry kabul edip almagy, ünsli işlemegi öwredyär. Okuw işiniň dowamynda mugallym diňe bilim bermän, eýsem terbiýeçilik işi üçin mugallymyň taýýarlykly gowy guraýan okuwy terbiýeçilik hasiyetine hem eýedir. Çaganyň okuwa barmagy bilen onda täze-täze wezipeler peýda bolýar. Çaga ir turmak, okuwa wagtynda barmak, öý işlerini ýerine ýetirmek, ýoldaşlaryna kömek bermek ýaly birnäçe wezipeleri ýerine ýetirmeli bolýar. Okuw işi bilim berijilik, ösdürijilik häsiýetlerine hem eýedir.

**3. Zähmet işi.** Zähmet – bu şahsyýetiň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrýan, jemgyýete peýdaly önüm öndürmäge gönükdirilen

işdir. Zähmet işiniň üsti bilen ukyplar, başarnyklar ösdürilýär. Mekdebe çenli döwürde çagalar zähmet işinin ýönekeý formalaryny ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Çaga mekdebe gelenden soň zähmet endikleri ösüp kämilleşýär. Okuwçylaryň zähmet ukyplaryny ösdürmek maksady bilen mekdeplerde zähmet sapaklary geçilýär. Okuwçylar zähmet sapaklarynda zähmet işiniň esasy komponentlerini özleşdirýärler, zahmet işinin maksadyna düşünýärler, işi meýilnamalaşdyrmagy we dogry ýerine ýetirmegi öwrenýärler.

Şahsyýetiň işiniň esasy komponentlerine başarnyklar we endikler degişlidir. Başarnyk – bu şahsyýetiň işi, hereketi ýerine ýetirmäge bolan ukybynyň özleşdirilmegidir. Şahsyýet başarnyklary türgenleşmäniň esasynda ele alýandyr. Mysal üçin, 1-nji synpa okuwa gidende, okuwçynyň entek owadan hat ýazmak başarnygy ýokdur. Emma okuwçy mugallymyň kömegi bilen birnäçe wagt türgenleşmäni geçenden soň owadan, setirden çykman ýazmak başarnygyny ele alýar. Türgenleşme şahsyýetiň başarnygy ele almak üçin işi, hereketi köp gezek gaýtalamagydyr. Başarnyk adamyň işi üstünlikli ýerine ýetirmegine getirýär. Şahsyýetiň başarnykly ýerine ýetirýän işleriniň käbiri endige öwrülýär.

Endik – bu türgenleşmäniň esasynda işiň, hereketiň käbir operasiýalarynyň awtomatik usulda ýerine ýetirilmegidir. Endik şahsyýetiň hereketi ýerine ýetirmeginiň kämilleşen usulydyr. Eger-de adam işi, hereketi endik boýunça ýerine ýetirýän bolsa, onda ol şol işi ýokary hilde ýerine ýetirýändir. Adam endigi haýwan endiklerinden düýpli tapawutlanýandyr. Haýwanlarda endikler diňe 1-nji signal sistemasynyň esasynda kemala gelip ýerine ýetirilýändir, emma adamda endikler 1-nji hem-de 2-nji signal sistemalarynyň esasynda ýerine ýetirilýändir. Adam endiklerinde düşünilen, akyl ýetirilen, aňlanylan hereketler durýandyr. Ýerine ýetirilýän iş tutuşlygyna awtomatlaşman, eýsem şol işiň diňe aýry-aýry elementleri awtomatlaşýandyr. Mysal üçin, haty owadan ýazmakda harplary dogry ýazmak we harplary birikdirmegiň usullary awtomatik ýerine ýetirilýär, emma özi maksada gönükdirilen, öňünden niýetlenen hereket bolup galýandyr. Endikler zähmet, okuw, sport, çeperçilik diýen ýaly görnüşlerde bolýarlar. Ýaşaýşyň dowamynda adamda kemala gelýän endikler biri-birine täsir edip dur-

ýarlar. Adamda bar bolan endik täze bir endikleriň döremegine ýol açyp ýa-da tersine, päsgel berip hem biler. Adamda bar bolan endik täze bir endigiň kemala gelmegine oňyn täsir etse, onda oňa **endigiň üýtgemegi** diýilýär. Mysal üçin, çaga mekdebe çenli döwründe galamy dogry tutmagy endik eden bolsa, mekdebe gelenden soň hat ýazmak endigini çalt özleşdirýär.

Adamda bar bolan öňki köne endik täze bir endigiň kemala gelmegine ters täsir etse, onda oňa **endigiň interferensiýasy** diýilýär. Mysal üçin, çaga çep elinde galam, çemçe we beýleki predmetleri tutmagy endik eden bolsa, ol mekdebe gidenden soň sag elinde ruçkany tutup hat ýazmakda kynçylyk çekýär. Sebäbi öňki endik täze endigiň döremegine ters täsir edýär. Okuwçylarda täze položitel endikleriň kemala gelmeginde mugallymyň goltgy bermeginiň uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi okuwçynyň käbir gönükmeleri öňki köne endigine görä ýerine ýetirmegi ýalňyşlyga getirýär. Şeýle ýagdaýda mugallym okuwça gönükmäni çözmekde täze bir usullary peýdalanmalydygyny düşündirmelidir. Adamyň ýaşaýşynda käbir hereketler öwrendiklige hem öwrülýärler. Öwrendikligiň emele gelşi endikler bilen bilen berk baglanyşyklydyr.

Öwrendiklik – bu şahsyýetde kesgitli hereketleri ýerine ýetirmek isleginiň bolmaklygydyr. Çagada käbir hereketler endige öwrülen bolsa, ol kem-kemden öwrendiklik esasynda ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, çaga naharlanandan soň, oýnap gelenden soň, ýatmazyndan öň elini ýuwmaklyga öwrendikli bolmagy mahsusdyr. Çaganyň gün tertibini hem dogry berjaý etmegi öwrendiklik esasynda berk ýerine ýetirilip bilner. Okuwçylaryň käbirlerinde antigigiýeniki öwrendiklikler kemala gelip biler. Mysal üçin, okuwçynyň sapak wagtynda barmagyny sormagy, dyrnagyny dişlemegi, nahar edinenden soň elini silkmegi we ş.m. Şeýle öwrendikligiň wagtynda öňüni almak we onuň gaýtalanmazlygyny gazanmak zerurdyr. Her bir endik hem-de öwrendiklik şertli-reflektor baglanyşyklar sistemasyndan ybaratdyr.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Adamyň işi, hereketi haýwanlaryň özüni alyp barşyndan nähili tapawutlanýar?
2. Iş prosesinde adamda argynlyk, ýadawlyk ýagdaýy nähili bolüp geçýär?

3. Şahsyýetiň işi nähili gurluşa eýe?
4. Çaganyň ösüşinde oýun işiniň nähili ähmiyeti bar?
5. Başarnygyň, endigiň, öwrendikligiň hersine kesgitleme ber!
6. Endik öwrendiklikden nähili aýratynlygy bilen tapawutlanýar?
7. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda öwrendiklilik nähili terbiýelenýär?

**Amaly ýumuşlar**

1. Mekdep tejribeliginde arakesme wagtynda okuwçylaryň oýun işine syn edip, onuň täsir ediş aýratynlyklaryny bellemeli.
2. Aşakdaky pikir ýöretmeleriň haýsysynyň dogrudygyny kesgitlemeli:
a) adamyň işi esasynda içki stimullar kesgitlenilýär;
b) iş – bu adamyň daşky dünýä bilen özara täsiri bolup, daşky dünýäni aňly we maksadalaýyk üýtgetmegidir.
3. Şu aňlatmalaryň haýsy biri okuw, oýun, zähmet işlerini aňladýar?
a) adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin maddy we ruhy gymmatlyklary döretmeklige gönükdirilen iş;
b) düşünjeleri ulanmaklyga, bilimleri we endikleri ele almaklyga gönükdirilen iş;
ç) iki adamyň hereketine we olaryň gatnaşyklaryna gönükdirilen iş.
4. Okuwçy ýazuw işini ýerine ýetirýän wagty bir yalňyşlygy goýberip, ony dogry ýazmaklygy özleşdirenden soň hem sol ýalňyşlygy gaýtalaýar ýa-da onuň dogry yazylyşyny saýlap bilmän ikirjiňlenýär. Bu hadysa nähili atlandyrylýar? Onuň öňüni nähili almaly?

## § 6. Üns

Aňyň belli bir zada gönükdirilendigine **üns** diýlip at berilýär.

Men kitap okaýaryn hem bütinleý hekaýanyň mazmuny bilen “meşgul; öýüň içindäki edilýän gürrüňi men eşidýärin, emma ol gürrüňlere üns bermeýärin. Emma, ynha, içerdäkilerden biri näme-de bolsa bir gyzykly zady gürrüň etmäge başlady, gözlerim kitabyň setirlerinde gezýän bolsa-da, ünsümiň gürrüňe sowlandygyny men görýärin.

Ilkibaşda-da we soň hem men edil bir wagtyň özünde edilýän gürrüňi diňleýärin we kitaby okaýaryn. Elbetde, meniň psihiki işimiň gurluşy bu iki wakada düýpden üýtgeşikdir. Ilkibaşda meniň aňym okaýan zadymy düşünmäge gönükdirilipdi; kitabyň mazmuny meniň aňymyň merkezindedi, gürrüňiň mazmuny bolsa aňymyň merkeziniň töwereginde, aňyň gyrasyndady. Soňra aň gürrüňi diňlemäge gönük-

di; gürrüň aňyň merkezinde boldy, kitaby okamak bolsa, onuň gyrasynda bolup çykdy. Meniň ünsüm kitap okamakdan gürrüň diňlemäge ornuny çalşyrdy diýip, biz aýdýarys.

Öz ünsüm kitap bilen meşgul bolan wagtynda men onuň mazmunyny doly anyk özüme kabul edip alýardym, gürrüňi bolsa anyk aňşyrmaýardym, aýdylyşy ýaly, "gulagyma çala galtaşýardy". Eger gürrüňiň näme hakda barýandygyny birden menden sorasadylar, edilýän gürrüňiň sözlerini men diňe biri-birine baglanyşyksyz bölek-büçek aýdyp bilerdim. Emma meniň ünsüm kitapdan gürrüňe geçen badyna iş derrew üýtgedi. Indi men gürrüňiň mazmunyny doly suratda aýdyň kabul edip alýaryn, gözlerim okamagyny dowam etdirýän hem bolsa, kitabyň mazmunynyň diňe aýdyň bolmadyk bölejikleri gelip maňa ýetişýärler.

Üns hadysalarynda aňyň seçip alyjylyk häsiýeti ýüze çykýar; eger adam ýeke bir zada ünsüni berýän bolsa, başga zatlardan onuň ünsi sowulýar.

Ünse, özüňe kabul edip alma, pikirlenmä, ýatlama we ş.m. aýratyn prosesler diýip at berşimiz ýaly manyda aýratyn psihiki proses diýip at bermek bolmaz. Adam özüniň ýaşaýşynyň hemme pursatynda nämäni-de bolsa bir zady özüne kabul edip alýar ýa-da näme-de bolsa bir zady ýadyna salýar ýa-da bir zat hakynda pikirlenýär, ýa-da näme-de bolsa bir zat hakynda hyýal edýär. Emma adamyň üns prosesi bilen meşgul pursady bolup bilmez. Üns ähli psihiki prosesleriň aýratyn tarapydyr.

Üns adamyň durmuşynda psihiki işiň bir aýratyn tarapy hökmünde ýüze çykyp, bilimleri özleşdirmekde, zähmet işlerini ýokary we netijeli ýerine ýetirmekde uly rol oýnaýar. Üns özbaşdak psihiki proses hökmünde ýüze çykmaýar. Ol beýleki psihiki prosesleriň hem aýratyn tarapy hasaplanýar.

Üns – bu adamyň aňynyň degişli bir predmete gönükmegi we onda jemlenmegi, saklanmagydyr. Daşky dünýäniň predmetleri, hadysalary adama gyjyndyryjy obýekt bolup täsir edýändir. Adam şol predmetleriň, hadysalaryň ählisini bir wagtda aňynda jemläp bilmeýär. Men öýde gyzykly kitap okap oturyn. Jigim gelip, telewizory açýar. Telewizorda gyzykly kino gidip dur. Men birbada gyzykly kitap oka-

mak bilen gümra bolup oturan-da bolsam, ünsüm telewizordaky kino gönügip başlaýar. Ilkibada meniň aňym gyzykly kitaby okamaga gönükdirilipdi, şol wagt hem kitabyň mazmuny aňyň merkezindedi. Telewizor açylandan soň bolsa, gyzykly kino aňymyň merkezine geçip, kitabyň mazmuny bolsa onuň gyrasyna süýşdi. Bu ýagdaýa bolsa biz üns kitap okamakdan kino görmäge geçdi diýýäris. Adam öz ünsüni ygtyýarly ýagdaýda predmete, obýekte gönükdirmek bilen aktiwligini ýokarlandyrýar. Işiň ähli görnüşlerinde ünslülik zerur bolup durýar. Sebäbi işiň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň esasy şerti ünslülikdir. Okuwçy okuw işi bilen meşgul bolanda, işçi zähmet işini ýerne ýetirende, saz eserini dörediji saz ýazanda, şahyr goşgy düzende, suratkeş surat çekende üns psihiki hadysa hökmünde ýüze çykyp durýar. Ünslülik mahalynda adamda belli bir obýektde ünsüni jemläp, töwerekdäki predmetlerden bolsa ünsüni sowmaklyk zerurlygy bolup geçýär. Predmetsiz, obýektsiz üns ýüze çykyp bilmeýär. Sebäbi ünsüň döremegi üçin adama näme-de bolsa bir predmet gyjyndyryjy obýekt bolup täsir edýändir. Mysal üçin, mugallym okuwçylara temany düşündirýär. Şol wagt okuwçylaryň bar ünsi mugallymda bolýar. Gürrüňiň dowamynda mugallym synp tagtasyna tema degişli surat asýar. Okuwçylaryň ünsi synp tagtasyndaky suratda jemlenýär. Adamyň üns berýän predmetlerini, obýektlerini häsiýetleri boýunça daşky we içki ünse bölmek bolýar.

**Daşky üns** – bu biziň daş-töweregimizi gurşap alan predmetlere ünsümizi jemlemegimizdir.

**Içki üns –** bu biziň öz hususy duýgularymyza, pikirimize, başdan geçirmelerimize,garaýyşlarmyza gönükdirilen ünsümizdir.

Ünslülik mahalynda adamda birnäçe daşky aňlatmalar hem bolup geçýär. Şol daşky aňlatmalara syn edip, adamyň ünslülik derejesine hem syn etmek mümkindir.

Ünslülik mahalynda adamyň hereketleri haýallap, ünsüni degişli obýekte gönükdirýär. Adamyň ünslüligi daşky mimikadan hem aňladylýar. Okuwçy mugallymy diňlemän, başga bir zada üns berende, gözleri uzaklara seredýän ýaly bolup görünýär. Şonuň üçin her bir mugallym okuwçylar bilen işlemekde ünsüň başga bir ýere sowlup barýandygyny mimik görnüşden kesgitlemegi başarmalydyr. Okuw

işinde ünsüň rolunyň uludygyna beýik rus pedagogy K.D.Uşinskiý uly baha beripdir. Ol: “Üns – munuň özi daşky dünýäden gelen zatlaryň hemmesiniň adamyň ruhuna geçýän gapysydyr” diýip belleýär.

## Ünsüň fiziologik esaslary we daşky aňlatmasy

I.P.Pawlow tarapyndan jikme-jik öwrenilen we nerw prosesleriniň induksiýasynyň kanuny diýip at berlen beýniniň uly ýarym şarlarynyň işiniň iň möhüm kanunlaryndan biri üns hadysasynyň esasy bolup durýar. Şu kanuna görä, ýarym şarlaryň gabygynda hemme gelip çykýan oýanmak ojagy özüniň töweregindäki ýerleriň päsgellenmegini döredýär. Şunlukda, oýanmak hiç haçan bütin gabyk boýunça endigan ýaýramaýar. Her bir belli pursatda gabykda oýanmak üçin amatly ýa-da aýdylyşy ýaly, “optimal” şertler dörän haýsy bolsada bir ýer bolýar. I.P. Pawlow şeýle ýazýar: ”Eger kelle süňküniň üsti bilen görmek bolýan bolsady, eger uly ýarym şarlaryň optimal oýanyjylykly ýeri yşyklansady, şonda biz pikirlenýän aňly adamda ýarym şarlaryň galan bütin giňişliginde azdan-köpden ep-esli kölege bilen gurşalyp alnan, formasy we ululygy boýunça mydama üýtgäp durýan ýagty tegmiliň ajaýyp dogry bolmadyk şekiliniň onuň uly ýarty şarlary boýunça nähili süýşüp ýöreýändigini görerdik.”

Adamyň ünsüniň fiziologik mehanizmi örän çylşyrymlydyr. Adamyň beýnisine daşky dünýäden birnäçe gyjyndyryjylar yzygiderli täsir edip durýarlar. Şol täsirleriň esasynda hem uly ýarym şaryň gabygynda güýji boýunça dürli-dürli bolan amatly oýanyş ojaklary emele gelýär. Nerw prosesleriniň dinamikasynyň otrisatel özara induksiýa kanuny boýunça uly ýarym şaryň gabygynda dörän amatly oýanyş ojagy gabygyň beýleki oýanma bölümlerini togtadýar. Şonuň üçin oýanma prosesi ähli bölümlere endigan ýaýramaýar.

Mugallymlar amatly oýanma ojagynyň döreýän kanunlaryny bilip, onuň döremegi üçin amatly şertleri döredip bilerler. Adamyň ünsüniň bir predmetde jemlenmesiniň güýji şol adamyň degişli işi jany-teni bilen söýýänligine baglydyr. Okuwçyda mugallymyň düşündirýän temasy gyzyklanma döredende ünsüni gowy jemleýär.

Her bir adam işiň ünssüz ýerine ýetirilmegine ýol bermeli däldir. Okuw prosesinde okuwçylaryň ünssüzligi olaryň sapaga ýetiş-

mezligine, käbir predmetleriň özleşdirilmeginiň kyn bolmagyna getirýär. Eger-de adam özünde elmydama ünsli bolmaklygy kemala getirse, onda onuň şol ünslüligi elmydama berkleşip, saklanyp galýar. Ünslülik şahsyýetiň zerur tarapy hasaplanýar. Ünsli adam özüniň synçylygy, daş-töweregindäki zatlary doly we dogry kabul edip alyjylygy bilen tapawutlanýar. Ünslülik adamlaryň biri-biri bilen gatnaşyklarynda hem gerekdir. Beýleki bir adamyň gaýgysyny, gam-gussasyny duýmak üçin ünsli bolmak zerurdyr. Ünsli mugallym okuwçynyň nähili duýgulary başdan geçirýändigini ýüze çykarýar.

Üns özüniň ýüze çykyşy boýunça ygtyýarsyz, ygtyýarly we ygtyýarlydan soňky diýen ýaly görnüşlere bölünýär.

Psihologiýa barada ýazylan käbir kitaplarda ygtyýarsyz üns başgaça passiw, gowşak, emosional, erksiz üns diýlip hem atlandyrylýar. Emma bularyň ählisiniň hem aňladýan manysy birdir. Şol aňlatmalaryň ählisi hem ygtyýarsyz ünsüň ýüze çykyşyny düşündirmäge ýardam edýär. Adamda ygtyýarsyz üns öňünden maksat goýulmazdan, niýetlenilmezden erk tagallasynyň edilmezliginde ýüze çykýar.

**Ygtyýarsyz üns** – bu adamyň öz öňünde maksat goýmazdan, belli bir güýji talap etmezden aňyň obýektde jemlenmegidir. Adama täsir edýän gyjyndyryjylaryň şu aşakdaky ýaly birnäçe häsýetleri ygtyýarsyz ünsi ýüze çykarýar:

1. Gyjyndyryjynyň güýji we duýdansyzlygy, tötänligi ünsi ygtyýarsyz ýagdaýda özüne çekýär. Güýçli sesler, ýiti ýagtylyk, ýiti ys we ş.m. ygtyýarsyz ünsi döredýär. Mugallym sapagyň dowamynda özüniň ses intonasiýasyny üýtgedip, gataldyp, okuwçylaryň ünsüni ygtyýarsyz ýagdaýda düşündirilýän temanyň mazmunynda jemläp bilýär.

2. Gyjyndyryjynyň täzeligi, üýtgeşikligi we kontrastlygy, garşylygy.

Mugallym täze tema degişli täze bir görkezme esbaby synp tagtasyna berkidende, okuwçylaryň ählisiniň birden ünsüni özüne çekýär. Islendik gelşiksiz predmet beýleki predmetlerden tapawutlanyp, adamyň ünsüni ygtyýarsyz ýagdaýda özünde jemleýär. Bu predmetiň arasyndaky garşylygyň netijesinde bolup geçýär.

3. Gyjyndyryjynyň hereketliligi, ýagny hereketiniň başlanyşy we tamamlanyşy hem ygtyýarsyz ýagdaýda ünsi döredýär. Mugallym sapagyň dowamynda gürrüň berip duran mahaly sözüne dyngy berse, sapagy diňlemän oturan okuwçylara duýduryş berenden has-da amatly bolýar. Kähalatlarda mugallymyň synpyň doly ümsümligini gazanman, birden gürlemäge başlamagy okuwçylaryň ählisiniň ünsüni sapaga jemlemäge mümkinçilik döredýär.

**Ygtyýarly üns** – bu adamyň öz öňünde maksat goýmagy we belli bir güýji sarp etmegi bilen aňyny bir obýekte gönükdirmegi, jemlemegi. Adamyň öz ünsüni ygtyýarly ýagdaýda predmetde jemlemegi we saklamagy ygtyýarly tagallalary talap edýär. Ygtyýarly üns mahalynda adamyň aňyny predmete, obýekte gönükdirmegi we jemlemegi diňe bir ýakymly, özüneçekiji zatlarda bolman, köp ýagdaýda hökmany zatlarda bolup geçýär. Ygtyýarly üns şahsyýetiň özüne garaşsyzlykda formirlenip bilmeýär. Şonuň üçin sapagyň dowamynda her bir mugallym ygtyýarly ünsi jemlemegi ýeňilleşdirýän şu aşakdaky ýaly birnäçe şertleri göz öňünde tutmalydyr:

1. Işi ýerine ýetirmekde öz borjuňy duýmak.

Okuwçynyň ähli predmetler boýunça gowy ýetişik gazanmaga, gowy okamaga borçludygyna düşünmegi onuň ünsüni ygtyýarly ýagdaýda jemlemäge mümkinçilik berýär.

2. Ýerine ýetirilýän işiň takyk wezipelerine düşünmek.

Okuwçy täze temanyň maksadyna we wezipesine gowy düşünende, öz ünsüni ygtyýarly ýagdaýda täze tema gönükdirýär.

3. Işiň endik edilmegi.

Bu şahsyýetiň gündelik edilmeli işlerde ygtyýarly ünsüni jemlemäge mümkinçilik berýär. Okuwçy öýe tabşyrylan ýumuşlary gündelik belli bir wagtda ýerne ýetirmegi endik etse, elmydama hem şol bir wagtda öz ünsüni şol işe ygtyýarly jemläp bilýär.

4. Gyýtak gyzyklanmalaryň döremegi.

Okuwçyda käbir predmetleriň özi gyzyklanma döretmese-de, onuň esasynda nähili netijeleriň boljakdygy gyzyklandyryp, ygtyýarly ünsüni jemlemäge mümkinçilik berýär.

Okuwçyny bedenterbiýe sapagy gyzyklandyrmaýan bolsa-da sapakda geçirilýän ylgaw ýaryşyna gatnaşyp, ýokary netijeler gazanmaga höwesi döreýär.

5. Işi ýerine ýetirmekde oňaýly, amatly şertleriň döredilmegi.

Köp ýagdaýlarda iş ýerine ýetirilýän mahaly daşdan gyjyndyryjylar täsir etse ygtyýarly ünsi bölýär. Şonuň üçin ünsi ygtyýarly jemlemekde amatly şertleriň döredilmeginiň hem ähmiýeti uludyr.

Adam gyzykly kino seredýän mahalynda, özüne hiç bir zor salmazdan, onuň ünsi telewizora tarap gönügendir. Köçe bilen barýarka, ol birden özüniň golaýynda polisiýa işgäriniň jürlewüginiň ýiti sesini eşidýär, ol muňa, “erksiz” suratda ünsüni berýär. Munuň özi biziň tarapymyzdan aňly niýetlenmezden we hiç özümize zor bermezden şu zada gönügýän ygtyýarsyz ünsdür.

Emma adam gyzykly kitaby okamasyny goýmakçy we gerekli, emma ony şu mahal az gyzyklandyrýan iş bilen, ýagny daşary ýurt dilini öwrenmek bilen meşgul bolmakçy bolanda, ünsüni şu tarapa gönükdirmek üçin özüne zor salmaly bolýar. Ünsüniň sowulmagyna ýol bermezlik, ünsüni şu işiň üstünde saklamak üçin has hem köp tagalla etmeli bolýar. Eger men gyzykly kitap okamak isleýän bolsam, emma öýde gaty ses bilen gürrüň edilýän we gülşülýän bolsa, onda men okaýan zadyma üns bermäge we gürrüňe üns bermezlige özümi mejbur etmelidirin. Şeýle ünse ygtyýarly üns diýilýär. Ygtyýarly üns adamyň öz ünsüni belli bir zada gönükdirmegi, öz öňünde aňly maksat edip goýýandygy bilen we şu maksadyny amala aşyrmak üçin gerek bolan mahalynda belli tagallalar edýändigi, dyrjaşýandygy bilen tapawutlanýar.

Adamda ünsi ygtyýarly gönükdirmäge we goldamaga bolan ukyp zähmet prosesinde ösüpdir, çünki şu ukyp bolmasa, dowamly we meýilli zähmet işini amala aşyrmak mümkin bolmaz. Biziň ygtyýarsyz ünsümizi özüne çekmäge nähili zatlar ukyply? Başgaça aýdanymyzda, ygtyýarsyz ünsüň sebäpleri nämeler?

Bu sebäpler örän köp we dürli-dürlüdir. Olary iki kategoriýa bölmek bolar: birinjiden, zatlaryň özleriniň aýratynlyklary, ikinjiden bolsa, şu adam üçin şu zatlaryň gyzyklylygy.

Berlen zadyň adam üçin gyzykly bolmagy ygtyýarsyz ünsi özüne çekmekde esasy rol oýnaýar. Eýsem näme gyzykly bolýar?

Ozaly bilen, adamyň wajyp işi bilen we onuň öňünde duran wezipeler bilen, onuň gyzyklanýan işi bilen, şu işiň onda oýandyrýan

pikirleri we aladalary bilen ýakyndan baglanyşykly zat gyzyklydyr. Haýsy bolsa-da bir işe ýa-da haýsy bolsa-da bir ideýa gyzygan adam, şu iş bilen ýa-da şu ideýa bilen baglanyşykly bolan hemme zada gyzyklanýar. Şunlukda, şu zatlaryň hemmesine üns berýär. Haýsy bolsa-da bir meseläniň üstünde işleýän alym başga adamyň ünsüni özüne çekmejek, ownuk detallara,böleklere derrew üns berer. Uly oýlap tapyjylardan biri şeýle diýýär: "Hemme ulaglaryň prinsipleri meni gyzyklandyrýarlar. Awtobusyň üstünde barýaryn, awtomobiliň nähili ýöreýşine we onuň nähili öwrülişine penjireden seredýärin. Men hemme ulaglara, meselem, ýangyn söndürijileriň merdiwanyna seredýärin we ony hem peýdalanyp boljakdygyny görýärin".

Elbetde, adamlar diňe bir özleriniň ýaşaýşynyň esasy işine gös-göni bolan zada gyzyklanmak bilen çäklenmeýärler. Biz özümiziň işimiz bilen gös-göni baglanyşygy bolmadyk kitaby okaýarys, leksiýany diňleýäris, spektakllara we kinofilmlere seredýäris. Şolaryň bizi gyzyklandyryp bilmekleri üçin näme gerek?

Birinjiden, olar bizde ozal bar bolan bilimler bilen haýsy bolsa-da bir derejede baglanyşykly bolmalydyr; olaryň predmeti biziň üçin düýpden näbelli bolmaly däldir. Sesiň fizikasyny hiç haçan öwrenmedik we metallaryň tehnologiýasyndan bihabar adam "Metallurgiýada ultrasesleri ulanmak" temasyndaky leksiýa bilen gyzyklanyp bilmese gerek.

Ikinjiden, olar bize haýsy bolsa-da täze bilimleri bermelidirler. Olarda biziň üçin heniz näbelli zat bolmalydyr. Emma şeýle leksiýa ultrasesleri boýunça hünärmen üçin gyzykly bolmaz, çünki onuň mazmuny oňa bütinleý mälimdir.

Esasan, eýýäm biziň tanyş zatlarymyz hakynda täze maglumatlar berýän zat, ylaýta-da eýýäm bizde bar bolan soraglara jogap berýän zat gyzyklydyr. Özümiziň heniz bilmeýän zadymyz hem-de bilesimiz gelýän zadymyz gyzyklydyr. Adatça, gyzykly, gyzyklandyryjy romanlaryň sýužetleri şu prinsipde guralandyrlar. Awtor hekaýany biziň öňümizde birnäçe soraglar gelip çykar ýaly edip alyp barýar (şeýle işi kim edipdir? Gahrymana näme bolupdyr?). Biz hem şu soraglara jogap aljak bolup, mydama garaşýarys. Şuňa görä, biziň ünsümiz mydama dykgatly bolýar.

Gyzyklanmagyň özi ygtyýarsyz ünsüň iň möhüm çeşmesidir. Gyzykly zat biziň ünsümizi özüne çekýär, gyzyklandyrýar. Emma ygtyýarly üns gyzyk bilen hiç baglanyşykly däl diýip aýtmak düýpden nädogry bolardy.Ygtyýarly hem gyzyklara, emma başga hili gyzyklara gollanýar.

Eger gyzykly kitap okyjynyň ünsüni özüne çekýän bolsa,onda bu ýerde gös-göni kitabyň özüne, onuň mazmunyna gyzyklanma bardyr. Emma haýsy bolsa-da bir guralyň modelini gurmagy maksat edinen adam munuň üçin uzyn we çylşyrymly hasaplar edýän bolsa, şonda ol nähili gyzyklanma gollanýar? Onda hasaplamalaryň özüne gös-göni gyzyklanmak ýokdur. Ony model gyzyklandyrýandyr, hasaplamalar bolsa diňe şol modeli gurmak üçin bolan serişdedir. Bu wakada adam sowa ýa-da şoňa meňzeş sebäp bolýan gyzyklanma gollanýar.

Şuňa meňzeş gytaklaýyn gyzyklanmak, işiň netijesine gyzyklanmak biziň aňlap we meýletinlik bilen edýän her bir işimizde bardyr, ýogsam biz ol işi etmezdik. Işe ýapyşmak üçin şol sowa gyzyklanmanyň özi ýeterlikdir. Emma işiň özi gyzyksyz bolsa, bizi hem gyzyklandyrmaýan bolsa, onda biz özümiziň ünsümizi şoňa jemlemek üçin zor bermelidiris. Işiň prosesiniň özi bizi näçe az gyzyklandyrýan bolsa we näçe az özüne çekýän bolsa, şonça has köp ygtyýarly üns bermek gerekdir. Ýogsam biz özümizi gyzyklandyrýan netijäni hiç haçan gazanyp bilmeris.

Şeýle hem bolsa, ilkibaşda haýsy bolsa-da bir gytaklaýyn gyzyklanmak netijesinde ýapyşan we ilkibaşda köp zor bermek bilen öz ygtyýarymyzy ünsümiziň üstünde saklamaly bolan işimiziň özüniň ýuwaş-ýuwaşdan bizi gyzyklandyrmaga başlaýan wagtlaryda bolýar. Işe gös-göni gyzyklanmak peýda bolýar, üns hem eýýäm oňa ygtyýarsyz jemlenmäge başlaýar. Munuň özi zähmet prosesindäki ünsüň kadaly akymydyr. Ýeke bir diňe gös-göni gyzyklanmak we ygtyýarsyz üns bermek esasynda uzak iş alyp baryp bolmaýşy ýaly, işiň özüne hiç bir gös-göni gyzyklanma bolmasa, ýeke bir öz ygtyýaryna zor bermek arkaly uzak wagtyň dowamynda üstünlikli işläp bolmaz. Wagtal-wagtal ygtyýarly ünsüň gatnaşmagy zerurdyr, çünki şeýle bolmasa, ýadawlyk, aýry-aýry etaplaryň tukatlygy, ünsi başga ýaňa sowýan täsirler sebäpli, ygtyýarsyz üns gutulgysyz gowşar. Şun-

lukda, her bir işiň ýerine ýetirilmegi ygtyýarly ünsüň-de, ygtyýarsyz ünsüň-de gatnaşmagyny, olaryň mydama nobatlaşyp durmagyny talap edýär.

Netijede, ýaşaýşyň we özümiziň meşgul bolan işimiziň öňümizde goýýan wezipeleriniň ünsi guramakda düýp ähmiýeti bar diýip aýdyp bileris. Şu wezipelerden ugur alyp, biz özümiziň ygtyýarly ünsümizi gönükdirýäris. Ygtyýarsyz ünsi esasy hereketlendirijiler bolan biziň gyzyklanmalarymyz edil şu wezipeler bilen kesgitlenilýär.

**Ygtyýarlydan soňky üns** – bu ygtyýarly ünsden soň döreýän ünsdür. Okuwçy tomus dynç alşy barada düzme ýazmaga başlaýar. Işe başlamak okuwçyny birbada gyzyklandyrmaýar. Ol sözleri göwünli-göwünsiz düzüp başlaýar. Emma ol düzmäni ýazyp gutarmaga bar ünsüni jemlemäge jan edýär. Kem-kemden gelşikli sözlemler düzülip, okuwçy düzmäni öz ugruna ýazmaga başlaýar.

Okuwçyda düzmäni ýazmaga bolan gyzyklanma, höwes artyp, ygtyýarlydan soňky üns ýüze çykýar.

Ünsüň görnüşleriniň biri-birinden tapawudyny şu çyzgynyň üsti bilen düşündirmek bolar.

| **Ünsüň görnüşleri** | **Maksady** | **Erk güýji** |
|---|---|---|
| Ygtyýarsyz üns | – | – |
| Ygtyýarly üns | + | + |
| Ygtyýarlydan soňky üns | + | – |

Adamlaryň ünsüni gowy ýa-da ýaramaz üns diýip häsýetlendirmek bolmaýar. Emma adamlaryň ünsüniň dürli-dürli häsiýetdedigini görkezmek bolar. Şahsyýetiň ünsüniň jemlenmek, durnuklylyk, paýlanmak ýa-da bölünmek, gowrümlilik, başga zada geçmek ýa-da sowulmak, dagynyklyk ýaly häsiýetlerini görkezmek bolýar.

**1. Ünsüň jemlenmegi** – bu ünsüň ähli obýektlerden sowlup, degişli bir obýektde saklanmagy we jemlenmegidir. Ünsüň jemlenmegi gyjyndyryjy obýektiň güýjüniň täsiri netijesinde emele gelýär. Adam özüni gyzyklandyrýan iş bilen gümra bolup oturan mahaly degişli işde ünsi jemlenýär. Okuwçy ussahanada uly gyzyklanma bilen bir zadyň modelini ýasaýan, düzýän mahalynda ünsi şol obýektde jemlenýändir.

**2. Ünsüň durnuklylygy** – bu ünsüň bir obýektde, predmetde belli bir wagtyň dowamynda saklanyp bilmegidir. Adamyň ünsi islendik işde belli bir wagtyň dowamynda saklanyp bilmäge ukyplydyr. Üns bir predmetde, obýektde 15-20 minuda çenli öz durnuklylygyny saklap bilýär. Emma işiň arasynda gysga wagtlyk üns bölünip, kellä dynç berilýändir. Adamyň durmuşynda işiň köp bölegi ünsüň durnuklylygyny talap edýändir. Korrektoryň ünsüniň durnuklylygy işiň gowy, netijeli ýerine ýetirilmegine getirýär. Häli-şindi gowşaýan, başga zada sowulýan ünse **durnuksyz üns** diýilýär. Okuw işinde ünsi durnuksyz okuwçy köp ýalňyşlyk goýberýär.

Bir zada ýa-da edil şol bir işiň özüne uzak wagtyň dowamynda üznüksiz jemlenip durmaga ukyply bolan ünse biz **durnukly üns** diýýäris. Häli-şindi gowşaýan ýa-da bir ýaňa sowulýan, üýtgäp durýan üns durnukly ünsüň tersine bolýar.

Eýsem, ünsüň şeýle üýtgäp durmagy nämä bagly we oňa garşy nähili göreşmeli?

Haýsy bolsa-da bir gozganman duran zada, meselem, geografiýa kartasyna doly üns bermek bilen birnäçe wagt dowamynda jan edip, seretjek bolup görüň. Munuň özi size başartmaz.

Birinji minudyň özünde siz özüňiziň seredişiňiziň başga ýaňa sowulýandygyny ýa-da özüňiziň karta hiç üns bermezden zordan seredýändigiňizi, eýsem başga zat hakynda oýlanýandygyňyzy duýýarsyňyz. Şeýle ýagdaýda her bir adamyň ünsi üýtgemäge başlaýar. Gozganman duran zada maksatsyz we passiw seredilýän mahaly şol zadyň özüne 5 sekuntdan köp seredip durup bolmaýandygyny geçirilen ýörite tejribeler görkezýärler.

Gozganman duran karta däl-de, eýsem görkezilip duran kino ekranyna seredýän wagtyňyzda iş düýpden başgaçadyr. Bu wakada siz ünsüňizi hiç üýtgetmezden filmiň barşyna uzak wagt seredip bilersiňiz.

Adam ünsüniň gowşamagyna ýa-da hatda birnäçe sekunt başga ýaňa sowulmagyna ýol bermeýän aktiw işi ýerine ýetirýän mahalynda, ünsüň doly durnuklylygynyň 10-15 we hatda 20 minut wagtyň dowamynda saklanyp bilýändigini tejribeler görkezýärler. Iş ýüzünde munuň özi doly suratda ýeterlikdir. Her bir işiň guralyşy 10 ýa-da 20

minut üns berlip işlenenden soň, ünsüň birnäçe sekunt başga ýaňa sowulmagyna mümkinçilik berýär. Eger-de üns şeýle gysga dynç alyşlara ýol berýän bolsa, ol birnäçe sagadyň dowamynda hem özüniň durnuklylygyny saklap biler.

Işiň kän görnüşlerinde ünsüň durnukly bolmagy barada örän berk talaplar edilýär. Meselem, korrektoryň işinde ünsüň her bir üýtgemegi harp ýalňyşlarynyň gözden sypyp galmagyna sebäp bolup biler.

**3. Ünsüň göwrümliligi** – bu ünsüň bir wagtda birnäçe obýekte gönügip, bir wagtda üns berilýän obýektleriň mukdarydyr. Adama bir wagtda birnäçe predmeti görkezip, onuň ünsüniň göwrümlilik häsiýetini barlamak mümkindir. Adamyň ünsüniň göwrümi iňňäň çäklendirilen wagtyň içinde alyp biljek predmetleriniň mukdary, sany bilen ölçenilýär. Emma adama gysga wagtyň içinde nazary düşen hemme predmetini hemmetaraplaýyn doly beýan etmek üçin gysga wagt ýeterlik däldir. Şahsyýetiň bir wagtda biri-birine bagly bolmadyk birnäçe predmete (4-6 predmete) üns berip biljekdigi tahistoskopik tejribeleriň üsti bilen ýüze çykaryldy. Eger-de tahistoskop kartoçkasynda biri-birine bagly bolmadyk söz ýazylan bolsa, onda adam 6 sözden köp söze üns berip, kabul edip bilmeýär. Şeýlelikde, adamyň ünsi tejribelere görä, adatça, dörtden alta çenli bolan predmetleriň çäginde bolýandyr.

Bir wagtyň özünde näçe zada üns gönükdirilip bilner? Ol näçe zady bir wagtyň özünde öz içine alyp biler? diýen sowaly adamlar örän gadymdan bäri öz öňlerinde goýmaga başlapdyrlar. Ünsüň göwrümi diýlip bir wagtyň özünde ünsüň öz içine alýan zatlarynyň mukdaryna düşünilýär.

Bu sowala jogap bermek aňsat däldir. Men teatrda sahna seredip duran wagtymda meniň ünsüm, hamala, bir wagtyň özünde kän zatlar bilen, ylaýta-da, sahnadaky hereket edýän adamlar bilen meşgul ýaly bolup görünýär. Emma dykgat bilen özüňe seredilende, hakykatda ünsüň hereket edýän bir adamdan beýleki hereket edýän adama üznüksiz geçip durandygyny görmek aňsatdyr Şunlukda, onuň her bir belli pursatda bir zatdan köp zady öz içine alyp bilýändigi ýa-da alyp bilmeýändigi näbelli bolup galýar. Şu sowala jogap bermek üçin bir adama onuň ünsi bir zatdan beýleki zada geçmäge ýetişip bilmez ýaly

şeýle gysga wagt aralygynda birnäçe dürli zatlary görkezmek gerek boljakdygy äşgärdir (Bu wagt aralygy sekundyň ondan bir böleginden köp bolmaly däldir). Eger şu görkezilen gysga wagtda adam birnäçe zady görüp, bilip, özüne kabul edip alyp bilse, onda onuň ünsi, hakykatdan hem, şol zatlary bir wagtyň özünde öz içine alyp bilýär diýmekdir.

Şeýle tejribeler üçin tahistoskop diýilýän ýörite esbaplar peýdalanylypdyr (grekçe "*tahistos*" – örän çalt, iň çalt, we, "*skopeo*" – seredýärin diýmekdir). Şu esbaplar ýüzünde harplar, sözler, şekiller, suratlar we ş.m. şekillendirilen kartoçkany sekundyň müňden bir böleginden başlap, galan wagt aralygynda görkezmäge mümkinçilik berýärler.Uly adamyň biri-birine bagly bolmadyk dört-bäş, iň köpi alty zada bir wagtyň özünde üns berip biljekdigini tahistoskopik tejribeleriň netijeleri ýüze çykardy. Eger tahistoskopyň kartoçkasynda biri-biri bilen baglanyşykly bolmadyk we söz emele getirmeýän harplar çap edilen bolsa, onda 6-dan köp harpy birden özüňe kabul edip alyp bolmaz. Şunlukda, ünsüň göwrümi adamda dörtden alta çenli zatlaryň çäginde bolýar diýip aýtmak bolar.

Köp kompleksleri özüňe kabul edip almagy, ýagny bir bitewi zat hökmünde, bir zat hökmünde zatlaryň tutuş toparyny görmegi başarmak ünsüň göwrümini artdyrmak üçin möhüm serişdedir.

Işiň käbir görnüşleri ünsüň mümkin boldugyça uly göwrümli bolmagyny talap edýärler. Meselem, harp ýygnaýjynyň işiniň öndürijiligi onuň ýygym geçirilýän tekste seredende birden görüp bilýän belgileriniň mukdaryna ep-esli derejede baglydyr. Zatlara, köplenç, uzak wagt seredip durmak mümkin bolmaýar, eýsem şol zatlary göz açyp-ýumlan salymda görmek, bilmek, sanamak zerur bolýan söweş ýagdaýynda gözegçilik edilýän wagtda ünsüň göwrüminiň, möçberiniň giň bolmagy has hem möhümdir. Ünsüň göwrüminiň uly bolmagy uçarman üçin şübhesiz zerurdyr.

**4. Ünsüň paýlanmagy, bölünmegi** – bu adamyň öz ünsüni birýerde jemläp, şol bir wagtyň özünde hem ünsi başga bir işe hem gönükdirip, aňyň merkeziniň golaýynda saklamagy başarmagydyr. Ünsi paýlamak mugallym üçin hem zerurdyr. Sebäbi ol sapagy düşündirýän mahaly okuwçylaryň ählisine üns bermegi başarmalydyr. Bir

wagtda telewizor, radio diňläp, şol wagtyň dowamynda hem kitap okamaga endik edýän okuwçylar bardyr. Bu adamyň ünsüniň paýlanmak häsýetiniň netijeliligini görkezýär.

Üns bir wagtyň özünde iki sany dürli işiň arasynda bölünip bilermi? Ol edil bir wagtda dürli taraplara gönügip bilermi? Adam haýsy bolsa-da bir işi ýerine ýetirip durka, edil şol wagtyň özünde başga zatlara dykgat bilen seredip bilermi ýa-da şu işe degişli bolmadyk mesele barada pikirlenip bilermi?

Ünsüň bölünmeginiň mümkindigini tejribe görkezýär. Onuň üstesine-de, ýaşaýyş ünsüň bölünmegini her bir ädimde bizden talap edýär. Meselem, ünsi bölmek başarylmasa, professoryň leksiýasyny ýa-da synpda mugallymyň düşündirmesini ýazyp bolmaz. Lektoryň aýdan pikirini men ýazyp bolýançam, ol sözüni kesip, maňa garaşyp durmaýar. Ol leksiýasyny birsyhly dowam etdirýär, men bolsam bir pikiri ýazmak bilen, edil şol wagtyň özünde mundan buýana beýan edilýän pikiri hem dykgat bilen diňlemelidirin. Ýazmak hemişe lektoryň aýdýan sözlerinden birneme yza galýar, ýazýanyň ünsi bolsa özüniň ýazýan zady bilen edil şol wagtda aýdylýan zadyň arasynda bölünmelidir.

Ünsi bölmäge bolan başarjaňlygyň aýry-aýry adamlarda uçursyz tapawutlydygyny edilýän gözegçilikler görkezýärler. Birnäçe adamlar aňsatlyk bilen iki işi birden edip bilýärler, başgalar üçin bolsa muny etmek örän kyndyr: bir işe kellelerini gyzdyran wagtlarynda olaryň başga hiç zady bilmäge düýpden ýagdaýy ýokdur. Munuň özi belli bir derejede adamyň hususy aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr: birnäçe adamlaryň ünsi bölünen ünsdür, beýlekileriňki bolsa jemlenen ünsdür, ýagny bir ugra bütinleýin gönükmäge meýilli ünsdür. Emma gürrüňiň, köplenç, işlerde talap edilýän adatdaky wezipeler hakynda barýandygyna görä, ünsi bölmek, esasan, başarmak, endik etmek işidir.

Eger işleriň hiç haýsysyny mazaly bilmeýän bolsa, eger ol işleriň her biri şol işleri edýän adamdan ýerine ýetirýän işiniň änigine-şänigine ýetmegini her bir ädimde talap edýän bolsa, hiç bir adam bir wagtda iki işi edip bilmez. Bir wagtda iki işi üstünlikli ýerine ýetirmek üçin şol iki işiň biriniň iň bärkisi şol iş ep-esli möçberde awto-

matik, “öz-özünden” ýerine ýeter ýaly, ýöne wagtal-wagtal oňa düşünip, gözegçilik etmek we ony rejä salmak gerek bolar ýaly derejede bilmek gerekdir. Ünsi bölmegi başarmak bir işi aňyň merkezinde saklap, käbir ünsi başga bir işe hem bermegi, ýagny ony aňyň merkeziniň golaýynda saklamagy başarmak diýmekdir.

**5. Ünsüň başga zada geçmegi, sowulmagy**– bu adamyň ünsüniň täze wezipeleriň goýulmagy bilen bir işden başga bir işe geçmekligidir ýa-da ünsüň bir predmete aňly we manyly öz ornuny üýtgetmegidir. Ünsüň bu häsiýetinde adam ünsüni sowup, ygtyýarly ýagdaýda ünsüň obýektini üýtgedýär. Ünsüň başga zada geçmek häsiýetiniň uly ähmiýeti bardyr. Kähalatlarda mugallym okuwçylary sapakda köp wagtlap ýumuşsyz oturmaga öwrenişdirýär, şonuň üçin arakesmeden soň derrew ünsüni sapaga gönükdirmegi haýal bolup geçýär. Ünsüň başga zada geçmegi adamlarda deň ýagdaýda bolup geçmeýär. Käbir adamlar bir işden başga bir işe çalt geçip bilýärler we ony derrew üns berip, dowam etdirip bilýärler. Emma käbir adamlar bir işden başga bir işe geçenlerinde özüne zor salmaly bolýarlar, kynlyk bilen geçýärler. Adamyň ünsüniň başga zada geçmeginde birnäçe kynçylyklar hem emele gelýändir.

Ünsümizi özümize haýyrly ugra gönükdirmek üçin käwagtlarda kän tagalla etmek gerek bolýar. Emma ünsüň başga ýaňa sowulmagyna ýol bermän, ony uzak wagtlap ýeterlikli derejede jemligine saklamak üçin ondan-da köp tagalla etmek gerek bolýar. Ünsi başga ýana sowýan gyjyndyryjylara garşy göreşmek ygtyýarly ünsüň öňünde duran wezipeleriň içinde iň kyn wezipedir.

**Ünsi başga ýaňa sowujy gyjyndyryjylaryň edýän täsirini öwrenmek üçin tejribeler geçirildi**. Şol tejribelerde örän ýiti, päsgel beriji sesleriň: gykylyklaryň, jaý içindäki gaýyp ýören tozanlary aýyrýan tozan sorujynyň sesiniň, açyk magnitofondaky sazyň owazynyň arasynda azda-kände çylşyrymly akyl işi ýerine ýetirilip görüldi. Geçirilen tejribeleriň netijesi ünsli adamyň şular ýaly şertlerde işi edil parahat ýagdaýda ýerine ýetirişi ýaly çalt hem-de gowy ýerine ýetirip bilýändiklerini görkezdi. Şeýle hem bolsa, ünsi başga ýaňa sowýan gyjyndyryjylaryň zyýanly täsiri bolýar, ýagny şol gyjyndyryjylara garşy göreşmek üçin köp güýç sarp etmek gerek bolýar. Şoňa görä,

şolar ýaly şertlerde işlemek adatdaky parahat ýagdaýda işläniňkiden köp ýadadýar. Päsgelçiliklere garaman, bütin ünsüni işe jemlemäge jan edýän adam bütin bedenine zor salmaga başlaýar, ýumruklaryny düwýär, käwagtlar kellesini elleri bilen gysýar, wagtal-wagtal kellesini üzül-kesil ýaýkaýar. Köp adam şunuň ýaly ýagdaýlarda içinden däl-de, daşyndan geplemek bilen pikirlenmäge, hasaplamaga we ş.m. başlaýar.

Gaty gyzyklandyrýan ýa-da duýga täsir edýän zat ünsi hemme zatdan beter başga ýaňa sowýar. Ýanyňdakylarynyň pyşyrdaşyp gürrüň etmegi işe maşynyň şakyrdysyndan beter päsgel berýär. Saza perwaýsyz garaýan adamlaryň işine onuň sesi päsgel bermeýän hem bolsa, sazy söýýän we düşünýän adamlar üçin bu sazyň sesi ünsi başga ýaňa sowýan iň güýçli gyjyndyryjylardan biridir.

Adamyň ünsüni başga ýaňa sowýan gyjyndyryjylara bolan gatnaşygynyň ullakan ähmiýeti bardyr. Öýdäki galmagal gyjyndyrýar, gaharyňy getirýär, şol wagtda peýda bolýan gahar we gazap işe berilýän ünsi galmagalyň özünden has beter sowýar. Eger päsgelçiligi ýok edip bolmasa, ol päsgelçilige giňgöwrümlilik bilen garamak gerek. Munuň özi päsgelçiligiň ünsi başga ýaňa sowýan täsirine garşy göreşmegiň usulydyr.

Ünsi başga ýaňa sowýan gyjynmalaryň täsiriniň hötdesinden gelmegi başarmaýan näzi çekilen üns özüniň talantlylygy boýunça öňde barýan birentek adamlaryň az öndürijiliginiň sebäplerinden biridir. Şeýle adamlaryň bütin ömri özleriniň ünsüni işden başga ýaňa sowmajak pursata biderek garaşmak bilen geçýär.

Käbir adamlar bir işden başga bir işe aňsat we çalt geçip bilýärler hem-de ony derrew doly üns bermek bilen ýerine ýetirmäge başlaýarlar. Bu hili adamlar ünsi hereketli, ünsi berk adamlardyr. Başga adamlar üçin bir işden başga işe geçmek käbir zor salmak bilen baglanyşykly bolup geçýär. Bu hili adamlar bolsa, ünsi az hereketli adamlardyr.

**6. Ünsüň dagynyklygy** – bu adamyň ünsüniň zerur bolan predmetlerden zerur bolmadyk, päsgelçilikli predmetlere, zatlara gönükmegidir. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň ünsi dagynyk bolýar. Sebäbi çagalary okuw işinden daşary oýunlar özüne çekip, gyzyklandyryp durýar. Şonuň üçin okuwçylar sapak gidip duran mahaly hem başga zatlar bilen güýmenip oturýarlar, penjireden daşaryk seredip

oturýarlar. Şeýle ýagdaýda mugallym okuwçylaryň ünsüni sapaga gönükdirmek üçin dürli usullary ulanmaga çalyşmalydyr.

Adama täsir edýän predmetler, hadysalar adamda ünslüligi ýa-da aljyraňňylyk ýaly ýagdaýlary döredip bilerler. Ünslülik adamyň predmete bolan isleginiň ýokarlanmagy esasynda emele gelýändir. Aljyraňňylyk – bu adamyň öz ünsüni haýsydyr bir predmete jemläp bilmeýän pursatydyr. Adamyň bir işden aşa ýadamagy, argynlygy gyzyksyz işleri ýerine ýetirmekde aljyraňňylyk ýagdaýyny döredip biler.

Mekdebe çenli döwürdäki ýaşly çagalarda ygtyýarsyz üns ösüp başlaýar. Mekdebe çenli döwürde uly adamlaryň çagadan edýän talaplarynyň täsiri esasynda ygtyýarly üns hem ösüp başlaýar. Mekdepde okuw işi çaganyň ünsüniň ösmeginiň esasy şertleriniň biridir. Okuw işi boýunça edilýän talaplaryň ählisi okuwçynyň ünsli bolmaklygyna gönükdirilendir. Mugallym kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryň ünsüni ýaş aýratynlyklary boýunça hasaba almagy göz öňünde tutmalydyr. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryny kyn we çylşyrymly işler çalt ýadadýar, olaryň ünsi sowulýar. Şonuň üçin görkezme esbaplar ulanmak, mysallary, meseleleri, gönükmeleri, ýumuşlary okuwçylaryň güýçýeterligine görä saýlap almak zerurdyr.

Ünslülik jemgyýetde adamlaryň işlerinde, hereketlerinde uly ähmiýete eýedir. Ünsli bolmaklyk mugallym üçin örän zerurdyr. Sebäbi okuwçylaryň durmuşy we ösüşi mugallymyň üns obýektinde bolmalydyr. Mugallymyň ünslüligi okuwçylaryň akyl ýetiriş işini guramaga, terbiýeçilik işlerini alyp barmaga, okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklaryny dogry hasaba almaga mümkinçilik berýär.

## Okuwçylaryň ünsüni ösdürmek we terbiýelemek

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda ünsüň ygtyýarsyz görnüşi has ösen bolýar. Onuň ünsi durnukly bolmanlygy, bir obýektden başga birine (bir obýekte) ygtyýarsyz ýagdaýda geçmegi bilen tapawutlanýar. Çagalarda sözleýşiň ösmegi hem-de olara ulular tarapyndan dilden görkezmeleriň berilmegi, şol döwürdäki çagalarda ygtyýarly ünsüň kemala gelmegine ýardam edýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň ünsüniň ýokary derejede ösmegi üçin oýunlaryň, hususan-da zähmet oýunlarynyň (esasan, öz-özüňe hyzmat edişde) we okuw işiniň uly

ähmiýeti bar, bu bolsa şol döwürdäki çagalaryň mekdepde bilim almaklary üçin zerur şertleriň biridir

Mekdepde alnyp barylýan okuw işi ünsüň ösmegine itergi berýän uly güýç bolup durýar. Ünsüň okuw işiniň üstünlikli (ýokary derejede) alnyp barylmagy üçin esasy şertleriň biri bolşy ýaly, okuw işiniň özi hem ünsüň kämilleşmegine uly ýardam edýär. Okuwçy okuw işiniň talaplaryny, mekdebiň düzgünlerini berjaý etmek bilen, ol diňe bir özüniň gyzyklanýan zatlaryna däl, eýsem gyzyklanmaýan, ýöne zerur bolan zatlara hem ünsüni bermeli bolýar. Şeýlelikde, okuwçynyň ünsi kem-kemden durnuklaşýar, onuň ygtyýarsyz ünsi ygtyýarly ýagdaýa geçip hem-de berkleşip, kämilleşip başlaýar we şonuň esasynda okatmagyň başlangyç etapynda okuwçyda bar bolan ygtyýarsyz hem-de durnuksyz ünsüň deregine, has ösen ygtyýarly, jemlenen üns ýüze çykyp başlaýar.

Mugallym okuwçylaryň ünsüni hasaba alanda, olaryň, esasan-da, başlangyç synp okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryny hökman göz öňünde tutmalydyr. Bu okuwçylar birmeňzeş we bir zatda ünsüňi uzak wagtlap saklamaly bolýan işleri ýerine ýetirmekde kynçylyk çekýärler we çalt ýadaýarlar, şeýlelikde, bu ýagdaý olaryň ünsüniň sowulmagyna getirýär. Okuwçynyň ünsüni jemlemek üçin işiň gyzykly bolmagyny, okatmakda emosional ýagdaýlaryň döredilmegini (bolmagyny) gazanmaly, okuwçylaryň işjeňlik görkezmekleri üçin şert döretmeli. 1-nji we 2-nji synpyň okuwçylary ünslerini paýlamaga ukypsyz bolýarlar. Şol sebäpli hem ady agzalýan synpyň okuwçysy sapagyň dowamynda özüne gözegçilik edip bilmeýär, ol öz-özi bilen gürleşip oturandygyny ýa-da mugallym sorag bermedik halatynda-da jogap berýändigini, gelşiksiz hereketleri edýändigini duýmaýar.

Okuwçylaryň ünsüni ösdürmekde, kem-kemden olarda ünsüň ygtyýarly görnüşini terbiýelemekde mugallym nämeleri göz öňünde tutmaly?

Okuwçylaryň ünslüligini gazanmakda aşakdaky şertleriň bolmagy zerur:

1. Ygtyýarly ünsüň gazanylmagy okuwçylarda jogapkärçilik duýgularynyň, erkliligiň terbiýelenmegine ýardam edýär. Islendik iş ýerine ýetirilende okuwçydan ünslüligi talap etmeli, ünsüň öwrendiklige geçmegi bilen ünslüligi terbiýelemek mümkindir.

2. Sapagyň dogry guralmagy ünsüň terbiýelenmeginde örän ähmiýetlidir. Şu ýerde mugallymyň sözleýiş medeniýetiniň, emosional ýagdaýlaryň bolmagy, maglumatlaryň logiki beýan edilmegi, sapagyň depgininiň (tempiniň) işjeň bolmagy möhümdir. Okuwçylar bilen birmeňzeş däl-de, dürli görnüşli işleri guramaly, sebäbi şol bir gaýtalanýan zat çagany ýadadýar, ýöne çendenaşa dürli-dürli işleriň guralmagynyň hem garaşylan netijeleri bermeýändigini bellemek gerek.

3. Okuwçylaryň işjeň, özbaşdak we döredijilikli çemeleşmekleri üçin zerur bolan şertleri döretmeli. Mugallymyň okuwçylardan ünsli bolmaklary barada edýän gönümel talabynyň netijesiz bolýandygy gözegçilikler esasynda subut edildi. Pikirleniş, akyl ýetiriş işjeňligini ösdürmeklige gönükdirilen ýumuşlar okuwçylaryň ünsüni terbiýelemekde uly orun tutýar, sebäbi okuwçy deňeşdirmek, syn etmek, netije çykarmak, takyk ýumuşlary çözmek arkaly hadysalara göz ýetirýär, onuň gyzyklanmasy artýar. Netijede bolsa, okuwçynyň ünsi başga zada sowulmaýar. Synpyň aýry-aýry okuwçylarynyň bilimleri barlananda, beýleki okuwçylaryň hem işjeňligini gazanmak möhüm işleriň biri bolup durýar. Sapagyň dowamynda ýumuşlary ýerine ýetirmeýän okuwçynyň, esasan-da, gowşak okuwçynyň ünsüniň sowulýandygyny, olara sapagyň ýüregedüşgünç bolýandygyny tejribede görmek bolýar. Bu nogsanlyklary aradan aýyrmak üçin ýumuş tabşyrylmadyk, boş oturan okuwçylara “Jogabyň üstüni ýetir”; “Ýoldaşyň ýalňyşyny düzet”, “Kim gysgarak hem-de takyk aýtjak”; ”Mysallary getir” diýen ýaly sözler bilen ýüzlenmek bilen tutuş synpyň okuwçylarynyň işjeňleşmegini gazanmak mümkin.

Okuwçynyň ýerine ýetirýän islendik işi onuň güýjüne laýyk gelmelidir, tabşyrylan iş agyr bolsa, okuwçy tiz ýadaýar, ýeňil bolan halatynda bolsa, onuň gyzyklanmasy gowşaýar we ünsi dagaýar.

4. Mugallymyň gyzykly we täsirli sapaklary guramagy okuwçynyň ünsüni terbiýelemekdäki möhüm şertleriň biridir. Emma mugallym şu aşakdykylary göz öňünde tutmaly: birinjiden, sapak hemişe gyzykly bolanlygynda, okuwçyda diňe gyzykly zatlara üns bermeli diýen düşünjäniň ýüze çykmagyna, öwrendiklige getirmeginiň mümkinligini mugallym unutmaly däldir. Ikinjiden, okuwçylar üçin okuw

materialynyň hemmesiniň gyzykly bolmaýandygyny ýatda saklamaly, sebäbi haýsydyr bir tema gyzykly hasaplanylsa, beýleki biri bolsa hiç bir gyzyklanmany döretmezligi mümkin. Şeýle bolsa-da, okuwçyda hemme babatlarda ünslüligi terbiýelemeli. Bu barada beýik rus pedagogy K.D.Uşinskiý şeýle belleýär: *"Hawa, öz sapagyňyzy gyzykly geçirip, siz okuwçynyň ýüregine düşmersiňiz, ýöne okuw işinde hemme zatlaryň gyzykly bolmaýandygyny unutmaň, sebäbi okuwyň dowamynda gyzyksyz zatlar hem bar, olaryň bolmagy-da hökmandyr. Siz çagada diňe bir gyzykly zatlary ýerine ýetirmek bilen çäklenmeli däldigini, onuň üçin gyzykly bolmadyk zatlary hem ýerine ýetirmelidigini terbiýelemeli."*

Sapagyň gyzykly bolmagy köp babatda okuw materialynyň mazmunyna baglydyr. Okuwçy berilýän maglumatlary gyzyksyz hasap edýän hem bolsa, şol maglumatlaryň özüniň akyl ýetirmelerine ýardam etjekdigine hem-de olaryň durmuşda gerekdigine düşünmegini, göz ýetirmegini gazanmak zerurdyr. Mugallymyň "Meniň häzir aýtjak zatlarym siziň üçin gaty bir gyzykly bolmazlygy mümkin, ýöne olaryň durmuşda hemişe gerek bolýandygyna siziň ünsüňizi çekýärin" diýen sözleri ýörite nygtamagy ähmiýetlidir.

5. Okuwçylaryň mekdep ussahanasynda ýerine ýetirýän işleri ünslüligi terbiýelemegiň möhüm şertleriniň biridir. Şol ýerde mugallymyň görkezmesine laýyklykda ýerine ýetirilýän işleriň takyk berjaý edilmegi okuwçylaryň ünsli bolmagyna uly ýardam edýär.

6. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň ygtyýarly ünsüni türgenleşdirmek arkaly olaryň synçylygyny ösdürmeli. Sapaklarda, öýde, tebigatda okuwçylara synçylygy öwretmeli. Köçede barýarka köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmek bilen, dogry ugry (ýoly) tapmagy öwretmeli.

7. Kollektiwiň (synpyň) jemgyýetçilik pikiri örän ähmiýetlidir. Synpyň hemme okuwçylarynyň ünsüniň jemlenilmegi, ünsüni sowýanlaryň, işleýänlere päsgel berýänleriň synpyň okuwçylary tarapyndan ýazgarylmagy guramaçylykly kollektiwi emele getirmek üçin mümkinçilik döredýär.

8. Iň esasy zatlaryň biri bolsa, mugallymyň her bir okuwçynyň özboluşly (indiwidual) aýratynlyklaryny bilmekligidir we ony hasaba almagydyr. Diňe şeýle ýagdaýda ünsi terbiýelemeklige degişli wezi-

peleri goýmak mümkindir. Okuwçyda ünslüligiň ýoklugynyň sebäplerini anyklamaly hem-de ony düzetmegiň ýollaryny tapmaly.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Üns näme we onuň döremegine nämeler sebäp bolýar?
2. Ünsüň fiziologik esasy nähili düşündirilýär?
3. Okuw işlerinde ünsüň görnüşleri nähili ýüze çykýar?
4. Ünsüň görnüşleri biri-birinden nähili tapawutlanýar?
5. Ünsüň häsýetleri haýsylar we olar nähili ýüze çykýarlar?

**Amaly ýumuşlar**

1. Okuwçylaryň ünsüniň göwrümini barlamak üçin tejribe geçirmeli. Munuň üçin 30×20 sm ululykdaky kartoçkalara sanlar, harplar, geometirik figuralar, predmetleriň şekilleri ýazylyp, okuwçylara görkezilenden soň, kartinada näme görendiklerini bilmegi tabşyrmaly. Gysga wagtyň içinde haýsy okuwçynyň köp zada üns berendigini anyklamak mümkin.
2. Pikir ýöretmede mugallym üçin ünsüň haýsy häsiýetiniň zerurdygy bilinýär. Sapagyň dowamynda mugallym ähli okuwçylaryň özüni alyp barşyna gözegçilik etmegi başarmalydyr, her bir okuwçynyň özüni alyp barşyna gözegçilik etmegi başarmalydyr, her bir okuwçynyň soraga jogap berşine üns bermelidir. Ol tagtada ýazylýan zatlary hem üns merkezinden düşürmeli däldir.
3. Sapakda okuwçylaryň ünsüni çekmekde haýsy usullar pedagogik tarapdan maksadalaýyk bolar? Öz dogry jogabyňyzy görkeziň:
a) sapagyň dowamynda güýmenýän okuwçylara duýduryş berip durmak;
b) tema düşündirilip durlan mahaly birden saklanmak;
ç) sapagyň dowamynda köp görkezme esbaplaryny ulanmak;
d) sapagy düşündirip başlamazdan öň synpda doly ümsümligi gazanmak;
e) sapagyň dowamynda okuwçylaryň işine baha berip durmak.
4. Erkli hem-de erksiz ünsüň döremegi we saklanmagy üçin haýsy şertleriň zerurdygyny görkeziň:
a) belli bir wagtyň dowamynda uly bolmadyk soraglary goýmak we çözmek;
b) täsir ediji gyjyndyryjylaryň aýratynlyklary: täzeligi(üýtgeşikligi), absolýut we otnositel güýji, olaryň arasyndaky mese-mälim tapawut, gyjyndyryjylardaky üýtgeşiklikler;
ç) işiň ýetilen netijelerini içki sözleýiş hasabaty formasynda aňlatmak;
d) işiň iň bir amatly usulyny saýlap almak we onuň amala aşyrylmagy üçin adaty şertleri döretmek;
e) adamyň höwesini we islegini kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly materialy ulanmak;

ä) işiň örän möhüm maksatlaryny we ýumuşlaryny goýmak.

5. Ünsüň haýsy görnüşleriniň kemala getirilmegi mugallymyň esasy aladasy bolup durýar we näme üçin?

Her bir aňly-düşünjeli edilýän işde ünsüň ähli görnüşleri mydama biri-biri bilen baglanyşykly bolýar. Olaryň her haýsynyň öz zerur tarapy bolýar.

6. Aşakdaky oýlanmada mugallym üçin ünsüň haýsy esasy häsiýetiniň wajypdygy hakynda gürrüň gidýär? Onuň düzülişiniň mümkin bolan ýollaryny görkeziň.

Sapak wagty mugallym okuwçylaryň hemmesiniň özüni alyp barşyna we işleýşine bilelikde gözegçilik etmelidir, olaryň jogap berşine üns bermelidir we tagtada ýazylan zatlary göz astyna almalydyr. Öz häsiýetleri boýunça dürli-dürli bolan meseleleriň üstünlikli çözülmegini mugallym diňe okuw materialyny oňat bilýän ýagdaýynda gazanyp biler. Ol sapagy geçirmegiň ähli ýollaryny-da öňünden pikir etmelidir. Ýokarda agzalanlar mugallymyň okuwçylar bilen iň bir jogapkärli, onuň ünsüniň gönükdirilmeginiň esasy obýektleri bolup durýar.

Sapakda okuwçylaryň ünsüni çekmekde haýsy usullar pedagogiki tarapdan maksadalaýyk bolýar? Öz jogabyňyzy esaslandyryň.

a) Başga zada güýmenýän okuwçylara bellik etmek.

b) Synpy kabinet ýaly abzallaşdyrmak.

ç) Aşakdaky usullary ulanmak arkaly sapagy guramak:

- işiň depginini üýtgetmek;
- edilýän işleriň görnüşlerini üýtgetmek;
- eşidiş informasiýasyny görüş informasiýasy bilen çalyşmak.

d) Sapagyň dowamynda okuwçylaryň işine baha bermek.

e) Tabşyryklaryň ýerine ýetirilmegi üçin olara döredijilikli çemeleşmek.

ä) Sapagy düşündirip başlamazdan öň, synpda doly ümsümligi gazanmak, işe başlamazdan öň, okuwçylary görkezme esbaplar bilen tanyşdyrmak, soňra olary peýdalanyp işe başlamak, her bir düşündirişden soň uly bolmadyk arakesme etmek, görkezme esbaplarynyň ýüzüni ýapmak, okuw predmetine gyzyklanma döretmek, baha goýmak arkaly okuwçylara öz synpdaşlarynyň ýerine ýetiren ýumuşlaryny barlatmak, okuw materialynyň täze mazmunyny açyp görkezmek arkaly beýleki predmetler bilen baglanyşdyrmak we mysallar arkaly beýan etmek.

## III bölüm
## Şahsyýetiň bilijilik, akyl ýetirijilik prosesleri

### § 7. Duýma, duýuş

Daşky dünýäni bilmek, oňa akyl ýetirmek duýmadan başlanýar. Adama daşky we içki informasiýalaryň, maglumatlaryň täsir etmegi bilen duýma prosesi ýüze çykýar. Adamda duýmanyň ýüze çykyşyna düşünmek üçin şeýle tejribe geçirmek mümkindir. Gapdalymyzdaky adama gözüni ýummagy haýyş edip, şol wagt hem gulagynyň ýanyna goşar sagadyny golaýlaşdyrýarys. Şol wagt hem adam gulagyna eşidilýän sagadyň işleýän jykgyldysyny eşidip, onuň sagatdygyny bilýär. Bu bolsa adamda duýmanyň dörän, akyl ýetiren prosesiniň bolup geçmegidir. Adamyň duýmalary predmetleriň aýry-aýry häsiýetleriniň şöhlelenmegi netijesinde ýüze çykýarlar.

**Duýma, duýuş** – munuň özi predmetleriň we hadysalaryň biziň duýma organlarymyza gös-göni täsir etmegi bilen olaryň aýry-aýry häsiýetleriniň edil şol wagt beýnimizde şöhlelenmegidir. Daşky dünýäden informasiýalary duýmakda duýuş organlary bolan göz, gulak, burun, dil, deri uly rol oýnaýar. Duýma organlary arkaly adam predmetleriň dürli häsiýetlerini: reňkleri, sesleri, ýagtylygy, temperaturany, yslary, tagamlary, ululygy, kiçiligi, göwrümi, agramy duýup bilýär. Duýma, duýuş prosesi has çylşyrymly kabul etme, hyýal ýaly prosesler üçin material taýýarlap berýändir. Duýmalar haýwanlara hem mahsusdyr. Has dogrusy, käbir haýwanlaryň duýmasy adamyňky bilen deňeşdirilende has hem ösendir.


**8-nji surat.**
**Adamyň duýma analizatorlary**

Mysal üçin, itleriň ys alyş duýujylygy örän ösendir. Duýma diňe

duýujy organlara täsir edilmegi bilen bolup geçýändir. Informasiýalary beýnä ýetirmekde esasy rol analizatorlara degişlidir.

Analizator – bu çylşyrymly nerw mehanizmi hökmünde predmetleriň häsiýetlerini we alamatlaryny görkezýän fiziologik apparatdyr.

Rus fiziology I.P.Pawlow analizatory üç bölüme bölüp düşündirýär.

1. Periferiki bölüme ähli reseptorlar degişlidir.

2. Geçiriji bölüme merkeze ymtylýan nerwler degişlidir.

3. Merkezi bölüme kelle beýnisiniň uly ýarym şarlary degişlidir. Duýma organlaryndaky her bir reseptorlar analizatorlaryň periferiki bölegi bolup hyzmat edýärler.

Meselem, gözüň torjagazlaryndaky kolbajyklar we taýajyklar, iç=ki gulagyň ulitkasynda ýerleşýän übtükli öýjükler, diliň üstündäki tagam böwrejikleri, burun boşlugynyň nemli bardajygyndaky öýjükler, derasty mäzlerindäki öýjükler özleriniň ýokary duýgurlyklary bilen tapawutlanýarlar we olara reseptorlar diýlip at berilýär.

Uly ýarym şaryň gabygy analizatorlaryň beýni böleginiň jemidir. Analizatorlaryň ähli bölümleri deň bir wagtda işläp, duýma prosesini ýüze çykarýarlar. Analizatorlaryň haýsy hem bolsa bir bölegine zyýan ýetse duýma ýüze çykmaýar, bolup geçmeýär. Şonuň üçin analizatoryň ähli bölümleriniň aktiw gatnaşmagy zerurdyr. Analizator informasiýalary kabul ediş aýratynlyklary boýunça daşky we içki diýen görnüşlere bölünýärler. Daşky analizatorlar daşky dünýäden informasiýalary alýan bolsa, içki analizatorlar içki organlarda ýerleşip, içki informasiýalary merkeze habar berýär. Duýmalaryň görnüşleri 3 topara bölünip düşündirilýär.

1-nji topara görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş, deri duýujylygy degişlidir.

2-nji topara organiki,içki, deňagramlylyk, kinesteziki hereket duýmalary degişlidir.

3-nji topara syzyş, agyry duýujylygy degişlidir.

**Görüş duýmasy.** Görüş duýujylygyna çylşyrymly gurluşy bolan göz hyzmat edýär. Görüş reseptorlary jübüt bolup, ol kolbajyklar we taýajyklar diýlip atlandyrylýar. Reseptorlar gözüň torjagazlarynda ýerleşýär. Kolbajyklar ýagtylyga, taýajyklar bolsa garaňkylyga gyjynýarlar. Görüş duýujylygy arkaly adam predmetleriň reňklerini, daşky formalaryny, sypatlaryny kesgitläp bilýär.




**9-njy surat.**
**Görüş merkezleri**

Adam görşüň kömegi bilen okap hem ýazyp bilýär. Görüş duýmasy – bu reňk duýmasydyr. Sebäbi biziň görýän zatlarymyzyň nähili-de bolsa bir reňki bardyr. Dogry, reňksiz zatlar adama görünmeýär. Adamyň görýän reňkleriniň ählisi ahromatik we hromatik diýen görnüşlere bölünýärler.

Ahromatik reňklere ak, gara we hemme çal reňkler, hromatik reňklere bolsa öwüşginli gyzyl, sary, ýaşyl, gök reňkler degişlidir. Adam dünýäniň 80-90% informasiýasyny göz arkaly duýup bilýändir. Adamlaryň arasynda reňkleri görüp bilmeýän adamlara hem gabat gelmek bolýar. Käbir adamlar gyzyl-ýaşyl reňkleri görüp bilmeýärler. Şeýle adamlara daltonikler diýilýär. Daltoniklere sürüjilik işini alyp barmaklyk rugsat berilmeýär. Olar suratkeşlik işini hem ýerine ýetirip bilmeýärler. Göreç esasy duýuş organlarynyň biridir. Adam öz gözüni goramak üçin birnäçe şertleri dogry berjaý etmelidir. Telewizora seredilende aşa ýakyn oturmak maslahat berilmeýär. Kitap okanda, hat ýazylanda çep tarapdan ýagtylyk düşmelidir. Ýagtylygy pes, görmesi kyn otaglarda hem kitap okamak we hat ýazmak maslahat berilmeýär.

**Eşidiş duýmasy.** Eşidiş organy bolup gulak hyzmat edýändir. Eşidiş duýujylygynyň reseptorlary içki gulagyň içindäki ulitkada

nerw impulslaryna öwrülip, merkeze ýetýär. Eşidiş duýmalarynyň 3 görnüşi tapawutlandyrylýar. Olara gepleşigi, sazy we galmagaly syzmak ýaly görnüşler degişlidir. Adamyň gepleşik seslerini tapawutlandyrýan eşidişine **fonematik eşidiş** diýilýär. Adam daşary ýurt dillerini öwrenende, täze bir fonematik eşidiş kemala gelýändir. Adam durmuşda sazyň seslerini eşitmek bilen ondan lezzet alýar. Adamlaryň saza düşünişiniň hem onuň gepleşik eşidişinden pes däldigini görkezýär.

Galmagal hökmünde adam şemalyň şuwwuldysyny, ýagşyň sesini, gögüň gürlemesini, dürli predmetleriň takyrdysyny eşidýär. Galmagally sesler adamlarda hüşgärligi ýüze çykarýar.




**10-njy surat.**
**Eşidiş duýmasynyň gurluşy**

**Ys alyş duýmasy.** Ys alyş organy bolup burun hyzmat edýändir. Ys alyş reseptorlary burun boşlugynyň içindäki nemli bardajykda ýerleşip, howa arkaly burun boşlugyna düşen ownujak maddalary nerw impulslaryna öwürýär we merkeze habar berýär. Käbir haýwanlarda ys alyş duýmasy adama garanyňda belli bir derejede ösendir. Haýwanlar ysdan ugur alyp, özlerine iýmit tapýarlar ýa-da özlerini howpdan goraýarlar. Ys alyş tagam biliş duýmasy bilen baglanyşykly bolup, iýmitleriň hilini kesgitlemäge kömek edýär. Ys alyş organy adama zäherli howa sredasy baradaky informasiýany hem habar berýär.

**Tagam biliş duýmasy.** Tagam biliş organy bolup dil hyzmat edýär. Tagam biliş galtaşmak arkaly ýüze çykýar. Tagam biliji reseptorlar diliň ujunda, iki gapdalynda, yzynda ýerleşip, olara **dil böwre-**






**11-nji surat.**
**Ys alyş reseptorlary**

**jikleri** diýilýär. Haçan-da tagamyň haýsy hem bolsa bir görnüşi dile galtaşanda reseptorlar gyjynyp, informasiýany nerw impulsyna öwrenden soň merkeze habar berýär. Tagamyň 4 sany häsiýeti bolup, oňa süýjülik, ajylyk, turşulyk, duzlulyk degişlidir. Diliň ujunda süýji, diliň iki gapdalynda duzly we turşy, yzynda bolsa, ajy tagamy duýujy reseptorlar ýerleşýändir.



**12-nji surat.**
**Tagamy duýuş böwrejikleri**

**Deri duýmasy.** Deriniň birnäçe reseptorlary predmetleriň täsirliklerini nerw impulslaryna öwürmek arkaly merkeze habar berýärler. Deri duýujylygy taktil hem-de temperatura diýen görnüşlere bölünýär. Deri taktil duýmasy predmetiň derä galtaşmagy esasynda bolup geçýär. Taktil reseptorlarynyň has köp ýerleşýän ýeri eliň aýasy, barmagyň uçlary, maňlaý we dodaklardyr.

Deri arkaly adam howanyň derejesini, sowuklygyny, yssylygyny hem duýup bilýär. Bu bolsa deriniň temperatura duýmasy arka-




**13-nji surat.**
**Taktil duýmasy**

ly bolup geçýär. Temperatura duýmasy adamyň daşky dünýä bilen ýylylyk alyş-çalyş aragatnaşygyny sazlaýar. Adamda ýylylygy we sowuklygy duýujy reseptorlaryň ýerleşişi deň däldir. Adamyň ýagyrnysy sowugy has çalt duýýan bolsa, döşi bolsa örän haýal syzýandyr. Deri duýujylygynyň özboluşly bir görnüşine wibrasion duýma hem degişlidir. Wibrasion duýmasy eşidiş duýmasy bilen hem sepleşip gidýändir. Ol howadaky predmetleriň emele getiren tolkunlaryny, yrgyldylaryny deri arkaly duýmakdyr. Kadaly eşidýän adamlarda wibrasion duýujylyk gowşakdyr. Kerleriň we kör-kerleriň durmuşynda wibrasion duýgurlyk eşitmezligiň öwezini dolýandyr. Olar eşitmese-de, görmese-de koridordan biriniň gelýändigini, gapynyň kakylýandygyny, ýagşyň ýagýandygyny, ýeliň turandygyny duýup bilýärler.

**Organiki duýmalar** içki organlarda ýerleşen reseptorlar arkaly amala aşyrylýar. Organiki (içki) duýmalar arkaly adamlar öz bedeninde bolup geçýän üýtgeşmeleri duýup bilýär. Adam özüniň ajygandygyny, suwsandygyny, bir ýeriniň agyrýandygyny organiki duýma arkaly ýüze çykarýar. Açlyk duýmasynyň reseptorlary ganyň düzüminde ýerleşýändir diýip, alymlar belläp geçipdirler. Sebäbi ganyň düzümindäki ýokumly maddalaryň azalmagy açlyk duýmasyny döredýär. Dokluk bolsa açlyk duýmasynyň ýitmegine getirýär. Adam naharlanandan birnäçe wagtdan soň, reseptorlar ýene-de oýanyp başlaýarlar.

**Deňagramlylyk.** Deňagramlylygy duýujy reseptorlar içki gulagyň içindäki haltajykda ýerleşip, oňa **westibulýar apparat** diýilýär. Ol

adamyň göwresiniň we kellesiniň hereketi baradaky informasiýalary merkeze habar berýär.Adam bir zada dyrmaşanda, uçara ýa-da gämä münende, deňagramlylygy duýujylygy güýçlenýär. Deňagramlylyk duýujylygy bozulanda, başaýlanma, ögemek, gaýtarmak ýaly ýagdaýlar bolup geçýär.

**Kinesteziki (hereket) duýma** – bu adamyň göwresiniň aýry-aýry bölekleriniň we ýagdaýlarynyň duýmasydyr. Adamyň kinesteziki duýmalarynyň reseptorlary myşsalarda, damarlarda ýerleşendir. Reseptorlaryň we damarlaryň göwräniň hereketi netijesinde gysylmagy, daralmagy, süýnmegi bilen bolup geçýär. Adam ýörände, ylganda, eglende, bökende öz eliniň, aýagynyň hereketlerini duýýar we şoňa laýyklykda hereket edýär. Adamyň ähli hereket işiniň merkezleri uly ýarym şaryň depe böleginde ýerleşýär.

**Syzyş duýmasy.** Duýmanyň bu görnüşi deri hem-de kinesteziki duýmanyň baglanyşygy, kombinasiýasy esasynda bolup geçýär. Adam dürli predmetlere täsir etmek bilen onuň dürli aýratynlyklaryny syzýar. Syzyş adamyň zähmet işlerini dogry ýerine ýetirmeginde uly ähmiýete eýedir. Zähmet operasiýalarynyň örän takyk, ýerbe-ýer ýerine ýetirilmegi adamda ýokary syzyjylygy talap edýär. Adam syzyş arkaly iňňä sapak sapyp bilýändir. Umuman, syzyş duýujylygy adamyň predmetlere täsir etmegini sazlaýar. Görüş duýujylygyndan mahrum bolan adamlara daşky dünýä bilen aragatnaşyk saklamakda ol esasy duýujylyga öwürýär.

**Agyry duýmasy** adamyň bedeninde ýerleşýän agyry merkezlerindäki, deriniň üstündäki, içki organlarda we myşsalarda reseptorlaryň gyjynmagy esasynda bolup geçýär. Deriniň ýaralanmagy, içki organlarda, myşsalarda döreýän agyrylar agyry duýujylygyny döredýär. Analizatorlara predmetleriň aşa artykmaç täsiri hem agyry duýujylygyny emele getirýär. Mysal üçin, güýçli ses, ýagtylyk, ýylylyk, sowuklyk, agyryny döredýär. Sowuk temperaturada adamyň barmaklarynyň üşäp awuşamagy bilen ol ýakymsyz agyryny duýup başlaýar. Agyry duýujylygy adamlary köp päsgelçiliklerden, howplardan gorap bilýär. Bu barada grekler: “Agyry duýujylygy– bu adamyň saglygyny goraýan, saklaýan itdir“ diýip, belläp geçipdirler. Adamyň duýma bolan ukyplylygyny birnäçe kanunalaýyklyklar esasynda düşündirmek bolar.

**1. Duýmanyň absolýut duýgurlygy** – bu çala bildirýän duýmany döredýän gyjyndyryjynyň minimal ululyga ýetmegidir. Absolýut duýgurlyk – bu biziň duýma organlarymyzyň sähelçe gyjyndyryjylaryň täsirini duýmaga bolan ukyplylygydyr. Adama täsir edýän gyjyndyryjylaryň ählisi duýmany döretmeýär. Mysal üçin, biz elimiziň üstüne düşýän tozan bölejiginiň täsirini, öz goşarymyzdaky sagadyň sesini duýmaýarys. Sebäbi bularyň täsir ediji güýji absolýut bosagadan pesdir. Duýmanyň döremegi üçin bolsa gyjyndyryjylaryň güýjüniň belli bir minimal (kiçi) ululyga ýetmegi zerurdyr.

**2. Duýmanyň tapawutlanma bolan duýgurlygy** – bu duýmanyň çala bildirýän tapawudyny berýän gyjyndyryjylaryň arasyndaky minimal tapawudy duýmagydyr. Eger biz elimiziň aýasynda 100 gr ýüki goýup, soňra hem onuň üstüne diňe 1gr goýsak, ýüküň öňkä görä agralandygyny duýmarys. Sebäbi gyjyndyryjynyň arasyndaky tapawudyň bosagasyna ýeten däldir. Haçan-da biz elimiziň aýasynda 1gr derek 30-40 gr goýsak, ýüküň öňkä görä agralandygyny duýarys. Sebäbi tapawudyň bosagasyna ýetendir.

**3. Duýmada adaptasiýa** – bu analizatorlaryň täsir edilýän gyjyndyryjylara uýgunlaşmagy we oňa bolan duýgurlygynyň üýtgemegidir. Adamyň duýmasynyň käbir görnüşlerinde bolsa adaptasiýa gowşak bolýar. Mysal üçin, görüş, ys alyş, taktil, temperatura duýmalarynda uýgunlaşmak güýçlüdir, emma eşidiş bilen agyry duýmalarynda gowşakdyr. Duýma organlaryna daşky gyjyndyryjylaryň yzygiderli täsiri netijesinde gyjyndyryja bolan duýgurlyk kem-kemden peselýär. Tersine eger-de gyjyndyryjylar gowşak bolsa, onda duýgurlyk artýandyr. Biz dermanhana girenimizde dermanlaryň ýiti ysyny duýýarys. Eger-de biz ol ýerde ep-esli wagt eglensek, onda dermanyň ysyna bolan duýgurlygymyz kem-kemden peselýär. Adamyň görşünde bolup geçýän adaptasiýanyň uly ähmiýeti bardyr. Biz açyk ýagtydan garaňkyrak jaýa girenimizde hiç zady saýgarmaýarys. Emma biraz wagtdan soň jaýyň içindäki zatlary saýgaryp başlaýarys.

**4. Duýma prosesinde duýma organlarynyň kompensirlenmegi** hem bolup geçýär. Bir duýgy organynyň analizatorlarynyň kemli bolmagy bilen onuň ýerini, öwezini başga bir analizator tutýar, dolýar, ýagny kompensirlenýär. Görüş duýujylygy deffektli adamlarda belli bir derejede eşidiş duýujylygy güýçlenýär.

Okuw işlerinde okuwçylaryň duýma organlarynyň kadaly ösü-şine gözegçilik etmek zerurdyr. Surat sapaklarynda okuwçylara reňkleri saýlap almagy öwrenmek bilen görüş duýmalary, zähmet sapaklarynda syzyş duýmalary, aýdym-saz sapaklarynda eşidiş duýmalary ösdürilýär. Mygallym sapagyň dowamynda okuwçylaryň görüş duýujylygynyň dogry ösüşine gözegçilik etmelidir. Muňa okuwçylaryň partada oturyp okamagy we ýazmagy, synp otagynyň ýagtylygynyň ýeterlik bolmaklygy we ş.m. degişlidir.

## Çagalaryň (okuwçylaryň) duýmalaryny ösdürmek

Mälim bolşy ýaly, psihika işiň dowamynda ösýär (kämilleşýär). Çaganyň duýmalarynyň hemmetaraplaýyn ösmegi onuň döredijilik işleri bilen meşgullanmagyna hem baglydyr. Duýmalary ösdürmekde zähmet, çeperçilik-şekillendiriş işleriniň, saz sapaklarynyň ähmiýeti uludyr.

Çaganyň duýmalarynyň ösmegi we kämilleşmegi köp babatda onuň gyzyklanmasyna baglydyr. Ýerine ýetirilýän işiň üstünlik getirjekdigine göz ýetirilmegi hem çagada duýmalary ösdürýär. Oglan gowy surat çekýär, onuň üstünde köp işleýär, reňkleriň öwüşginlerini, reňkleriň biri-birine gatnaşygyny we ş.m. irginsiz öwrenýär.

Görüş barada aýdylanda, okuwçynyň dogry oturyp ýazmagyny we okamagyny gazanmaly. Oňa depderde ýazgy ýazylanda ýa-da kitap okalanda, talap edilýän aralygy saklamaklyga degişli düzgüni berjaý etmekligi, şeýle hem talabalaýyk ýagtylyk düşmedik ýagdaýynda göze uly zeper ýetýändigini düşündirmeli. Kitaby ýatyp okamaly däldigini, onuň zyýanlydygyny okuwça düşündirmeli.

Kiçi hem-de orta ýaşly mekdep döwrüniň okuwçyda reňk duýmalaryny ösdürmek üçin iň amatly şertdigine psihologlaryň barlaglary şaýatlyk edýär. Reňkleri saýgarmak boýunça yzygiderli işleri alyp barýan mugallym gowy netijelere eýe bolýar.

Kiçi hem-de orta ýaşly mekdep döwründäki okuwçynyň eşidiş ukybynyň mekdebe çenli döwür bilen deňeşdirilende has ösendigini görmek bolýar. Syn etmelerde 13-14 ýaşly çaganyň eşidişiniň has ýiti bolýandygyna göz ýetirilýär. Okadylmagy, daşary ýurt dilleriniň öwredilmegi we sözleýiş diliniň ösdürilmegi arkaly mekdep

okuwçysynyň fonematiki eşidişi belli bir derejede ösdürilýär. 1-nji synp okuwçysynyň fonematiki eşidişiniň pes derejede bolmagy onuň okamak hem-de ýazmak endikleriniň ösmegine päsgel berýär. Okuwçy üçin kyn hasaplanylýan fonemalary tapawutlandyrmaga degişli bolan ýörite gönükmeler bilen işlemek fonematiki eşidişi belli bir derejede ösdürmeklige ýardam edýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Adamyň durmuşynda duýgy organlarynyň nähili ähmiýeti bar?
2. Duýma nähili görnüşlere bölünýär we düşündirilýär?
3. Analizatorlar nähili bölümlere bölünip düşündirilýär?
4. Duýmada nähili kanunlar bolup geçýär?
5. Duýmanyň adaptasiýa kanuny nähili düşündirilýär?
6. Çagalaryň duýmalaryny ösdürmegiň nähili ýoluny bellemek bolar?

**Amaly ýumuşlar**

1. Reňkli tablisalaryň üsti bilen okuwçylaryň görüş duýujylygyny barlamaly.
2. Berlen mysallarda adamyň duýmasynyň haýsy görnüşleri barasynda gürrüň gidýär?

a) Bedeniň giňişlikdäki ýagdaýy barada signallar bilen upjün edip, bedeniň dolandyrylyşynda esasy rol oýnaýar.

b) Adama daşky sredadan gelip goşulýan informasiýalary ýetirýän we daşky sreda bilen adamy baglanyşdyrýan görnüşi.

ç) Organizmiň içki proseseleriniň ýagdaýy baradaky signallary berýän görnüşi.

d) Zähmet işlerinde hereketleriň dogry,takyk ýerine ýetirilmegini üpjün edýän duýmanyň gornüşi.

3. Adamyň we haýwanlaryň duýmasynyň arasyndaky tapawudy birnäçe mysallaryň üsti bilen delillendiriň?
4. Okuwçy 10 sany kitaby göterip barýar. Şol wagt okuwça duýdurman, kitaplaryň üstüne ýene-de bir kitaby goýýarys. Okuwçy kitaplaryň agralandygyny duýarmy?

Bu hadysa duýmanyň haýsy kanuny esasynda düşündirilýär?

## § 8. Kabul ediş

Biziň organlarymyza mydama ägirt köp mukdarda gyjyndyryjylar täsir edýärler hem-de olaryň ep-esli bölegi bosagadan ýokarda durýar. Şunlukda, bizde mydama zatlaryň aýry-aýry häsiýetlerini suratlandyrýan örän köp duýmalar bolýar. Zatlary we özümiziň daş-

töweregimizde bolan durmuş hadysalaryny özümize kabul edip almak şu duýmalar esasynda emele gelýär.

Özüňe kabul edip almagyň iň möhüm aýratynlygy onuň mydama zatlaryň, predmetleriň, hadysalaryň diňe aýry-aýry häsiýetlerini we alamatlaryny suratlandyrman, eýsem olaryň özlerini-de suratlandyrýanlygyndan ybaratdyr.

Adamyň geçmişdäki tejribesiniň özüňe kabul edip almak prosesinde nähili möhüm rol oýnaýandygyna düşünmek aňsatdyr. Hut geçmişdäki tejribämiziň netijesinde biz adaty zatlary şeýle aňsatlyk bilen we göz ýumlup-açylan salymyň içinde özümize kabul edip alýarys, olary bilýäris we düşünýäris. Adaty bolmadyk şertlerde tanyş däl zatlar barada özüňe kabul edip almak prosesiniň şeýle çalt, aňsat, üstünlikli geçmeýän wagtlary-da bolýar.

Şunlukda, özüňe kabul edip almagyň duýmalaryň käbir toparynyň saýlanyp alynmagyny, olaryň bitewi obraz bolup birleşmegini, şu obraza kesgitli düşünmegini ýa-da aňlamagyny we degişli zady ýa-da hadysany bilmegini öz içine alýan örän çylşyrymly prosesden ybaratdygyny biz görýäris.

Tanamazdan düşnükli özüňe kabul edip almak mümkin däldir. Eger men köçede özümiň tanşyma duşup, ony tanamadym diýsem, onda munuň özi bu wakada hiç bir tanamaklyk bolmady diýilmegi däldir. Men, hiç bolmanda, onuň adamdygyny, paltoly erkek adamdygyny we ş.m. bildim ahyryn. Şu hili tanamaklyga **mahsus bolmadyk** tanamak diýilýär. Mahsus bolmadyk tanamak wagtynda biz diňe şu zadyň zatlaryň haýsy toparyna girýändigini: munuň adamdygyny, munuň stoldugyny, munuň ýeňil awtomobildigini kesgitläp bileris, emma, ine, şu zadyň hususy sypatlaryny we aýratynlyklaryny bilmeris. Eger-de biz şu adamyň ýa-da şu zadyň hut hususy sypatlaryny bilsek, onda munuň özi **mahsus tanamak** diýmekdir. Munuň şol ýakyn günlerde otlynyň içinde tanyş bolan adamdygyny bilýärin, teatryň geýim goýulýanyndaky başga-da kän geýimiň arasyndan öz paltomy men tanaýaryn.

Bizi gurşap alýan daşky dünýäde diňe bir häsiýetler, alamatlar bolman, eýsem şol häsiýetleri, alamatlary emele getirýän predmetler, zatlar bardyr. Şol predmetleri, obýektleri tutuşlygyna, bitewilikde beýnide şöhlelendirmek kabul edişe degişlidir.

**Kabul ediş** – bu predmetleriň we hadysalaryň duýgy organlaryna, agzalaryna täsir etmegi bilen bitewilikde şöhlelendirilmegidir. Kabul etme duýgy organlarynyň gatnaşyklary we baglanyşygy esasynda bolup geçýär. Duýma bolmasa, kabul ediş hem bolmaýar. Kabul etmek arkaly adam daşky dünýä düýpli akyl ýetirýär. Kabul etmek adamyň beýleki birnäçe psihiki prosesleri, aňyýet işleri bilen bilelikde bolup geçýär. Kabul edenimizde, biz pikirlenip, öňümizde duran zada akyl ýetirýäris, sözlemek arkaly kabul edýän predmetlerimiziň adyny tutýarys, duýgularyň bolup geçmegi bilen kabul edyän predmetlerimize belli bir nazarda garaýarys, özümize erk etmek bilen kabul edişi ygtyýarly guramagy başarýarys. Kabul edişiň fiziologik esasy analizatorlaryň kompleksleyin baglanyşygy esasynda bolup geçýär. Başgaça aýdylanda, analizatorlaryň arasynda özara baglanyşygyň bolup geçmegi bilen döreýär. Predmetleriň we hadysalaryň ähli häsiýetlerini bilmek üçin analizatorlaryň diňe biri ýeterlik däldir. Okuwçy mugallymyň gürrüň berýän temasyna düşünende, ol mugallymy görýär, onuň gürrüňini eşidip diňleýär we temanyň mazmunyna düşünýär. Şu ýerde, esasan, görüş hem eşidiş analizatorlaryň özara baglanyşygy esasynda okuwçy temanyň mazmunyny kabul edýär.

Predmetiň kabul edilmeginde görüş, eşidiş hem-de syzyş analizatorlary esasy rol oýnaýar. Şonuň üçin kabul etmeler görüp, eşidip hem-de syzyp kabul etmek diýen ýaly görnüşlere bölünýärler.

Kabul etmede öňki tejribäniň roly, ähmiýeti seçijilik, illýuziya, synçylyk ýaly birnäçe häsiýetlerini bölüp görkezmek bolar.

**1. Kabul etmede öňki tejribäniň ähmiýeti.** Adamyň predmeti dogry kabul etmeginde öňki tejribäniň roly ýeterlik bolmalydyr. Kabul ediş prosesinde predmeti tanamaklygyň uly ähmiýeti bardyr. Adam predmeti tananda, öňki tejribesiniň roluna dolanýandyr. Men stoluň üstündäki ýatan kitaba seredip, onuň kitapdygyny tanaýaryn. Meniň predmeti tanamagymyň esasy sebäbi bolsa kitap baradaky öňki tejribämiň rolunyň ýeterlik bolmagydyr. Adam predmeti umumy we bölekleýin tanap bilýär. Mysal üçin, biz okuwçylara: “Bu agaç. Bu öý haýwany. Bu derýa. Bu reňk” diýip, suratly kartinany görkezenimizde, okuwçylar diňe umumy kabul edýärler. Emma, biz: “Bu tut agajy. Bu öý haýwany it. Bu Murgap derýasy. Bu ýaşyl reňk” diýip,

takyk aýdanymyzda, okuwçylar görýän zadyny takyk kabul edýärler. Okuwçynyň predmeti kabul etmegi bilen hem öňki tejribesiniň roly saklanyp galýar.

**2. Kabul etmede seçijilik.** Daşky dünýäde adama täsir edýän predmetleriň, hadysalaryň mukdarynyň köpdügi netijesinde adam olaryň ählisini birlikde kabul edip bilmeýär. Täsir edýän predmetiniň, obýektiniň köpsanly täsirliliginden diňe onuň birnäçesiniň has aýdyň takyk birini kabul edip alýarys. Predmetiň adam tarapyndan saýlanyp-seçilip alynmagy emele gelýär. Kabul etmede seçijilik şahsyýetiň höweslerine, isleglerine, gyzyklanmalaryna baglydyr..

Özüňe kabul edip almakda, özümiziň ýaşaýşymyzyň her bir wagtynda bizde bolup durýan şol ymgyr kän duýmalara seredenimizde, biziň aňymyza özümize kabul edip almak mümkin bolarmyka diýip edýän çakymyzdan has az zat gelip ýetýär. Özüňe kabul edip almak şu ymgyr kän duýmalaryň azrak bölegini saýlap almakdan ybaratdyr. Üns hadysalarynda tanşyp geçen aňymyzyň şol saýlap alyjylyk häsiýeti şu ýerde açyk ýüze çykýar.

Bir adam bilen iki sagat gürrüňleşip durup bolar, emma şol adam giden dessine onuň galstugynyň nähili reňkdedigi ýa-da onuň saçynyň nähili bejerilendigi baradaky soraga jogap bermäge güýjüň ýetmezligi mümkindir. Elbetde, iki sagatlyk gürrüňiň dowamynda özümiziň gürrüňdeşimiziň galstugyna-da, saçyna-da mydama gözümiz düşüp durýardy, emma biz olara üns bermeýärdik we şoňa görä-de, biz olary görüp bellemeýärdik.

Kämahallarda haýsy-da bolsa bir zada onuň käbir daşaryky aýratynlyklary sebäpli ýa-da onuň bizi höweslendirýänligi sebäpli ygtyýarsyz üns berýändigimizi, başga wakalarda bolsa özümiziň öňümizde duran maksatlara we wezipelere daýanyp, oňa ygtyýarly üns berýäris. Özüňe kabul edip almak prosesinde ünsüň bu kanunlary möhüm rol oýanaýarlar. Her bir zatda diňe öz tarapymyzdan üns berilýän alamatlary, häsiýetleri, taraplary özümize kabul edip alýarys. Esasan, biz özümiziň meşgul bolan işimiz üçin ähmiýeti bar bolan, bizi gyzyklandyrýan, şol ýa başga tarapdan özümize gerek zada üns berýäris.

Biziň, öň görşümiz ýaly, belli bir zada degişli bolan duýmalaryň hemme jeminden olaryň belli bir toparynyň saýlanyp alynmagynyň özüňe kabul edip almak prosesinde örän möhüm ähmiýeti bardyr.

Men penjireden köçä seredýärin we köçäniň gapdalyndaky ýol bilen barýan adamlaryň arasynda özümiň tanşymy görýärin. Men onuň yzyndan seretmäge başlaýaryn. Şol wagt meniň tanşym birnäçe adamlaryň içinden saýlanyp-seçilip alynýar. Edil şunuň ýaly hem, sütükli derä sereden mahalymda, men onuň ýumşaklygyny, ýylylygyny özüme kabul edip alýaryn. Munuň hemmesini özüňe kabul edip almak prosesinde sütükli deriden alnan görüş duýmalaryna birigýän göz öňüne getirmeler berýärler. Görüş öz-özünden agyrlyk ýa-da ýeňillik duýmalaryny berip bilmese hem edil şonuň netijesinde käbir zatlar agyr, beýleki zatlar ýeňil “görünýärler”.

Gözleriňizi ýumuň, stoluň ýanyna baryň we onuň üstündäki zatlary elläp görüp, tanajak bolup synanyşyň. Eger şu zatlar size tanyş zatlar bolsa, onda, elbetde, siz olary aňsatlyk bilen tanarsyňyz. Emma bu tanamak nähili bolup geçýär? Siz tarelkany ellemäge başlan badyňyza sizde göz ýumlup-açylan salym içinde tarelkany görmek göz öňüňize getirilmegi, mejimä galtaşan badyňyza sizde mejimäni görmek göz öňüňize getirilmegi gelip çykýar we ş.m. Syzmak duýmalary degişli zatlary görmek arkaly göz öňüne getirilmegini döredýärler.

Özüňe kabul edip almakda duýmalar mydama birtopar göz öňüne getirmeler bilen birlikde bolýarlar. Özüňe kabul edilip alynýan zadyň obrazy duýmalaryň we olar bilen baglanyşykly bolan göz öňüne getirmeleriň kompleksidir (jemidir).



**14-nji surat.**
**Şekilleriň ýerligine görä üýtgedilip kabul edilmegi**



**15-nji surat.**
**Şekilleriň özboluşly häsiýetde kabul edilmegi (kabul etmekde seçijilik)**

Agronom ýa-da awçy özüçe, hudožnik, suratçy ýa-da botanik bolsa özüçe saýlap-seçip alýandyr. Dürli hünärdäki adamlaryň şol bir zady saýlap-seçip kabul edijiligi birmeňzeş däldir. Kabul etmede

adamyň üns merkezindäki predmete **obyekt** diýilýär, emma adamyň üns merkezinde bolmadyk daş-töwerekdäki predmetler bolsa ýerligi emele getirýärler. Men köpçülikdäki adamlaryň arasynda öz dostumy görüp tanaýaryn. Şol wagt meniň gören dostum kabul etmede obýekt hökmünde ýüze çykýan bolsa, daş-töwerekdäki adamlar bolsa ýerligi emele getirýärler. Sapak prosesinde ulanylýan görkezme esbaplaryň açyk reňkler bilen berilmegi okuwçylara dogry saýlap-seçip almaga mümkinçilik döredýär.

**3. Kabul etmede illýuziýa** – bu predmetiň, hadysanyň ýalňyş, nädogry kabul edilmegidir.
















**16- njy surat.**
**Şekilleriň dogry ölçegleriniň nädogry kabul edilmegi (illýuziýa)**

Gündelik durmuşda predmetleriň we hadysalaryň ählisi bolşy ýaly kabul edilmeýärler. Adamyň käbir predmetleri, hadysalary ýalňyş kabul edýändigini birnäçe tejribelerde görüp bolýar.

Dury suwly stakanyň içine demir çaý çemçesini goýanymyzda, şol çemçäniň egri, döwlen ýaly görünmegi, dury suwly bankanyň içine elimizi sokup, daşyndan seredenimizde, çişen ýaly görünmegi, uzyn köçä seredenimizde, onuň inçelip gidýän ýaly bölüp görünmegi illýuziýanyň mysallarydyr. Adam daşky dünýädäki predmetleriň we hadysalaryň käbir ýagdaýlaryny ýalňyş, nädogry kabul edýände bolsa, onuň hakykatda beýle däldigine akyl ýetirýär.

**4. Kabul etmekde synçylyk** – bu adamyň özüni gyzyklandyrýan predmetini maksadalaýyk hem-de meýilli kabul etmegidir. Synlama şahsyýetiň predmeti, obýekti ygtyýarly kabul etmesidir. Synlama, başgaça **pikirli kabul etme** hem diýilýär. Şonuň üçin şahsyýetiň synlamasy onuň akyly, duýgulary, erki bilen berk baglanyşyklydyr.

**Synçylyk** – bu adamyň predmeti we hadysany kabul etmeginde göze az ilýän aýratynlyklaryny görmegi başarmagydyr. Adamlaryň synçylygy dürli-dürli bolýar. Käbir adamlar predmeti kabul etmede

göze iläýjek ýalňyşlygy, ýetmezçiligi hem görüp bilmeýärler. Şeýle adamlaryň synçylygy gowşakdyr. Synçylygy belli bir derejede ösen adamlar predmetiň sähelçe kemçiliklerini görüp bilýärler. Mugallymyň synçylygy okuwçyny hemmetaraplaýyn dogry kabul etmegine giň mümkinçilik berýär. Synçy mugallym käbir okuwçylarynyň iş ýagdaýyndan daşlaşyp, ünsüni başga zada sowýandygyny görýär. Emma bu ýagdaýyň çala göze ilýändigi sebäpli başga bir adam kabul edip bilmeýär. Okuw-terbiyeçilik işlerinde okuwçylaryň synçylygyny ösdürmek olaryň bilimleri ele almaklygynyň esasy şerti bolup durýar. Predmetiň, hadysanyň dogry kabul edilmeginde synçylygyň rolunyň uludygyny bildirýän setirler türkmen nakyllarynda hem beýan edilýär. Bu barada “Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen” diýlip, gowy beýan edilýär. Mugallymyň öz sapagynda ulanýan dürli natural we beýleki görnüşdäki görkezme esbaplarynyň okuwçylaryň synçylyklaryny ösdürmekde uly ähmiýeti bardyr. Mugallymyň görkezme esbabyny görkezip hem-de düşündirmegi bilen okuwçylarda ygtyýarly synçylyk bolup geçýär. Olar görýän zatlaryny içgin synlap, dogry kabul etmäge ymtylýarlar. Okuwçylaryň arasynda tebigata, haýwanlara, ösümlikleriň ösüşine, howanyň üýtgeýşine synçylygy guramak bilen olaryň predmetleri, hadysalary kabul etmekdäki synçylyklaryny ösdürmek mümkindir. Muny tebigata,meýdana, taryhy ýadygärliklere, mirashanalara gezelençler, ekskursiýalar, ýörişler guramak arkaly geçirmek bolýar. Predmeti dogry kabul etmekde okuwçylaryň zähmet işleri hem uly rol oýnaýar.

**Appersepsiýa.** Özüňe kabul edip almagyň her bir tarapyny alyp görsek, biz mydama onuň adamyň geçmişdäki tejribesine, onuň özüne kabul edip alýan zatlary bilen tanyşlygyna güýçli derejede baglydygyny görýäris. Emma bu-da entek azdyr. Özüňe kabul edip almak bilimleriň umumy goruna, garaýyşlaryna we ynanmalaryna, höweslere we meýillere hem baglydyr, şeýle hem ol adamyň özüne kabul edip alýan wagtyndaky psihiki ýagdaýyna, onuň ahwalyna, onuň özüne kabul edip alýan zadyndan nämä garaşýandygyna we näme tapmak isleýändigine-de baglydyr. Özüňe kabul edip almagyň adamyň psihiki ýaşaýşynyň umumy mazmunyna baglylygyna **appersepsiýa** diýilýär. Iki adamyň dürli appersepsiýasy bar diýýän

wagtymyzda, munuň özi “olar zatlara dürli gözler bilen seredýärler, şol zatlara dürli tarapdan çemeleşýärler, olara dürlüçe düşünýärler we düşündirýärler, dürli nukdaýnazarlary bar” diýmekdir.

Ylym-bilim adama diňe bir çuňňur we mazmunly pikirlenmäge mümkinçilik bermek bilen çäklenmän, eýsem oňa zatlary çuňňur we mazmunly özüňe kabul edip almaga-da mümkinçilik berýär. Kim köp bilýän bolsa, ol zatlarda köp zady görmegi hem başarýar. Bilimli botanik göze az ilýän otjagazda hem birentek möhüm we bähbitli zatlary açýar, emma bilimden bihabar adam şol otjagazda üns bermäge mynasyp bolan hiç zat görmeýär.

Adam ýaşadygyça we ösdügiçe, onuň zada bolan garaýşy, onuň appersepsiýasy üýtgeýär. Muny, meselem, edil şol bir kitaby birnäçe ýyl geçenden soň gaýtalap okamak bilen aňlamak aňsatdyr. Ozal şol tukat we gyzyksyz bolup görnen zat çuňňur mazmunly we gyzykly zat hökmünde özüňe kabul edilip alynýar. Birinji gezek okanyňda özüňe kabul edilip alynmadyk ymgyr kän jikme-jiklikleri görýärsiň, kitapdan ozal bardyr öýdülmedik pikirleri tapýarsyň. Bu kitabyň şol ozalky kitapdygyna käwagtlarda ynanmak hem kyn bolýar.

Zada bolan garaýşyň şeýle üýtgemegi, köplenç, ýuwaş-ýuwaşdan bolup geçýär we şoňa görä, ünsi özüne çekmeýär. Emma durmuşda täze şertlere geçende, işini çalşanda, çuňňur başdan geçirende, täsirli adam bilen duşuşanda adamyň dünýägaraýşynda, onuň zada bolan garaýşynda, onuň appersepsiýasynda üzül-kesil üýtgeşme pursatlary hem bolýar.

Adamyň özüne kabul edip almak pursatyndaky psihiki ýagdaýy bilen kesgitlenýän wagtlaýyn appersepsiýany berlen adam üçin häsiýetli bolan we onuň dünýägaraýşyna, bilimlerine, höweslerine, onuň bütin möhüm tejribesine bagly bolan durnukly appersepsiýadan tapawutlandyrmak gerek.

Kabul edişiň geçişiniň mazmuny we häsiýeti aýry-aýry adamlaryň gönükdirilmesine, olaryň durmuş tejribeleriniň aýratynlyklaryna, höweslerine, şahsyýetiň umumy gönükdirilmesine baglydyr. Çekilen suratyň, sazyň, kinokartinanyň kabul edilişi adamlaryň her birinde özboluşly bolýanlygy bellidir. Käte adamyň hakykatda bar zady dälde, öz isleýän zadyny kabul edýän wagty hem bolýar.

Kabul edişiň mazmunynyň we gönükdirilmesiniň adamyň tejribesine, onuň bähbitlerine, durmuşa garaýşyna, düşünjelleriniň baýlygyna bagly bolmagyna appersepsiýa diýilýär. Appersepsiýa kabul edişiň möhüm aýratynlyklarynyň biridir. Kabul edişi organ hökmünde gözüň ýeke özi ýerine ýetirmeýär, sesi diňe bir gulagyň özi eşitmeýär, diliň ýeke özi tagamlary tapawutlandyrmaýar. Kabul edişiň ähli görnüşleri anyk, janly adam tarapyndan ýerine ýetirilýär. Kabul edişde hemişe hereket edýän, öwrenýän adamyň aýratynlyklary ýüze çykýar, onuň arzuwlary, islegleri, duýgulary we kabul edilýän predmete bolan belli bir garaýyşlary göze ilýär.

**Kabul edişiň manylygy we jemlenenligi. Kabul ediş** – munuň özi diňe bir duýgy obrazy bolman, ol saýlanan obýekti öwrenmekdir. Adam özi üçin belli bir ähmiýeti bolan predmetleri kabul edýär. Predmetleriň maksadyna we mazmunyna akyl ýetirilmegi mynasybetli olary maksadalaýyk ulanmak, olar bilen praktiki iş alyp barmak mümkinçiligi döreýär. Kabul edişiň manysy predmetleriň mazmunyna düşünmek, kabul ediş prosesi adamyň pikirlenmek işiniň üsti bilen gazanylýar.

Biz predmeti kabul etmek bilen, onuň dogry adyny ýa-da nämäni ýatladýandygyny aýdyp bileris. Adam täze predmetleri kabul edeninde, diňe bir öňünde duran zadyň nämedigini bilmäge däl-de, eýsem kabul edilýän predmeti özüne belli bolan predmetleriň belli bir bir toparyna degişli etmäge, tapawutlandyrmaga çalyşýar.

**Kabul edişiň konstantlygy.** Konstantlyk diýlip, kabul edilýän ululygyň aralyk, ýagtylyk derejesi üýtgäninde onuň formasynyň we reňkiniň ontositel hemişelik galmagyna aýdylýar. Jaýyň içinde hereket eden wagtymyz diwarda asylgy duran suraty oňa golaýlaşmagymyza we daşlaşmagymyza garamazdan, ony birmeňzeş ululykda kabul edýäris.

Daşky dünýäni kabul etmek köptaraplydyr. Kabul edişiň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar özboluşly tapawutlanýarlar.

**Wagtyň kabul edilişi.** Wagtyň kabul edilişi – munuň özi hadysalaryň ýa-da wakalaryň dowamlylygynyň we yzygiderliliginiň şöhlelenmesidir. Wagtyň kabul edilişi mynasybetli töweregimizde bolup geçýän özgerişler aňda şöhlelendirilýär.

Wagt aralyklary adamyň organizminde bolup geçýän ritmik prosesler bilen kesgitlenilýär. Ýüregiň iş ritmi, ritmik dem alyş, gündelik işiň ritmik häsiýeti wagt refleksiniň döremegine täsir edýärler. Takyk, gös-göni wagt kabul edilişine diňe wagtlaýyn gysgajyk aralyklar tabyn bolýar. Wagtlaýyn aralyklara has dogry baha bermäge eşidiş we hereket ediş duýmalarynyň ýardam edýändigi anyklanyldy. Wagtyň kabul edilişinde gysga wagt aralyklaryny uzaltmaga (meselem, gyzykly söhbeti), uly wagt aralyklaryny azaltmaga (meselem, uçarda köp sagatlap uçulanda) bolan meýiller ýüze çykýar.

**Hereketiň kabul edilişi.** Hereketiň kabul edilişi diýlip, predmetleriň giňişlikdäki ugrunyň we tizliginiň şöhlelenmesine aýdylýar. Ol adamlara we haýwanlara otnositel özgerişlerinde ugur almaga mümkinçilik berýär.

**Adamyň adamy kabul edişi.** Aragatnaşyk saklamak prosesinde her bir adam özara iş salyşýan adamlarynyň obrazlarynda we düşünjelerinde özüniň ýaş, ýöne konstitusion, psiholigik aýratynlyklary bilen bilelikde şahsyýet hökmünde şöhlelendirilýär.

**Adamyň giňişligi kabul edişi.** Zatlaryň hemmesi giňişlikdedir. Biziň özümize kabul edip alýan her bir zadymyz biraz ýeri tutýar, onuň belli bir ululygy bar, bizden we başga zatlardan belli bir uzaklykda durýar.

Indi biz zatlaryň giňişlik häsiýetlerini nähili özümize kabul edip alýandygymyz bilen tanşalyň.

Birinjiden, munuň özi örän sada bolup geçýän ýaly, bize zatlaryň ululygyny we formasyny, olaryň özümizden uzaklygyny we ş.m. gös-göni görýän ýaly bolup duýlup biler. Emma hakykatda munuň özi beýle däldir.

Eneden doganda kör bolup doglup,uly adam bolandan soň bejerdip gözi açylan adamlaryň  zatlaryň giňişlik häsiýetlerini özlerine nähili kabul edip alýandyklary bilen tanşylan wagtda muňa gözüňi ýetirmek aňsatdyr. Şunuň ýaly adamlardan birine gözi açylandan dört gün geçenden soň, ýanaşyk goýlan agaç şar bilen kuby görkezenlerinde, ol bu zatlaryň tapawutlydygyny görüpdir, emma olaryň haýsysynyň togalaklygyny we haýsysynyň burçlarynyň bardygyny aýdyp bilmändir. Şunlukda, görmekden peýdalanmaga ýaňy başlan bu adam-

lar zatlaryň giňişlikdäki formalaryny tanamagy entek başarmaýarlar. Operasiýa edilip, gözi açylan dogabitdi körlerden birine on litrlik çüýşäni onuň gözlerinden 30 sm uzaklykda tutup görkezip, munuň nämedigini soranlarynda, onuň: “Bu at bolsa gerek” diýip, jogap berendigi geň däldir.

Zatlaryň käbir has möhüm giňişlik häsiýetlerini özüňe kabul edip almagyň nähili amala aşyrylýandygyna jikme-jik seredeliň.

a) Zatlaryň göwrümliliginiň özüňe kabul edilip alnyşy.

Zatlara sereden mahalymyzda, biz olary göwrümli, relýefli, üçölçegli halda görýäris. Biz şary edil şonuň ýaly möçberde we reňkde bolan ýasy tegelek zatdan hiç bir kynçylyksyz tapawutlandyrýarys. Emma operasiýa edilenden soň, açylan kör ilkibaşda muny tapawutlandyryp bilmez: şar oňa kartondan kesilip alnan tegelek ýaly bolup görner.

b) Aralygy kabul edip almak.

Zatlaryň bizden ýakynlygyny-daşlygyny, olaryň uzaklygyny özüňe kabul edip almak hakyndaky mesele zatlaryň göwrümliligini özüňe kabul edip almak hakyndaky mesele bilen ýakyn baglanyşyklydyr.

Dogabitdi körleriň edil operasiýa edilenden soňky döwürde uzakdaky zatlary düýpden özlerine kabul edip almaýandyklaryny, olaryň göni gözleriniň öňünde duran zatlary görýändiklerini we uzakdaky zatlara seretmäge gorkýandyklaryny alyp görenimizde, uzakdaky zatlary özüňe kabul edip almak prosesiniň nähili çylşyrymlydygy görünýär.

Adam uzakdaky zatlary özüne kabul edip almagy, esasan, tejribe netijesinde öwrenýär. Zatlaryň belli bir derejede görünýän mahalynda şu zady almak üçin belli hereketleriň gerekdigine ol düşünýär.

ç) Zatlaryň ululygyny özüňe kabul edip almak.

Zatlaryň ululygyny özüňe kabul edip almagyň üstünde ýene-de durup geçeliň.

Zadyň ululygyna baha bermek üçin onuň setçatkadaky(torjagazdaky) şekiliniň ululygy esasy maglumat bolup durýar.

## Çagalarda kabul edijiligi we synçylygy ösdürmek

Kiçijik çagada kabul edijilik kämil bolmaýar. Şol döwürde çaga daşky dünýädäki (özüni gurşap alan) zatlary tutuşlygyna kabul edýär, haýsydyr bir zadyň (hadysanyň) ownuk taraplaryny görmegi başarmaýar. Irki çagalykda we mekdebe çenli ýaşly çaga predmetler bilen iş salşanda, olary eline alyp görýär. Çagalaryň synçylygy oýun işinde terbiýelenýär. Olaryň synçylygyny ösdürmek üçin ýöriteleşdirilen oýunlaryň ähmiýeti uludyr, sebäbi şeýle oýunlarda çagalar haýsydyr bir zadyň ownuk, göze az ilýän taraplaryny görmegi başarýar, şeýle hem deňeşdirmek arkaly oýunda ýüze çykýan meňzeşlikleri we aýratynlyklary tapawutlandyrmak üçin şert döreýär.

Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň synçylygy yzygiderli ösüp başlaýar.

1-nji we 2-nji synpyň okuwçylarynyň kabul edijiligi bilen mekdebe çenli döwrüň uly ýaşly toparynyň çagalarynyň kabul edijiliginde birnäçe meňzeşlikleri görmek boýar. Agzalýan synplaryň okuwçylary diňe göze ilýän zatlary, predmetleriň we hadysalaryň gaty bir görünmeýän taraplaryny kabul edýärler. 1-nji synpyň okuwçylary tomzagyň görkezme esbapda görkezilişine syn edenlerinde, tomzagyň gurluşyna üns bermän, onuň bir zadyň üstünde oturandygyny, onuň arkasynda temençäniň bardygyny, tomzagyň oturan gutusynda ýelimiň dökülendigini we ş.m. zatlary görmegi başarypdyrlar. 1-nji synpyň okuwçylary özbaşdak işlerde hadysalary synlanlarynda bulam-bujar seljerýärler, tertipli, yzygiderli synlamagy başarmaýarlar, göze ilýän zat bilen göze ilmeýänini tapawutlandyryp bilmeýärler, başlan işini synlap gutarmanka, başga birini synlamaga geçip bilýärler.

Psihologlar kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň haýsydyr bir mehanizmi ýygnamak işinde özüni alyp baryşlaryna gözegçilik edenlerinde, 1-nji synpyň okuwçylarynyň mehanizmi ýygnamak üçin gabat gelen detallary ellerine alyp, bulam-bujar edip, ýygnandyklaryny görüpdirler. Bu okuwçy yzygider ýygnamagy esasy zat hasaplamaýar, ol diňe detallary nähili bolsa-da birikdirmegi zerur diýip hasap edýär. Şu ýaşdaky okuwçy predmetiň detallaryny (böleklerini) sanamagy başarýar. Mysal üçin, 1-nji synpyň okuwçysy kebelegi şeýle häsiýetlendirýär: “Bu kebelejigiň ganatynda togalajyk nokatlary bar...

Murty bar... Gözi bar... Guýrugy bar... Ganatjyklarynyň ujy goňur burçly... Döşjagazynyň ýanynda, ganatlarynda garaja tegmiller... Murtjagazynyň uçlarynda kiçijek nokatjyklar bar".

Meňzeş obýektleri tapawutlandyrmaga degişli başarnyklarynyň ýoklugy sebäpli, 1-nji synpyň okuwçylary käbir harplaryň ýa-da sanlaryň şekillerini garyşdyrýarlar, meselem, olar "6" bilen "9" sanlarynyň şekillendirilişini garyşdyrýarlar. Olar çalt okanlarynda, käbir sözleri nädogry okaýarlar.

Görkezme esbaplar ulanylanda, şol esbabyň okuwçylar tarapyndan yzygider syn edilmegini, onuň öwretjek bolýan esasy hem-de ikinji derejeli taraplarynyň ýüze çykarylmagyny gazanmaly. Okuwçy okuw materialyny nädogry kabul edende, mugallym kabul edijilige nämeleriň päsgel berýändigini anyklamalydyr.

Howanyň ýagdaýyna gözegçilik etmek, ösümlikleriň ösüşine, haýwanlaryň özlerini alyp baryşlaryna syn etmek ýaly işler okuwçylaryň synçylygyny artdyrmaga uly ýardam edýär.

Ekskursiýalary, gezelençleri guramak, muzeýlere we sergilere barmak arkaly okuwçylaryň wakalary we hadysalary tapawutlandyryp bilmek ukyplaryny ösdürip bolýandygyny göz öňünde tutup, mugallym okuwçylarda şol obýektleriň, hadysalaryň umumy we aýry-aýry häsiýetlerini ýüze çykaryp, olary deňeşdirip bilmeklerini we ş.m. gazanyp biler.

Mekdebiň ussahanasynda ýerine ýetirilýän zähmet işlerinde hem okuwçylaryň kabul edijiligini we synçylygyny ösdürip bolýar.

Her gün tomaşa edilýän telegepleşikleriň peýdaly taraplary bilen bir hatarda okuwçynyň kabul edijiligine ters täsir edýän wagtlarynyň hem bolýandygyna barlaglar şaýatlyk edýär. Her gün yzyly-yzyna telegepleşikleri görmek bilen, okuwçy daş-töwerekdäki hadysalara ýüzleý garap başlaýar, kabul edijilik prosesi gowşaýan ýaly bolýar. Ýygy-ýygydan kinolara tomaşa etmekligiň hem kabul edijilige tersin täsir edýändigini bellemek gerek.

Kabul edijiligi ösdürmekdäki wajyp meseleleriň biri hem okuwçylarda tebigatda we jemgyýetde bolup geçýän hadysalara bilesigelijiligi oýarmakdyr. Okuwçy bolup geçýän hadysalara diňe bir ýüzleý garaýan tomaşaçy hökmünde seretmeli däl-de, eýsem ýiti synçy bolmalydyr.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Kabul etmek diýip nämä aýdylýar we onuň duýmadan näme tapawudy bar?
2. Kabul edişiň fiziologik esasyny nähili düşündirmek bolar?
3. Predmetiň kabul edilmeginde haýsy duýgy organy, agzalary esasy rol oýnaýar?
4. Predmetiň ýalňyş, nädogry kabul edilmegi nähili düşündirilýär?
6. Okuwçylaryň kabul etmelerini ösdürmek üçin nähili işler geçirmek bolar?

**Amaly ýumuşlar**

1. Başlangyç synpyň terbiýeçilik sagadynda “Agaçlaryň bize berýän peýdasy” diýen mowzuk geçilende birnäçe agajyň ýapragyny okuwçylara görkezmeli. Okuwçylaryň agaç ýapraklaryny kabul etmeklerinde kabul etmäniň nähili aýratynlygynyň bolup geçýändigini anyklamaly.
2. Biz kino seredenimizde, ekranyň yüzündäki artistleriň sesi biz üçin edil öz agzyndan çykýan ýaly bolup görünse-de, hakykatda bolsa, ses güýçlendiriji enjamdan çykýar. Şu ýagdaýda kabul etmäniň nähili aýratynlygy bolup geçýär.
3. Kabul etmäniň illýuziýa aýratynlygyna degişli birnäçe mysallar getirip düşündiriň.
4. Biz öz ene dilimiziň sözlerini aňsatlyk bilen öwrenip, gaýtalap aýdyp bilýäris. Emma özümize kyn bolan diliň sözlerini gaytalamak biziň üçin kyn düşýär. Bu ýerde sözüň kabul edilişi haýsy aýratynlyga bagly?

## § 9. Ýat, huş

Adamyň daşky dünýäden duýup, kabul edip alan köpsanly informasiýalary, maglumatlary ýitip ýok bolup gitmeýärler, ol belli bir wagt aralygynda beýnide saklanyp galýar. Ýat, huş adamyň bütin ýaşaýyş durmuşynyň esasy hasaplanýar. Eger-de adamyň beýnisinde daşky dünýäden täsir edilýän gyjyndyryjylaryň yzy saklanyp galmaýan bolsa, onda adam özüne täsir edýän her bir predmeti ilkinji gezek duýan ýa-da kabul eden ýaly görerdi. Göz öňüne getirmek bilen adam öz aňynda täze obrazlary döredýär. Ýat, huş duýma, kabul etmek bilen berk baglanyşyklydyr. Sebäbi adamyň ýadynda saklanyp galmaly maglumatlar görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş, deri arkaly duýlup kabul edilýär. Adam predmeti we onuň häsiýetlerini ilki duýup kabul edenden soň ýatda galdyrýar.

Ýat – bu adamyň duýan, kabul eden, başdan geçiren hadysalarynyň ýatda galmagy, saklanmagy we birnäçe wagtdan soň bolsa, huşa getirmek arkaly gaýtadan dikeldilmegidir.

Ýat, huş biziň alan bilimlerimizi, başarnyklarymyzy, ukyplarymyzy ösdürýär, ýokarlandyrýar. Adamyň ýady näçe ösen bolsa, ol şonça-da köp zada akyl ýetirýär. “Adamyň ýady bolmasa, ol edil kiçijik çaga ýalydyr“ diýip, I.M.Seçenow belläp geçipdir. Bu, hakykatdan hem, şeýledir. Käbir garry adamlaryň ýady kütelende, ýönekeýje işi amala aşyryp, dogry sözläp hem bilmeýär. Adam öz durmuşynda zerur we ähmiýeti bolan zatlary has gowy ýatda galdyryp we huşa getirip bilýär. Emma, tersine, az ahmiýetli bolan gyzyksyz zatlar kyn ýatda galyp, çalt hem ýatdan çykýar. Predmetiň we hadysanyň gowy ýatda galmagy şahsyýetiň erk hillerine hem baglydyr. Erksiz ýa-da erki gowşak, ýalta adamlar zerur maglumatlary hem örän ýüzleý ýa-da ýaramaz ýatda galdyrýarlar. Adamyň ýadynda saklanyp galýan predmetleriň arasynda baglanyşyk emele gelýändir. Şol baglanyşyga psihologiýada **assosiasiýa** diýilýär.

**Assosiasiýa** – bu biziň beýnimizde şöhlelenýän predmetleriň, wakalaryň, hadysalaryň baglanyşykly ýatda galmagy we huşa getirilmegidir.




**17-nji surat.**
**Dürli predmetleriň baglanyşykly ýatda galmagy (assosiasiýa)**

Assosiýasiýa predmetiň we hadysanyň adam aňynda ýeňil, aňsat saklanyp galmagyna mümkinçilik berýär. Adam bir predmeti ýadyna

düşürende, şol predmet bilen baglanyşykly bolan onuň başga bir häsiýeti hem ýada düşürilýär. Men özüme tanyş adamlaryň adyny eşidenimde, mende derrew onuň daşky keşbi, häsiýetleri ýadyma düşýär. Sebäbi öň baglanyşyk esasynda ýatda galyp, şol baglanyşyk esasynda hem huşa getirildi. Assosiasiýany ýönekeý hem-de çylşyrymly diýen görnüşlere bölmek mümkindir. Ýönekeý görnüşdäki assosiasiýlar baryp Aristoteliň döwründe hem öwrenilipdir. Olara ýanaşyk, meňzeşlik hem-de kontrastlyk assosiasiýalary degişlidir.

Ýanaşyk assosiasiýa – bu predmetleriň giňişlikdäki ýa-da wagtlaýyn yzygiderli ýanaşyklyk baglanyşygy esasynda ýatda galmagy we huşa getirilmegidir. Okuwçy sanlary, harplary köpeltmek hasylynyň tablisasyny we ş.m öwrenende, olar ýanaşyklyk baglanyşygy esasynda ýatda galyp, şol baglanyşyk esasynda hem huşa getirilýär.

Meňzeşlik assosiasiýasy – bu predmetleriň we hadysalaryň nähilidir bir tarapynyň meňzeşlik esasynda ýatda galmagy we huşa getirilmegidir. Daşky dünýädäki käbir predmetleriň adamlaryň arasynda azda-kände meňzeşlik saklanýandyr. Şeýle meňzeşlikler adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň arasynda bolup bilýär. Men köpçüligiň içinde öz tanşyma örän meňzeş bolan adamy görýärin. Şol wagt nätanyş adamyň öz tanşyma şeýle meňzeşdigi hakyky tanşymyň ýada düşmegine getirdi.

Kontrastlyk assosiasiýasy – bu predmetleriň, hadysalarynyň arasynda garşylykly ýagdaýlaryň baglanyşygynyň bolmagy esasynda ýatda galmagy we huşa gelmegidir.

Okuwçy sapakda gowşak baha alan wagty şol predmetden geçen sapakda alan gowy bahasy barada mugallymyň aýdan öwgüli sözlerini ýada düşürýär. Howanyň örän yssy günleri adam salkyn howany küýsäp, geçen salkyn günleri ýadyna salýar. Daşky dünýädäki predmetler, hadysalar ýanaşyklyk, meňzeşlik, kontrastlyk baglanyşygy esasynda ýatda galman, eýsem has çylşyrymly baglanyşygyň bolmagy bilen hem ýatda galyp, huşa getirilýär. Biziň düşünjelerimiziň, bilimlerimiziň esasyny çylşyrymly baglanyşyk düzýändir. Adamyň ýönekeýden çylşyrymly düşünjeleri öwrenmegi hem çylşyrymly baglanyşygy talap edýändir. Okuwçy köpeltmek hasylynyň tablisasyny bilmese, köpeldip, bölüp we çylşyrymly meseleleri çözüp bilmeýär.

Maglumatlaryň mazmunyny ýatda galdyryp we birnäçe wagtdan soň huşa getirip bilmek biziň beýnimiziň täsin hasiýetleriniň biridir. Daşky dünýäden täsir edýän predmetler biziň beýnimizde oýanmany döredip, yz galdyrýar. Adama täsir edýän gyjyndyryjylaryň yzy nerw öýjüklerinde saklanyp galandan soň birnäçe wagtyň geçmegi bilen hem nerw oýanmasynyň täsiri netijesinde gaýtadan dikeldilýär. Adamyň ýadynyň fiziologik gurluşy ylmy esasda doly subut edilip düşündirilýär. Emma bu barada düşündiriş bermek neýron teoriýasy bilen amala aşyrylýar. Ýat – bu adamyň çylşyrymly psihiki işidir. Ýatda birnäçe ýagdaýlar bolup geçýär we olara ýat, huş, ýatda saklamak, ýatda galdyrmak, ýatdan çykarmak, ýada düşürmek degişlidir.

**Ýatda saklamak** – bu adamyň daşky dünýäden kabul eden informasiýasynyň gysga we uzak wagtyň dowamynda ýatda saklanyp galmagy we islendik halatda huşa getirilip bilinmegidir. Ýatda saklamak ýadyň esasy proseslериниň biridir. Adam islendik materialyň mazmunyny ygtyýarsyz we ygtyýarly ýagdaýlarda ýatda galdyryp bilýär.

**Ygtyýarsyz ýat** – bu adamyň gündelik durmuşynda gaýtalanýan obrazlaryň ýatda galmagy we huşa getirilmegidir. Çaga öz görýan predmetleriniň atlaryny, ene dilindäki geplenýän sözleri ygtyýarsyz ýagdaýda ýadynda saklaýar. **Ygtyýarly ýat** – bu predmetiň, materialyň mazmunynyň ýatda galmaklygynyň zerurlygy esasynda ýatda saklanylmagydyr. Okuwçynyň okuw işinde bilimleriň mazmuny ygtyýarly ýagdaýda ýatda galýar. Okuwçynyň jogabyny jan edip, ýat tutmagy ygtyýarly ýatdyr.

**Ýatdan çykarmak** – bu adamyň predmetiň, hadysanyň, materialyň mazmunyny wagtlaýynça ýatda galdyryp, soňra kem-kemden ony ýatdan çykarmagydyr. Ýatdan çykarmak adam üçin tebigy proses hasaplanýar. Sebäbi adam daşky dünýäden alan ähli informasiýalarynyň mazmunyny tutuşlygyna, yzygiderlikde ýatda galdyryp bilmeýär. Olaryň zerur bolanlary ýatda galýan bolsa, zerur bolmadyklary çalt ýatdan çykyp gidýär. Ýatdan çykarmak adamyň beýnisinde zerur bolmadyk informasiýalaryň, maglumatlaryň saklanyp galmazlygy üçin peýdalydyr. Emma durmuşda käbir adamlar zerur bolan zatlary hem ýatdan çykarýarlar. Munuň üçin gaýtalamak ýatdan çykarmazlygyň esasy çözgüdi hasaplanylýar. Materialyň mazmunyny gaýtalamak iki hili ýagdaýda ýerine ýetirilýär.

**Pauza berip, säginip gaýtalamak** – bu şahsyýetiň öwrenýän zadynyň manysyna düşünip, ol hakda pikir öwrüp gaýtalamagydyr. Bu ýagdaýda gaýtalamak netijelidir. Sebäbi materialyň mazmuny many boýunça ýatda saklanyp galýar.

**Pauza bermän, säginmän, yzygiderli gaýtalamak** – bu şahsyýetiň gaýtalaýan materialynyň manysyna doly düşünmän, ol hakda hiç hili pikir öwürmän gaýtalamagydyr. Bu ýagdaýda gaýtalamak netijesizdir. Sebäbi adam materialyň mazmunyny mehaniki ýagdaýda ýatda saklaýar. Bu hili ýat tutmak materialyň mazmunyny çalt ýatdan çykarýar.

**Ýada düşürmek** – bu ýatdan çykan materialyň mazmunyny işde we adamlar bilen aragatnaşyk saklamakda ýadyňa düşürmekdir. Adamyň ýadyna düşürmeginiň birnäçe derejeleri bardyr. Olara tanamak, hususy ýada düşürmek degişlidir. **Tanamak** – bu adamyň predmeti kabul edişiniň kömegi bilen ýadyna düşürmegidir. Kähalatlarda okuwçy ýat tutan goşgusyny aýdyp bilmän säginip durýar. Emma, hakykatdanda, okuwçy gowy ýat tutupdyr. Şol wagt okuwçy goşgynyň setirlerine gözüni aýlanda, onuň dowamy ýadyna düşýär. Bu ýada düşürmegiň birinji derejesidir.

**Hususy ýada düşürmek** – munuň özi adamyň ýeňil ýagdaýda, erk-isleg tagallasynyň bolmazlygy bilen ýadyna düşürmegidir. Käýagdaýlarda materialyň mazmuny öz-özünden ýadyňa düşýän ýaly duýulýar. Adam onçakly uly bolmadyk möçberdäki materialy ýadyna düşürýär. Mugallym temanyň mazmunyny konspektine seretmän yzygiderli saklamak üçin meýilnama seredip durýar. Bu bolsa ýada düşürmegiň ikinji derejesidir. Adamyň ýadynyň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyryp görkezmek bolar. Ýadyň görnüşleri çylşyrymly we köptaraplydyr we onuň kassifikasiýasyna şu aşakdakylar degişlidir: predmetleri we hadysalary, pikirleri, hereketleri, duýgulary ýatda galdyrmak. Ýadyň şu häsiýetindäki görnüşlerine obrazly, söz-logiki, hereket, joşgun ýady degişlidir.

Erkli hereketi bilen baglanyşykly häsiýetdäki ýadyň görnüşlerine ygtyýarsyz we ygtyýarly tarapy degişlidir.

Dowamlylygy we saklanyp bilijilik häsiýetdäki ýadyň görnüşlerine gysga wagtlaýyn, uzak wagtlyk, operatiw ýat ýaly görnüşler degişlidir.

**Obrazly ýat** – bu adamyň öňki duýup, kabul edip alan predmetleriniň esasynda göz öňüne getirmä esaslanyp döreýän ýadyň bir görnüşidir. Adamyň görşi, eşidişi, ys alşy, tagam bilşi arkaly alynýan informasiýalary, maglumatlary, predmetleriň dürli häsiýetleri obraz görnüşinde ýatda galyp, soňra bolsa huşa getirilýärler. Sungat bilen meşgul bolýan adamlaryň obrazly ýady ösendir. Hudožnik ýaz paslyndaky meýdanyň keşbini görmese-de, ony derrew ýadyna düşürip, suratyny çekýär.

**Söz-logiki ýat** – bu adamyň düşünjeleri, logiki shemalary, matematiki amallary söz görnüşinde ýatda galdyryp we huşa getirip bilmegidir. Adamda söz-logiki ýat ösen bolanda, ol dürli formulalary, kanunlary, çylşyrymly sözleri, pikirleri, ideýalary gowy ýatda galdyryp we huşa getirip bilýär. Okuwçynyň okuw işinde söz-logiki ýadyň ähmiýeti uludyr. Okuwçy mugallymyň gürrüň berýän temasynyň mazmunyny söz-logiki ýadyň esasynda ýatda galdyryp we huşa getirip bilýär. Adamlaryň biri-biri bilen sözleşik aragatnaşygyny saklap bilmegi, ýatda galan düşünjesini aýdyp, gürrüň berip bilmegi söz-logiki ýadyň netijesidir.

**Hereket ýady** – bu adamyň dürli predmetleriň, hadysalaryň we adamlaryň hereketleriniň sistemasyny ýatda galdyryp, soňra bolsa huşa getirip bilmegidir. Adamyň zähmet operasiýalarynyň ählisi hereket etmek bilen ýerine ýetirilýär. Zähmet işi ýerine ýetirilende, hereketler endik etmek bilen gaýtalanýar. Sebäbi adam ilki hereketi ýatda galdyrýar, huşa getirmek bilen hem şol hereketi gaýtalap ýerine ýetirýär. Okuwçy bedenterbiýe sapagynda mugallymyň öwreden maşklaryny öýde ýada düşürmek bilen gaýtalap ýerine ýetirýär. Hereket ýady adamyň ýaşaýşynda ilkinji kemala gelýän ýadyň görnüşidir. Çaganyň ilkinji aýlyklarynda eýýäm hereket ýady ýüze çykyp, ösüp başlaýar.

**Joşgun, emosiýa ýady** – bu adamyň durmuşda başdan geçirýän duýgularynyň ýatda galmagy we huşa getirilip bilinmegidir. Adamyň durmuşynda bolup geçýän gynançly, begençli, gülküli wakalar ýatda galýarlar. Olaryň ýatda galmagynyň esasy sebäbi hem onuň emosionallygydyr. Joşgun ýady şahsyýeti terbiýelemekde we formirlemekde uly ähmiýete eýedir. Emosional ýat adamyň ruhy ösüşiniň esasy şertidir.

Ygtyýarly we ygtyýarsyz ýatda saklamaklyk görnüşi ýatda saklamak prosesinde düşündirilip geçilýär. Ýadyň bu görnüşleri adamyň erkli hereketleri bilen baglanyşykly bolup geçýärler.

**Gysga wagtlaýyn ýat** – bu adamyň materialyň mazmunyny örän az wagtlyk ýatda galdyryp, soňra bolsa hiç hili huşa getirip bilmezligidir. Gysga wagtlaýyn ýat dürli işlerde işleýän adamlarda bolup geçýär. Sözlemleri çap edýän operator ýazýan sözleriniň diňe käbirini ýatda galdyraýmasa, onuň köp bölegini örän gysga wagtyň içinde ýatdan çykarýar. Şeýle ýagdaýy terjimeçide hem görmek bolýar.

Gysga wagtlaýyn ýada degişli tejribe geçirmek bolýar. Okuwçylara 20 sany sözi okap berip, yzygiderli ýat tutmagy tabşyrýaryn. Aýdylan sözleri okuwçylardan yzygiderlilikde aýtmak talap edilende, doly ýada düşürip bilmeýärler.

**Uzak wagtlyk ýat** – bu adamyň materialyň mazmunyny örän uzak wagtlap, hatda ömrüniň ahyryna çenli ýatda galdyrmagy we islendik halatda bolsa ony huşa getirip bilmegidir. Uzak wagtlyk ýat adama elmydama gerekdir. Sebäbi adam öz daş-töweregini gurşap alan predmetleri, olaryň dürli häsiýetlerini, atlaryny we aýratynlyklaryny uzak wagtlap ýatda galdyrmalydyr. Adam öz adyny, öz maşgala agzalaryndaky adamlaryň atlaryny, ýaşaýan ýerine gündelik ulanýan esbaplaryny uzak wagtlap ýatda galdyrýar we hiç wagt ýatdan çykarmaýar.

**Operatiw ýat** – adamyň bir işi, hereket operasiýasyny ýerine ýetirmeli wagtynda haýsy hem bolsa bir maglumatyň wagtlaýyn ýada düşürilmegidir. Okuwçy matematiki meseleleri çözende, onuň dogry çözgüdini tapmak üçin çözgüdiň yzygiderliligini saklamak bilen baglanyşykly operasiýany wagtlaýynça ýatda saklamaly bolýar. Şol ulanylan operasiýa bolsa mesele çözülenden soň derrew ýatdan çykyp gidýär. Materialyň mazmunynyň gowy ýatda galmagyny guramak üçin ýadyň şeýle aýratynlyklaryny görkezmek bolar.

Çalt ýatda saklamak we çalt ýatdan çykarmak. Bu ýagdaýda materialyň öz wagtynda gaýtalanmagyny guramak zerurdyr.

Haýal ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak. Bu ýerde azazdan gysgajyk bölekler boýunça yzygiderli ýat tutmaklyga üns bermeli.

Çalt ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak. Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň iň amatly sazlanmagydyr.

Haýal ýatda saklamak we çalt ýatdan çykarmak. Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň iň amatsyz utgaşmasydyr.

Adamyň öz ýadyny ösdürmek üçin yzygiderli türgenleşmegi zerurdyr.

## Okuwçylaryň ýadyny ösdürmek

Takmynan, dört aýlyk çagada obrazlaýyn (keşpleýin) ýadyň ilkinji formasy ýüze çykyp başlaýar. Bu döwürde çaga özüne tanyş bolan adamlary we predmetleri tanaýar. 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli çaganyň ygtyýarsyz ýady ösüp başlaýar. 3-4 ýaşdan çagada ýadyň ygtyýarly görnüşi ösýär. Predmetleri, düzgünleri, sözleri, hereketleri ýatda saklamagy talap edýän oýunlara işjeň gatnaşmak, öz-özüňe hyzmat ediş zähmet işleri hem-de ulularyň görkezmelerini we tabşyryklaryny ýerine ýetirmek arkaly çaganyň ygtyýarly ýadyny ösdürip bolýar.

Mekdebe çenli döwürde çagada mehaniki ýat ösen bolýar diýlen garaýyş nädogrudyr, sebäbi bu döwürde çaga her bir ýatda saklajak zadyna akyl ýetirmäge çalyşýar, haýsydyr bir zady ýatda saklamazdan ozal, özlerinden nämäniň talap edilýändigine düşünmeklige çalyşýarlar.

Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň ýady başgaça ösüp başlaýar we okuwçynyň ýadynda düýpgöter özgerişler emele gelýär. Okuwçynyň ýady guramaçylykly, sazlanylan hem-de dolandyrylýan psihiki işe öwrülip başlaýar. Ýat ygtyýarly häsiýete eýe bolmaklygy bilen tapawutlanýar, kem-kemden söz-logiki ýat kämilleşip ösýär. Muňa garamazdan, kiçi ýaşly mekdep döwründe görüş ýatkeşligi has ähmiýetlidiginde galmagyny dowam etdirýär.

Mekdep okuwçysy bilimleri özleşdirmek arkaly ygtyýarly hem-de akyl ýetirip ýatda saklamak ukyplaryna eýe bolýan hem bolsa, okuwyň başlangyç döwründe bu ukyplar gowşaklygy bilen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin mugallym başlangyç synplarda okuwçylaryň bilimleri ygtyýarly we akyl ýetirip özleşdirmeklerine uly üns berme-

lidir, okuwçynyň täze öwrenýän okuw materialy öňki alan bilimleri bilen berk baglanyşdyrylmalydyr.

Okuwçylaryň öwrenilenleri uzak wagtlap ýatda saklamaklaryny gazanmak üçin diňe täze temany däl, eýsem öňki özleşdirilen bilimleri hem yzygider barlap durmaly.

Okuwçylaryň ýatkeşligini ösdürmekde ýatda galarlykly, emosional, işjeň sapaklaryň ähmiýeti uludyr. Okuw materialy öwrenilende bilimleri berk özleşdirmeklige, berkitmäge ýardam edýän analizatorlaryň gatnaşmagy möhümdir (görüş, eşidiş we hereket), munuň şeýle edilmegi her synpda dürli ýatkeşlikli (görüp ýatda saklaýan, eşidip ýatda saklaýan, hereketler esasynda ýatda saklaýan) okuwçylaryň barlygy bilen düşündirilýär.

Sapaklaryň dowamynda mugallym okuwçylara ýokarda agzalan ýatkeşligi ösdüriji maslahatlary yzygiderli berip durmagy unutmaly däldir.

Okuwçylaryň indiwidual (özboluşly) aýratynlyklaryny hasaba almaklyk ýatkeşligi ösdüriji esasy işleriň biridir. Şeýle işler okuwçynyň ýadynyň güýçli hem-de gowşak taraplaryny ýüze çykarmaga we işiň netijeli bolmagyna uly ýardam edýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Ýat prosesiniň adamyň ýaşaýşynda we işinde nähili ähmiýeti bar?
2. Ýadyň fiziologik esasy nähili düşündirilýär?
3. Ýat nähili proseslere bölünip düşündirilýär?
4. Ýadyň nähili görnüşleri bar?
5. Ýat prosesinde predmetleriň baglanyşykly ýatda galmagy nähili düşündirilýär?

**Psihologik sözlük**

***Assosiasiýa*** – birleşdirmek, biri göz öňüne getirilende beýleki hakynda pikir döredýän iki ýa-da ondan köp aýlanylýan hadysalaryň baglanyşygynyň aňda şöhlelenmegi.

***Manyly ýat*** – düşünjeleriň manyly baglanyşygyny döretmäge we beýnä ornaşdyrmaga esaslanýan ýadyň görnüşi.

**Amaly ýumuşlar**

1. Assosiasiýanyň hersine degişli adamyň durmuşyndan 2-3 sany mysal getirmeli we düşündirmeli.
2. Materialyň mazmunyny kyn ýatda galdyrýan bir okuwçy bilen işlemeli. Geçirilýän işleriň netijesini bellemeli.

3. Şu mysalda synag edilýän okuwçynyň haýsysy berlen senäni uzak wagtlyk ýatda galdyryp bilýär?

Mugallym synag üçin 2 sany okuwça soňy 27; 45; 80 bilen gutarýan seneleri ýat tutmaklygy tabşyrýar. Okuwçylaryň biri seneleri içinden birnäçe gezek gaýtalaýar. Okuwçylaryň beýlekisi senäniň hersini bir zat bilen: 27-ni Garaşsyzlyk güni, 45-nji ýyl Watançylyk urşunyň tamamlanan ýyly, 80-i atasynyň ýaşy bilen baglanyşdyryp ýat tutýar.

4. Berlen düşünjeleriň içinden ýat prosesine degişlisini saýlap al we düşündir.

Tanamak, arzuw etmek, ýatdan çykarmak, maksat edinmek, döredijilikli çemeleşmek, obrazy gaýtadan dikeltmek, gaýtalamak, illýuziýa, tejribe, geçmiş hakyndaky hekaýaty, söz portretini, materialyň mazmunyny ygtyýarly ýatda saklamak.

5. Adamlaryň ýadynyň indiwidual aýratynlyklary nämede ýüze çykýar?

“Ýadyň indiwidual aýratynlyklarynda adamyň dogabitdi we iş prosesinde gazanylan häsiýetleri ýüze çykýar. Ýadyň özboluşly häsiýetleri adamlaryň şol bir mysaly (meselem, telefon nomerlerini, nätanyş familiýalary ýatda saklamak we ş.m.) dürli-dürli çözmeklerinde hem döreýär.

6. Psihologik edebiýatyň we öz şahsy syn etmekligiň maglumatlaryna esaslanyp mekdep tejribesinde duş gelýän şu aşakdaky faktlary düşündiriň.

a) Matematikadan synag wagtynda okuwçy K. uzak wagtlap zerur formulany ýada salyp bilmedi. Mugallym formulanyň käbir talaplaryny çalaja ýaňzydan badyna okuwçy ony doly hakydasyna getirýär.

b) Synaga gysga möhletde taýýarlyk görlende, ekzameniň edil öňüsyrasy has çalt ýatdan çykmaklyk ýüze çykýar.

ç) Goşgyny oňat bilýän okuwçy tagtanyň öňünde ony okanda tolgunyp, käbir setirleri ýatdan çykarýar.

d) Edebiýatdan erbet ýetişýän, nusgawy romanlaryň gahrymanlaryny biri-biri bilen garyşdyrýan okuwçy hiç bir kynçylyksyz köpsanly daşary ýurt komandalarynyň oýunçylarynyň familiýalaryny ýatdan aýtmagy başarýar.

e) Mekdep mugallymlary wagtyň geçmegi bilen okuwçylarda mazmunly ýat tutulan materialyň gaýtadan dikeldilişiniň gowulaşýandygyna göz ýetirýärler. Ýöne biri-biri bilen baglanyşdyrylmadyk ýagdaýynda, ýat tutulan materialyň gaýtadan dikeldilişi wagtyň geçmegi bilen köplenç, üýtgemän galýar ýa-da erbetleşýär.

7. Ýadyň we aňyň özara baglanyşygyny açyp görkeziň. Şahsyýetiň ösüşi nähili derejede adamyň ýadynyň häsiýetlerine bagly bolýar?

Ýat we akyl özara baglanyşyklydyr. Adam akyl taýdan näçe kämil bolsa, onuň ýady şonça-da ösendir. Meselem, adamda uly söz baýlygynyň

bolmagy onda ýadyň hem-de akylyň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Tejribesi çäkli bolan adamlaryň mehaniki ýat tutmaga ýykgyn edýänligi mälimdir. Islendik ylmy iş ýadyň kämilleşmegine ýardam edýär. Ylmy iş prosesinde ýat täze kategoriýalar, düşünjeler bilen baýlaşyp, olaryň esasynda adam ýada ornaşdyrýan hadysalaryny synpsifikasiýalaşdyrmaga mümkinçilik tapýar.

8. Aşakda getirilen eksperimentlerde ýada ornaşdyrmanyň haýsy görnüşi ýüze çykýar? Olaryň haýsy birinde synag edilýän adamyň ýada ornaşdyrmaklygy has netijeli bolýar. Sebäbini düşündiriň.

a) Synag edilýän adamlaryň toparyna 5 arifmetiki ýumşy çözmek tabşyrylýar. Başga bir eksperimentde 5 sany arifmetik ýumşy okuwçylaryň özlerine düzmeklik tabşyrylýar. Biraz wagt geçenden soňra, eksperimente gatnaşyjylaryň hemmesinden 10 sany ýumşuň şertlerinden ýatda galan sanlary aýtmak talap edilýär.

b) Synag edilýänleriň bir topary hereketleri adaty usul boýunça öwrenýär (seredýär we hereketi amala aşyrýar). Ikinji topar bolsa hereketi amala aşyrmazdan öňürti oňa gurluşy boýunça meňzeş hereketi oýlap, hakyda getirmeli bolýar.

ç) Synag edilýän topara 6 sözlem berlip, olaryň 5-sinde grammatiki ýalňyş bolýar. Sözlemleri okap, ýalňyşlary düzetmek tabşyrylýar. Ikinji topara 6 sözlem berlip, olarda many taýdan ýalňyşlyk goýberilýär. Synag edilýänler her sözlemi okandan soň, onuň ýalňyşyny görkezmeli bolupdyrlar. Synag gutarandan soň iki toparyň agzalaryna hem sözlemleri ýatdan aýtmaklyk teklip edilýär.

9. Aşakdaky mysallarda ýadyň özboluşly häsiýetleri we olaryň ýüze çykyşy görkezilýär. Bu häsiýetleriň hut adama we maşynlara degişlisini görkeziň:

a) informasiýany kabul ediş, saklaýyş we özleşdiriş prosesi seçip almak esasynda amala aşyrylýar;

b) informasiýany kabul ediş, saklaýyş we özleşdiriş prosesi elektron gurluşyň prosesiniň üsti arkaly amala aşyrylýar;

ç) material tutuşlaýyn ýada ornaşdyrylyp bilinýär;

d) informasiýany kabul ediş, saklaýyş we özleşdiriş prosesi belok birleşmelerindäki elektro-himiki üýtgeşmeleriň esasynda amala aşyrylýar;

e) material hiç wagt tutuşlaýyn ýada ornaşdyrylmaýar;

ä) standart bolmadyk informasiýany ýada ornaşdyrýar;

f) diňe standartlaşdyrylan informasiýany ýada ornaşdyrýar.

## § 10. Pikirlenme we sözleýiş

**Pikirlenme** – diňe adama häsiýetli bolan çylşyrymly akyl ýetirişiň psihiki prosesidir, hadysa hökmünde ýüze çykýan daşky dünýäniň beýnide şöhlelenmeginiň iň ýokary derejedäki formasydyr. Pikirlen-

me adamyň sözleýiş dili bilen berk baglanyşykly prosesidir. Adam daşky dünýädäki predmetleriň, hadysalaryň ählisini kabul etmese-de, şol hadysalar, predmetler barada belli bir düşünjeleri bardyr. Adam ýokary nerw işiniň kanunlaryna düşünýär, rentgen şöhlesiniň ultrasesleriniň barlygyna akyl ýetirýär. Adam diňe bir predmeti we hadysany beýnide şöhlelendirmän, eýsem şol predmetleriň we hadysalaryň arasyndaky kanunalaýyk baglanyşyklaryny hem şöhlelendirýär. Adam predmetiň agramynyň arasyndaky tapawutlygy, howanyň derejesiniň tapawudyny, giňligiň, beýikligiň, ululygyň, kiçiligiň arasyndaky tapawutlyklary bilýär. Şu tapawutlyklary adam analizatoryň üsti bilen bilýär. Emma adam üçin daşky dünýäde diňe analizatorlar arkaly maglumat almak ýeterlik däldir. Eger-de adam daşky dünýäniň hadysalaryny diňe analizatorlaryň kömegi bilen bilmeli bolsa, onda adam daşky dünýä barada örän ujypsyzja zat bilerdi. Şonuň üçin daşky dünýä düýpli, çuň akyl ýetirmekde esasy proses adam pikiri hasaplanylýar. Biz jaýyň diwarlarynyň reňkiniň akdygyny, giňdigini, äpişgeleriniň uludygyny oňa seredip bilýäris. Munuň şeýledigini bize subut etmek hökman däldir. Emma biz jaýyň içiniň tutýan meýdanynyň ölçegini onuň äpişgeleriniň ölçegine seredip, anyklap bilmeýäris. Şu ýerde hem adam predmetiň we hadysanyň häsiýetini duýma derejesinde däl-de, beýnide şöhlelendirýär. Biz daşarda howanyň temperatura derejesini ten duýmamyz arkaly hem-de aralaşdyrylan häsiýetde termometre seredip bilip bilýäris. Biz araçy hökmünde bir zadyň üsti bilen, ölçeg termometriniň kömegi bilen howanyň takyk derejesini bilýäris. Sebäbi adam pikirlenip, howanyň temperaturasynyň simap sütünine bolan gatnaşygyna akyl ýetirýär. Şeýlelikde, pikirlenme – bu adamyň daşky dünýäni aralaşdyrylan häsiýetde bilmek prosesidir. Adam daşky dünýä predmetleriň we hadysalaryň kanunalaýykly baglanyşyklary esasynda hem akyl ýetirýär. Adam predmetleri deňeşdirýär, seljerýär we netije çykarmak bilen anyk maglumat almaga çalyşýar. Netijede bolsa, pikirlenmek operasiýasyny amala aşyrýar. Pikirlenmek – bu adamyň daşky dünýäni umumylaşdyrmak arkaly bilmek prosesidir. Biz agaç bölegini suwa oklasaň, akymyň ugruna gitjekdigine, daşy suwa oklasaň çümjekdigine, suwy oda goýsaň, gaýnajakdygyna, sowuk stakana gaýnag suwy guýsaň, çat açjakdy-

gyna öňünden akyl ýetirip bilýäris. Bu adamyň predmetleriň dürli ýagdaýlaryny umumylaşdyrmak arkaly bilmek prosesdir. Şeýlelikde, adamyň pikirlenmesine şeýle kesgitleme bermek bolar:

**Pikirlenme** – bu adamyň daşky dünýäni aralaşmak we umumylaşdyrmak arkaly bilmegidir.

Ertir ukudan oýanandan soň, adam penjiräniň öňüne barýar we jaýlaryň üstüniň öldügini görýär. "Diýmek, gije ýagyş ýagypdyr" diýip, ol pikir edýär.

Bu waka bize pikir ýöretmek prosesiniň belli bir mysalyny berýär. Adam ýagşy gös-göni özüne kabul edip almandyr. Ýagyş hakynda ol sowa ýol bilen, başga faktlaryň üsti bilen, ýagny araçynyň üsti bilen bilipdir. Pikirlenmegiň birinji alamaty onuň durmuş zatlaryny we hadysalaryny araçynyň üsti bilen bilmek prosesidiginden ybaratdyr.

Şunuň ýaly araçynyň üsti bilen bilmek mümkinçiligi nämä esaslanýar? Ozaly bilen, zatlar bilen hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklary we gatnaşyklary aňlamaklyga esaslanýar. Adam diňe ýagyş bilen jaýyň üstüniň çyglylygynyň arasyndaky sebäp baglanyşygynyň özüne mälimdigine görä, gije ýagşýň ýagandygy hakynda pikire gelip bilipdir.

Pikirlenmegiň ikinji möhüm alamaty onuň durmuşy umumylaşdyrylan halda bilmekliginden ybaratdyr.

Ýagşyň ýagandygyny bir gezek jaýyň üstüniň çyg bolmagyndan bilmek ýeterlik däldir. Mundan hiç bir netije çykarmak bolmaz. Başgaça aýdanymyzda, adamyň özüniň syn etmeginiň netijelerini umumylaşdyrmagy gerekdir. Iki faktyň arasyndaky baglanyşygy bilmek bilen oňmak bolmaz; bu baglanyşygyň umumy häsiýetiniň bardygyny, onuň zatlaryň umumy häsiýetleri bilen kesgitlenilýändigini aňlamak zerurdyr. Biziň getiren mysalymyzda ýagyş bilen jaýyň üstüniň çyglylygynyň arasyndaky sebäp baglanyşygy ýagşyň hususy aýratynlyklary bilen kesgitlenilmän, eýsem ýeterlik derejede güýçli her bir ýagşa bolan umumy häsiýetler bilen kesgitlenilýär.

Pikirlenmegiň her bir prosesinde biz zatlaryň umumy häsiýetleriniň, ýagny meňzeş zatlaryň ýa hadysalaryň bir toparyna degişli bolan häsiýetleriň suratlandyrylmagy bilen iş salyşýarys.

Pikirlenme bize özümiziň gös-göni syn etmedik zadymyzy bilmäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da ol bize hadysalaryň bar-

şyny we hut özümiziň pikirimiziň netijelerini öňden görmäge mümkinçilik berýär.

Biziň bilmegimiz duýmalardan we özümize kabul edip almalarymyzdan başlanýar. Emma biz mydama ýeke-täk faktlary özümize kabul edip alýarys, ýeke-täk faktlary bilmegiň özi bolsa, başga faktlaryň geçişini öňünden görmäge mümkinçilik berip bilmez. Ine, şu bir bölek gandyň, eger biz ony heniz eredip görmedik bolsak, gandyň başga böleklerini çaýyň içine atanymyzda, emele gelen netijeleri umumylaşdyrmadyk bolsak, gyzgyn çaýyň içinde näçe çalt erejekdigini biz nähili öňünden görüp bilerdik? Diňe özümiziň geçmişdäki eden synlarymyzyň netijelerini umumylaşdyrandygymyz sebäpli, gandyň käbir umumy häsiýetlerini bilýändigimiz sebäpli we gandyň ereýşiniň tizligi bilen suwugyň temperaturasynyň arasyndaky baglanyşygy bilýändigimiz sebäpli gandyň çaýyň içine atan mahalymyzda biz mundan näme gelip çykjakdygyny öňünden görýäris.

Şeýlelikde, pikirlenmek durmuşy umumylaşdyrylan halda we araçynyň üsti bilen bilmek prosesidir.



Pikirlenmek arkaly adam daşky dünýäniň çylşyrymly hadysalaryna düşünip hem akyl ýetirip bilýär. Pikirlenmek adamyň düşünjesiniň çägini giňeldýär. Pikirlenmek, adam pikiriniň gymmaty barada hem örän parasatly pikirler beýan edilýär.

Pikirlenmek sözleýiş bilen baglanyşykly amala aşyrylýar. Pikir sözsüz emele gelmeýär. Biz sözlemek arkaly pikir edip, pikirimizi beýän edip bilýäris.

Pikirlenme sözleýiş formasynda amala aşyrylýandyr. Dürli dilde gepläp bilýän özüniň haýsy dilde gepleýändigine akyl ýetirýär. Pikirlenme we sözleýiş baglanyşykly bolsalar-da, ikisine hem bir proses hökmünde seretmek bolmaz. Sebäbi olaryň hersiniň özboluşly proses hökmünde ýüze çykyş aýratynlyklary bardyr. Pikirlenmäniň fiziologik esasy adamyň beýnisiniň uly ýarym şarynyň gabygynyň çylşyrymly iş funksiýasy bilen düşündirilýär. Uly ýarym şaryň gabygynda örän köp dürli merkezler ýerleşip, adamyň pikirlenmesi mahalynda şol merkezleriň ählisi hem işjeň gatnaşýar. Uly ýarym şaryň çep tarapyndaky gabygynda sözleýşiň 3 sany merkezi: eşidiş, hereket ediş, görüş merkezleri ýerleşýär.

**Eşidiş merkezi** adamyň eşidýän sözlerine düşünmegini üpjün edýär.

Eger-de bu merkeze şikes ýetse, adam sözi eşitse-de, sözüň manysyna düşünmeýär. Hereket ediş merkezi sözleri aýtmagy, dilde beýan etmegi üpjün edýär. Beýniniň bu merkezine zyýan ýetende, adam sözleri eşitse-de, olara düşünse-de, dilde aýdyp, beýan edip bilmeýär. Ol diňe gygyrmaga, hiňlenmäge ukyply bolýar.

**Görüş merkezi** adamyň ýazylan sözleri okap bilmegini üpjün edýär. Uly ýarym şaryň bu merkezine zyýan ýetse, adamyň gözi görýän-de bolsa, ýazylan sözleri, kitaplary okap bilmeýär. Adamyň sözleýşi onuň durmuşynda möhüm hyzmaty amala aşyrýar.

**Sözleýiş** – bu adamlaryň biri-birleri bilen aragatnaşyk saklamaklary üçin dili peýdalanmak prosesidir. Adam jemgyýetde ýaşamak bilen hökman biri-birine düşünmek üçin sözleýşi ulanmalydyr. Adamlar biri-birleri bilen gürleşenlerinde haýsy hem bolsa bir diliň grammatik düzgüninden peýdalanýarlar. Şonuň ýaly-da dil ylmy, medeniýeti, sungaty nesilden-nesle geçirýän serişdeleriň biridir. Sözleýşiň esasy möhüm hyzmaty hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

– sözleýşiň adamlaryň arasynda aragatnaşyk saklamak üçin hyzmat etmegi;

– sözleýşiň pikirlenmäniň esasy serişdesi bolmak hyzmaty.

## Pikirlenmegiň operasiýalary

Adamyň pikirlenmek işi birnäçe operasiýalaryň bolmagy bilen amala aşyrylýar. Pikirlenmek operasiýalaryna deňeşdirmek, analiz we sintez, abstraktlaşdyrmak, umumylaşdyrmak we synpsifikasiýalaşdyrmak degişlidir.

**Deňeşdirmek** – bu aýry-aýry predmetleriň we hadysalaryň meňzeş we tapawutly taraplarynyň pikirde ýüze çykarylmagydyr. Görnükli rus pedagogy K.D.Uşinskiý: “Deňeşdirmek operasiýasy hadysa düşünmegiň esasydyr” diýip, belläp geçýär. Deňeşdirmek operasiýasy okuwçynyň okuw işinde uly rol oýnaýar. Okuwçy dürli predmetler boýunça öwrenýän düşünjelerini biri-biri bilen deňeşdirmek arkaly ýeňil özleşdirýär. Mysal üçin, okuwçy goşmak bilen aýyrmagy, köpeltmek bilen bölmegi, uly bilen kiçini, uzyn bilen gysgany, tokaýlyk bilen çöllügi, kislorod bilen wodorody deňeşdirmek arkaly has çüň özleşdirýär.

**Analiz** zady ýa-da hadysany pikirde böleklere bölmekdir, onuň aýry-aýry böleklerini, alamatlaryny, häsiýetlerini aýryp bellemekdir; **sintez** bolsa, aýry-aýry elementleri, bölekleri, alamatlary pikirde bitine birikdirmekdir. Analiz abstraksiýanyň esasy bolup durýar, analiziň esasy asyl manysy zatlaryň aýry-aýry häsiýetlerini aýryp bilmekden we beýleki galanlardan saýlap aýyrmakdan ybaratdyr. Sintez umumylaşdyrmagyň esasydyr, umumylaşdyrmagyň esasy bolsa, zatlaryň we hadysalaryň umumy häsiýetlerini pikirde birleşdirmekden ybaratdyr.

Pikirlenmek prosesiniň aýry-aýry etaplarynda ýa analiz ýa-da sintez birinji öňe çykýar. Emma pikiriň her bir azdan-köpden çylşyrymly prosesi analiziň-de, sinteziň-de gatnaşmagyny talap edýär.

Az tanyş bolan daşary ýurt dilinde düzülen sözlemlere düşünmek prosesiniň nähili geçýändigini gözden geçireliň. Birinji gezek okalandan sözlemiň manysy düşnüksiz bolup galýar. Şol wagt analiziň işi birinji orna çykýar: adam aýry-aýry sözleri bölüp aýyrýar we olaryň manysyny takyklaýar (ýadyna salýar, sözlüge seredýär we.ş.m.). Emma iş munuň bilen gutarmaýar: aýry-aýrylykda hemme sözleriň manysyna düşünseň-de, şeýle hem bolsa sözlemiň manysyna tutuşlygyna düşünip bolmaýan wagtlary bolýar. Pikiriň sintetik işlemegi hem aýry-aýry sözleriň hemme ähmiýetini bir aňlanylan bitewi edip

birleşdirmegi hem zerurdyr. Diňe şu birleşdirmek bolup geçenden soň, adam sözlemiň manysyna düşünmäge başlaýar. Emma welin düşünmek prosesiniň şeýle ýol bilen – ilki analiz, soňra sintez ýoly bilen barmaýan wagtlary-da bolýar. Adamyň heniz käbir sözleriň manysyna düşünmänkä, sözlemiň umumy manysyny tapýan (pikirlenmegiň işi) we diňe şondan soň analiz etmäge başlaýan, näbelli sözleri bölüp aýyrýan we olaryň manysyny takyklap belleýän wagtlary hem bolýar.

Analiz bilen sintez ilkibaşda praktiki işde gelip çykýarlar. Çylşyrymly mehanizmiň aýry-aýry böleklerini pikirde bölüp aýyrmagy ýa-da aýry-aýry böleklerden tutuş mehanizmi pikirde ýygnamagy öwrenmek üçin şu hili mehanizmleri hakyky sökmekde we ýygnamakda ýeterlik tejribäniň bolmagy gerekdir. Awtomaty sökmegi we ýygnamagy hiç haçan synag edip görmedik adam, elbetde, bu işi “pikirde”edip bilmeýär. Emma praktiki iş esasynda ösüp, analiz etmegi we olaryň aýry-aýry bölekleriniň pikirde sintezini amala aşyrmagy başarmasa, konstruktoryň döredijilik işi mümkin däldir.

Adamlarda analiz bilen sinteze bolan ukyplylyk birmeňzeş derejede ösmeýär, aglaba analitiki gurluş bolýar, başga adamlarda sintetik gurluş bolýar. Akyly analitik gurlan adamlar zada anyk we aňyrsyna ýetijilikli syn etmäge ukyplylyk bilen, zatlardaky tapawutlary we ýat pikirleriniň sähelçe ýokuny görmegi başarmak bilen, pikiriniň aýdyňlygy, düzgünliligi we seresaplylygy bilen häsiýetlenýärler. Akyly sintetik gurlan adamlar bolsa, bütinleýin özüne kabul edip almaklyga meýillidirler; olary umumy ideýalar aýry-aýry faktlardan beter gyzyklandyrýarlar, olar giň umumylaşdyrmaklyga ukyplylyk bilen, pikiriň güýçlüligi we batyrgaýlygy bilen tapawutlanýarlar. Akylyň analiz bilen sinteziň arasynda deňagramlylyk bilen häsiýetlenýän gurluşynyň ylymda-da, praktiki işde-de örän ullakan gymmaty bardyr we beýan edilip geçilen tipleriň ikisinde-de gymmatyny özünde jemleýär.

**Analiz** – bu tutuş düşünjäni, predmeti böleklere bölüp, onuň aýry-aýry alamatlaryny, taraplaryny tapawutlandyrmakdan ybaratdyr. Mysal üçin, biz türkmen dili sapagynda bir sözlem derňänimizde, onuň sözleriniň hersini söz toparlaryna bölüp, atlara, işliklere, sypat-

lara, sanlara degişlisini belli edýäris. Şu ýerde hem öwrenilýän sözlem böleklere bölünip, çuňňur analizlenýär, seljerilýär.

**Sintez** – bu analiziň prosesinde ýüze çykyp, aýry-aýry elementlerini (bölekleri), häsiýetleri umumy bir bitewilige birleşdirmekdir. Analiz bilen sintez berk baglanyşyklydyr. Mysal üçin, okuwçynyň dürli-dürli sözleriň içinden degişli sözleri saýlap alyp, umumy bir sözlem düzmegi ony sintezlemek arkaly özleşdirmegidir. Okuwçy öwrenýän predmetini ilki böleklere bölüp analizleýär, soňra ony pikirde umumy bir bitewilige birleşdirip sintezleýär.

## Umumylaşdyrmak we abstraktlaşdyrmak

Umumylaşdyrmak, ýagny durmuş zatlarynyň we hadysalarynyň umumy häsiýetlerini pikirde birleşdirmek prosesi düşünjeleriň emele gelmeginiň esasy bolup durýar.

Ilkibaşda umumylaşdyrmak hereket bilen ýakyn baglanyşykly bolup durýar. Praktiki işde birmeňzeş işi ýerine ýetirýän zatlar bir topara birleşdirilýärler. “Şu zadyň nämä ýaraýandygy” bilen baglanyşykly alamatlar zadyň möhüm alamaty hökmünde saýlanyp görülýär. Kiçijik çagalaryň zatlara berýän kesgitlemelerinde munuň özi aýdyň ýüze çykýar: “Pyçak kesmek üçindir”, “Gylýal aýagulag edinmek üçindir” we ş. m. zatlaryň has möhüm häsiýetleriniň saýlanyp görülmegine esaslandyrylan teoretiki umumylaşdyrmaga bolan ukyplylyk diňe ýuwaş-ýuwaşdan ösýär.

**Umumylaşdyrmak** – düşünjelerde has doly formada amala aşýar, emma ol göz öňüne getirme emele gelende başlanýar.

Eger özümizde bar bolan ýat göz öňüne getirmelerini, ýada salmak obrazlaryny alyp görsek, onda olary iki topara: birinjiden, belli zady bir kesgitli, ylaýta-da, görşümiz ýaly edip üýtgetmän, azajyk salym huşa getirýän göz öňüne getirmelere we ikinjiden, umuman, belli zadyň şekilini, biziň ol hakyndaky “umumy ýatlamamyzy” huşa getirýän göz öňüne getirmelere bölmek bolar. Birinji topardaky göz öňüne getirmeler özüňe kabul edip almakdan emele gelen ýöne huşa getirmekdir. Ýeke bir zada degişli bolsa hem biziň ýat obrazlarymyzyň köp bölegini düzýän ikinji topardaky göz öňüne getirmeler kän aýry-

aýry özüňe kabul edip almalary umumylaşdyrmagyň netijeleridir. Men gapdalynda oturyp, özümiň işleýän stolumy hemme tarapyndan, dürli uzaklykdan, dürli ýagtylykda we ş. m. gördüm. Şeýle hem bolsa, men ony göz öňüme getirýän wagtymda dürli özüňe kabul edip almalarda müňlerçe dürli obrazlary görmän, eýsem haýsy-da bolsa bir obrazy görýärin. Şu umumylaşdyrylan obrazda zadyň mydamalyk, möhüm, häsýetli alamatlary nygtalyp bellenilipdir, örän aýdyňlyk bilen görkezilipdir, aýry-aýry özüňe kabul edip almalar bilen baglanyşykly bolan sypatlary bolsa ýok ýa-da öçügsi görkezilipdir.

Şunlukda, biziň ýeke-täk zatlary göz öňümize getirmelerimiziň ep-esli böleginde umumylaşdyrmalaryň käbir elementi bolýar. Mundan buýana meňzeş zatlaryň tutuş toparlaryny öz içine alýan umumylaşdyrmagyň prosesi iki dürli ýol bilen gidip biler.

Biziň öň bilşimiz ýaly, birinji ýoly tipiki obraz aýry-aýry zadyň hemme hususy sypatlaryny we alamatlaryny özünde saklaýar, umumylaşdyrmak bolsa şu sypatlaryň arasynda zatlaryň tutuş topary üçin umumy bolan, şu topary häsiýetlendirýän birinji orna geçirilýändiklerinden, saýlanyp görünýändiklerinden, nygtalyp bellenilýändiklerinden ybarat bolýar. Düşünjede iş başga hili bolýar. Haýsy-da bolsa bir düşünjä türgenleşmek üçin biz aýry-aýry zatlaryň ähli tötänleýin alamatlaryndan we häsiýetlerinden ünsümizi başga ýana sowýarys we diňe bütinlikde şu topar üçin möhüm bolan häsiýetleri saklaýarys. Möhüm bolmadyk alamatlardan ünsi başga ýaňa sowmagyň we zatlaryň berlen toparynyň birnäçe diňe möhüm aýratynlyklaryny pikirde saýlap aýyrmagyň bu prosesine **abstraksiýa** diýilýär. Abstraksiýanyň kömegi bilen amala aşyrylýan umumylaşdyrmalaryň netijesinde obraz alman, eýsem, abstrakt pikir alýarys. Düşünjäniň tipiki obrazdan tapawudy, ine, şundadyr.

**Abstraktlaşdyrmak** – bu adamyň bir predmetiň we hadysanyň alamatlaryny başgalardan tapawutlandyrmagy we olardan ünsi sowmagy üpjün edýän pikirlenmek operasiýasydyr.

Abstraktlaşdyrmanyň netijesinde biz aýdyň däl-de, gytaklaýyn pikir alýarys. Meselem, biz suwuň, asmanyň, aýnanyň umumy alamaty bolan durulyk barada pikirlenýäris. Şol wagt bizde her aýry predmet barada däl-de, olaryň ählisine mahsus bolan häsiýet barada

pikir döreýär. Adamda abstraktlaşdyrmak bilen baglanyşykly uzynlyk, beýiklik, göwrüm barada düşünjeler emele gelýär.

**Umumylaşdyrmak** – bu predmetleri we hadysalary esasy alamatlary we häsiýetleri boýunça birleşdirmekdir. Umumylaşdyrmak adamyň predmet, hadysa barada göz oňüne getirmesi mahalynda emele gelip başlaýar. Sözlerde düşünjeler umumylaşdyrylyp, okuw işinde umumylaşdyrma, köplenç, düşünjeden netije çykarylanda, kesgitleme berlende, düzgünler düşündirilende emele gelýär. D.B.Elkonin, W.W.Dawydow ýaly birnäçe psihologlar umumylaşdyrmany iki görnüşe bölüp düşündirýär. Olar empiriki we teoretiki umumylaşdyrmalardyr. Meselem, biz okuwçylara metallar barada düşünje berenimizde ilki umumylaşdyrmadan başlaýarys. Soňra metallaryň dürlüligi barada gürrüň edilýär.

**Synpsifikasiýalaşdyrmak** – bu obýektleri, predmetleri haýsydyr bir esasa görä böleklere, toparlara bölüp we soňra birleşdirmäge gönükdirilen pikirlenmek operasiýasydyr. Bu umumy düşünjeden takyk düşünjä geçmekdir. Okuw işinde bu operasiýanyň ähmiýeti örän uludyr. Ol biziň teoretiki düşünjämizi durmuş we praktiki iş bilen baglanyşdyrmaga, hakyky zada dogry düşünmäge mümkinçilik berýär. Okuwçy umumy düşünjä mysallar getirmek bilen öz pikirini takyklaşdyrýar. Adamyň pikirlenmek operasiýalary biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Daşky dünýä, hadysalara akyl ýetirmek işinde pikirlenmek operasiýalaryna akyl işi hökmünde garamak bolar.



**18-nji surat.**
**Pikirlenmek operasiýalarynyň ýerine ýetirilişi**

Adamyň pikirlenmesiniň 3 sany formasy bolup, olara düşünje, pikir ýöretmek, netije çykarmak degişlidir.

**Düşünje** – bu adamyň predmetleriň we hadysalaryň ýagdaýlaryny pikirde bir bitewilige birleşdirip, takyk düşünjäni emele getirmekdir. Mysal üçin, bize “Termometr näme“ diýlip, sorag berlende, bizde termometriň daşky sypaty, formasy däl-de, howanyň temperaturasyny ölçeýän guraldygy baradaky düşünje emele gelýär.

**Pikir ýöretmek** – bu adamyň predmetleriň we hadysalaryň ýagdaýyny tassyklamak ýa-da oňa garşy bolmak maksady bilen öz hususy pikirini beýan etmeginiň bir formasydyr. Pikir ýöretme tassyklaýjy we garşylykly görnüşlerde beýan edilýär.

Tassyklaýjy pikir ýöretmek – bu predmetiň ýagdaýyny goldamak, tassyklamak bilen pikiri beýan etmekdir. Mysal üçin: “Okuwçy temany gowy bilýär. Bu ýol oba barýar. Şu gün howa sowuk. Bu gelýän Maksadyň kakasy” diýen ýaly düşünjelerde tassyklaýjy pikir ýöretmeler beýan edilýär.

**Garşylykly pikir ýöretmek** – bu predmetleriň, hadysalaryň ýagdaýyny goldamazlyk ýa-da oňa garşy bolan pikiri beýan etmegiň bir formasydyr. Meselem: “Bu söz sypat däl. Okuwçy temany bilmeýär. Şu gün ýaba suw gelmez” diýen ýaly düşünjelerde garşylykly pikir ýöretmeler beýan edilýär.

**Netije çykarmak** – bu adamyň dürli pikir ýöretmeleri analizlemegi, seljermegi netijesinde predmetiň, hadysanyň ýagdaýyny subut etmek üçin gutarnykly täze pikir ýöretmek, netije çykarmakdyr. Netije çykarmagyň anyk mysaly okuwçynyň dürli meseleleri, mysallary, geometriki teoremalary subut edip düşünmegidir. Adam induktiw we deduktiw görnüşler arkaly netije çykarýar.

**Induksiýa** – bu bölekden başlap, umumylyga birleşdirilen netije çykarmakdyr.

**Deduksiýa** – bu umumylykdan başlap, böleklere bölüp netije çykarmakdyr. Meselem, okuwçylara “Öý haýwanlarynyň berýän peýdasy’’ diýen tema düşündirilýär.

Ilki bilen birnäçe öý haýwanlary atlandyrylyp, olaryň hersi barada aýratynlykda gürrüň edilýär. Sapak ähli öý haýwanlarynyň peýdalydygyny düşündirmek bilen jemlenýär. Bu netije çykarmagyň induktiw ýoludyr.

Okuwçylara “Peýdaly ösümlikler” diýen tema gürrüň berilýär. Temany mugallym, ilki bilen, ösümlikleriň peýdasy barada umumy gürrüňden başlan-da bolsa, esasy bir ösümligiň peýdasy barada gürrüň berip, sapagy jemleýär. Bu netije çykarmagyň deduktiw ýoludyr.

Pikirlenmek prosesi, köplenç, adamyň durmuşyndaky bir meseläni çözmekde, bir kynçylyga uçranda çykalga tapmaga, näme-de bolsa bir zada düşünmäge isleg bildirende ýüze çykýar. Umuman aýdylanda, pikirlenmek prosesi adamda nähilidir bir meseläni çözmekde bolup geçýär.

Adamyň pikirlenmegi üçin şol meseläni çözmekde islegiň, höwesiň ýa-da borç duýgusynyň döremegi zerurdyr. Çözülmeli meseläni dogry goýmak meseläni çözmäge birinji ädimi ätmekdir.

## Pikir ýöretmek we pikir netijesi

Biziň pikirlenmegimiz zatlaryň aýry-aýry taraplarynyň we häsiýetleriniň arasyndaky ýa-da aýry-aýry zatlaryň we hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklary we gatnaşyklary suratlandyrýar. Bu suratlandyrmak pikir ýöretmek formasynda amala aşyrylýar.

Pikir ýöretmek näme-de bolsa bir zat hakynda nämäni-de bolsa bir zady tassyklamagy ýa-da inkär etmegi öz içine alýan pikir aktydyr. Sözleýişde pikir ýöretmeler sözlemler formasynda aňladylýar.

“Üçburçlugyň burçlarynyň jemi iki göni çyzyga deňdir”, “Men düýn teatra barmadym”, “Sürtülmek ýylylygyň çeşmesidir”. Dürli pikir ýöretmeleriň söz bilen aňladylyşynyň mysallary, ine, şulardyr.

Pikir aňladylan sözleriň manysyny emele getirýän düşünjeler mydama pikir ýöretmäniň düzümine girýärler. “Men düýn teatra bardym” diýen pikir ýöretmäniň “teatr” barada düşünjesi ýok adam üçin manysy ýokdur. “Ýylylygyň sebäbiniň sürtülmedigi” barada pikir ýöretmek diňe adam sürtülmek, sebäp, ýylylyk düşünjelerine türgen bolan wagtynda mümkindir.

Ikinji tarapdan, düşünjäniň mazmuny diňe pikir ýöretmek formasynda äşgär bolup biler. “Üçburçluk” hakynda düşünje diýmek näme diýmekdir? Üçburçluk hakynda şu aşakdaky ýaly pikir ýöretmeleri aýtmaga mümkinçiligiň bolmagy gerek diýmekdir: “Üçburçluk üç sany giň çyzyk bilen çäklenen tekiz şekildir”, “Üçburçlugyň içki

burçlarynyň jemi iki göni çyzyga deňdir" we ş. m. Şol zat hakynda hiç bir mazmunly pikir ýöretmeleri aýdyp bilmeýän adamyň şol zat hakynda düşünjesi ýokdur.

Haýsy-da bolsa bir zady (predmeti) bilmek – şol zat hakynda dogry we mazmunly pikir ýöretmeleri aýtmaga mümkinçiligiň bolmagy ol hakynda pikir ýöretmegi başarmak diýmekdir.

Pikir ýöretmek diňe nämäniň, näme hakynda tassyklanýandygy (ýa inkär edilýändigi) bilen häsiýetlenmän, eýsem nähili makullanýandygy bilen hem häsiýetlenýär. Men haýsy-da bolsa bir zady ikirjiňlenmesiz, kesgitli, ynam bilen ýa-da ikirjiňlenip, şübhe bilen, ynamsyz makullap bilerin. Pikir ýöretmeler söz bilen aýdylanda-da şeýledir: "bu şübhesiz şeýledir", "elbetde, bu şeýledir", "ähtimal, bu şeýledir", "bu şeýle bolup biler", "bu şeýle bolsa gerek" we ş. m.

Tassyklanýan ýa-da inkär edilýän zadyň obýektiw hakykatdygyna bolan ynanjyň derejesi pikir ýöretmelerde psihologiýa taýdan iň möhüm pursatlardan biridir.

Bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmä getirýän pikirlenmek prosesine **pikir netijesi** diýilýär. Biziň kesgitli netijä gelýän her bir pikir ýöretmegimiz pikir netijesine mysal bolup biler.

Pikiriň dogrudygyna bolan esaslandyrmany ýa subutnamany biz pikir netijesiniň üsti bilen berýäris. Geometrýa teoremalarynyň subutnamalary pikir netijeleriniň tipiki mysallaryndan ybaratdyr.

Pikir netijesiniň netijesinde çykarylýan pikir ýöretmä **netije** diýilýär. Özünden netije çykalarylýan pikir ýöretmelere bolsa **pikirlenmeler** diýilýär.

Şu babyň başynda görkezilen mysallara ýüzleneliň. Ertir ukudan oýanandan soň adam penjiräniň öňüne barýar, tamyň üstüniň öldügini görýär we gije ýagyş ýagypdyr diýen netijä gelýär. Bu netije nähili pikirlenmelerden çykypdyr? Şu aşakdaky iki sany pikirlenmeden çykypdyr: birinjiden, "tamlaryň üsti ýagyş ýagandan soň öl bolýarlar" diýen umumy pikir ýöretmekden, ikinjiden bolsa, tamlaryň üstüniň şu mahal öldügini tassyklaýan pikir ýöretmelerden netije çykarylypdyr.

Adamyň pikirlenmesiniň indiwidual, özboluşly aýratynlygy hökmünde akylyň birnäçe hillerini bölüp görkezmek bolar. Şeýle aýratynlyklara akylyň özbaşdaklygy, giňligi, çuňlugy, çeýeligi, çaltlygy, tankydylygy degişlidir.

**Akylyň özbaşdaklygy** – bu akylyň esasy häsiýetleriniň biridir. Bu adamyň dürli meseleleri, problemalary çözmekde başga adamlaryň kömegine garaşsyzlykda özbaşdak çözüp bilmegidir we öz pozisiýasynda durup bilmegidir.

**Akylyň giňligi** – bu adamyň akyl ýetirişiniň işiň dürli ugurlarynda giň dünýägaraýylşy ýerine ýetirilmegidir.

**Akylyň çuňlugy** – bu adamyň çylşyrymly, kyn meseleleri, ýumuşlary has çuň analizläp, ony subut edip bilmegidir. Akylynyň çuňlugy bilen tapawutlanýan adam beýlekileriň çözüp bilmedik problemalaryny çözmegi başarýar.

**Akylyň çeýeligi** – bu adamyň dürli meseleleri, ýumuşlary çözmekde ýagdaý üýtgeýän mahalynda hem täze çemeleşmeleri, täze çözgütleri tapyp bilmegidir. Akylynyň çeýeligi bilen tapawutlanýan okuwçy meseläni çözmekde bir usuldan beýleki bir usula çalt geçip bilmegi başarýar.

**Akylyň çaltlygy** – bu adamyň dürli kyn we çylşyrymly ýagdaýlarda hem dogry çözgüdi tapyp bilmegidir. Ugurtapyjy we düşünjeli adamlar akylynyň çaltlygy bilen tapawutlanýarlar. Akylyň çaltlygyndan akylyň howlukmaçlygyny tapawutlandyrmak mümkindir. Akylynyň howlukmaçlygy bilen tapawutlanýan okuwçy meseläni diňe birtaraplaýyn çözmäge ymtylýar. Akylynyň howlukmaçlygy netijesinde okuwçy ýazuw işinde, mesele çözmekde köp ýalňyşlyklary goýberýär.

**Pikiriň çaltlygy**. Işiň dürli görnüşleri akylly meseleleriň çözülmeginiň tizliginiň öňünde dürli-dürli talaplary goýýarlar. Pikiriň çaltlygynyň adam üçin hem örän gymmatly sypatlygy jedelsizdir. Pikiriň çaltlygy akylyň beýleki hilleriniň ýokary derejede ösmeginiň netijesidir, ol pikiriň hakyky çaltlygydyr öýdülip ýalňyşmak mümkin bolan, emma hakykatda gös-göni olara garşy häsiýet bolan pikiriň galjaňlygyndan tapawutlanýar.

Pikiriň çaltlygy akylyň hemme güýjüni gerek wagtynda jemlemäge, ujypsyz pikirlenmegiň ýokary derejede işeňňirligi görkezmäge bolan ukyplylyk bilen baglanyşyklydyr hem-de ol meseläniň hemme tarapyny birden görmäge mümkinçilik berýän pikiriň takyklygyna we meseläni çözmegiň nädogry usullaryna gaýtadan dolanmak üçin wagt ýitirmekden dyndyrýan akylyň ýitiligi bilen baglanyşyklydyr. Munuň

tersine, akylyň galjaňlygy adamy meseläniň çem gelen çözülişini ulanmaga, agyr pikir işini tizräk bes etmäge mejbur edýän, nädogry pikirleri ýöretmäge we maglumatlaryň diňe bir bölegine esaslandyrylan mesele çözülişlerini kabul etmäge itekleýän pikiriň netijesidir. Pikirlenmegiň galjaňlygyna garşy göreşmek akylyň peýdaly hilleriniň ösmeginiň zerur şertidir.

Akylyň tankydylygy – bu adamyň dürli meseleleri, problemalary çözmekde öňe sürlen çaklamalara dogry baha berip, onuň netijelerini barlap, kemçilikleri, ýalňyşlyklary ýüze çykaryp bilmegidir. Akylyň tankydylygy bilen tapawutlanýan adam öz düşünjesiniň hem ýalňyşlyklaryny ýüze çykaryp bilýär.

Adam iş prosesinde dürli derejelerde pikirlenmegi başarýar. Şonuň üçin adamyň pikirlenmesiniň aýdyň obrazly we söz-logiki ýaly görnüşlerini bölüp görkezmek bolar. Aýdyň obrazly pikirlenme – bu adamyň pikirlenmesiniň daşky dünýädäki obrazly materiala esaslanmagydyr. Okatmak prosesinde mugallym okuwçylaryň aýdyň obrazly pikirlenmesini predmetleriň özüni ýa-da shematik pikirlendirmelerini görkezmek arkaly ösdürip bilýär.

**Söz-logiki pikirlenme** – bu adamyň pikirlenmesinde dürli ýumşuň sözleýiş (werba) formasynda çözülmegidir. Okatmak prosesinde mugallym okuwçylaryň söz-logiki pikirlenmelerini dürli çäreler arkaly ösdürmäge çalyşmalydyr. Okuwçylar söz-logiki pikirlenmäniň üsti bilen düşünjelerini we olaryň sistemalaryny özleşdirýärler. Olar ylmyň dürli kanunlaryna düşünýärler. Söz-logiki pikirlenmäniň üsti bilen tebigatdaky we jemgyýetçilik durmuşyndaky bolup geçýän wakalar, hadysalar bolşy ýaly adamyň aňyna ýetirilýär. Öň belläp geçişimiz ýaly, adamyň pikirlenmesi sözleýiş bilen berk baglanyşyklydyr. Birinjiden, adamlar sözleýiş arkaly öz pikirlerini biri-birine aýdýarlar. Ikinjiden bolsa, adamlar sözleýşiň kömegi bilen pikirlenip bilýärler. Şonuň üçin sözleýiş pikirlenmäniň formasydyr, şekilidir.

Akylyň tankydylygy pikiriň işine berk baha bermegi, bellenen gipotezalaryň tarapyna we garşysyna bolan hemme delilleri dykgat bilen ölçäp görmegi we şu gipotezalary hemmetaraplaýyn barlamagy başarmakdyr. Akyly tankydy bolmadyk adam özüniň kellesine ilki gelen sowalynyň çözülişine gutarnykly çözgüt hökmünde garamaga

meýillidir. Barlamaklyk, şu barlaga çydamadyklaryny taşlamak, eger sowalyň şertlerine we talaplaryna laýyk gelmeýänleri ýüze çykarylsa, başlanan hereketleri ret etmek gerek bolýan gipotezalary gözden geçirmegi, özüniň çaklaryny gözden geçirmegi başarmak akylyň tankydylygynyň görkezijisidir. Tankydy akyl tertipli "berk" akyldyr.

Janly we baý hyýally adamlar özlerinde akylyň tüýs tankydylygyny terbiýelemek hakynda alada etmelidirler. Baý bolan hyýal berk we tertipli pikir bilen birigende, döredijilik işiniň esasy bolup durýar. Tankydy akyl tarapyndan tertibe salynmaýan hyýal, adamy başa barmaýan taslamalar we ýerine ýetirip bolmajak meýilnamalar bilen ýaşaýan fantaziýaçy edip biler.

Çylşyrymly sowallaryň çözülmeginiň üstünligi mydama şu sowalyň hemme maglumatlaryny pikiriň bir wagtda alyp bilşine, maglumatlaryň bir toparyndan ugur alyp, şonuň bilen başga maglumatlardan gelip çykýan talaplar, şertler, çäklendirmeler hakynda-da ýatdan çykarmazlygyň başardyşyna bagly bolýar. Çylşyrymly matematiki meseleler çözülýän mahalynda görünýän kynçylyklaryň we ýalňyşlyklaryň ep-esli bölegi hut ähli berlen meseleleri birden almagy başarmazlyk bilen kesgitlenilýär.

## Sözleýiş we onuň pikirlenmäge bolan gatnaşygy

Biziň pikirlenmegimiz sözleýiş bilen üznüksiz baglanyşyklydyr.

Birinjiden, adamlar özleriniň pikirlerini sözleýşiň kömegi bilen biri-birlerine aýdýarlar. Sözleýiş adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk serişdesidir.

Ikinjiden, adamlar diýseň köp wakalarda sözleýşiň kömegi bilen pikirlenýärler. Şunlukda, sözleýiş pikiriň formasydyr, şekilidir ýa-da pikirlenmegiň guralydyr. Eger bir adamdan: "Siz haýsy dilde gepleýärsiňiz?" diýip soralsa, ol azajyk-da geňirgenmez, eýsem şol wagtyň özünde: "Rus dilinde", "ukrain dilinde" "özbek dilinde pikirlenýärin" we ş. m. diýip jogap berer. Iki - üç dili örän gowy bilýan adam şu dilleriň käte birinde, käte beýlekisinde pikirlenip biler. Biz, düzgün hökmünde, sözler bilen pikirlenýäris.

Psihologiýada sözleýşiň daşky içki dialogik, monologik, ýazuw we dil üsti, daktil we egosentrik ýaly görnüşlerini bölüp görkezmek bolar.

**Daşky sözleýiş** – bu adamlaryň biri-birine düşünmekleri, pikir alyşmaklary, aragatnaşyk saklamaklary üçin dili peýdalanmak netijesinde sözleýşi amala aşyrmak prosesidir. Daşky sözleýiş dilden we ýazuw üsti bilen ýerine ýetirilýär. Dil üsti sözleýiş daşdan sesli gepleşikler arkaly amala aşyrylýar. Ýazuw üsti bilen sözleýiş bolsa pikiriň, düşünjäniň ýazuw tekstleriniň üsti bilen ýerine ýetirilmegidir.

**Dialogik sözleýiş** – bu iki ýa-da birnäçe adamlaryň arasynda gürrüň formasynda geçýän sözleýişdir.

**Monologik sözleýiş** – bu bir adam tarapyndan aýdylyp, beýlekiler bolsa diňleýji bolmak bilen ýerine ýetirilýän sözleýişdir. Doklad edilmegi, leksiýa berilmegi monologik sözleýşe degişlidir.

Aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat etmek üçin sözleýişde başga adamlaryň eşitmegi ýa-da görmegi mümkin bolan şol ýa-da başga daşky aňlatma bolmalydyr. Şunuň ýaly daşky sözleýişden tapawutly bolan, biziň içden pikirlenmegimize kömek edýän şol içki, sessiz sözleýiş prosesine **içki sözleýiş** diýilýär.

**Daşky sözleýiş** dil bilen ýa-da ýazuw üsti bilen bolup biler. Mundan başga-da dilden sözleýiş çäginde biz iki görnüşi: iki adamyň ýa-da birnäçe adamyň arasynda gürrüň formasynda geçýän dialogik sözleýşi (“*dialog*” – gürrüň) we beýleki adamlar diňe diňleýjiler bolup, bir adam tarapyndan aýdylýan hekaýadan, dokladdan, leksiýadan ybarat bolan monologik sözleýşi (“*monolog*” – bir adamyň sözleýşi) tapawutlandyryp bileris. Şunlukda, biz daşky sözleýşiň üç görnüşini: dilden aýdylýan dialogik sözleýşi, dilden aýdylýan monologik sözleýşi we ýazuw üsti bilen bolan sözleýşi tapawutlandyrýarys.

Her bir sözleýiş diňe bir kesgitli mazmuny aňlatman, eýsem gepleýäniň, ýazýanyň şu mazmuna garaýşyny hem aňladýar. Sözleýşiň bu tarapyna onuň **täsirliligi, düşnükliligi** diýilýär. Täsirlilikden mahrum bolan sözleýiş, hernäçe mazmunly pikirler berýän bolsa-da, ol gyzyksyz, ähmiýetsiz täsir döredýär. Dilden aýdylýan sözleýişde gep-

leýjiniň emosional tony intonasiýa, mimika, üm üsti bilen berilýär, ýazuw üsti bilen berilýän sözleýişde bu serişdeler ýokdur, ýazuwçy özüniň sözleýşini diňe sözleri degişli suratda seçip almak we ol sözleri ýerli-ýerinde goýmak ýoly bilen täsir edip biler.

Sözleýiş pikirlenmegiň zerur guralydyr.Haýsy bolsa-da bir pikire düşünip, emma ony söz bilen aňladyp bolmaýan wagtdaky ýaly, her bir adamda belli bolan ýagdaýyň sebäbini nähili düşündirmek bolar? Adam: "Işiň näme hakdadygyna özüm düşünýärin, emma muny söz bilen hiç aýdyp bilmeýärin" diýýär. Munuň ýaly wakalar umumy düzgünden daşary wakalardyr. Munda hiç bir sözleýiş üsti bilen aňlatmak başartmaýan "sözsüz pikir" bardyr diýlip çak edilip bilner.

Emma şeýle çakyň özi nädogry bolar. Munda iş sessiz pikir üçin hiç bir sözleýiş üsti bilen aňlatmany başartmaýandygynda bolman, eýsem pikiri içki sözleýiş bilen aňlatmakdan ony daşky sözleýiş bilen aňlatmaga geçmegiň başartmaýandygyndadyr. Eger adam, hakykatdan-da, pikirine düşünmeýän bolsa, diýmek, onuň bu pikiri haýsy-da bolsa bir sözde aňladylýandyr. Emma özümiň pikirimi diňe meniň özüme düşnükli bolar ýaly aňlatmagym bir iş bolup, özge adam üçin düşnükli bolar ýaly edip aňlatmak başga işdir. Kimdir biri özüniň pikirini söz bilen aňlatmakda kynçylyk çekýän bolsa, munuň özi ol başga adamlara düşnükli usul bilen aňlatmakda, ony daşky sözleýiş formalarynda aňlatmakda kynçylyk görýär diýmekdir.

Öz pikiriňi "söz bilen aňlatmagy" başarmazlyk bilen häsiýetlenýän ýagdaý seljerilýän mahalynda, köplenç biziň özümiz üçin bulaşyk, doly aýdyň bolmadyk pikiri "söz bilen aňlatmagyň" bize kyn bolýandygyny belläp geçmek gerek. Öz pikiriňi özüň ahyryna çenli aýdyňlaşdyrmagyň iň gowy usuly ony başga adama düşündirjek bolup synanmakdan ybaratdyr. Eger bu başartmasa, pikiriň özünde ýetmezçiligiň, aýdyňsyzlygyň, näbelliligiň barlygydyr. Pikir diňe ony anyk we dolulykda söz bilen aýtmak bolýan wagtda doly anyk we gutarnykly pikir bolýar. Eger adam bulaşyk we aljyrap gepleýän bolsa we ýazýan bolsa, onda onuň pikiriniň barşy hem doly anyk we aýdyň bolup bilmez.

Biziň pikirimiz daşky sözleýişde aňladylanda kämilleşýär, ösýär we aýdyňlaşýar.

Sözleýiş adamlaryň arasynda aragatnaşyk serişdesidir we olaryň pikirlenmeginiň guralydyr. Sözleýşiň bu işleriniň ikisi-de biri-biri bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Pikirlenmek serişdesi hökmünde sözleýiş ösmek we kämilleşmek bilen pikiriň iň güýçli we kämilleşen guraly bolup başlaýar.

Daktil sözleýiş – bu pikiriň, düşünjäniň barmaklaryň hereketleriniň dodak hereketleri bilen üýtgeşikli ýerine ýetirilýän sessiz sözleýişdir. Sözleýşiň bu görnüşi gulagy eşitmeýän we gepläp bilmeýän çagalar (lal, güň) ýöriteleşdirilen mekdep internatlarynda surdapedagoglar, logopedler tarapyndan öwredilýär.

Egosentrik sözleýiş – bu adamyň praktiki işi prosesinde döräp, öz-özüne gönükdirilen sözleýiş bolup, daşky sözleýşiň içki sözleýşe geçmeginiň oňüsyrasydyr. Bu sözleýşi oýunjaklar bilen oýnap oturan çagadan, bir iş bilen gümra bolup oturan adamdan eşitmek bolýar. Sözleýşiň bu görnüşi çaganyň pikirini, sözleýiş aktiwligini ösdürýär.






**19-njy surat.**
**Gadymy Gresiýada sanlaryň barmaklaryň hereketleri bilen aňladylyşy (daktil sözleýiş)**

Içki sözleýiş – bu adamyň öz pikirini içinden sessiz beýan etmegidir.

Içki sözleýişde sözleýiş aragatnaşygy emele gelmeýär. Adamyň pikirlenýän mahaly içki sözleýiş bolup geçýär.

Çaganyň predmeti duýmagy, kabul etmegi bilen birlikde pikirlenmek we sözleýiş prosesleri hem ösüp başlaýar. Çagada ýönekeýje pikirlenmek prosesi predmetlere täsir etmegi (manipulirlenmegi) netijesinde ýüze çykýar. Mekdebe çenli döwürde çaganyň aýdyň obrazly pikirlenmesi ösüp başlaýar. Çaganyň daş-töweregindäki görýän zatlary, predmetleri barada pikiri ösüp başlaýar. Çaganyň mekdebe gelmegi bilen aýdyň obrazly pikirlenme bilen birlikde söz-logiki pikirlenmesi hem ösüp başlaýar. Okuwçy okuw işiniň dowamynda çylşyrymly meseleleri, gönükmeleri, ýumuşlary çözmek, mugallymyň berýän düşünjelerini özleşdirmek bilen söz-logiki pikirlenmäni amala aşyrýar. Okuw işiniň dowamynda okuwçynyň akylynyň hilleri hem ösýär. Pikirlenme bilen birlikde okuwçy dogry sözleýşi hem ele alýar.

Adamzadyň ümmülmez asyrlara uzap gidýän geçmişinde, taryhy ýaşaýyş durmuşynda, ruhy-ahlak hem-de material dünýäniň ylmy gymmatlyklaryna goşantlaryny goşmakda ynsany ynsan edýän görkezijilerden bolan sözleýşiň we pikirlenmegiň taryhy ähmiýeti uludyr. Çünki ylmyň hem-de tehnikanyň ösmegi, asyrlaryň dowamatynda dürli taglymatlaryň özboluşly kämilliginiň emele gelmegi, adamyň daşky dünýäniň barlyklarynyň üstünde pikirlenip bilmegi we şol pikirlenmelerden akylly-paýhasly netije çykarmagy ýene-de *„pikirlenmek“* we *„sözleýiş“* diýen gymmatlyklaryň üstünden barýar. Çünki adamyň ahlak talaplaryna laýyklykda akylly-paýhasly ýaşamagy üçin oňa täsir etmegiň iň kämil ýoly onuň aňyna, ruhuna paýhasly sözleriň gudraty bilen kemal edilýändir. Şu esasda hem mukaddes kärleriň eýeleri bolan mugallymlaryň,terbiýeçileriň kämil pikirlenişi we söleýşi çagalaryň ak kagyz ýaly päk kalplaryna, ruhlaryna adamzadyň döreden ruhy hem-de maddy gymmatlyklarynyň dürdänelerini paýhas galamy bilen ýazmaklyk wezipesi ýüze çykýar. Bu gaýragoýulmasyz borçlar hem okuwçylaryň pikirlenişini we sözleýşini kämil derejede ösdürmek, elbetde, mugallymlaryň we terbiýeçileriň paýyna düşýän jogapkärçilikli mukaddes borçlaryň biridir.

Elbetde, didaktikanyň kanunyna laýyklykda sapaklary guramakda, okuwçylaryň sözleýşini we pikirlenişini ösdürmekde mugallym uly ähmiýete eýedir.Diňe bir sözleýşini we pikirlenişini ösdürmekde däl, eýsem terbiýesini hem kemala getirmekde mugallymyň ähmiýeti çäksizdir. Çünki okuw işiniň dowamynda okuwçylaryň üns

merkezi, bilim alýan çeşmesi mugallym bolup durýar. Şu esasda hem pikirlenmegiň we sözleýşiň aňyýet we aňyýet işi bilen berk baglanyşykly bolanlygy sebäpli mugallymyň okuwçylaryň aňyny, psihologiýasyny düýpli derejede bilmekligi zerurdyr Çünki mugallym okuwçylaryň aňyýet dürlüligine laýyklykda olaryň aňyýetini näçe gowy bilse,okuwçylara bilim we terbiýäniň esaslaryny hem şonça gowy berip bilýär. Bu ýagdaýy biz okuw tejribeligimizde has hem aýdyň görýäris.Mekdepde geçýän tejribeligimizde okuw işini guramakda,sapakda ulanýan dürli usullarymyzyň eşretli miweleriniň netijesini görýäris. Pikirlenmek we sözleýiş berk baglanyşykly bolanlygy sebäpli,bu iki görkezijiniň sazlaşykly amala aşmagy zerurdyr. Bu babatda ata-babalarymyzyň döreden edebi mirasyna girýän sanawaçlary, ýaňyltmaçlary, tapmaçalary sapaklarda ulanmak oňyn netijeleri berer. Çünki matallar okuwçylaryň pikirlenmek endigini ösdürýän bolsa, ýaňyltmaçlar okuwçylaryň sözleýşini kämilleşdirýär. Okuw tejribeligimizden belli bolşy ýaly, okuw işiniň dowamynda matallary, sanawaçlary we ýaňyltmaçlary ulanmak okuwçylara bir wagtyň özünde ata-babalarymyzyň döreden edebi miras gymmatlyklaryny öwrenmäge hem-de özleriniň ukyplaryny, başarnyklaryny kämilleşdirmäge mümkinçilik döredýär. Bu ýerde biz ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda edebi mirasynyň, halk döredijiliginiň çagalary terbiýelemekdäki ähmiýetini görýäris. Ata-babalarymyz öz nesilleriniň kämil çykmagy üçin ýörite edepler ulgamyny döredipdir. Bu edepler ulgamy adamyň kämil şahsyýet bolup çykmagyna uly täsir edipdir. Şol edepler ulgamyny, türkmen halk döredijiliginiň görnüşlerini sapakda ulanmagyň oňyn netijeleri berýändigini biz okuw tejribeligimizde görýäris.

Okuwçylaryň sözleýşini we pikirlenişini ösdürmekde ene dili okuw sapaklarynda çeper eserleri okatmak, sözlük üstünde işlemek okuwçylaryň söz baýlygyny artdyrýar.

## Sözleýiş medeniýeti

Biz diňe ony daşky sözleýişde aňlatmak mümkin bolan wagtda pikirimiziň doly suratda anyk we aýdyň bolýandygyny eýýäm bilýäris.

Özümiziň pikirimizi başga adama düşnükli etmegiň mümkin däldigi özümiz üçin hem onuň ahyryna çenli aýdyňlaşdyrylmandygyny görkezýär. Şunlukda, pikirlenmegiň ösmegi sözleýşiň ösmegi bilen ýakyndan baglanyşykly diýip düşünmek gerek. Sözleýiş medeniýeti pes derejede bolanda, akylyň ýokary medeniýete ýetmegi kyndyr.

Sözleýşe türgen bolmak öz pikiriňi mümkin boldugyça has kämilleşen suratda diňe bir esasy mazmunyny däl, eýsem onuň has inçe taraplaryny-da başgalara aýtmagy başarmak diýmekdir. Başgaça aýdanymyzda, sözleýşe türgen bolmak başgalar üçin ahyryna çenli düşnükli bolmak diýmekdir.

Munuň özi dürli ýollar bilen dilden aýdylýan dialogik sözleýişde, dilden aýdylýan monologik sözleýişde we ýazuw üsti bilen bolan sözleýişde gazanylýar. Dialogik sözleýşe kämahallar **goldalan sözleýiş** diýip at berýärler. Munuň özi gürrüňe gatnaşyjylaryň her biri soraglar, jogaplar, garşy çykmalar bilen sözleýşi goldaýar diýmekdir. Eger bu goldamak bes edilse, onda sözleýiş ýa-ha monologa öwrülýär ýa-da adam sözüni bes edýär. Munuň tersine, monologik sözleýşe-de, ýazuw üsti bilen bolan sözleýşe-de **goldanylmadyk sözleýiş** diýip at bermek bolar.

Goldalan sözleýşiň goldanylmadyk sözleýişden ýeňildigini her kim bilýändir. Munuň sebäbi, gürrüň wagtynda gürrüňdeşler birmeňzeş ýagdaýda bolýarlar we şuňa görä kämahallar hatda ýarym-ýarty söz bilen hem biri-biriniň aýdanyna düşünip bilerler. Birnäçe adam awtobus duralgasynda durup, awtobusa garaşýan wagtlarynda, şolaryň arasyndan biri "gelýär" ýa-da "dördünji" diýse, olaryň hemmesi onuň aýdan sözüne düşüner. Mundan-da başga gürrüň wagtynda köp sözleriň üm bilen üsti ýetirilýär. Umuman, gürrüň baglanyşykly we ýaýbaňlandyrylan sözleýiş guramagy başarmaklygy az talap edýär.

Ýazuw üsti bilen bolan sözleýiş dilden başga hili guralýar. Ýazuw üsti bilen bolan sözleýişde hemme sözler ahyryna çenli aýdylmalydyr. Munuň özi monologik sözleýşe hem şonça meşzeşdir. Sözleýşiň bu görnüşleriniň sözleýiş medeniýetiniň has ýokary derejede bolmagyny talap edýändiklerini we ýazuw üsti bilen bolan sözleýşe hem-de monologik sözleýşe (ýa-da iň bolmanda şolardan birine) türgen bolunmasa, özüniň pikirlerini baglanyşykly, düşnükli we täsirli beýan

etmäge hakyky ussatlygy özüňde döredip bolmajakdygy şu ýerden düşnüklidir.

Ýazuw arkaly bolan sözleýiş bilen dilden sözleýşiň arasyndaky ýene bir möhüm tapawudyň üstünde durup geçeliň.

Adam ýazýan wagtynda özüniň sözleýşini aňlap, ony ygtyýarly guraýar, laýyk sözleri gözleýär, sözlemleri örän gowy düzmegiň ýoluny tapýar, sözlemleriň tertibini seçip alýar. Ýazmak – bu pikiri söz bilen aňlatmak üstünde işlemek diýmekdir.

Ýazuw üsti bilen bolan sözleýiş ussatlygyna ýagşy türgen bolmagyň özi adamy şeýle işiň zerurdygyndan boşadýar diýip oýlanmak örän ýalňyşdyr. Ýagşy ýazmak diýmek, kynçylyksyz, çalt, "awtomatik" ýazmak diýmek däldir. Özüniň pikirini aňlatmagyň haýsy-da bolsa bir ugruny aňsatlyk bilen tapýan adam ýazuw üsti bilen bolan sözleýşe diňe türgen bolman, eýsem oňat aňlatmagyň ýoluny gözläp, örän gowy aňlatmak üçin zähmet çekmegi-de başarmalydyr.

Kellesine ilki gelen pikiri aňlatmagyň usuly bilen kanagatlanýan we ony kämilleşdirmek üstünde işlemegi başarmaýan adama ýazuw üsti bilen bolan sözleýşe türgen adam diýmek bolmaz.

Uly söz ussatlarynyň söz üstünde işleýşi ýaly hiç kim işleýän däldir. Ýaş ýigit wagtlarynda L. N. Tolstoý şeýle ýazypdyr: "Düzedişsiz ýazmak pikirini hemişelik taşlamak gerek. Üç-dört gezegem heniz azdyr". Garrandan soň, ol edil şol pikirini gaýtalap şeýle diýýär: "Barha köp düzedişler etmän, nähili ýazmak boljakdygyna men düşünmeýärin". Söz üstünde şeýle işlemekden esasy maksat Tolstoý üçin sözleýşiň owadanlygyny, çeperçiligini gazanmakdan ybarat däldir. Esasy zat öz pikirini başgalar üçin türs anyk we düşnükli aýtmakdan ybaratdyr: " Öz düşünýän zadyňy başgalar üçin hem öz düşünişiň ýaly edip aňlatmak örän kyn işdir we düşünýän zadyňy aňladanyňdan soň, heniz entek degişli derejede aňladyp bilmändigiňi hemişe duýýarsyň". Şoňa görä-de, Tolstoý özüniň çeper eserlerini däl, eýsem birine ibermek üçin ýazan, hiç bir çeperçilik maksatlaryny yzarlamadyk hatynyda birnäçe gezek ýaňadan işläpdir.

Öz pikirlerini ýazuw üsti bilen aňlatmak üstünde aňly işlemegiň kagyz ýüzünde gaýtadan düzedip işlemek formasynda bolmaýan wagtlary-da bolýar. Aňlatmagyň gerek bolan ýoluny pikirde gözle-

mek, ony “kellede” işlemek we kämilleşdirmek, kagyzyň ýüzünde bolsa şu işiň diňe gutarnykly netijesini ýazmak bolar. Muny beýle etmekden söz üstünde işlemegiň düýp manysy üýtgemän, ýöne onuň formasy başga hili bolýar.

Dildäki sözleýiş ýazuw üsti bilen sözleýişden üzül-kesil tapawutlanýar. Gürrüňde sözlemi aýtmazyňdan öň, ony nähili guramalydygyny uzak wagtlap pikirlenip durup bolmaz, ylaýta-da, şol bir sözlemiň özüni birnäçe gezek aýdyp, ony ýuwaş-ýuwaşdan kämilleşdirip durup bolmaz. Monologik sözleýişde, dokladda, leksiýada hem muny beýle etmek bolmaz. Dilden sözleýiş erkin we bökdençsiz bolmalydyr. Gerek bolan sözler öz-özünden akyla gelmelidirler we olar öz-özlerinden dogry mazmunly sözlemler bolup guralmalydyrlar. Munuň özi diňe, biziň öň görşümiz ýaly, dilden sözleýşiň pikiri sözleýiş bilen aňlatmagyň baglanyşykly we ýaýbaň bolmagyny az talap edýändigine görä mümkindir.

Şunlukda, dilden sözleýiş aňsat, özüniň gurluşy boýunça sadadyr, emma ol gürrüň prosesinde söz üstünde uzak işlemäge ýol bermeýär. Ýazuw üsti bilen bolan sözleýiş özüniň gurluşy boýunça kyndyr, çylşyrymlydyr, emma ýazmak prosesinde pikiri sözleýiş bilen aňlatmak üstünde näçe işleseň, şonça dykgat bilen işlemäge mümkinçilik berýär.

## Düşünje we söz

Biziň öň bilşimiz ýaly, pikirlenmek zatlaryň we hadysalaryň umumy häsiýetleriniň suratlanmagydyr. Bu suratlanmak düşünje formasynda amala aşýar.

Düşünje – meňzeş zatlaryň ýa-da hadysalaryň bir topary hakyndaky pikirdir, şol zatlaryň ýa-da hadysalaryň umumy, onda-da möhüm häsiýetlerini suratlandyrýan pikirdir.

Geometrik düşünje bolan “üçburçluk” ägirt köp mukdardaky predmetlere - üç göni çyzyk boýunça emele gelen ähli tekiz şekillere degişlidir. Onda hemme üçburçluklara umumy bolan we hem-de geometriýa nukdaýnazaryndan möhüm häsiýetler suratlanýarlar. Ýüzünde üçburçluk şekillendirilen kagyzyň reňki ýa-da şol üçburçlugy emele getirýän çyzyklaryň ýogynlygy ýaly alamatlar geometriýa

nukdaýnazaryndan ähmiýetsizdir we şuňa görä, bular düşünjäniň mazmunyna girmeýärler.

Durmuşyň zatlary we hadysalary hakyndaky biziň bilimlerimiz düşünjelerde jemlenýärler.

Düşünje özüniň has umumy we abstrakt, görnükli bolmadyk häsiýetliligi bilen göz öňüne getirmekden tapawutlanýar. Göz öňüňe getirme zadyň obrazydyr, düşünje bolsa zat hakyndaky pikirdir.

Özümiziň pikir edýän zadymyzyň görnükli obrazlar görnüşinde göz öňüne getirip bolmaýanlary-da bolýar. Sekuntda 300 müň kilometr tizlikli hereketi göz öňüne getirmek bolmaz (ýagtylyk tizligi), emma şeýle hereketi pikir etmek bolar. Ýa-da müňburçlugy göz öňüňize getirjek bolup synanyp görüň. Bu size başartmaz. Tüýs şowuna düşäýende-de obrazy müňburçluk üçin-de, bäşýüzburçluk üçin-de, ýüzburçluk üçin-de, köpburçluk üçin-de birmeňzeş laýyk gelip duran haýsy-da bolsa köp sandaky taraply köpburçlugyň obrazy gelip çykar. Şeýle hem bolsa bizde bäşýüzburçluk, ýüzburçluk ýa-da hatda 999 taraply kopburçluk düşünjeleri bilen düýpden gatnaşmaýan müňburçlugyň anyk we kesgitli düşünjesi bar. Şu düşünjeden peýdalanmak bilen biz meseläni anyk çözüp bileris, meselem, şeýle köpburçlugyň içki burçlaryny hasaplap bileris.

Näme-de bolsa bir zat hakynda pikirlenmek we nämäni-de bolsa bir zady göz öňüne getirmek – bularyň ikisi bir zat däldir.

Düşünje, adatça, söz bilen baglanyşykly bolup, biziň pikirimizde sözüň manysy görnüşinde öňe çykýar.

Şu örän möhüm düzgüne ahyryna çenli düşünmek üçin biziň sözleýşimiziň sözleri aýry – aýry zatlara degişli bolsa hem onuň mydama käbir umumy manysynyň bardygyny aňlamak gerek.

Men köçede duşuşan ýoldaşymdan nirede bolandygyny soranymda, ol: “Okalgada” diýip jogap beýär. Onuň çykyp gaýdyp gelýän okalgasyna, ähtimal, men hem hiç haçan baran däldirin, belkem, men bu okalgany bilýän hem däldirin, şeýle hem bolsa men bu jogabyň manysyna doly düşünýärin, çünki umuman, okalganyň nämedigini bilýärin, “okalga”sözüniň umumy manysyna düşünýärin, okalga barada mende düşünje bar.

Eger men sözüň manysyna düşünýän bolsam, meniň aňymda käwagt aýdyň, käwagt alasarmyk düşünje peýda bolýar. Köplenç, aňda haýsy-da bolsa bir göz öňüne getirmäniň peýda bolýan wagtlary-da bolýar, emma ol wakalara, düşünjä degişli bolan diňe suratlandyrma roluny oýnaýar.

Düşünjäniň mazmuny anyk göz öňüne getirme bilen berlip bilinmez. Göz öňüne getirme düşünjäniň umumy mazmunyna degişli bolup biljek hususy wakalardan biriniň mysaly hökmünde rol oýnaýar.

Emma düşünjelerde amala aşýan pikirlenmeklige göz öňüne getirmäniň kömegi gerek bolmaýar, bu bolsa pikirlenmek prosesinde obrazlar hiç bir rol oýnamaýarlar diýildigi däldir. Umumy düzgüni bilmegiň anyk mysallary aňlamaklyga esaslanmaly bolşy ýaly, düşünjelere esaslanýan pikirlenmeklige hem köp wakalarda anyk obrazlaryň kömegi gerek bolýar. Geometriýa meselelerinde, eger özi hakda gürrüň barýan çyzyklaryň, burçlaryň we şekilleriň giňişlikdäki durşy doly anyklyk bilen göz öňüne getirilmese, olary çözmek mümkin däldir. Haýsy-da bolsa bir mehanizmiň ýerleşişi we onuň bölekleriniň özara täsiri aýdyň suratda göz öňüne getirilmese, ýöne beýan edilmegi bilen onuň işleýşiniň prinsipine düşünilmez.

Pikir haýsy-da bolsa bir kynçylyga duş gelende, bizde görnükli obrazlaryň ýygy-ýygydan gelip çykýandyklaryny tejribeler görkezýärler. Eger umumy düzgüniň manysyna birbada düşünmek başartmasa, onuň degişli bolup biljek kesgitli wakalaryny görnükli obrazlarda göz öňüne getirmäge çalyşýarsyň.

## Meseleleri çözmekde pikirlenmegiň ähmiýeti

Pikirlenmek prosesi, adatça, adamda haýsy-da bolsa, bir kynçylyga hötde gelmäge, näme-de bolsa bir zada düşünmäge, haýsy-da bolsa bir meseläni çözmäge isleg döremegi bilen başlanýar. Başgaça aýdanymyzda, pikirlenmek mydama sowallardan başlanýar.

Özüňe ýa-da başga birine “pikirlenmegi” ýöne maslahat bermek bilen pikiriň işeňňirligini gazanyp bolmaz. Çözülmegi üçin pikirlenmek zerur bolan sowalyň adamyň öňünde keserip durmagy we şu sowaly adamyň çözmelidigini bilmegi gerekdir.

Şuňa görä, pikirlenýän adamyň birinji alamaty sowallary, hakykatdan-da, bar ýerinde görmegi başarmagyndan ybaratdyr. Diňe kim özbaşdak pikirlenmäge endik etmedik bolsa, onuň üçin sowalyň barlygy, ýoklugy des-deňdir we onuň üçin hemme zat öz-özünden düşnükli ýaly bolup görünýär. Bilimiň giňemegi ozal hemme zat aýdyň ýaly görünýän ýerde bize täze aladalaryň üstüni açyp berýär we şunlukda pikiri oýarýar, ony özbaşdak işlemäge höweslendirýär.

Emma welin, sowaly ýöne bir görmek ýeterlikli bolmaz. Bu sowalyň nämeden ybaratdygyny doly aňlamak zerurdyr. Mesele çözmekdäki üstünlik, ozaly bilen, sowalyň dogry goýluşyna baglydyr. Meselä düşünmek, ozaly bilen, sowaly dogry goýmak diýmekdir. Munuň üçin käwagtlarda pikiriňi köp işletmek gerek bolýar. Mesele dogry goýlandan soň, şunlukda, meseläniň çözülmegine tarap ýola birinji ädim ädildi diýmekdir.

Sowalyň çözülmek prosesi sowaly aňlamakdan soň gelýär. Sowalyň özüniň häsiýetine baglylykda bu sowaly çözmek prosesi örän dürli-dürli usullar bilem amala aşyrylyp bilner. Sowal çözülýän mahalynda pikirlenmek prosesiniň has tipiki we ýygy-ýygydan duş gelýän garşy gipotezalary bellemekden, ýagny sowalyň nähili çözülmelidigi hakda çaklamalardan ybarat bolýar.

Agşam öýe gaýdyp gelip, men stoluň başyna barýaryn we stoluň üstünde goýlup ýakylýan elektrik çyrasyny rozetka dakýaryn. Çyrajyk ýanmaýar. Näme üçin ýanmaýar? Sebäbi näme? Sowal gelip çykdy. Ony çözmek üçin pikir işi başlanýar. Dürli-dürli çaklamalar öňe sürülýär we barlanylýar. Ähtimal, rozetka ýanyp, harap bolandyr? Potolokdan asylan elektrik çyrajygynyň burmasyny towlaýaryn, ol ýanýar. Diýmek, rozetka abat. Belki, elektrik çyrajygynyň özi bozulan bolaýmasyn? Elektrik çyrajygyny towlap, elime alýaryn we oňa seredýärin: ýok, içiniň gyljagazlary abat. Ştepsel zaýalanan bolsa gerek. Elime otwýortka alyp, rozetkany söküp aýyrýaryn, hakykatdan hem, ştepseliň içindäki predohraniteliň ýanyp, harap bolandygyny ýüze çykarýaryn. Şondan soň sowal çözüldi.

Bu mysalda ylmy çaklamalary (gipoteza) barlamak işi pikir ýöretmek işiniň esaslanýan praktiki hereketiniň ýoly bilen amala aşyrylypdyr. Elektrik çyrajygynyň şikeslenenligi göni ýol bilen: özüňe kabul edip almak ýoly bilen barlanyldy we çyrajygyň gyljagazlarynyň

burmasyny abatdygyna göz ýetirildi. Dykynyň ýanyp, harap bolandygy hakyndaky ylmy çaklama bolsa sowa ýol bilen, araçyllyk ýol bilen barlanyldy. Dykyny sökmegiň we oňa seretmegiň deregine men başga elektrik çyrajygynyň burmasyny towlap görmek bilen çäklendim we pikir netijesiniň ýoly bilen dykynyň abatdygyna gözümi ýetirdim: eger dyky ýanyp, harap bolan bolsady, potolokdan asylgy elektrik çyrajygy-da ýanmazdy. Pikiriň netijesi praktiki barlamagy amala aşyrmak işini gaty aňsatlaşdyrdy.

Başga wakalarda çaklamalary barlamak işi bütinlikde pikirde, “akylda” amala aşyrylýar.

Meniň iki sagat wagtym bar. Şu wagtyň içinde men şäheriň dürli böleklerinde ýerleşen birnäçe ýerlere barmaly. Möhletimde ýetişmek üçin men bu ýerlere nähili yzygiderlikde baryp çykmaly we nähili gatnaw serişdelerinden peýdalanmaly? Nähili hereket etmek meýilnamasyny düzmeli? Beýle sowallary dürli-dürli ýol bilen çözmeli bolýar. Bu ýerde hem sowal çaklamalary mümkin bolan hereket meýilnamany düzmek bilen çözülýar. Emma işiň manysy boýunça muňa meňzeş sowallarda bellenen meýilnamalaryň her birini hakykatda ilki bilen synag edip görmek we soňra olaryň içinden seçip almak bolmaz. Meýilnamalary synag edip görmek işi pikirde geçirilmelidir.

Akyl tejribesi diýilýän tejribe, ýagny şol ýa-da başga hereketleri, olaryň nähili netijelere getirip biljekdigini kesgitlemek üçin pikirde amala aşyrmak köp sowallar çözülýän mahalynda örän möhüm rol oýnaýar. Her hili tehniki konstruktiw sowallar çözülýän mahaly akyl tejribesiniň ähmiýeti örän uludyr. Eger pikirde tejribe etmek başarylmasa, radiopriomnik guramak ýa-da elektrik jaňyny ýasamak bolmaz. Küşt oýnunda akyl tejribesiniň roly aýdyň suratda öňe çykýar. Küşt oýnaýjy küşdi nähili göçmelidigini pikirlenmek bilen, wariantlaryň hemmesini akylda barlamaga: “Eger men şeýle göçsem, onda meniň garşydaşym beýle göçer, şol wagt men şu zatlary, şu zatlary ederin...” diýmäge mejburdyr.

Akyl tejribesini amala aşyrmak hyýal bilen pikirlenmegiň birlikde işlenmegini, bir tarapdan, ýagdaýy mümkin boldugyça has anyk we görnükli göz öňüne getirmek gerekdigini, ikinji tarapdan, berlen

ýagdaýdan nähili netije çykarmalydygy hakynda akylda netije çykarmak gerekdigini çaklaýar.

Zerur bilimleriň bolmagy her bir sowalyň üstünlikli çözülmeginiň şertidir, ikinji mysalda köçeleriň ýerleşişi we awtobuslaryň marşrutlary bilinmese, hereket meýilnamasyny düzüp bolmaýşy ýaly, biziň birinji mysalymyzda-da elektrik tehnikasy boýunça bilimler bolmadyk wagtda ylmy çaklamalary bellemek-de, olary barlamak-da mümkin bolmazdy.

Emma ýeke bir bilimleriň bar bolmagy ýeterlik bolmaz. Şonuň bilen şu bilimleri gerek wagtynda gönükdirmegi başarmak hem zerurdyr. Fizika okuw kitabynda elektrika hakyndaky baby mazaly bilmek bolar, şeýle hem bolsa, biziň getiren mysalymyzda berlen şeýle sowal çözülýän mahalynda sowaly çözüp bilmän durmak mümkindir.

Ylymlaryň bir bolmagy we olara ygtyýar etmegi başarmak pikiriň netijeli işlemeginiň zerur şertleridir.

Sowat öwretmek döwründe okuwçylaryň pikirleniş we sözleýiş ukyplaryny ösdürmek üçin başlangyç synp mugallymy birnäçe usullardan, tärlerden işjeň peýdalanmagy başarmalydyr. Şonuň üçin şu usuly özleşdirmede sowat öwretmek döwründe başlangyç synp okuwçylarynda pikirleniş we sözleýiş ukyplaryny nähili ýollar arkaly ösdürip boljakdygy barada maslahat berilýär. Pikirlenme we sözleýiş diýen mowzuk geçilenden soň talyplar bilen birnäçe ýumuşlar, psihologik hadysalar, gönükmeler ýerine ýetirilýär. Şu usuly işde başlangyç synp mugallymy okuwçylaryň pikirlenmesini we sözleýşini ösdürmek üçin birnäçe işleri ýerine ýetirip bolýandygy barada maslahatlar alarlar.

Pikirlenme belli bir maksatly, yhlasly, haýsy-da bolsa bir soraga jogap tapmaly ýa-da kyn ýagdaýdan çykmaly bolyan wagtda döreýär. Adamyň hiç bir maksatsyz pikir etmegi mümkin däldir. Adamyň pikiri onuň sözleýşi bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi pikirsiz söz emele gelmeýär. Okuwçyda pikirlenmek üçin talap edýän zadymyz haýsy-da bolsa, bir maksada gönükdirilen bolmaly. Okuwçy bir meseläni çözmek ýa-da berlen bir soraga jogap tapmak üçin pikirlenmeli bolýar. Pikirlenmäniň emele gelmegi üçin oňa bir zadyň täsiri zerurdyr. Onuň manysynyň giň we çuň bolmagy oňa edilýän täsire baglydyr.

Çagada pikirlenmek işi onuň daşky durmuş bilen aragtnaşyk edip ugran pursatyndan beýläk ösüp başlaýar we kämilleşýär. Çaganyň pikirlenmesiniň esasy döwri mekdebe gatnap ugrandan soňra maksatly häsiýete geçýär. Pikirlenme kelle beýnisiniň önümi bolup, çaga dogabitdi berilýän taýýar zat däldir. Ol çaganyň beden taýdan berkemegi hem-de daşky durmuş bilen edýän aragatnaşygy netijesinde ösýär.

Çaganyň daş-töweregindäki hakyky zatlary duýmagy, kabul edip bilmegi hem-de hadysalary ýadynda saklamagy pikirlenmegi emele getirýän esasy pisihologik işdir. Çaganyň akylynyň ösmegi, onuň daşky kabul edişine, terbiýä baglydyr. Çaganyň pikirlenmegi olaryň mekdebe çenli ýaşly döwründen ösüp başlaýar. Çaga 7-8 aýlykka eýýäm ýönekeý zatlar barada pikir edip ugraýar. Meselem, çaga hemişe emzikli çüýşeden süýt içýän bolsa, onda ol beýleki çüýşeleri görende süýt küýsäp, elini uzadýar. Bu hem onuň pikirlenmesiniň zatlaryň hereketli şekildigini, ýagny onuň häzirki görüp duran zatlary barada pikir edip bilýändigini görkezýär. Çaganyň bu hili pikirlenmesine **zatly pikirlenme döwri** diýlip at berilýär.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň pikirlenmesi mekdebe çenli ýaşly çagalaryňkydan tapawutlanýar. Ol mekdepde bilimleriň esasy bilen tanyş bolup başlandan soň, onuň pikirlenmesi tertipli suratda ösüp ugraýar we maksatly pikirlenme häsiýetine eýe bolýar.

Başlangyç synpda okadylýan dersler okuwçylary hemmetaraplaýyn ösdürýär. Pikirlenmegi kämilleşdirýär. Okuwçylaryň pikir edip bilmeklerini hem-de dogry sözläp bilmeklerini ösdürmekde hasabyýet hem-de türkmen dili, ene dili sapaklarynyň ähmiýeti örän uludyr.

Geçirilen barlaglara görä, her bir täze iş, täze işlenilmeli zatlar pikirlenmäni ösdürýär. Meselem, hasabyýet dersiniň her bir meselesi ýa-da mysaly soňundan okuwçy üçin işlemegi ýa-da pikirlenmegi talap edýän sorag bilen gutarýar.

Meseleleri çözmek we mysallary işlemek çagalaryň, okuwçylaryň pikirlenmesiniň ösmegi üçin türgenleşmedir. Okuwçy mesele çözende, mysal işlände pikirlenmäniň hemme operasiýalary gatnaşýar we kem-kemden kämilleşýär.

Başlangyç synp okuwçylarynda pikirlenme işiniň bolup geçişi pikiriň hili, göwrümi, çuňlugy, özbaşdaklygy hem-de onuň bolup ge-

çiş çaltlygy boýunça dürli-dürli. Mugallym okuwçylaryň pikirlenme işinde şeýle aýratynlyklaryny olara yzygider gözegçilik etmek bilen öwrenmelidir. Bulary öwrenmeklik pikirlenmek işinde ýüze çykýan gowşak taraplary düzetmek üçin zerurdyr.

Her bir okuwçynyň pikirlenip bilmeginiň özboluşly aýratynlygy bolup, olar şulardan ybaratdyr:

**Çuň pikirlenmek.** Okuwçy berlen soraga, tabşyrylan ýumuşlara düýpli jogap tapmagy, subut etmegi, seljermegi başarýar.

**Özbaşdak pikirlenmek.** Durmuşda ýüze çykan her bir soraga hiç kimiň kömegine mätäçsiz jogap tapyp bilse, onda şeýle adam özbaşdak pikirlenmegi başarýar.

**Çalt pikirlenmek.** Käbir okuwçy pikir ýöretmeli zat barada tiz oýlanýar, şol bir meseläni aňsatlyk bilen çözýär. Bu hili çaga düşbi, çalt hereketli bolýar. Bu hili pikirlenme çaganyň oý-pikiriniň hemmetaraplaýyn ösmegine baglydyr. Pikirlenmäniň çaltlygy başga pikirlenmäniň gowşak tarapydyr. Şeýle pikirlenýän okuwçy ymykly akyl işi bilen meşgul bolmagy söýmeýär. Her bir zat barada ýüzleý pikirlenip, başdansowma edýär. Gyssanmaç pikirlenýän okuwçylar mekdepde köp duş gelýär. Mugallym şeýle okuwçylara hemişe “howlukma”, “ýene-de pikirlen” diýip, ýola salyp durýar. Okuwçylaryň pikirlenmesiniň nädogry taraplaryny özlerine subut edip görkezýär. Mugallym okuwçylaryň pikirlenmelerini ösdürmek işini olaryň mekdebe gelen ilki gününden başlaýar. Mekdebe ilki gelen çagalaryň düşünjeleri her hili bolýar. Olaryň birnäçeleri çagalar bagalarynda, käbirleri bolsa maşgalada terbiýelenen çagalardyr. Şeýle bolansoň, olaryň ýönekeý zatlara akyl ýetirip bilişleri, onuň manysyna düşünişleri dürli-dürlüdir. Kähalatlarda çagalaryň akyl ýetirişleriniň nädogry taraplaryna hem köp duş gelinýär.

Çagalar bagynda terbiýe alanlaryň pikirlenmegi aglaba köptaraply we çuň manyly bolýar.

Okuwçylaryň pikirlenmelerini barlamak üçin birnäçe tejribeler geçirmek mümkindir.

Mugallym stoluň üstünde bäş, soňra 3 galamy goýup, olary goşup sanamaklygy bir okuwça buýurýar. Ol galamlary goşup sanaýar, “Sekiz sany” diýip jogap berýär. Şol wagtyň özünde mugallym okuwçydan: “Bäş sany depderiň üstüne ýene üç sany depderi goşsaň, näçe

bolýar?” diýip soraýar. Okuwçy soraga hiç hili jogap berip bilmeýär. Mugallym: “Pikir et” diýip, soragyny ýene-de gaýtalaýar. Okuwçy: “Bilemok” diýip, jogap berýär. Mugallym soňra stoluň üstünde bäş, soňra üç sany depderi aýry-aýry goýýar-da,olary goşup sanamagy okuwça teklip edýär. Soňra bu operasiýany ýene-de täzeden ýerine ýetirip başlaýar. Munuň özi okuwçyda entek bäşe üçi goşanyňda, jemi sekize deň bolýandygy barada düýpli düşünjesiniň ýoklugyna şaýatlyk edýär. Okuwçy diňe görüp duran predmeti barada ýönekeý pikirlenýär. Emma abstrakt ýol bilen bu usuly başga predmetler bilen baglanyşdyrmagy entek başarmaýar. Geçirilen şunuň ýaly synaglar okuwçylaryň düşünjelerini ýüze çykarmaga, olaryň pikirlenip bilmekleriniň özboluşly aýratynlygyny, ikinji habar toplumy bilen birinji habar toplumynyň arabaglanyşygyny öwrenmäge kömek edýär. Aýratyn hem başlangyç synp mugallymlarynyň şeýle ýol arkaly mekdebe ilki gelen okuwçylaryň matematik pikirlenmesini barlap görmegi hem öwrenmegi zerurdyr.

Çagada ýönekeýje pikir etmek hem-de gepläp bilmek endigi bir ýaşdan soň döräp başlaýar. Munuň esasy sebäbi pikirlenme bilen sözleýşiň aýrylmaz baglanyşykly bolýandygy üçindir. Adam, esasan, öz ene dilinde pikirlenýär. Eger-de adam iki ýa-da birnäçe dil bilýän bolsa, onda ol özüniň pikirini beýleki gepleşip ýören dillerinde hem beýan edip biler. Pikirlenmäniň sözleýiş bilen gös-göni baglanyşykly bolany üçin olar bilen bir wagtda ösýär. Pikirlenme ösdügiçe, sözleýiş hem ösýär, sözleýiş ösdügiçe, pikirleniş hem ösýär.

Pikirleniş bilen sözleýşiň baglanyşykda ösýändigini subut edýän zat okuwçynyň okan materialy boýunça yzygiderli dogry meýilnama düzüp hem-de şol meýilnama esasynda öz pikirini beýan edip bilýändigidir.

Pikirlenme bilen sözleýşiň baglanyşygy bu ikisiniň birdigi däldir.

Talyplara tema öwredilende, onuň mazmunyny dürli görnüşli amaly işler bilen baglanyşdyrmak has amatlydyr. Şonuň üçin şu tema öwredilende, okatmagyň amaly iş usulyny sapakda ulanmagyň ähmiýeti uludyr.

Amaly işlerde mugallymlar sapakda temany okuwçylara öwretmek üçin dürli usullardan peýdalanmak ýollaryny öwrenýärler. Mate-

matika dersinde okuwçylar mysal işlemek, ýaryşmak, gözegçilik etmek, surat boýunça mesele düzmek ýaly ýollary ulanýarlar.

Matematika dersi sowat öwretmek döwründe okadylýan esasy dersleriň biri hasaplanylýar. Okuwçylaryň bu dersi öwrenmekleri olaryň bütin ösüşine täsir edýär, akylyny, erkini we duýgusyny terbiýeleýär, okuwçyda ýagşy dünýägaraýyş kemala gelýär.

Okuwçylary akyl taýdan ösdürmekde, olaryň logiki, kesgitli, yzygiderli, subut ediji häsiýetde bolan pikirlenmelerini kämilleşdirmekde matematika dersiniň ähmiýeti örän uludyr. Azda-kände çylşyrymly bolan meseleleri çözmek üçin okuwçy logiki pikirlenýär.

Mesele çözmeklik usulynyň matematikanyň hemme sapaklarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýänligi sebäpli, matematika dersi boýunça geçirilýän okuwlar ep-esli derejede logiki gönükmelere öwrülýär.

## Pikirlenmek we duýgy

Gadym zamanyň filosoflary bolan Platon bilen Aristotel: “Filosofiýanyň başygeň galmakdyr” diýipdirler. Bu pikirlenmegiň işeňňirligi, döredijilik işi adam haýsy-da bolsa bir düşnüksiz zada duş gelende başlanýar diýmek däl-de, eýsem, ol “geň galan” wagtynda, ýagny şu sowal bilen emosional joşanda, düşnüksiz zat oňa çuň täsir edende, onda geň galmak duýgusyny döredende başlanýar diýmekdir. Bu pikir akyl duýgularynyň, ýagny pikirlenmek prosesleri bilen gös-göni baglanyşykly bolan duýgularyň bilmek prosesindäki ähmiýetini nygtap görkezýär.

Geň galmak ýa-da haýran galmak duýgusy bilen ýene şübhe duýgusy we ynam duýgusy hem iň möhüm akyl duýgulary hasaplanýar.

Berk subutnama ýok wagtynda gelip çykan we sowalyň her bir laýyk ýaly görünýän çözülişi bilen ynjalmaga mümkinçilik bermeýän şübhe duýgusy özüniň ýolunda duran her hili kynçylyklara garamazdan, pikirlenmek işini ahyryna çenli alyp barmaga mejbur edýär.

Ynam duýgusy adama özüniň ynanmalarynyň ugrunda göreşmäge, özüniň garaýyşlarynyň dogrulygynyň berk we tutanýerlilik bilen arkasyny tutmaga güýç berýär. Şeýle pikirler dogrudyr diýip, ýöne hyjuwsyz bilmegiň özi garaýyş ugrunda hakyky göreşiji bolmak üçin ýeterlikli bolmaz.

Pikir diňe özüňe çuň duýgy ornaşan wagtynda özüniň güýjüne we ýitiligine eýe bolýar. Özüniň meşgul bolýan zadyna biperwaý garaýan adamda uly pikirler döredilen wagty hiç haçan bolmandyr.

Pikirlenmek proseslerine duýgynyň garşy, peýdasyz täsiriniň hem bolmagy mümkindir. Munuň özi pikir duýga tabyn bolýan wagtynda, şonuň bilen özüniň özbaşdaklygyny ýitirýän wagtynda şeýle bolýar. Haýsy-da bolsa bir meseläniň "tarapyna" we "garşysyna" bolan hemme zady ölçäp görmegiň deregine, adam duýgy tarapyndan iteklenilýän, özüniň ýüregine düwen zadynyň peýdasyna bolan delilleri höwes bilen seçip almaga başlaýar. Şunlukda pikirlenmek bilmek serişdesi bolmakdan galyp, adamyň göwnüne makul zady, onuň göwnüne jaý zady aklamagyň guraly bolup başlaýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Pikirlenme diýip nämä aýdylýar?
2. Sözleýiş diýip nämä aýdylýar we onuň nähili funksiýalary bar?
3. Pikirlenme bilen sözleýşiň nähili baglanyşygy bar?
4. Adamda nähili pikirlenmek operasiýalary bolup geçýär?
5. Pikirlenmäniň nähili formalary bar?
6. Adamyň pikirlenmesiniň indiwidual tapawutlylygyny nahili görkezmek bolar?
7. Adamyň sözleýşi nähili görnüşlere bölünýär?

**Psihologik sözlük**

***Abstragirlemek*** – predmetlere we hadysalara akyl ýetirmekde olaryň ýekelik, tötänleýin häsiýetlerinden sowlup, pikiri olaryň düýpli, umumy sypatlarynda jemlemek.

***Analiz*** – uly taglymaty ýa-da düşünjäni böleklere bölmäge mümkinçilik berýän pikirlenmäniň bir görnüşi.

***Sintez*** – akyl ýetirişiň möhüm etapy obýektiň dürli elementlerini, böleklerini praktiki ýa-da pikir üsti bilen bitewilige birleşdirmek prosesi.

***Induksiýa*** – bilimiň, öwrenmegiň ýekelik pikir ýöretmelerden umumy düzgünlere, jemlemelere bolan hereketi.

***Deduksiýa*** – bilmekligiň, akyl ýetirişiň umumylykdan böleklige geçiş hereketi, netijäni sebäpden getirip çykarmak.

**Amaly ýumuşlar**

1. Adamyň daşky dünýä aralaşmak we umumylaşdyrmak arkaly bilmek prosesiniň hersine 2 sany mysal getirmeli.

2. Okuwçylara birnäçe nakyllar ýa-da atalar sözüni hödürläp, olaryň manysyny seljermegi tabşyrmaly. Okuwçylarda pikirlenmäniň haýsy operasiýasy bolup geçýär?
3. Okuwçylara birnäçe sözleriň toplumy hödürlenýär. Okuwçylar öz pikirlerine görä, artykmaç bolan sözüň aşagyny çyzmaly. Okuwçylar it, sygyr, goýun, pişik, belka, towşan ýaly sözleriň toplumyndan, adatça, belka sözüniň üstüni çyzdylar. Siziň pikiriňizçe, näme üçin diňe şol sözüň üsti çyzyldy?
4. Aşakda diliň we sözüň tapawutly aýratynlyklary getirilýär. Bu aýratynlyklaryň haýsysynyň köp derejede dili, haýsysynyň bolsa, sözleýşi häsiýetlendirýändigini kesgitläň:
a) adamlaryň aragatnaşygyny, pikirlenmesini we içki dünýäsini aňlatmak üçin zerur bolan taryhy ösüşde kemala gelen belgiler sistemasy;
b) gepleýiş düzgüniniň, stiliniň we sözlügiň indiwidual aýratynlyklary;
ç) adamlaryň biri-birine käbir maglumatlary, pikirleri aýtmak, öz erkini, duýgularyny aýan etmek, şonuň bilen birlikde biri-birine täsir etmek üçin ulanylýan aragatnaşyk işi.
5. Adamyň sözleýşi onuň şahsyýetini nähili derejede häsiýetlendirýär? Näme üçin mugallymyň sözleýiş medeniýetini ösdürmek zerur?
a) “Dil aýdyňlygy-aýdyň pikiriň netijesidir, aýdyň pikir bolsa hökman aýdyň formany döredýär” (*Aforizm*).
b) Adamyň häsiýetine belli bir derejede onuň sözleýşiniň üsti bilen göz ýetirip bolýar. Sebäbi pikir ediş usuly bilen pikiri daşa çykarmak usulynyň arasynda aýrylmaz baglanyşyk bardyr: akyl nähili bolsa, ony daşa çykaryş formasy hem şol hilidir. Ruhy durmuşyň öwrümli mazmuny sözleýişde ýüze çykýar.
ç) Terbiýe prosesinde sözleýiş esasy serişdedir. Şonuň üçin mugallymyň sözleýşini kämilleşdirmek we talyplaryň sözleýşini ösdürmek terbiýeleýji okadylyşy guramakda uly ähmiýete eýedir.

## § 11. Hyýal, göz öňüne getiriş

Adamyň psihikasynda hyýal ýa-da fantaziýa ýaly täsin prosesler hem bolup geçýändir. Adam duýmak, kabul etmek, pikirlenmek proseslериniň üsti bilen daşky dünýäniň zatlaryny, wakalaryny beýnide şöhlelendirýär.Emma käbir ýagdaýlarda adam özüni real görnüşde görmeýär, ýöne bolup biläýjek zatlary hem aňynda şöhlelendirip bilýär. Bu proses bolsa adamyň hyýalydyr. Hyýalda adamyň durmuşynda, ýaşaýşynda hiç wagt bolmadyk, bolmajak zatlar hem şöhlelendirilip bilinýär.

Şonuň üçin hyýala başgaça fantaziýa hem diýilýär. Adam öz hyýalynda zatlary, hadysalary we wakalary özüçe üýtgedip, bir ýerden başga bir ýere geçirip bilýär. Şonuň üçin adam hyýalynda edip bolmajak zat ýokdur diýilýär.

**Hyýal** – bu adamyň öňki bar bolan bilimleriniň esasynda täze keşpleri döredip bilmegidir.

Adamda hyýala getirmeler ýöne boş ýerden döremeýär. Mysal üçin, dogabitdi kör adam reňki, dogabitdi ker adam bolsa hiç haçan sesi hyýalyna getirip bilmeýär.Adam hyýalyna getirmek üçin daşky dünýäni duýmaly, kabul etmeli we ýatda galdyrmaly. Adamyň bilmek düşünjesi,ukyby näçe ösen bolsa, onuň hyýaly şonça-da güýçli bolýar. Adamyň hyýala getirmeleri zähmet işiniň dowamynda döräp, ösüp hem kämilleşipdir. Zähmetiň dowamynda adam hyýalyna getirip, öz durmuşyny ösdüripdir. Adam zähmet işini öz öňünde maksat goýmak arkaly alyp barýar. Ol öz öňünde goýan maksadyna ýetmek, isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan täze keşpleri döretmeli bolýar, göz öňüne getirýär. Şol göz öňüne getirmeler durmuşyň üýtgedilip, özgerdilip hyýala getirme arkaly ýerine ýetirilýär.

Hyýala getirmeler birnäçe ýagdaýlarda ýüze çykýarlar.

1. Adamyň duýup, kabul etmeýän, emma hakykatda bar bolan zatlary hyýalyna getirmegi.

2. Adamyň geljekdäki boljak zatlary hyýalyna getirmegi.

3. Adamyň taryhy wakalary hyýalyna getirmegi.

4. Adamyň hiç wagt bolmadyk,bolmajak zatlary fantastiki hyýalyna getirmegi.

Hyýala getirmeler diňe adamyň edebi döredijiliginde däl-de, tebigatyň, adamyň ýaşaýşyndaky bolup geçýän hadysalara düşünmekde hem uly rol oýnaýar. Adamyň öz öňünde goýan wezipeleriniň ählisini çözmekde bilimi ýeterlik bolmaýar. Şol wagt adam hyýalyna getirmek arkaly bar bolan maglumatlary üýtgedişdirip, täze gatnaşyklary döredýär we wezipäni dogry ýerine ýetirmegi başarýar.

Hyýala getirmeleriň ygtyýarsyz we ygtyýarly, gaýtadan dikeldiji we döredijilikli we arzuw ýaly görnüşleri bardyr.



**20-nji surat.**
**Adam öz eline meňzedip, birnäçe zähmet gurallaryny, abzallaryny döredipdir. Bu onuň göz öňüne getirmesiniň netijesidir**

**Ygtyýarsyz hyýal** – bu adamyň hyýala getirmesi mahalynda erk tagallasynyň az gatnaşýanlygy ýa-da düýbünden gatnaşmaýanlygydyr. Şeýle hyýalyň ösen görnüşi düýş görmekdir. Adam düýşünde görýän keşplerini ygtyýarsyz ýagdaýda hyýala getirip, uky mahalynda erk tagallasy hiç hili gatnaşmaýar. Düýş görmäniň esasy aýratynlygy hyýala getirilýän keşpleriň arasynda yzygiderliligiň saklanylmaýanlygydyr.

**Ygtyýarly hyýal** – bu adamyň obrazlary hyýala getirme mahalynda erk tagallasynyň gönüden-göni gatnaşýanlygydyr. Ussanyň saljak jaýyny hyýalyna getirmesi ygtyýarly ýagdaýda bolup geçýär. Ussa iş prosesinde dörejek päsgelçilikleri hem hyýalyna getirýär, olary ýeňip geçmegiň ýollary hakynda pikirlenýär.

**Gaýtadan dikeldiji hyýal** – bu adamyň öň kabul edilen belgi gurluşlarynyň esasynda emele gelýän hyýallaryň bir görnüşidir. Gaýtadan dikeldiji hyýalyň okuw materialyny özleşdirmekde uly ähmiýeti bardyr. Geografiýanyň taryhyny öwrenmekde gaýtadan dikeldiji hy-

ýal uly rol oýnaýar. Mugallymyň gürrüň berýän temasy boýunça onuň mazmunynda beýan edilýän keşpleri, daglary, derýalary, tokaýlary hyýalyna getirip bilýär.

**Döredijilikli hyýal** – bu döredijilikli işiň netijesinde täze iň gowy keşpleri döretmekdir. Hyýalyň bu görnüşi ýazyjylarda, hudožniklerde, kompozitorlarda, alymlarda, arhitektorlarda has hem ösendir. Döredijilikli hyýalyň çemçesi– bu adamyň zerurlyklaryna islegleridir. Döredijilikli hyýal gaýtadan dikeldiji hyýala garanyňda has çuň hem çylşyrymlydyr. Sebäbi bu hyýala getirmede täze üýtgeşiklik emele gelýär. Haçan hudožnik hyýalynyň täze bir üýtgeşik goluny çyzanda, täze bir keşbiň döremegi bilen döredijilikli hyýala getirmeler bolup geçýär.

**Arzuw** – bu adamyň isleýän geljeginiň keşbini döretmegidir. Adam özi üçin peýdaly, özüne şatlyk getirýän keşpleri barada arzuw edýär. Emma gyzyksyz, özüni gyzyklandyrmaýan erbet zatlar barasynda arzuw etmeýär. Arzuw etmek adamyň bütin ömrüniň dowamynda bolup geçýär. Adam real hakykata ýakyn we real hakykatdan daş bolan keşpleri arzuw edip bilýär. Adamyň öz durmuşynda amala aşmak mümkinçiligi bolan keşpleri arzuw etmegi real hakykata ýakynlygydyr. Emma adamyň öz durmuşynda amala aşmak mümkinçiligi bolmadyk keşpleri arzuw etmegi hakykatdan daşlygydyr. Muňa başgaça, **göwün ýüwürtmek** hem diýilýär. Çagalarda hyýala getirmeler zatlary kabul edýän mahalynda kemala gelip başlaýar. Ilkinji hyýala getirmeleriň ýüze çykyşyny üç ýaşyň içindäki çagalarda görmek bolýar. Bu ýaşdaky çagalarda hyýala getirmeler oýnuň täsiri netijesinde bolup geçýär. Çaganyň mekdepdäki hyýala getirmeleri bilen täze-täze keşpler emele gelýär. Okuwçylaryň hyýalyny ösdürmekde surat, aýdym-saz, zähmet sapaklarynyň ähmiýeti örän uludyr. Okuwçylar bu zatlaryň üsti bilen döredijilikli işlemegi öwrenýärler, dürli modelleri ýasaýarlar, suratlary çekýärler.

## Çagalaryň hyýala getirmelerini ösdürmek

Çagalaryň (okuwçylaryň) hyýala getirmeleri olaryň kabul etmeleriniň esasynda kemala gelýär. Mugallym okuwçylaryň kabul edijiligini synçylyk esasynda ösdürmek arkaly olaryň hyýala getirmelerini

hem ösdürýär. Üç ýaşly çagalarda hyýala getirmäniň ilkinji alamatlaryny synlamak (gözegçilik etmek) bilen ýüze çykaryp bolýar. Şol döwürde çaganyň hyýala getirmesiniň kämilleşip başlamagyna belli bir derejede ýardam edýän tejribesi toplanýar. Çagalaryň hyýala getirmelerini ösdürmek üçin oýunlaryň, esasan hem, rolly oýunlaryň ähmiýeti uludyr.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň hyýala getirmeleri mekdep okuwçysynyňky ýa-da ulularyňky bilen deňeşdireniňde, mekdebe çenli ýaşly döwürdäki çaganyň baý, aýdyň hyýalynyň barlygyny görmek bolýar. Şol sebäpli hem bu döwürdäki çagalaryň hyýala getirmeleri has ösen ýaly bolup görünýär. Emma bu beýle däl. Çagalaryň hyýala getirmesi näçe ösen ýaly bolup görünse-de, olaryň hyýala getirmesi pes derejede ösendir, munuň sebäbi bolsa çagalaryň heniz köp zatlary bilmeýänligi bilen düşündirilýär.

Mekdep okuwçysynyň hyýala getirmesi güýçli depginde ösüp başlaýar. Munuň şeýle bolmagyna okuw hem-de terbiýeçilik prosesi ýardam edýär, okuwçy bu döwürde köp zatlara, predmetlere we hadysalara akyl ýetirýär. Emma muňa garamazdan, kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň arasynda göz öňüne getirmeleri juda pes, gowşak bolan okuwçylar hem bar. Olar ygtyýarly hyýala getirmeler bilen baglanyşykly işlerde asgynjaňlyk çekýärler. Şunuň ýaly çagalar bilen mugallym birnäçe işleri amala aşyrmaly, olaryň göz öňüne getirmelerini baýlaşdyrmaly, okuwçynyň erk güýji bilen baglanyşykly bolan hyýalynyň ygtyýarly görnüşini ösdürmeli.

Okuwçyny döredijilikli işler bilen baglanyşykly gurnaklara (şekillendiriş sungaty, edebiýat, tehniki döredijilik) gatnaşdyrmak bilen onuň hyýala getirmelerini ösdürmek bolar. Şu ýerde suratlar boýunça ýazgylary (tekst) we düzmeleri ýazdyrmak, haýsydyr bir ýurduň tebigatyny, Ýer üstüni suratlandyrmak bilen geografiki kartada hyýaly gezelençleri guramak ýaly işleri geçirip bolýar. Hyýaly gezelençler okuwçylaryň geçmiş baradaky göz öňüne getirmelerini has ösdürýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Hyýal diýlip nämä aýdylýar?
2. Hyýalyň nähili görnüşleri bar?
3. Döredijilikli hyýal nähili bolup geçýär?
4. Arzuwyň manysyny düşündiriň.

**Psihologik sözlük**

***Göwün ýüwürtmek*** – arzuwa golaý, emma ondan göwün ýüwürdilýän zadyň mümkin däldigini aňlamak bilen tapawutlanýan hyýalyň bir görnüşi.

**Amaly ýumuşlar**

1. Hyýalyň her görnüşine degişli mysallary saýlap almaly.
2. Mugallymyň okuwçylaryň hyýalyny ösdürmek bilen baglanyşykly geçirýän işleri hyýalyň haýsy görnüşini ösdürmeklige gönükdirilen?

a) Mugallym okuwçylar bilen karta boýunça syýahat edýär. Mugallym okuwçylara kartada Türkmenistanyň bir ýerini görkezende, okuwçylar şol ýeriniň tebigatyny, ösümliklerini ýazyp beýan etmeli.

b) Okuwçylar zähmet sapagynda özlerine teklip edilen nusga boýunça konstruksiýany düzýärler.

ç) Okuwçylar mugallymyň gürrüň berýän eserinden göwnüne ýaran gahrymanlary saýlap alýarlar we şol barada düzme ýazýarlar.

# IV bölüm
# Şahsyýetiň emosional we erk prosesleri

## § 12. Emosiýa we duýgular

Adam daşky dünýädäki predmetleri, hadysalary we wakalary kabul eden halatynda özboluşly ýagdaýlary başyndan geçirýär. Adam predmetler bilen sowuk aragatnaşyk saklamaýar. Ol daş-töweregindäki predmetleriň, hadysalaryň, adamlaryň täsiri esasynda öz içki joşgunyny ýüze çykarýar. Adamy durmuşda bir hadysa begendirse, başga bir ýagdaý gynandyrýar, gaharyny getirýär, bir zada guwansa, başga bir zada ynjalyksyzlanýar, tolgunýar, işinde jogapkärçilik, borçlulyk duýgularyny başyndan geçirýär. Elbetde, bu prosesleriň ählisi begenmek, gynanmak, gorkmak, aglamak-gülmek, gaharlanmak, jogapkärçiligiňi we borjuňy duýmak we ş.m. adamyň emosiyalary, joşgunlary we duýgularydyr. Adam emosiýalary we duýgulary elmydama başdan geçirip durýar.

Emosiýalar we duýgular– bu adamyň daş-töweregindäki zatlara we öz-özüne bolan gatnaşygyny bildirýän psihiki prosesdir. Emosiýa bilen duýgy düşünjesi biri-biri bilen sinonim görnüşinde aňladylsa-da bu düşünjeler biri-birinden tapawutlanýar. Mysal üçin, borçlulyk, jogapkärçilik, kollektiwizm, dostluga wepalylyk ýaly duýgular adamyň gatnaşyklarynda elmydama ýüze çykyp durýar. Ermosiýa bolsa duýga garanyňda, ýönekeý bolup, adamyň edil şol wagtky başdan geçirmesidir. Emosiýalar we duýgular hiç bir sebäpsiz öz-özünden döremeýärler. Emosiýalaryň we duýgularyň çeşmesi bolup, predmetler we hadysalar, ýerine ýetirilýän işler, biziň psihikamyzda we beýnimizde bolup geçýan özgerişler hyzmat edýärler. Emosiýalaryň we duýgularyň adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky ähmiýeti öran uludyr. Ol adamlary işe hereket etmäge oýandyrýar, işde, okuwda dürli kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär. Ol adamyň jemgyýetde özüni alyp barşyny kesgitleýär. Emosiýalaryň we duýgularyň okuw işinde hem ähmiýeti uludyr. Emosional tolgunma bilen gürrüň berlen rnaterialyň mazmunyna okuwçylar gowy düşünýärler, emma içgysgynç sapak okuwçylaryň materialy gowşak özleşdirmegine getirýär. Emosiýalar adamyň organizminde birnäçe fiziologik üýtgeşmeleriň döremegine getirýär. Adamyň dem alşynyň ritmi, ýürek-damar sistemasynyň işi, sülekey mäzleriniň işjeňligi bozulýar. Uly ýarym şaryň gabygynda emele gelen oýanyş prosesi gabygyň beýleki ýerlerindäki merkezlerine hem ýaýraýar. Bu bolsa adamyň organizminde birnäçe üýtgeşmeleriň bolup geçmegine getirýär. Adamyň emosional ýagdaýyny onuň daşky aňlatmasy hökmünde organizmde ýüze çykýan üýtgeşmelerden kesgitlemek bolar. Güýçli emosional ýagdaýlar adamyň gan aýlanyşynyň üýtgemesine getirýär. Adam gorkanda ýüzi agarýar, utananda bolsa gyzarýar. Gorky mahalynda adamyň ýürek urmasy güýçlenip, dem alşynyň ritmi hem bozulýar. Adamyň emosional ýagdaýy ýüzüniň hereketinde (mimikada), göwresiniň hereketinde (pantomimikada) hem bildirýär.

Begenç emosiýasynda adamyň ýüzüniň keşbi açyk bolýar, gözleri gülüp durýar, emma gaharda ýüzi salyk, gaşlary çytyk bolýar. Gam-gussa batan adamyň ýüzi salyk, egni sallanan, dodaklary kepän görnüşinde bolýar. Adamlar durmuşda özleriniň başyndan geçirýän emosiýalarynyň we duýgularynyň netijesinde sungaty döredipdirler,



**21-nji surat.**
**Emosiýa mahalynda adamyň ýüz keşbiniň, mimikasynyň üýtgemegi**

sazy, žiwopisi, poeziýany janlandyrypdyrlar. Sungat eserleriniň ählisi adamlarda emosional reaksiýalary döredýär.

Položitel emosiýalara adamyň begenmegi, şatlygy, gülküsi, guwanmagy, bagtlylygy, kanagatlanmagy degişlidir.

Otrisasel emosiyalara adamyň kanagatlanmazlygy esasynda döreýän gahary, gaýgysy, hasraty, agysy, gorkusy, ýigrenji degişlidir. Adam öz durmuşynda bolup geçýän käbir hadysalara begense, şol bir wagtda oňa hem gynanýar. Bu ýagdaýda iki sany garşylykly emosiýalar bir wagtda bolup geçýärler. Mysal üçin, çeper eserlerde enäniň uruşdan gaýdyp gelen ogluny garşylaýşy şeýle suratlandyrylýar. Ene öz oglunyň uruşdan sag-aman dolanyp gelenine begense, uruşda oglunyň bir aýagyny aldyrandygyna ýüregi gyýylýar. Emosiyalar adamda aktiwlik we gowşaklyk ýagdaýlaryny döredip bilýär. Şonuň üçin emosiýalar steniki we asteniki diýen görnüşlere bölünýärler. Steniki emosiýalar adamyň aktiwligini, işjeňligini ýokarlandyrýar. Asteniki emosiýalar adamyň aktiwligini pese gaçyryp, işjeňligini gowşadýar. Emosiýanyň steniklik we asteniklik aýratynlygy položitel hem otrisasel emosiýalaryň ikisinde hem bolup geçýär. Kähalatlarda adamy gam-gussa çykgynsyz ýagdaýa düşürse, başga bir adamyň eserdeňligini ýüze çykarýar. Gorky käbir adamlary ruhdan düşürse, başga bir adamda ugurtapyjylygy, çaltlygy oýarýar.

Emosiýalar adamyň ýüzüniň myşssalarynyň üýtgemegine hem getirýär.



**22-nji surat.**
**Emosiýa mahalynda adamyň ýüzüniň myşsalarynyň ýygrylyp we ýazylyp bilşiniň suratlandyrylyşy**

Emosiýalary intensiwligi we durnuklylygy boýunça keýplilik, affekt, stres ýaly aýratynlyklara bölmek bolýar.

Keýplilik – bu adamyň dürli işlerinde we başdan geçirmelerinde döreýän uzak ýa-da az durnukly ýagdaýdyr. Keýplilik özüniň gysgalygy ýa-da dowamlylygy, aýdyňlygy ýaly derejede bolmaklygy bilen tapawutlanýar. Dowamly keýplilik adamyň özüni alyp barşyny birnäçe günüň, hepdäniň dowamynda bezäp biler. Adamda keýplilik haýsy-da bolsa bir zadyň täsiri esasynda bolup geçýär. Sebäpsiz keýplilik emele gelmeýär. Keýpliligiň sebäbi bolup daş-töwerekdäki adamlar, predmetler, wakalar, hadysalar bolup biler. Keýplilik adamyň aktiwligini ýokarlandyrýar, işe bolan höwesini artdyrýar. Keýpsizlik ýagdaýynda adam işi gowşak ýerine ýetirýär. Okuwçy okuw işinde materialy kynlyk bilen özleşdirýär, ýerine ýetirip oturan işinden derrew ünsi sowlup bilýär. Şonuň üçin adam keýpsizligini özi ýeňip geçmegi başarmalydyr. Affekt, göçgünlik ýagdaýy – bu adamyň özüni alyp barşynda gysga wagtyň içinde bolup geçip, partlaýyş häsiýetinde emosional dartgynlylyk arkaly ýüze çykýan ýagdaýdyr. Affekt, göçgünlik mahalynda adamyň erk gözegçiligi gowşaýar. Ol öz hereket-

lerine gözegçilik edip bilmeýär. Affekt üçin hasiýetli zat onuň güýçli, dartgynly ýüze çykmasydyr. Göçgünlilik gysga wagtyň içinde bütin kalbyňy eýeleýär. Şonuň üçin oňa adamyň ruhy tolgunmasy diýip hem aýtmak bolar.

Göçgünli ýagdaýdaky adam öz edýän hereketine özi düşünmeýär. Ol öz hereketini saklap, öz reaksiýasynyň netijesinde gözegçilik edip bilmeýär. Oýanma we päsgellenme prosesleri belli bir ýagdaýda saklanyp bilmeýän durnuksyz adamlarda affekt çalt yüze çykyp bilýär. Emma bu, köplenç, gaharjaň, tertipsiz, öz duygularyna gözegçilik edip bilmeýän adamlarda ýüze çykýar. Affekt ýagdaýy adamyň diňe gaharynyň gelmeginde däl-de, eýsem ol aşa güýçli begenende hem ýüze çykyp bilýär. Adam begenjinden ýaňa öz hereketlerine bolan gözegçiligini hem yatdan çykarýar.

Stres ýagdaýy – bu adamyň özüni alyp barşynda garaşylmadyk we dartgynly şertlerde döräp, onuň kalbynyň gam-gussa batmagydyr. Stres ýagdaýlar özüňi alyp barşyň garaşylmadyk, duýdansyz üytgeýän şertlerinde töwekgel hereketler, çalt we özbaşdak karara gelmek zerurlygyny döredýän howply ýagdaýlarda ýüze çykýar. Stress ýagdaýyna sezewar bolan adam özüni örän aljyraňňy ýagdaýda alyp barýar. Adam daşky dünyaniň täsirlenmeleriniň netijesinde birnäçe duýgulary başdan geçirýär. Duýgular özleriniň mazmuny we ähmiýeti boýunça birnäçe görnüşlere bölünýärler. Olara ahlak duýgular degişlidir. Bulara yokary duýgular diýilýär.

Ahlak duygulary – bu adamyň beýleki adamlara we özüne bolan gatnaşyklarydyr. Ýokary duýgularyň içinde ahlak duýgusy uly rol oýnaýar. Ahlak duýgulary adamyň ahlak sypatlaryny bezeýär, adamlar bilen ýokary ahlak gatnaşyklaryny ýola goýýar. Ahlak duýgularyna dostluga wepaly bolmak, ýoldaşlyk we biwepalyk, söýgi we ýigrenç, hormat goýmak we sylamazlyk, minnetdarlyk bildirmek ýa-da gadyrbilmezlik, kollektiwiň agzybirligine guwanmak, watançylyk, borçlulyk, wyždanlylyk ýaly birnäçe duýgular degişlidir. Duýgular adamlar bilen zähmet gatnaşyklarynda kemala gelýär we terbiýelenýär. Zähmet işinde adamlarda jogäpkärçilik, borçlulyk yaly duýgular terbiýelenýär. Eger-de adam öz Watanynyň, halkynyň agzybirligine, parahatçylygyna guwansa, onda şol adamda öz Watanyna bolan söýgi duýgusy terbiýelenýär. Jogapkärçilik duýgusy adamyň ähli işinde,

hereketlerinde yüze çykyp durýandyr. Mysal üçin, okuwçynyň jogapkärçilik duýgusy okuwa bolan aktiwligini ösdürýär.

Intellektual, akyl ýetiriş duýgusy – bu adamyň akyl işiniň, hereketiniň dowamyndaky başdan geçirmeleridir. Şeýle duýgulara geň galmak, bilesigelijilik, bilmäge höweslenmek, dürli şowsuzlyklara şübhelenmek, ynamlylyk, kanagatlanmak degişlidir.

Bu duýgular adamyň dünýägaraýyşlarynyň täsiri esasynda döreýär. Bu duýgularyň ählisiniň adamyň akyl ýetiriş işindäki ähmiýetini aýratyn nygtamak bolar. Meselem, okuwçy islendik bir meseläniň çözgüdiniň dogrudygyna ýa-da nädogrudygyna baha bermek üçin öňünden şübhelenýär. Şol wagt hem şübhelenmek duýgusy okuwçynyň meseläni täzeden barlamagyna getirýär. Adam tarapyndan ýerine ýetirilýän işleriň köpüsi başdan geçirmeleriň döremegine getirýär. Adamyň öz edýän işiniň ugruna bomaklygy onda kanagatlanmak duygusyny yüze çykarýar.

Estetiki, gözellik duýgulary – bu adamyň gözellikleri kabul edýän we döredýän mahalyndaky başdan geçirmesidir. Biz durmuşda islendik owadan, gelşikli, göze ýakymly zatlary, predmetleri görenimizde, estetiki duýgulary başdan geçirýäris. Estetiki duýgulara gıwanmak, buýsanmak, haýran galmak, hormat goýmak degişlidir. Adam tebigatyň gözelliklerine, sungat eserlerine syn edende, aýdym-saz diňlände, olardan lezzet alýar. Olaryň ýakymly täsirliklerine guwanyp, estetiki duýgulary başdan geçirýär. Adamda diňe bir predmetler, hadysalar gözellik duýgusyny ýüze çykarman, eýsem ahlak taýdan ajaýyp adamlar hem estetiki duýgyny ýüze çykarýarlar. Şeýle adam biziň kalbymyzda hormat goýmak duýgusyny oýarýar.

## Duýgular we iş

Duýgy baýlygy – içerki ýaşaýşyň ýokary derejede we hertaraplaýyn ösmeginiň zerur şertidir. Duýgularyň azlygy we garyplygy durmuşy höwessiz we tukat edýär, adamy hereketsiz we höwessiz edýär.

Duýgularyň iň güýçli çeşmesi adamyň işindedir. Işiň esasy görnüşlerinden zähmeti, okuwy (taglymaty), oýny alsak, şu işleriň barşynda nähili kän duýgularyň gelip çykýandygyny biz mydama gör-

ýäris. Oýun babatda munuň özi äşgär görünýär: eger-de oýun adamy düýpden gyzyklandyrmaýan bolsa, hiç kim hut öz höwesi bilen haýsyda bolsa bir oýna gatnaşjak bolmaz. Emma welin has hem çuňňur güýçli we her dürli duýgular adamzadyň ýaşaýşynyň esasy mazmunyny düzýär we adamyň ýaşaýşynyň mazmunyny ep-esli derejede kesgitleýär. Iş proseslериniň – zähmet, okuw, oýun işiniň prosesleriniň özi hezilligi, keýpliligi döredip biler. Söýýän işiň bilen meşgul bolmak mydama şatlyk çeşmesidir.

Işiň köp görnüşlerinde käbir aýgytly pursatlar bolýar, ähli öňünden görlen taýýarlyk işiniň netijesi şol pursatlar bilen baglanyşyklydyr. Okuwçy üçin synag tabşyrmak, aktýor üçin täze roly iň ilki ýerine ýetirmek, ine, şular şonuň ýaly aýgytly pursatlaryň mysallarydyr. Şu pursatlara golaýlaşmak barha artýan özboluşly galagoplylyk duýgusyny başdan geçirmek bilen häsiýetlenýär, aýgytly pursat geçenden soň bolsa, meseläniň çözülenlik duýgusy, galagoplylygyň aýrylanlyk duýgusy bilen häsiýetlenýär.Işiň käbir görnüşlerinde gysga wagt aralygynda galagoplylyk we çözülmek duýgularynyň örän üzül-kesil çalşýp durýandygyny görmek bolýar. Munuň özüniň hiç ýerde söweş ýagdaýyndakysy ýaly äşgär ýüze çykýan ýeri ýokdur.

Her bir gabat gelýän kynçylyk dürli-dürli we örän güýçli duýgularyň çeşmesidir. Kynçylyklara bolan garaýyş örän dürli-dürli bolup biler. Olar özüňe ynamsyzlyk, özüňi ýitirmek, ejizlik, gussa duýgusyny emele getirip bilerler, emma şonuň bilen sanalyp geçilen duýgulara gös-göni garşy duýgularyň – özüňe ynanmagyň, öz güýjüňi aňlamagyň şähdaçyklygy we oýanyşlary özboluşly başdan geçirmegiň çeşmesi hem bolup bilerer. Kynçylyklary ýeňip geçmek prosesiniň özi şatlykly ýokary göteriliş bilen baglanyşykly bolup biler hem-de kynçylyklardan gaçmagy we kynçylyklara garşy göreşmekden boýun gaçyrmagy endik eden adamlary bildirmän, kynçylygy ýeňip geçmäge höweslendirip biler.

Öňde goýlan maksada ýetmekdäki bişowluk, üstünliksizlik hem örän dürli-dürli başdan geçirilip bilner. Bişowluk birnäçe adamlarda gaýgy, gussa, ruhy peselen ahwalat döredýän bolsa, başgalarynda ol güýjemek duýgusyny, ýokary göterilmek, özüne we özüniň

başarnyksyzlygyna gaharlanmak duýgusyny, özüniň hemme güýçlerini jemlemäge we her edip- hesip edip özüniň maksadyna ýetmäge mejbur edýän duýgy döredýär. Bişowlukdan soň “gahary gelen” adam parahat ýagdaýdaka netije bermedik işden käwagtlarda netije çykaryp bilýär.

Üstünlik getiren maksadyň aňlanylmagy hem aýdyň duýgulary döredýär. Begenç, şatlanmak, guwanmak, güýçlenip, zor berlenden soň göwrümiň giňemegi, adatça, uly we kyn işiň gutarylmagy bilen döreýär.

## Duýgularyň esasy hilleri

Duýgular hilleriniň we alamatlarynyň uçursyz dürlüligi bilen tapawutlanýarlar. Şunlukda, duýgulary başga pishiki proseslerden tapawutlandyrýan bir aýratynlygy belläp geçmek bolar. Duýgulary häsiýetlendirýän esasy hiller ýa-da alamatlar biri-birine garşy bolan hil jübütlerini: mazalylyk-mazasyzlyk, şatlyk-gaýgy, şähdaçyklyk-gussa, söýgi-ýigrenç we ş.m. döredýärler. Bu aýratynlyga **duýgularyň polýarlygy** diýilýär. Biri-birine garşy emosional hiller arasynda duýgularyň mümkin bolan aralyk alamatlary ýerleşýän polýuslary emele getirýärler. Şu biri-birine garşy duýgulara duýgynyň polýar hilleri diýilýär.

Duýgulary häsiýetlendirýän şunuň ýaly polýar hilleriň iki jübütiniň has uly ähmiýeti bardyr.

Şu iki jübütiň birinjisi mazalylyk we mazasyzlykdyr. Duýgularyň hemmesi diýen ýaly ýakymly ýa-da ýakymsyz bolup, mazalylyk we mazasyzlyk bilen baglanyşyklydyr. Duýgynyň gönükdirilen zadyna adamyň özüniň garaýşyna başyndan geçirme diýlip aýdylýar. Garaýyş bolsa mydama oňyn ýa tersin bolýar. Şuňa görä, duýgularyň hem oňyn ýa tersin häsiýeti bardyr. Hezillik, keýp, şatlyk, bagt, şadyýanlyk, şatlanmak, söýgi oňyn duýgulardyr. Mazasyzlyk, gaýgy, gam-gussa, umytsyzlyk, ýigrenmek tersin duýgulardyr.

Adamyň başyndan geçirmelerinde, köplenç, edil bir wagtyň özünde oňyn we tersin duýgularyň bolýandygyny, şunlukda, başdan geçirmäniň özüniň edil bir wagtda mazalylygy hem-de mazasyzlygy

öz içine alýandygyny agzap geçmek örän möhümdir. Geçmişi ýada salmak ýakymlydyr, çünki munuň özi şol wagty täzeden iň bärkisi başdan geçirmäge mümkinçilik berýär, emma bu wagtyň indi dolanyp gelmejekdigini aňlamakdan emele gelýän gussa hem bardyr. Kynçylyklary ýeňip geçmek bilen baglanyşykly bolan duýgularda-da, adatça, oňyn we tersin taraplar bolýar.

## Çagalarda emosiýalary we duýgulary ösdürmek

Çaganyň emosiýalarynyň ösmeginde onuň daş-töweregindäki adamlaryň we oýunlaryň ähmiýeti uly bolup, olar çagada sosial duýgularyň esaslarynyň kemala gelmegine ýardam edýär.

Mekdebe çenli ýaşly çaganyň emosiýasy tiz ýüze çykýar, ýöne onuň emosiýasy deňagramsyz (durnuksyz) bolýar. Mekdebe çenli döwürde çagada ýokary duýgular, ýagny ahlak duýgulary kemala gelip başlaýar, muňa çaganyň oýun işi bilen meşgullanmagy, ertekilerdir hekaýalary diňlemegi ýardam edýär. Şeýle işlerde çaga kollektiwiň umumy talaplaryna boýun egmeli bolýar, bu bolsa onuň ahlak duýgularynyň ösmegine getirýär. Estetik (gözellik) duýgularynyň ösmegine aýdym-saz, şekillendiriş sungaty sapaklary täsir etse, uly toparlarda okuw işi bilen baglanyşykly guralýan sapaklar çaganyň bilesigelijiligini artdyrýar hem-de olarda intellektual duýgularyň ösmegine täsir edýär.

Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň emosional durmuşy özgerýär. Okuwçyda kem-kemden emosiýalaryny saklap bilmek endikleri ösüp başlaýar. Ýöne kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň birbada öz emosiýalaryna gözegçilik etmeýänligini, emosiýalarynyň ýüze çykmalaryny doly saklap bilmeýändiklerini bellemek gerek. Okuwçylaryň ýüz keşbi hem-de hereketleri (poza) olaryň emosional başdan geçirmelerini aýdyň ýüze çykarýar. Emosiýalary saklap bilmezlikleriniň sebäbi okuwçylaryň affekt ýagdaýlarda bolmaklary, şeýle hem olaryň gysga wagtlaýyn begenç we gynanç ýagdaýlary başdan geçirýändikleri bilen düşündirilýär. Ýöne bu emosional ýagdaý kiçi ýaşly mekdep okuwçysynda durnuksyzdyr. Şol döwürdäki ýaşly çagalar tiz rahatlanyp ýa-da tiz gaharlanyp bilýärler.

Başlangyç synp okuwçylarynyň emosiýalarynyň döremegi takyk ýagdaýlara baglydyr. Haýsydyr bir hadysa ýa-da durmuşda gabat gelýän dürli göz öňüne getirmeler hem-de tolgunmalar kiçi ýaşly mekdep okuwçysynda degişli emosiýalary ýüze çykaryp bilýär. Okatmak prosesinde bu ýagdaýyň hasaba alynmagy zerurdyr, sebäbi emosional bezelen (joşgunly) hadysalary okuwçylar gowy hem-de uzak wagtyň dowamynda ýatda saklaýarlar. Çaga näçe kiçi ýaşly boldugyça, şonça-da onuň tebigaty her bir tebiýeçilik işiniň emosional taýdan täsirli bolmagyny talap edýär.

Okuw işi hem-de kollektiwleýin ýerine ýetirilýän işler okuwçylaryň ýokary duýgularyny ösdürmeklige ýardam edýär. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda watansöýüjilik, duýgudaşlyk, kollektiwizm, dostluk (ýoldaşlyk) ýaly ahlak duýgular intensiw (çalt depginde) ýagdaýda kemala gelip başlaýar. Mekdepde belli bir işleri ýerine ýetirmekdäki jogapkärçilik, bilelikde ýerine ýetirilýän okuw hem-de jemgyýetçilik işleri, birek-biregiň we synpyň öňündäki jogapkärçilik ýaly ýagdaýlar okuwçylarda ahlak duýgularyny ösdürýän mümkinçilikleriň biridir. Şularyň esasynda okuwçylarda jogapkärçilik duýgusy kemala gelýär, okuwçy diňe bir öz bähbidini hasaba almak bilen çäklenmän, kollektiwiň bähbidini hem göz öňünde tutup başlaýar. Okuwçy ilki bilen ahlakly hereket etmek baradaky düzgünleri bilýär. Soňra bolsa onda ahlak duýgulary ösüp başlaýar, bu ýagdaýa kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň aýratynlygy hökmünde garalýar. Okuwçy özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň berjaý edilişini düşündirip bilmese-de, öň özünde bar bolan tejribesine görä ýaman etmiş bilen ýagşy işi dogry tapawutlandyrmagy başarýar. Okuwçynyň ahlak duýgularyny ösdürmekde onuň öňki tejribesine daýanmak zerurdyr.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň estetik duýgulary olaryň çeper eserleri kabul etmekligine garanyňda, dürli işlerde ösýär. Başlangyç synpyň okuwçysy surat çekende açyk, güneşli reňkleri görmekligi öwrenýär, bu zatlara seretmek, synlamak hem ýakymly bolýar. Okuwçy özüne haýsydyr bir reňkiň has gowy täsir edişini bilşi ýaly (açyk-ýaşyl reňk bilen gyzyl reňkiň utgaşmasy), käbir reňkleriň (gara bilen mawy) bolsa tutuk görünýändigini bilýär. Okuwçylar, ilki bilen, kartinalaryň mazmunyny kabul edip, onuň çeperçilik artykmaçlyklaryny görmegi başarmaýarlar.

Aýdym sapaklarynda gözellik duýgulary has ösýär hem-de okuwçylaryň estetik başdan geçirmeleri çuňlaşýar. Okuwçylar käbir saz eserlerine gowy düşünýärler. Meselem, 2 synpyň okuwçylary mugallymyň: “Gahrymanlar hakdaky sazlar nähili bolýar?” diýen soragyna şeýle jogaplary bedriler: “Dabaraly. Beýle sazlar hüjüm edilende, ýeňiş gazanylanda çalynýar. Şadyýan. Beýle sazlar esgerler şäherleri azat edenlerinde çalynýar. Şonda esgerler aýdym aýtmaly bolýarlar” we ş.m.

Estetik duýgulary ösdürmekde tebigatyň roly uludyr. Tebigat bilen baglanyşykly işler sungat eserleri bilen utgaşdyrylanda estetik duýgular kämilleşýär. Sungat tebigatdaky gözellikleri görmäge ýardam edýär, tebigat bolsa çaga gözellikleri görmegi, eşitmegi, oňa düşünip bilmegi öwredýär.

Başlangyç synp okuwçylarynyň intellektual duýgulary kem-kemden ösýär. Okaýan hekaýasyndan lezzet almak, ýerine ýetiren ýumuşlaryndan kanagatlanmak, haýsydyr bir meseläniň üstünlikli çözülmegi bilen baglanyşykly duýgulary başdan geçirmek bilen, okuwçy şol işleri ýerine ýetirmek üçin özüniň akyl ýetiriş güýjüni sarp edýär we şonuň netijesinde onuň intellektual duýgulary ösüp başlaýar.

Ýetginjeklik döwründe okuwçynyň ýerine ýetirýän okuw we jemgyýetçilik işleriniň has çylşyrymlaşýanlygy sebäpli, onuň durmuşa bolan garaýyşlarynda emosional ösüşleriň ýüze çykmagy üçin amatly şertler döreýär. Bu döwürde ýetginjegiň akyl ýetirişi hem-de ahlak duýgulary has ösen bolýar, bu bolsa şol döwrüň häsiýetli aýratynlygydyr.

Mekdep okuwçysynyň emosiýalaryny we duýgularyny terbiýelemekdäki esasy meseleleriň biri-de okuwçynyň öz duýgularyna, erkine gözegçilik etmegini, dürli ýagdaýlarda özüni saklap bilmegini (gaharyny ýa-da has begençli duýgularyny saklap bilmek) gazanmakdyr. Bu bolsa birnäçe türgenleşmeleriň, gönükmeleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Türgenleşmeleriň netijesinde çagada borçlulyk duýgulary ösüp başlaýar we kämilleşýär. Türgenleşmeler iň ýönekeý zatlardan başlanýar: “Men, ilki bilen, öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirmeli, ondan soň gezim etmeli” diýen ýaly okuwçynyň öz öňünde goýan borçlaryny muňa mysal edip görkezmek bolar.

Mugallymyň okuwçylaryň başdan geçirmelerinde položitel emosiýalarynyň ösmegini gazanmaklygy möhümdir.

Duýgulary türgenleşdirmek bilen adamyň daşky dünýä, tebigata we jemgyýete bolan has kämil garaýyşlaryny terbiýeläp hem kemala getirip bolýar.

Çaganyň emosional ösüşinde oýunlar, daş-töwerekdäki adamlar bilen gatnaşygy uly rol oýnaýar. Mekdebe çenli döwürde çaganyň özi ýalylaryň gatnaşmagynda bile oýnamakda, surat çekmekde, aýdym aýtmakda, saz diňlemekde, ertekileri diňlemekde, ýönekeýje ýumuşlary çözmekde ahlak, akyl ýetiriş we estetiki duýgulary ösýär. Çaga mekdebe barmak bilen özlerinde bolup geçýän emosiýalara gözegçilik etmegi öwrenýär. Mugallymyň okuwçylardan edýän talaplary emosiýalaryň sazlaşykly ýüze çykmagyna itergi berýär. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda emosiýalaryň yüze çykmagy takyk ýagdaýa bagly bolup durýar. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylary bilen geçirilýän terbiýeçilik çäreleriniň hem yokary duýgulary terbielemekde ähmiýeti uludyr. Okuwçylara gürrüňleriň, zähmet işleriniň üsti bilen watançylyk, borçlulyk duýgularyny bermek mümkindir. Okuwçylar okuw işiniň dowamynda köşeşip bilýärler. Çaganyň kollektiwde bolmagy bilen kollektiwizm, hormat goýmak, dostluga wepalylyk ýaly birnäçe ýokary duýgulary terbiýelenýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Emosiyalar we duýgular diýlip nämä aýdylýar?
2. Adamda emosiýalary nämeler döredip bilýär?
3. Emosiýalaryň daşky alamatlaryny nähili bölüp görkezmek bolar?
4. Emosiýalaryň esasy aýratynlyklary haýsylar?
5. Adamyň ýokary duýgulary nähili bölünýär?
6. Adamyň emosiýalary we duýgulary nähili terbiýelenýär?

**Psihologik sözlük**

***Emosiýa*** – joşgun, tolgunmak, adamyň predmetleriň we hadysalaryň durmuşy ähmiýetini höwes-meýilsizlik görnüşinde psihiki şöhlelendirmegi.

***Affekt*** – aňa tabyn bolman, dyzmaç yüze çykýan örän çalt we güyçli partlaýyş häsiýetli emosiýa.

***Stres*** – adamda basyşa, dartgynlyga, adatdan daşary tasirlere jogap hökmünde yüze çykýan dürli-dürli ýagdaýy aňlatmak üçin ulanylýan termin.

**Amaly ýumuşlar**

1. Başlangyç synp okuwçylarynda ýokary ahlak duýgularyny ösdüriji häsiýetdäki bir hekaýany analizlemeli we onuň terbiýeleýjilik ähmiýetini düşündirmeli.
2. Çeper eserlerden položitel we otrisatel görnüşdäki emosiýalara degişli birnäçe mysallar saýlap almaly we düşündirmeli.
3. Aristoteliň “Adam öz duýgularynyň döreýşine jogap bermese-de, olaryň ýüze çykyşyna jogap bermelidir” diýmekligine nähili düşünmek bolar?
4. Aşakdaky getirilen mysallaryň içinde ahlak, intellektual we estetiki duýgulara degişlilerini görkeziň.
Geňirgenmek, dostluk duýgusy, gözellik duýgusy, haýran galmak, borçlulyk duýgusy, ýaňsylamak duýgusy, kesekiniň betbagtçylygyna begenmek, wäşilik duýgusy, özüne göwnüýetijilik, adalatlylyk duýgusy, tragiki duýgy, şübhelenmek, utanç duýgusy, göriplik, hakykata bolan söýgi, duýgudaşlyk.
5. Hasrat çekýän adam “içini dökse”, aglasa, ýeňillik duýýanlygyny näme bilen düşündirmek bolar?
6. Getirilen mysallardaky duýgularyň görnüşlerini kesgitläň:
a) köp kynçylyklardan soňra meseläniň çözgüdiniň tapylmagy okuwçyda guwanç döretdi;
b) penjiräniň aýnasyny kimiň döwendigini synp ýolbaşça ýamanlanlygy üçin synp ekabyrynyň adynyň okuwçy tarapyndan “dönük” diýip tutulmagy onda uly sussupeslik döretdi.
7. Welosiped sürmegi öwrenýän mahaly adam “Häzir ýykylaryn” diýip pikir eden badyna agyp düşýänligi mälimdir. Bu ýerde erkiň haýsy mehanizmi ýüze çykýar?
8. Mekdep tejribeliginde, köplenç, mugallymlaryň okuwçylara bolan şeýle igençlerine duş gelmek bolýar:
“Seniň kelläň mydama biderek zatlardan doly”, “Bolmanda-da senden şundan gowy zada garaşmandym”, “Seniň berýän jogabyň entäk kanagatlanarsyz, ýöne has tijenersiň diýip tamam bar”, “Sen her gün şu günkiň ýaly oňat jogap berip bileňokmy, saňa utanç dälmi?”
Şeýle sözler mydama oňat netije berip bilermi? Olar okuwçylarda erkiň haýsy häsiýetleriniň kemala gelmegine täsir edýär?
9. Çagalaryň okuw işine ol ýa-da beýleki hili baha bermek olarda haýsy emosional ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýär? Ol okatmaklygyň netijeliligine nähili täsir edýär?
Mugallym öz okuwçylaryny ikilikden gorkmak, özlerine kembaha garamak duýgusyndan halas etdi. Her kime öz güýji ýetýän meseläni saýlamaga we okuwça ylma tarap öz ýodasyny tapmaga kömek etdi. Bu ýagdaý çagalarda uly höwes, jogapkärçilik duýgusyny döretdi. Ol

beýle netijäni ikilik goýmak, gorkuzmak, ene-atalary çagyrmak ýaly serişdeler bilen hiç wagt gazanyp bilmezdi.
10. Edil beýleki psihiki prosesler ýaly, duýgular hem hakykatyň şöhlelendirilmegidir. Näme üçin beýleki akyl ýetiriş proseslerinden (kabul ediş, ýat we ş.m.) tapawutlylykda duýgularda we emosiýalarda şahsyýetiň iň bir düýpli aýratynlyklary hertaraplaýyn ýüze çykýar?

## § 13. Erk

Adam jemgyýetde ýaşamak bilen durmuşyň şertlerini, düzgünlerini, kada-kanunlaryny berjaý edýär. Ol zähmet çekýär, okaýar, dynç alýar, öz isleglerini kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly bolan işleri ýerine ýetirýär. Kähalatlarda kynçylyklara, päsgelçiliklere döz gelip, öz öňünde goýan maksadyna ýetmäge dyrjaşýar. Adam zerur bir işiň bähbidi üçin özüniň fiziki güýjüni, akylyny sarp etmäge, degişli işe gönükdirmäge, kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmäge taýýar bolýar.

Erk – bu adamyň öz öňünde goýan maksadyna ýetmekde kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmeklige sarp edýän güýjüniň aňly hereket bilen utgaşmagydyr.

Köplenç, adam öz öňünde goýan maksadyna ýetmek üçin belli bir güýji sarp etmeli bolýar. Güýç sarp etmek bilen hem adam kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçýär. Päsgelçilikler daşky we içki görnüşlere bölünýärler.

İçki päsgelçilikler adamyň garşylykly bolan islegleriniň çaknyşmagyndan emele gelýär. Adamyň işlemegi ýa-da ýaltanmagy, gyzykly gürrüňi dowam etdirmegi ýa-da goýbolsun edip, işe başlamagy we ş.m. içki päsgelçilikleri etmekdir. Haçan-da adam “etmeli” diýen işini ýerine ýetirmäge özüni mejbur etmegi başarsa, onda adam öz içki päsgelçiligini ýeňip geçýär.

Daşky päsgelçilige daşky predmetlere beýleki adamlaryň garşylykly hereketleri, ýerine ýetirilýän işiň kynçylygy we çylşyrymlylygy degişlidir. Özüne erk etmegi başarýan adam öz öňünde goýan maksadyna ýetmegi we işi ahyryna çenli alyp barmagy başarýar. Adamyň erkli hereketi barada gadym döwürlerden bäri iki sany gapma-garşylykly (materialistik hem-de idealistik) pikirler beýan edilipdir.

Idealistik pikirlere görä, erke hiç bir zada garaşsyz proses, erkana hadysa hökmünde baha berilýär. Adam öz azat erkiniň eýesidir diýlip düşündirilýär. Onda adamyň zerurlygy göz öňünde tutulmaýar. Bu pikirler boýunça jemgyýetde şahsyýetiň erkiniň erkanalygy hukuk we ahlak normalarynyň bozulmagyna getirýär.

Materialistik pikirlere görä, adamyň erki daşky material zatlar bilen berk baglanyşykly döreýär diýlip tassyklanylýar. Eger-de, amatly daşky şertler bolmasa, adam erkli, aňly durmuşy, ýaşaýşy dolandyryp bilmez. Erk adamyň akyl ýetiriş işini sazlaýan faktorlaryň biridir. Erk hem beýleki psihiki prosesler ýaly, beýniniň fiziologik mehanizmleri bilen baglanyşyklydyr. I.P.Pawlowyň düşündirişine görä, adamyň kelle beýnisiniň uly ýarym şarynyň depe böleginde hereket ediş zonasy ýerleşýär. Beýniniň gabygynyň bu zonasy hem beýleki bölekleri bilen berk baglanyşyklydyr. Şol baglanyşyk hem uly ýarym şaryň gabygynda emele gelen oýanmany hereketlendiriji merkezlere ýetirmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, adamyň görüş arkaly alan informasiýalary hereketlendiriji merkezlere geçirilýär we şol ýerde oýanmany döredýär. Analizatorlardan hereketlendiriji merkezlere gelen informasiýa hereketlendiriş reaksiýanyň signaly bolup hyzmat edýär. Erkli hereketler adamyň bir zatdan saklanmagynda hem döreýär. Mysal üçin, adam öz islemeýän hereketlerinden, käbir endiklerden, öwrendiklilikden özüni saklap bilýär. Erk adamyň öz öňünde goýan maksadyna ýetmeginde ýüze çykýar. Adamyň hakyky erkli hereketleri maksada gönükdirilen işlerde içki we daşky päsgelçilikleri ýeňip geçmeklikde ýüze çykýar. Adamyň her bir erkli hereketini iki sany döwre bölmek zerurdyr. Olar **taýýarlyk** hem-de **ýerine ýetirilýän** döwür. Taýýarlyk döwri adamyň maksada gönükdirilen her bir erkli hereketini, ilki bilen, anyk maksat goýmakdan başlanýar. Adam herekete, işe başlamazyndan öňürti degişli işiniň näme üçin, nähili zerurlyk esasynda ýerine ýetirmelidigine göz ýetirmelidir. Esasy zat hem adam maksat eden işiniň ähmiýetine düşünmelidir. Maksat edilen işiň güýçýeterligini hasaba almak hem zerurdyr.

Taýýarlyk döwründe adam işi ýerine ýetirmäge isleg bildirýär. Isleg bildirmek bolsa, entek hereket etmek däldir. Adamyň isleginde ýerine ýetirilmeli işiň mazmuny giň beýan edilýän hem bolsa, here-

ketiň, aktiwligiň elementleri ýokdur. Adamyň işi ýerine ýetirmäge isleg bildirmegi, bu nämäniň hereket etmäge itergi berýändigini bilmegidir. Adamyň erkli hereketine dogry baha bermek üçin hereket etmäge, maksada ýetmäge oýandyrýan ýagdaý bolan motiwleri, meýilleri hem hasaba almak zerurdyr. Okuwçylarda motiwleriň dürli-dürlüdigini bilmek üçin şeýle mysala seretmek bolar. Mekdebiň 3-nji synp okuwçylaryna umumylykda: "Siz näme üçin gowy okamaga çalyşýarsyňyz?" diýen soragy berdiler. Okuwçylaryň her biri özüçe, öz motiwlerine görä jogap berdiler. Olaryň biri özüniň borçlulygy esasynda oňat okamaga çalyşýandygyny, beýlekisi bolsa özüni beýlekilerden has ökde görkezmek isleýändigini, 3-nji biri bolsa ejesiniň-kakasynyň talap edýändigi, şonuň üçin gowy baha almaga çalyşýandygyny aýdýar. Motiwler egoistik ýa-da jemgyýetçilik häsiýetlerde ýüze çykyp biler. Şahsyýetiň erkli hereket etmeginiň taýýarlyk döwri kesgitli karara gelmek bilen tamamlanýar.

Ýerine ýetirilýän döwür erkli hereket etmekligiň zerur döwri, karar edilen işi ýerine ýetirmekdir. Emma ýerine ýetirmeli iş karar edileni bilen hem entek adama erkli diýip bolmaýar ýa-da erkli hereket bolup geçýär diýip bolmaýar. Haçan-da adamyň degişli işi ýerine ýetirmäge girişmegi, işiň dowamynda döreýän päsgelçilikleri aňly-düşünjeli ýeňip geçmegi onuň erkliligini kesgitleýär. Kähalatlarda adam ýagdaýynyň, şertiň üýtgemegi bilen maksat edilen işi ýerine ýetirmän, goýbolsun etmeli bolar. Şeýle ýagdaýda adam erki gowşak ýa-da erksiz diýip bolmaýar. Erkli hereketiň netijesinde adam maksadyna ýetýär. Erkli hereket etmek şahsyýetiň özüni bahalandyrmagy bilen tamamlanýar. Ol hereketiň dowamynda sarp edilen güýji, goýberilen kemçilikleri, ýalňyşlyklary hasaba alýar we degişli netije çykarýar.

Jemgyýetde adamlar özleriniň erk hilleri bilen biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Şahsyýetiň erk hillerine: maksada okgunlylyk, özbaşdaklyk, aýgytlylyk, tutanýerlilik, çydamlylyk, batyrgaýlyk, tertiplilik degişlidir.

**Maksada okgunlylyk** – bu şahsyýetiň öz öňünde goýan maksadyna ýetmek üçin bar ukybyny, güýjüni sarp etmegidir. Maksada ogunly adam jemgyýetçilik bähbitlerine gowy düşünýär we şoňa laýyklykda hem hereket etmäge çalyşýar. Maksada okgunly adamyň

beýlekiler üçin düşnükli bolan şahsy maksatlary bolýar. Jemgyýetçilik maksady bilen şahsy maksatlar utgaşyp, bir bitewi maksada öwrülýär.

**Özbaşdaklyk** – bu adamyň edýän işiniň dogrudygyny bilenden soň özi üçin hususy başlangyjy boýunça özbaşdak ýerine ýetirmegidir. Özbaşdak erkli adam daşdan adamlaryň kömegine mätäç bolmaýar. Ol öz karar eden işini özbaşdak ýerine ýetirmäge ymtylýar. Emma bu hili erkli adam gerek ýerinde başgalaryň pikirini hem diňlemegi başarýar, gerek, zerur ýerinde bolsa ony ulanýar. Özbaşdaklygyň negatiwizm hem ynanjaňlyk, nalajedeýinlik ýaly otrisatel taraplary hem bardyr.

**Negatiwlik** – adamyň özbaşdak hereket edýän mahalynda başga adamlaryň pikirine, goltgusyna parhsyz garamaklygydyr.

**Ynanjaňlyk** – bu negatiwizmiň otrisatel tarapy hem-de otrisatel hasaplanýan erk hilidir. Ynanjaň adam özbaşdak hereket edip bilmeýär. Ol nädogry pikirlere hem garşy çykyp ýa-da ony tankyt edip bilmeýär.

**Aýgytlylyk** – bu şahsyýetiň öz öňünde goýan maksadyna durnukly karar edilensoň, hiç hili saklanmazdan, paýhasly ýerine ýetirmäge girişmegidir. Aýgytly adam etjek işini, hereketini hemmetaraplaýyn ölçeýär, göz öňüne getirýär hem-de netijesiniň nähili boljakdygy barada jogapkärçilik duýýar. Elbetde, aýgytly adam ýeňil we arkaýyn hereket edýän ýalydyr. Emma ol çylşyrymly içki pikirleri başdan geçirýändir.

**Tutanýerlilik** – bu şahsyýetiň öz karar eden maksadyna päsgelçiligine, kynçylygyna garamazdan ýerine ýetirmäge girişmegidir, maksadyna ýetmäge dyrjaşmagydyr. Tutanýerli adam şowsuzlyklara uçranda ruhdan düşmeýär, ol kynçylyklaryny ýeňip geçmegiň täze ýollaryny agtarýar. Okuw işinde okuwçylarda tutanýerliligi terbiýelemegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Tutanýerli adam öz işini pikirlenip guramagy başarýar hem-de dürli ýagdaýlarda dogry baha berip bilýär.

Tutanýerlilikden tapawutlylykda otrisatel erk hili bolan **keçjallygy** hem häsiýetlendirmek bolar. Keçjal adam öz diýenini gögertmäge çalyşýar. Ol öz hereketiniň nädogrudygyny bilse-de, ondan ýüz

öwürmän öz pikirini dürli diller bilen düşündirmäge çalyşýar. Keçjallyk, köplenç, kiçi ýaşly çagalarda çalt kemala gelýär. Onuň döremegine ene-atalaryň artykmaç gowy görmegi, läliksiretmegi, ýerliksiz kömegi, başyna goýbermekligi, gözegçiligiň bozulmagy sebäp bolup biler. Keçjallyk ýetginjeklik döwründe hem berk ösüp, kemala gelip bilýär. Keçjallyk adamyň uly ýetmezçiligi hasaplanýar.

**Çydamlylyk** – bu şahsyýetiň eden işini ýerine ýetirmegiň dürli hereketleriniň dowamynda öz ýagdaýyna gözegçilik edip, ýüze çykýan päsgelçiliklere garşy durup, saklap bilmek ukybynyň bolmaklygydyr. Adamyň durmuşynda ähli işi, hereketi öz ugruna ýeňillikli ýerine ýetirilmeýär. Adam kähalatlarda dürli kynçylyklara, şowsuzlyklara döz gelip, öz saglygyna, ýaşaýşyna howp salýan ýagdaýlarda hem hereket etmeli bolýar. Şeýle ýagdaýlarda çydamly adam özüniň erkini saklap bilýär. Biziň taryhymyz yz galdyran birnäçe şahsyýetler bilen tapawutlanypdyr. Mysal üçin, Gökdepe galasyny goramakda türkmen halkynyň çydamlylygy munuň aýdyň mysalydyr. Çydamlylygyň garşylykly tarapy hökmünde çydamsyzlygy, impulsiwligi görkezmek bolar.

**Impulsiwlik** – bu latyn sözünden terjime edilende “impuls”, ýagny itergi diýmekligi aňladýar. İmpulsiw adam howlukmaç, köplenç, pikirlenmän hereket edýär. İmpulsiwlik erk hilini kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda görmek bolýar. Bu erk hilli okuwçy mugallymyň düşündirişine hem üns bermän, köplenç, oturan ýerinden howlukmaç, gygyryp jogap berýär. Ol özüni saklamagy başarmaýar.

**Batyrgaýlyk** – bu şahsyýetiň maksat edinen işiniň howplulygyna, howatyrlylygyna garamazdan hereket etmäge bolan ukyplylygydyr. Adamyň howply ýagdaýlarda hem heder etmän, işe girişmegi onuň batyrgaýlygyny, gaýduwsyzlygyny görkezýär. Batyrgaýlyk şahsyýetiň köre-körlük bilen edýän hereketi däldir. Sebäbi batyrgaýlyk erk hilli adamda erk hilleriniň beýleki taraplary hem jemlenýär. Biziň taryhymyzda birnäçe esgerleriň Watany goramakdaky görkezen edermenlikleri batyrgaýlygyň mysalydyr. Bu erk hili adamyň zähmet işlerinde hem ýüze çykyp bilýär. Batyrgaýlygyň otrisatel tarapy gorkaklykdyr. Gorkak adam hiç wagt ynamly hereket edip bilmeýär.

**Tertiplilik** – bu şahsyýetiň özüni jemgyýetçilik düzgünleri esasynda aňly-düşünjeli alyp barmak ukybydyr. Tertipli adam özüni el-

mydama beýleki adamlara göreldeli görkezmekligi başarýar. Okuwçynyň tertipliligi mekdebiň umumy düzgünlerini berjaý etmegi we beýleki birnäçe borçlary berjaý etmegi bilen bagly kemala gelýär. Bu erk hiliniň garşylykly tarapy tertipsizlikdir. Tertipsizlik, köplenç, ýetginjek oglanlarda kemala gelýär. Ol şahsyýetiň özüni alyp barşyna gowşak gözegçilik edilýän maşgalalarda ýüze çykýar.Şahsyýetde erk hillerini terbiýelemek irki çagalyk döwründen başlanýar. İrki çagalyk döwründe çaga öz ene-atasynyň täsiri esasynda diňe öz islegi boýunça däl-de, şol işiň gerekligi üçin hereket etmegi öwrenmäge borçludyr. Çaga mekdebe çenli döwründe ýönekeýje zähmet işlerini ýerine ýetirmek bilen özünde erk hilleriniň gowy taraplaryny terbiýeleýär. Çagada erk hilleri kollektiwleýin, köpçülikleýin geçirilýän oýunlaryň üsti bilen hem terbiýelenýär. Çaga oýunda birnäçe düzgünleri berjaý etmek bilen özünde tutanýerlilik, tertiplilik ýaly erk hillerini kemala getirýär. Çaganyň mekdebe barmagy bilen erkiniň ösüşiniň täze döwri başlanýar. Sebäbi çaga indi erkana ýagdaýda däl-de, okuw işleri bilen baglanyşykly birnäçe düzgünleri, talaplary berjaý etmeli bolýar. Okuwçylarda gowy erk hillerini terbiýelemekde okuw işlerini dogry guramagyň hem ähmiýeti uludyr. Erkli hereketleri terbiýelemekde ulularyň şahsy göreldesiniň hem täsiri uludyr.

## Okuwçylarda erki ösdürmek we terbiýelemek

Erkli hereketleriň ýüze çykmasy irki çagalyk döwründen başlanýar. Bu döwürde çaga birnäçe ygtyýarly hereketleri ýerine ýetirmeli bolýar. Oýnawaçlary we dürli predmetleri manipulirlemek arkaly çagada ilkinji erkli hereketler ýüze çykyp başlaýar. Çaga ýönekeýje hereketleri ýerine ýetirjek bolanda, haýsydyr bir päsgelçilikleri ýeňip geçmeli bolýar, diňe öz islegine laýyk gelýän ýumuşlary däl-de, eýsem ýerine ýetirilmegi hökman bolan işleri hem berjaý etmeli bolýar, şonuň netijesinde bolsa çagada erkli hereketler ösüp başlaýar. Erki terbiýelemekde ulularyň yzygiderli berýän görkezmeleriniň we talap etmeleriniň ähmiýeti uludyr.

Özüne ýa-da başgalara degişli ýönekeýje zähmet işlerini, ýumuşlary ýerine ýetirmek bilen mekdebe çenli ýaşly çaganyň erki ösüp başlaýar, şol ýumuşlary ýerine ýetirmekde çaga birnäçe päsgelçilik-

leri ýeňip geçmek üçin özüniň erk güýjüni sarp etmeli bolýar. Mekdebe çenli ýaşly çaganyň erkiniň ösüşinde kollektiwleýin, düzgünli oýunlaryň ähmiýeti uludyr. Bu oýunlary oýnamak bilen çaga haýsydyr bir kesgitli düzgünleri berjaý etmeli bolýar, şol düzgünler onuň erkli hereketleriniň kemala gelmegine uly itergi berýär.

Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň ösüşiniň täze bir döwri başlanýar. Okuw işinde täze, has çylşyrymly ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin okuwçy täze talaplaryň hötdesinden gelmeli bolýar, ol munuň üçin erk güýjüni sarp edýär. Okuw işinde okuwçy şu aşakdaky talaplary berjaý etmeli bolýar:

1. Öz psihiki işini dolandyrmaly, bilimleri ele almak üçin akyl zähmetine güýç sarp etmeli, kyn hem gyzyksyz hasaplanylýan ýumuşlary hem ýerine ýetirmeli, başlan işini ahyryna çenli alyp gitmeli.

2. Okuwçy okuw işinde özüni alyp barşyna gözegçilik etmeli, özüniň gowy görýän işlerini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, özünden talap edilýän ýumuşlary hem ýerine ýetirmeli.

Çaga okuw işlerini ýerine ýetirende özi üçin gyzykly bolan oýunlardan, gezelençlerden ýa-da gyzykly telegepleşiklere tomaşa etmekden el çekmeli bolýar. Şular ýaly ýagdaýlarda ulularyň berýän görkezmeleri çagalar üçin örän ähmiýetlidir. Okuwçynyň erkiniň terbiýelenmegi, ilkinji nobatda, mugallyma, ata-enä hem-de ony gurşap alýan başga adamlara baglydyr, olar dürli usullar we tärler arkaly okuwçynyň erkliligini terbiýelemegi başarmalydyr. Mälim bolşy ýaly, erkiň terbiýelenmegi dürli päsgelçilikleriň ýeňlip geçilmegi bilen baglanyşyklydyr, şöl sebäpli ata-eneler çagalaryna ýeňilleşdirilen ýumuşlary däl-de, erk güýjüni sarp etmegi talap edýän ýumuşlary tabşyrmagy unutmaly däldir. Jogapkärlilik, borçlulyk duýgularyny kemala getirmeklik erkliligi terbiýelemegiň möhüm şertleriniň biridir.

Okuwçynyň işiniň dogry guralmagy onuň erkini terbiýelemekdäki esasy ýollaryň biridir. Şu ýerde mugallymyň okuwçylaryň erk güýjüni terbiýelemeklige degişli guraýan yzygiderli türgenleşmeleriniň ähmiýetiniň örän uludygyny bellemek gerek. Okuwçynyň çylşyrymly ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin sarp edýän erk güýjüniň ýönekeýje işleri ýerine ýetirmäge sarp edilen erk güýjünden başlanýandygyny unutmaly däl.

Mekdep okuwçysynyň erkiniň terbiýelenmeginde ulularyň şahsy göreldesiniň ähmiýeti uludyr. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna mugallymyň, ata-enesiniň, çeper eserlerdäki, kinofilmlerdäki gahrymanlaryň erkli hereketlerine öýkünmek mahsuslygy zerarly, ady agzalýan adamlaryň okuwçynyň erkiniň terbiýelenmegine täsir edýändigini bellemek gerek. Erkiň terbiýelenmeginde kollektiwiň ähmiýeti örän uludyr. Maklsada okgunly, zähmetsöýer kollektiw okuwçynyň özüni alyp barşyna oňyn täsir edýär, kynçylyklary ýeňip geçmäge, şahsy hem-de jemgyýetçilik bähbitleriniň (maksatlaryň) özara gatnaşygynyň dogry guralmagyna ýardam edýär. Bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmak, dogry gün tertibiniň ýola goýulmagy hem erkliligi terbiýelemeklige gönükdirilen wezipeleriň biridir. Käbir okuwçylar özleriniň fiziki hem-de nerw işiniň gowşaklygy sebäpli dürli päsgelçilikleriň hötdesinden gelmäge ukypsyz bolýarlar. Şonuň netijesinde çaga birnäçe säwliklere sezewar bolýar, öz-özüne gözegçilik etmegi başarmaýar. Çydamlylyk, tutanýerlilik ýaly häsiýetler, köplenç, fiziki taýdan sagdyn we sazlaşykly nerw ulgamy bolan adamlara mahsusdyr.

Öz-özüňe gözegçilik etmek, özüňde erk hillerini ösdürmek ýaly alamatlaryň belli bir derejede erkiň terbiýelenmegine täsir edýändigini bellemek gerek. Erk güýjüni kem-kemden, yzygiderli ösdürip durmaklygy hem-de hemişe öz üstünde işlemekligi okuwçy hiç haçan unutmaly däldir. Özüňe syn etmek, öz kemçilikleriňi aradan aýyrmak (ýaramaz endikler, ýaltalyk, impulsiwlik we ş.m.) ýaly häsiýetler endige öwrülen halatynda gowy netijelere eýe bolunýandygyna göz ýetirmek bolýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Erk diýip nämä aýdylýar?
2. Şahsyýetleriň erkli hereketi nähili döwürlere bölünýär?
3. Adamda nähili erk hilleri bar?
4. Adamlarda erkli hereketi nähili terbiýelemek bolar?

**Psihologik sözlük**

***Negatiw*** – iňkär etme, subýektiň her hili daşky täsirlere manysyz garşylyk görkezmesi.

***İmpulsiwlik*** – şahsyýetiň hereketini, işini howlukmaçlyk, çaltlyk bilen ýerine ýetirmegi.

***Keçjallyk*** – indiwidiň erkiniň şikesliligi, pähimli pikirlere, maslahatlara gulak asman, elmydama öz diýenini gögertjek bolmagy.

**Amaly ýumuşlar**

1. Çeper eserlerden, edebiýatlardan adamyň položitel we otrisatel erk hillerine degişli bir mysal ýazmaly we özbaşdak analizlemeli.
2. Okuw işinde çagalarda nähili erk hilleriniň ýüze çykýandygyna gözegçilik etmeli we oňa baha bermeli.
3. Şu tekstiň esasynda şahsyýetiň erk häsiýetleriniň terbiýelenişiniň nähili derejede we edil nämede adamyň hut özüne baglydygyny görkeziň.

"Erk diňe aktiw hereketlerde we özüni alyp baryşda ýüze çykmaýar. Ol özüňi saklap bilmekde, ýaramaz hereketleri togtatmakda hem ýüze çykýar. Bu ýerde sabyrlylyk, takatlylyk, özüňi ele almaklyk ýüze çykýar... Adam, köplenç, haýsy-da bolsa, bir gönümel islegi, meýli ýeňip, haýsydyr bir obýektiw zerurlygy amala aşyrmak bilen baglylykda döreýän içki göreşde iň bir kyn synaglara çydamaly bolýar. Erkli adam öz-özüne tabyn bolmaklygy we öňünde goýan maksadyna ýetmekligi başarýar ".

# V bölüm
# Şahsyýetiň psihologik, özboluşly aýratynlyklary

## § 14. Temperament

Biz daş-töweregimizdäki adamlara syn edip, olaryň biri-birinden özleriniň indiwidual, özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýandygyny görýäris. Bir adam gyzma, gaharjaň bolsa, ikinji adam şadyýan,alçak bolýar. Emma üçünji biri beýlekilere görä arkaýyn, sowukganly bolýar. Şeýlelikde, adamlaryň özlerini alyp baryşlary,hereketleri,gatnaşyklary biri-birine meňzemeýärler. Hatda gadym döwürlerde hem adamlar biri-birine syn edip, hereketleriniň, özlerini alyp barşynyň birmeňzeş däldigini görüpdirler. Emma şol döwürde

adamyň şeýle tapawutlylygynyň nämä baglydygyna düşünmändirler. Temperament baradaky düşünjäni (baryp biziň eramyzdan ozal IV-V asyrlarda ) grek lukmany Gippokrat öwrenip başlapdyr. Ol adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna syn edip, şol aýratynlyklary giňişleýin ýazyp görkezmäge we düşündirmäge synanyşypdyr. Temperament adamyň işiniň ähli görnüşlerinde (okuw, oýun, zähmet) ýüze çykýar. Temperament adamyň ähli hereketlerine, özüni alyp barşyna, gepleýşine, işiň depginine, adamlar bilen gatnaşygyna, emosiýalaryň bolup geçişine we beýleki birnäçe psihiki aýratynlyklaryň ýüze çykyşyna täsir edýär. Temperament – bu adamyň indiwidual, özboluşly psihologik aýratynlygy bolup, psihiki işini we özüni alyp barşynyň dinamikasyny, derejesini bölüp görkezýän häsiýetidir.

Gadymy grek lukmany Gippokratyň adamyň temperamentiniň tipleri baradaky düşündirişi ylmy esasda gutarnykly subut edilmändir.

Ol adamyň bedeninde gan, nem (limfa), sary-gyzyl we gara öt ýaly dört sany suwuklyk bardyr diýip düşündiripdir. Eger-de şol suwuklyklaryň biri adamyň bedeninde agdyklyk etse, şol hem adamyň temperamentiniň tipini kesgitleýär diýip belläpdir.

Temperamentiň tiplerine şol suwuklyklaryň ady bilen baglanyşykly dakylan atlar biziň häzirki günlerimizde ylmy psihologiýada hem ulanylýar. Mysal üçin, holerik temperament, “hole” sözünden, sangwinik, “sangwis”-gan sözünden, flegmatik, “flegma”-nem sözünden, melanholik “melaýn hole”-gara öt sözünden gelip çykypdyr. Temperamentiň tipleriniň atlary suwuklyklaryň ady bılen baglanyşykly emele gelse-de, temperamentiň fiziologik aýratynlygy ýokary nerw işiniň kanunalaýyklygy esasynda düşündirilýär. Görnükli rus fiziology İ.P.Pawlow ýokary nerw işiniň esasy häsiýetleri bolan oýanmany we päsgellenmäni açdy we ylmy esasda düşündirdi. Ol nerw proseslerini güýji,deňagramlylygy we hereketliligi boýunça bölüp görkezdi. Nerw prosesleriniň güýji – bu nerw ulgamynyň, ähli nerw öýjükleriniň işjeňlik ukybynyň ýokarylygyny görkezýär, nerw ulgamynda gysga ýa-da dowamly oýanmany we päsgellenmäni geçirmäge ukyplylygyny görkezýär. Nerw prosesiniň hereketliligi – bu oýanmanyň we päsgellenmäniň biri-biri bilen öz orunlaryny çalyşmagydyr, nerw gyjyndyryja jogap gaýtarmasydyr.

I.P.Pawlow nerw proseslerini güýji boýunça güýçli we gowşak tiplere bölýär. Güýçli tipleri bolsa deňagramlaşan we deňagramlaşmadyk tiplere bölüp düşündirýär. Güýçli deňagramlaşan tipi bolsa hereketli we hereketsiz tiplere bölüp düşündirýär. Nerw prosesleri bolan oýanmanyň we päsgellenmäniň esasynda ýokary nerw ulgamynyň tiplerini şu aşakdaky ýaly çyzgynyň esasynda düşündirýär.




1. Güýçli deňagramsyz, ýagny oýanmanyň agdyklyk edýän tipi galjaň holerik temperamenti;

2. Güýçli deňagramly, çalt hereketli, şadyýan, wäşi tip sangwinik temperamenti;

3. Güýçli deňagramly, haýal hereketli, arkaýyn,giň göwrümli tip flegmatik temperamenti;

4. Gowşak, ýagny oýanma we päsgellenme prosesleriniň gowşaklygy, ýygra, çekinjeň tip melanholik temperamenti aňladýar.

Adamyň nerw ulgamynyň tipleri dogabitdidir. Bu barada I.P.Pawlow birnäçe mysallar getirip, düşündiriş bermäge synanyşýar. Ol käbir tiplerde türgenleşmeler geçirmek arkaly üýtgemeleriň bolmagyny gazanmak mümkindir diýip belleýär. Mysal üçin, uzak wagtlaýyn türgenleşme arkaly gowşak tipiň nerw ulgamyny berkitmek mümkindir

diýip, hasap edýär Adamyň temperamentiniň 4 sany tipine şeýleräk häsiýetnama bermek bolar.

**Holerik temperamentiň** tipiniň wekilleri özleriniň galjaňlygy, galdawlygy bılen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin holerikler deňagramsyz bolýarlar. Olaryň adamlar bilen gatnaşyklarynda, zähmet işlerinde, oýunda oýanma prosesi päsgellenmeden agdyklyk edýär. Holerik zähmet işine joşgunly, hyjuwly başlaýar. Ol özüne tabşyrylan işe uly gyzyklanma bilen başlap, inisiatiwa, öňdebaryjylyk görkezmäge çalyşýar. Eger-de iş kyn, çylşyrymly hem-de ýokary işjeňligi talap edýän bolsa, onda adamyň energiýasy, güýji çalt gowşaýar, haýallaýar, derrew onuň bedenine argynlyk aralaşýar, keýpi gaçýar. Bu bolsa holerikleriň deňagramsyzlygynyň netijesidir. Şonuň ýaly-da holerik birmeňzeş, köp oturyp işlemeli ýagdaýlarda çalt ýadaýar, ol muny ýüregedüşgünçlik hasaplaýar, oturyp karary ýetmeýär. Holerik barada I.P.Pawlow şeýle belleýär: “Haçan-da güýçli adam şeýle deňagramlylygyň ýok wagty haýsydyr bir iş bilen meşgullanyp, öz serişdelerine we güýjüne çakdanaşa agram salýar hem-de ahyrky netijede güýji gutaryp, gereginden artyk horlanýar. Şeýle köp işläni üçin soňra hiç zat etmäge ýaramaýar. Şeýlelikde, holeriklere gujurly, joşgunly, hyjuwly adamlar degişlidir”.

Holerikleriň gowy taraplary olaryň zähmet işlerinde gujurlylygy, aktiw- işjeňlik görkezmegi, öňdebaryjy bolmagy, höwesliligidir. Holeriklerde gaharjaňlyk, gyzmalyk, gödeklik ýaly otrisatel häsiýetler hem ýüze çykýar. Olar sähelçe ýagdaýlar üçin çalt gaharlanyp,adamlar bilen gödek aragatnaşyk edip, olaryň göwnüne degip bilýär. Emma bu ýagdaý holeriklerde uzak saklanman, derrew kadaly ýagdaýa geçip, derrew hem köşeşip bilýär. Onuň bu hereketi hem deňagramsyzlygyň netijesidir. Holerigiň şeýle hereketleri ony, köplenç, konfliktli ýagdaýlara getirýär.

**Sangwinik** – bu tipiň wekilleri şadyýan,şähdaçyk, alçak, bilesigeliji we çalt hereketli bolýar. I.P.Pawlow bu tipiň wekillerini durmuşyň çalasyn we öndümli işgäri hökmünde häsýetlendirýär. Sangwinikler emosionallyk, joşgunlylyk tarapdan durnuksyz bolýarlar. Sebäbi olar çalt begenip hem-de gynanyp bilýärler. Ol adamlardan öýkelese, gaty görse hem uzak kine saklap bilmeýär. Ol öz durmuşynda şowsuz-

lyklary ýeňip geçip bilýär. Şonuň ýaly-da bu tipdäki adamlar nätanyş adamlar bilen çalt öwrenişip bilýärler. Olara ýygralyk, utanjaňlyk mahsus däldir. Ol täze adamlar bilen çalt tanşyp, gürleşmegi halaýar. Sangwinige mahsus bolan häsiýetleri onuň daşky sypatyndan, özüni alyp barşyndan hem görmek bolýar. Sangwinik täze, üýtgeşik zatlary çalt görmäge, öz ünsüni çalt üýtgetmäge, dürli işleri hem ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Adamda duýmanyň we kabul edişiň çalt bolmaklygyny talap edýän işler sangwinige laýyk gelýändir. Sangwiniklerde terbiýeçilik täsiriniň netijesinde kollektiwizm, köplüge goşulmak, borçlulyk, jogapkärlik duýgularyny terbiýelemek bilen, olary okuw we beýleki jemgyýetçilik işlerine aktiw, işjeň gatnaşýan şahsyýet edip ýetişdirmek mümkindir.

**Flegmatik** tipiň wekillerine sabyrly, asuda, parahat, çydamly hem-de durnukly häsýetdäki adamlar degişlidir. Flegmatikler adamlaryň arasynda durmuşyň erjel zähmetkeşi hökmünde tanalýar. Onuň nerw prosesleriniň deňagramlylygy hem-de haýal hereketliligi özüniň asuda, parahat ýagdaýyny saklamaga mümkinçilik berýär. Flegmatikler elmydama tertipliligi saklamagy halaýarlar. Olar başlan işini ahyryna çenli tertipli alyp barmagy,soňlamagy başarýarlar. Ol işiň dowamynda başga zada ünsüni bölmegi ýa-da işi gutarman goýbolsun etmegi halamaýar. Flegmatiklerde ähli pisihiki prosesler haýal bolup geçýärler. Şonuň üçin olar äwmezek we giň göwrümli bolýarlar. Olar hiç wagt howlukmaçlyk bilen hereket etmeýärler. Flegmatigiň äwmezekligi, onuň haýal hereketi, köplenç, gijä galmagyna getirýär. Flegmatikler salyhatly, parasatly bolýarlar. Ol adamlar bilen aragatnaşykda parahat gürläp, zerur bolmadyk zatlar hakynda köp gürlemegi halamaýar.

**Melanholik** tipiň wekillerine tutuk, gaýgyçyl, ýygra, çekinjeň, ýaýdanjaň häsiýetdäki adamlar degişlidir. Melanholikler täze adamlar bilen örän haýal öwrenişýärler. Onuň ýygralygy, utanjaňlygy gowşak häsiýet hökmünde ýüze çykýar. Melanholikler güýçli duýgurlyklary bilen tapawutlanýar. Olar öýkelek bolup, göwnüne degseň, birnäçe wagtlap ýadyndan çykarman, içine salyp gezýärler. Ol ownujak sebäpleri hem gaýgy edip, derrew gam-gussa batyp bilýär. Melanholik zerur halatlarda adamlar bilen arkaýyn gürleşmegi, pikir alşyp, dürli

meseleleri çözmegi hem başarýar. Ol adamlar bilen agzybirlik saklap, gürleşmegi hem halaýar. Melanholikler tabşyrylan işi ak ýüregi bilen ýerine ýeririp, ynamy ödeýärler. Şeýlelikde, temperamentiň her tipi özüne mahsus bolan häsiýetleri bilen biri-birinden tapawutlanýar.

Adamyň temperamentiniň tiplerini hasaba almakda we öwrenmekde onuň özüni alyp barşynyň, hereketleriniň durmuş ýagdaýlaryna



**Flegmatik** **Melanholik** **Sangwinik** **Holerik**



**23-nji surat.**
**Adamyň öz temperamentleriniň tiplerine görä hereket etmegi**

hem baglydygyny bellemek bolýar. Her bir tipiň wekili durmuş ýagdaýynyň täsiri esasynda beýleki bir tipe mahsus bolan häsiýetlere laýyklykda özüni alyp barýar.

Mysal üçin, käwagt flegmatikleriň asuda,parahat ýagdaýy bozulyp, dürli täsirleriň netijesinde emosionallyk bolup geçip, özüni holerik ýaly alyp barýandygyny görmek bolýar. Käýagdaýlarda bolsa olaryň argynlyk, sussupeslik netijesinde özlerini melanholik ýaly alyp barýandygyny görmek bolýar. Emma bu ýagdaýlar onuň durmuşynda, özüni alyp barşynda wagtlaýyn bolup, düýpli öwrenilende, adamyň tipologik aýratynlyklaryna baglydygyny bellemek bolar.

Flegmatikler, köplenç, özlerini arkaýyn, parahat alyp barsalar-da, durmuş şertleriniň üýtgemegi bilen, bu halatlarda kadaly ýagdaýyň bozulyp, gaharjaňlygyň, ganygyzmalygyň bolup geçmegi mümkindir. Şeýlelikde, adamyň hereketleri, häsiýetleri, özüni alyp barşy belli bir tipe degişli bolsa-da, kähalatlar durmuş şertleriniň täsiri esasynda wagtlaýyn üýtgeýändigini görmek bolýar. Adamyň temperamentiniň tiplerini hasaba almak bilen, her tipe mahsus bolan tersin taraplary düzetmek mümkindir. Mysal üçin, holerigiň gödekligini, ganygyzmalygyny, flegmatigiň äwmezligini, melanholigiň ýygralygyny, öýkelekligini azda-kände terbiýelemek mümkindir. Mugallym okuw-terbiýeçilik işlerinde okuwçylaryň temperamentiniň tiplerini hasaba almagy we onuň gowşak taraplaryny terbiýelemegi ýola goýmalydyr. Okuw işine okuwçynyň temperamentiniň dürli tipleri täsir edýär. Mugallym okuw işiniň dowamynda okuwçylaryň temperamentiniň dürli häsiýetlerini öwrenip,ony hasaba almalydyr. Okuwçylar özlerine mahsus bolan temperamentleriniň tiplerine görä, okuw işine dürlüçe gatnaşýarlar, kabul edýärler. Mysal üçin, flegmatikler berlen soraga haýal, howlukman jogap berýärler. Şeýle ýagdaýda mugallym okuwçyny sapaga, soraga düşünmeýän hökmünde görmän, ýagdaýa laýyk hereket etmegi başarmalydyr. Sapakda sangwinigiň howlukmaç jogap bermegini tertipläp bolýar. Melanholikler sapakda özlerini ýygra alyp barýarlar, olar onçakly aktiwlik görkezip bilmeýärler. Şonuň üçin mugallym melanholikleriň çekinjeňligini göz öňünde tutup hereket etmelidir. Olar soraga jogap berenlerinde mylakatly aragatnaşykda bolýarlar. Mugallym okuw-tebiýeçilik işiniň dowamynda okuwçylaryň temperamentiniň tiplerini hasaba alyp, onuň gowşak tarapyny terbi-

ýelemäge çalyşmalydyr. Mugallym okuwçylaryň temperamentiniň tiplerini öwrenmek bilen baglanyşykly tejribeler geçirip, anketa we beýleki birnäçe usullardan peýdalanyp biler.Gippokratyň we onuň okuwçylarynyň aýtmaklaryna görä, adam organizminiň ýagdaýy, esasan, dürli “şirelerden” ýa-da suwuklykdan (gandan, limfadan, ötden) durandyr. Bu hili şireleri ilkibada grekçe “krazis” diýip atlandyrypdyrlar. Soňra ýüzlerçe ýyllap, Rim döwletiniň lukmanlary bu düşünjä latyn sözi bilen “temperamentum” diýip at beripdirler we şondan bäri hem oňa temperament diýlip gelinýär.

Görnükli rim anatomy we lukmany Galen (ol biziň eýýamymyzdan öň XI asyrda ýaşapdyr) temperamentiň sanyny köpeldipdir. Ýöne temperamentiň sanyny köpeltmek oňaýly netije bermändir we ýenede şol dört görnüşi ulanmaga başlapdyr. Nerw ulgamynyň kanunyny açyjy, dünýä belli alym I.P.Pawlow adam temperamentlerine ýokary nerw işiniň tipleridir diýipdir. Özüniň döreýiş ugry boýunça ol genotipdir, dogabitdidir, aşaky bardalaryň ýadrosydyr, gylyk-häsiýet bolsa tenotipdir, soňra döreýändir. Adamlara mahsus bolan gylyk-häsiýet şol bir durşuna durýan däldir, üýtgeýändir we terbiýelenýändir.

Temperament adamyň dürli zatlara, işlere gyzyklanmagy arkaly ösüşe barýar. Haýsy-da bir zada– okuwa, ylma, sungata, sporta, zähmet işine bolan gyzyklanma adamynyň özüne degişli işi oýandyrýar. Şol işi ýerine ýetirmäge gyzyklandyrýar we onuň şahsyýetiniň mundan beýläk-de ösmeginiň diregi bolýar. Eger-de adamlar (esasanda, ýaş oglanlar we gyzlar) özleriniň saýlap alan ugurlary boýunça kämilleşseler, bilim derejelerini artdyrsalar, öz işlerine döredijilikli çemeleşseler, onda ol olaryň temperamentleriniň ösmegine ýardam edýär. Adamyň dürli işlere, zatlara gyzyklanmasy olaryň şol zatlara üns bermeklerine kömek bolýar. Eger biziň üçin haýsydyr bir zat gyzykly bolsa, onda şol obýekte ýa–da işe bolan üns has-da güýçlenýär. Her bir işe ugrukma, gyzyklanma adamynyň öňde goýan maksadyna ýetmegine, akylly hereket etmegine we arzuwynyň hasyl bolmagyna alyp barýar.

Adamzadyň geljegi ugrunda, azatlyk, agzybirlik, jebislik, halallyk we demokratiýa ugrunda göreş alyp baran belent mertebeli şahslar hem (Döwletmämmet Azady, Magtymguly, Mollanepes, Seýdi, Zelili, Gowşut han, Nurberdi han we başgalar) oňaýly temperamente eýe-

ripdirler. Belli bolşy ýaly, adamynyň hemme islegleri hasyl bolup durmaýar we ol özüniň ukybyna eýerýär. Adam borçlaryny ýerine ýetirmek üçin ynançlardan ugur alýar. Ynançlar – munuň özi bilimlere esaslandyrylan, ýagny adamy gurşap alan sredanyň – dünýäniň hadysalary baradaky garaýyşlardyr. Şonuň üçin adam özüniň temperamenti boýunça hereket edýär. Edýän hereketlerini dogry hasaplaýar, öz maksadyny gorap saklamaga çalyşýar. Adalatly hereket etmegiň ugrunda bolýar. Bu bolsa şahsy teniň psihologik keşpleriniň ösüş derejelerini alamatlandyrýar.

Nerw ulgamynyň kanunyny açyjy akademik I.P.Pawlowyň pikirine görä, nerw ulgamynyň işi nerw prosesleriniň oýanmagynyň hem-de päsgellenmeginiň güýji, deňagramlylygy we çalt hereketliligi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle sypatlandyrmalar arkaly töweregi gurşap alan şertlere mümkinçilik bolýar we munuň özi adam organizminiň kadaly ýaşamagyny üpjün edýär. Şeýle sypatlandyrmalar hemme adamda deň bolmaýar, käbirinde köpräk, käbirinde azrak ýüze çykýar.

Ýokarda beýan edilişi ýaly, temperamentler biri-biri bilen özara baglydyrlar. Olar üzňe däldirler. Adamda döreýän temperament arassa görnüşde duş gelmeýär. Ol haýsy görnüşe degişli bolsa şoňa ýykgyn edýär we edýän hereketleri bap gelýär. Şeýle görnüşli temperamentler adamyň daşky täsiri kabul edijiligi, joşgunlylygy, duýgurlygy, görýän we eşidýän zatlaryny başdan eşidişi, sözüniň tempi we ritmi esasynda ýüze çykýarlar. Şol sebäpli temperamentler adamyň ýaşaýyş durmuşynda, özüni alyp barşynda, adamlar bilen aragatnaşygynda, okuwynda, işinde möhüm rol oýnaýarlar.

Temperamentleriň görnüşleri has düşnükli bolar ýaly, töwerekde bolýan zatlaryň adamlara täsir edişine mysallar alalyň. Mysal üçin, dört sany dost ýigit kinoteatra gitmek üçin öňünden bilet alypdyrlar we ol ýere birneme gijä galyp barypdyrlar. Ol ýere barsalar, kinofilm başlanypdyr. Bu ýagdaý dostlara nähili täsir edipdir? Sangwinik temperamentli ýigit birneme gijä galan hem bolsa, çaltlyk bilen ýerine geçip oturypdyr we kinofilmi görüpdir. Holerik:

– Men-ä şu kinofilmi görjegem däl – diýip, alan biledini yzyna gaýtarypdyr.

Flegmatik temperamentli ýigit bolsa howlukman, hiç zady göw=nüne getirmän, indiki seansa girip kinofilmi görüpdir. Melanholik bolsa:

– Men-ä kinofilmi görjegem däl – diýip, biledini yzyna tabşyrypdyr we biledíniň bahasyny gaýdyp alypdyr.

Başga bir mysal. Tomus günleriniň birinde bir adam seýil bagynda gezip ýörkä, bilmän öz goňşusynyň oturan kürsüsiniň gapdalynda goýan şlýapasynyň üstünde oturyberipdir. Şlýapa bolsa ýepbeşipdir. Muny gören sangwinik ýylgyrypdyr. Holerik bolsa birhili gaharlanypdyr we gaşyny çytypdyr. Flegmatik bu ýagdaýy gören hem bolsa, hiç zat bolmadyk ýaly arkaýynlanypdyr. Melanholik temperamentli bolsa: "Meniňki asyl ugruna däl" diýip, gaýga batypdyr. Şlýapanyň eýesi onuň eplenen ýerini düzedişdirip, ony geýipdir. Şu adamyň hem boluş ýagdaýlary flegmatik temperamente gabat gelýär. Şu mysallardan görnüşi ýaly, bellenilmeli zat, ol hem töwerekde bolýan wakalar adamlara dürli-dürli täsir edýär. Bu bolsa olaryň temperamentlerini alamatlandyrýar.

Psihologik teoriýadan we praktikadan belli bolşy ýaly, temperament adamynyň çagalygyndan kemala gelip başlaýar we ösüşe barýar. Adamyň, esasanam, ýaş nesillerimiziň temperamentlerini terbiýelemek üçin nesilden – nesle geçijiligiň rolunyň bardygyny, ýaşaýyş şertleriniň, göreldäniň ýiti täsiriniň bardygyny ýadymyzda saklamagymyz zerurdyr.

Umuman aýdanyňda, emosional oýanyjylyk bilen, ýagny birinji tarapdan, duýgularyň gelip çykyşynyň çaltlygy bilen, ikinji tarapdan, olaryň güýji bilen baglanyşykly psihiki aýratynlyklaryň adam üçin häsiýetli jemine temperament diýilýär.

Baryp gadym wagtlardan başlap, dört sany esasy temperamenti tapawutlandyrmak kabul edilipdir.

Adamyň nerw ulgamynyň aýratynlyklary onuň üçin häsiýetli bolan temperament sypatlaryny aýdyňlaşdyryp bilerler. Meselem, holerigiň gaharjaňlygynyň, onuň tiz joşmaga bolan meýilliliginiň sebäbi oýanmak prosesi bilen päsgellenmek prosesiniň deňagramly däldiginde, oýanmagyň päsgellenmekden güýçlüdiginden ybarat bolup biler. Nerw ulgamynyň şeýle tipine Pawlow "oýanyjy" tip ýa-da "saklanyp

bilmeýän” tip diýip at beripdir. Birinji tarapdan, sangwinigiň emosional janlylygynyň we umumy hereketliliginiň, ikinji tarapdan, flegmatigiň emosional göwrümi giňliginiň we umumy äwmezekliginiň arasyndaky tapawudy Pawlow nerw prosesleriniň hereketliliginiň derejesindäki tapawutlar diýip düşündiripdir.

Köplenç, temperament ýaş gitdigiçe üýtgeýär, ol ”durmuş terbiýesiniň täsiri astynda-da“ üýtgäp biler (Pawlowyň aňladyşy). Emma her bir halatda temperament şahsyýetiň gylykly psihiki häsiýetinden hasaplanýan ýeterlik derejede durnukly häsiýetdir.

Adamlaryň hemmesini dört sany esasy temperament boýunça bölmek bolar diýip, pikir etmek ýalňyş bolardy. Diňe az adamlar holerik, sangwinik, melanholik ýa-da flegmatik tipleriň sap wekilleri bolarlar. Biz adamlarda bir temperamentiň aýry-aýry sypatlarynyň başga temperamentiň käbir sypatlary bilen utgaşýandygyny görýäris. Edil şol bir adamyň özi dürli ýagdaýlarda we durmuşyň hem-de işiň dürli sferalary barada dürli temperament sypatlarynda bolup biler.

Temperament hiç bir halatda adamyň ukyplylygyny we zehinliligini kesgitlemeýär. Her bir temperamentde birmeňzeş ýygy-ýygy uly ukyplylyklar duş gelip biler.

Temperamentleriň haýsydyr biri gowy diýip bolmaz. Olaryň her biriniň öziniň peýdaly we peýdasyz taraplary bar. Holerigiň hyjuwlylygy, işeňňirligi, gaýraty, sangwinigiň hereketliligi, janlylygy we duýgurlygy, melanholigiň duýgularynyň çuňňurlygy we durnuklylygy, flegmatigiň göwrüminiň giňligi şahsyýetiň gymmatly häsiýetleriniň mysallary, ine, şulardyr. Şu häsiýetler, meýillilik aýry-aýry temperamentler bilen baglanyşyklydyr. Emma holerigiň gaýratly dälleri-de, sangwinigiň duýgur däli-de bardyr. Bu häsiýetleri işlemek gerekdir. Temperament bolsa şu wezipäni diňe aňsatlaşdyrýar ýa-da kynlaşdyrýar. Flegmatige garanyňda, holerige çaltlygy we hereketiň güýçlüligini, flegmatige bolsa, çydamlylygy we sowukganlylygy özünde işlemek aňsat düşýär.

Özüniň temperamentiniň gymmatly taraplaryny peýdalanmak üçin adam olara türgen bolmagy, olary özüne tabyn etmegi öwrenmelidir. Eger-de tersine, temperament adamy özüne tabyn etse, onuň özüni alyp barşyny dolandyrsa, onda temperamentleriň her birinde

şahsyýetiň makul görülmeýän sypatlarynyň ösmek howpy gelip çykýar. Holerik temperament adamy durnuksyz, gödek, mydama ”gaharlanmaga” meýilli edip biler. Sangwinik temperament ýeňillige, köp işlere ýapyşyp, birisini-de ahyryna çenli alyp barmazlyga, duýgularyň çuňňurlygyna we durnuksyzlygyna eltip biler. Melanholik temperamentde adama uçursyz garasöýmezlik, hut özüniň başyndan geçirýän zadyndan başga zady bilmezlik, gerekmejek utanjaňlyk işlenip biler. Flegmatik temperament adamy lellim, sus, ähli durmuş täsirlerine gatnaşmaýan edip biler.

Öz temperamentiniň peýdaly we peýdasyz taraplaryny aňlamak we olara erk etmegi hem-de olary dolandyrmagy başarmaklygy işlemek adamyň gylygyny terbiýelemegiň iň möhüm wezipelerinden biri bolup durýar.

## Okuw-terbiýeçilik işinde çagalaryň temperamentlerini hasaba almak

Okuw-terbiýeçilik işinde okuwçynyň temperamentini hasaba almak zerurdyr. Temperamentiň tiplerini hasaba almak bilen okuwçylaryň temperamentinde jemgyýetçilik bähbitli (položitel) oňyn taraplary ösdürmek we terbiýelemek bolýar. Temperamentiň islendik tipi terbiýelenende, şahsyýetiň temperamentinde bar bolan alamatlardan başga-da haýsydyr bir aýratynlyklar ýüze çykýar.

Terbiýeçilik işinde temperamenti üýtgetmeklige (holerik ýa-da melanholik temperamenti sangwinik ýa-da flegmatik tiplere) esasy wezipe hökmünde garamaly däldir. Ýokary nerw işiniň “gowy” ýa-da “ýaramaz” diýen tipleriniň ýoklugyny bellemek zerur. Temperamentiň her bir tipi oňyn (položitel) hem-de tersin (otrisatel) taraplary özünde jemleýär. Okatmakda we terbiýelemekde temperamentleri üýtgetmeklige esasy wezipe hökmünde garamaly däldigini, esasan, olardaky haýsydyr bir kemçilikleri, ýetmezçilikleri aradan aýyrlmaklyga, terbiýelemeklige üns bermelidigini bellemek zerurdyr. Okuwçynyň temperamentini kesgitlemek bilen mugallym okuwçynyň okuw işine ýaramaz täsir edýän taraplaryny kem-kemden terbiýelemeli.

Mugallymyň özüniň temperamentiniň aýratynlyklaryna hem üns bermegi zerurdyr. Dürli tipdäki temperamentli mugallymlar okuwçy-

lara bilim berýär. Mugallym hem öz temperamentindäki ýaramaz taraplaryny terbiýelemelidir. Meselem, holerik mugallymda joşgunlylyk, işjeňlik, çalasynlyk ýaly položitel häsiýetleriň bolmagynyň möhüm bolşy ýaly, onda gaharjaňlyk, gödeklik ýaly häsiýetleriň düzedilmegi möhümdir. Melanholik mugallymlara ýumşaklyk, duýgudaşlyk ýaly gowy häsiýetler mahsus bolýan hem bolsa, olar özlerinde bar bolan talap etmezlik, gowşaklyk, aýgytsyzlyk ýaly häsiýetleri terbiýelemelidir.

Holerik tipdäki okuwçylar barada aýdanyňda, şu aşakdakylary bellemek bolar. Bu okuwçylarda özüni saklap bilmek, ýaramaz hereketlerine gözegçilik edip bilmek endikleri kemala getirmek zerur işleriň biridir. Şeýle tipdäki okuwçylardan oýlanyşykly, asuda jogaplary, asuda hereketleri hemişe talap edip durmaklygy mugallym unutmaly däldir. Zähmet işlerini ýerine ýetirýän holerik okuwçylarda işiň yzygiderli,tertipli ýerine ýetirilmegini terbiýelemeli. Holerikleriň az hem-de köp zähmet siňdirmeli işleri ýerine ýetirmegi halamaýandygyny göz öňünde tutup, olardan işiň göwnejaý berjaý edilmegini talap edip durmaly. Holerikleriň affekt ýagdaýynda bolýandyklaryny nazara alyp, olar bilen asuda äheňde gürleşmeli, bu tipiň wekillerine asudalyk, rahatlyk bilen aýdylýan sözleriň oňyn täsir edýändigine mugallym üns bermelidir.

Melanholik tipdäki okuwçylar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini guranyňda, şol tipdäki adamlaryň gowşak tipe degişlidigini üns merkezinde saklamaly. Mugallym bu tipe degişli bolan okuwçylar bilen hoşniýetli, mähirli aragatnaşygy ýola goýmaly. Juda talapkärli bolmagyň olara otrisatel täsir edýändigi sebäpli, päsgellenme ýüze çykyp, bu okuwçylaryň işjeňliginiň pese gaçmagyna getirýär.

Melanholik tipe degişli okuwçylaryň çekinjeňligini, ýygralygyny göz öňünde tutmaly we olaryň bu häsiýetlerini terbiýelemeli. Şeýle temperamentli okuwçylara soraglar berlende, olary gyssamaly däl. Bu ýerde mugallymyň sabyrly bolmagy zerur, melanholik tipli okuwça öwgüli sözleri aýtmak, ony goldamak maslahat berilýär. Bulardan başga-da, melanholiklerde köpçülige gatyşmak, dostluk, ýoldaşlyk aragatnaşyklary ýola goýmak ýaly häsiýetleri hem terbiýelemeli.

Melanholikler täze ýagdaýlara, şertlere haýal uýgunlaşýarlar, täzeliklerden gaça durmaga çalyşýarlar. Melanholikleriň şu aýratynlygyny 1-nji synpy okadýan mugallymlar has hem nazara almalydyrlar.

Mugallym flegmatik tipe degişli okuwçylaryň hem aýratynlyklaryny hasaba almalydyr. Bu tipiň wekilleri örän asuda, hiç kime päsgel bermeýärler. Flegmatiklerde işjeňligi ösdürmeli, olaryň äwmezekligini aradan aýrylmagy barada alada etmeli. Şeýle-de şu okuwçylaryň emosiýalarynyň ösmegini gazanmaly.

Sangwinik tipdäki okuwçylar barada aýdanyňda, bu tipiň wekilleriniň durnukly gyzyklanmasyny, islendik zähmet işini gowy ýerine ýetirmekligini terbiýelemeli.

Öz-özüňi terbiýelemegiň temperamenti terbiýelemekdäki ähmiýeti uludyr, okuwçy öz-özüni terbiýelemek bilen özüniň otrisatel ýüze çykmalarynyň aradan aýrylmagyny gazanýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Temperament diýlip nämä aýdylýar?
2. Temperamentiň fiziologik aýratynlygy ylmy esasda nähili düşündirilýär?
3. Temperament baradaky düşünje ilkinji gezek kim tarapyndan esaslandyrylypdyr we nähili düşündiriş berlipdir?
4. Temperamentiň 4 sany tipini gysgaça häsýetlendirmeli.
5. Adamyň temperamentiniň tipi nähili hasaba alynýar we öwrenilýär?

**Psihologik sözlük**

***Temperament*** – indiwidiň psihikasynyň tebigy, güýç häsiýetnamasy, intensiwligi, çaltlygy, depgini, psihiki prosesleriň ýagdaýlarynyň ritmi.

***Holerik*** – psihiki aktiwligiň ýokary derejesini, hereketleriň gujurlylygyny, gönümelligini,okgunlylygyny özünde jemleýän adamyň indiwidual, özboluşly aýratynlygy.

***Sangwinik*** – psihiki aktiwligi, hereketleriň çaltlygyny, joşgunlylygyny işeňňirligini özünde jemleýän subýekitiň indiwidual, özboluşly aýratynlygy.

***Flegmatik*** – psihiki aktiwligiň pesligini, haýallygyny, arkaýynlygyny özünde jemleýän subýekitiň indiwidual,özboluşly aýratynlygy.

***Melanholik*** – psihiki aktiwliginiň pesligi, duýgularynyň çuňlugy, gymyldy-hereketiniň haýallygy bilen tapawutlanýan subýektiň indiwidual, özboluşly aýratynlygy.

**Amaly ýumuşlar**

1. Aşakdaky görkezilen mysallaryň temperamentiň haýsy tipine degişlidigini anyklaň!

a) Oýanma we päsgellenme prosesleri öz güýçleri boýunça deň,emma bu nerw prosesleriň biri-birleri bilen çalyşmagy haýal geçýär.

b) Oýanma prosesi güýçli,emma päsgellenmäniň güýji ondan gowşak gelýär.

ç) Oýanma we päsgellenme prosesleri gowşak.

d) Oýanma we päsgellenme prosesleri öz güýçleri boýunça deň, nerw prosesleriniň çalyşmasy çalt bolup geçýär.

2. Öz toparyňyzdaky şahsyýetlere mahsus bolan häsiýetleri boýunça temperamentiň haýsy tipine degişlidigini anyklamaly.

3. Temperamentiň her tipini häsiýetlendirip görkezýän düzme ýazyň we özbaşdak seljeriň.

4. Terbiýe bermekligiň aşakda getirilen usullarynyň haýsy biri sangwinik, flegmatik, holerik we melanholik temperamentli okuwçylar üçin amatly bolýar?

a) Okuwçynyň şahsyýetiniň inisiatiwalylyk we özbaşdaklyk ýaly häsiýetlerini döretmäge, şeýle hem kynçylyklary we garşylyklary ýeňip geçmäge, tejribe toplamaklyga mümkinçilik döredýän jemgyýetçilik işine çekmek.

b) Okuwça tabşyrylýan işleriň we ýumuşlaryň möçberini kemeltmek bilen olaryň ahyrky netijä çenli ýerine ýetirilmegini berk gözegçilige almak.

ç) Işe we onuň netijeliligine baha bermekde esasy ünsi okuwçynyň goýberen şowsuzlyklaryna we kemçiliklerine gönükdirip, gazanylan üstünliklere kemterräk baha bermek.

d) Işe we onuň netijesine baha bermekde, esasan, okuwçynyň gazanan üstünliklerini belläp, işe položitel baha bermeklige çalyşmak.

e) Okuwçynyň işine yzygiderli gözegçilik etmek, emma şol bir wagtyň özünde oňa bolan gatnaşykda gödeklige ýol bermezlik; her bir otrisatel hereketi adalatly ýazgarmak.

ä) Okuwça, köplenç, bilelikde ýerine ýetirmekligi talap edýän ýumuşlary tabşyrmak.

f) Okuwçynyň öňünde täze we gyzykly meseleler goýmak, onuň janypkeşligini ýerlikli bahalandyrmak.

g) Okuwçyny aktiw işe çekmek we ony mümkingadar höweslendirmäge çalyşmak; onuň çalt-çaltdan işiň bir görnüşinden beýlekisine geçmekligine ýol bermezlik.

h) Hiç bir ýagdaýda gödeklige we sesiňi gataltmaklyga ýol bermezlik; käbir edilen iş barada diňe çäkliräk gürleşmek, baha bermekligi örän ähtibar ulanmak.

## § 15. Gylyk-häsiýet

Gylyk - häsiýet düşünjesi şahsyýetiň psihiki gurluşynyň özboluşly aýratynlygyny bildirip, ol adamlaryň zähmet, oýun, okuw işlerine, öz-özüne bolan gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Adamlar durmuşda biri-birleri bilen gatnaşyk saklanlarynda biri-birine meňzeş bolmadyk häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar. Adamyň durmuşynda döreýän otrisatel emosiýalar garaşylmadyk, duýdansyz hereketleriň bolup geçmegine getirýär. Özüni elmydama tertipli alyp barýan okuwçy birden bir zada gaharlanyp, garaşylmadyk ýagdaýda dostuna azgyrylýar, onuň göwnüne degýär. Beýleki okuwçylar onuň bolşuna haýran galýarlar. Sebäbi ol özüni elmydama mylakatly alyp barýardy. Bu ýagdaý şahsyýetiň tipiki, hakyky hereketi däldir. Şonuň üçin oňa okuwçynyň gylyk-häsiýeti hökmünde baha bermek bolmaýar. Beýleki bir okuwçy elmydama kollektiwde özüni gödek alyp barýar, ol derrew ýoldaşlarynyň göwnüne degip bilýär. Bu hereket okuwçynyň özüni alyp barşy üçin tipikidir, hakykydyr. Adamlar mylakatly ýa-da gödek, kiçigöwünli ýa-da ulumsy, öwünjeň ýa-da ýalta, gyzma, sowukganly, erjel ýaly birnäçe özüne mahsus bolan häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar. Adamyň tertibi we işi şulara baglydyr.

Gylyk-häsiýet– bu şahsyýetiň indiwidual, psihologik aýratynlygy bolup, ol olaryň jemgyýete, adamlara, zähmete bolan garaýyşlaryndan gelip çykýan tipiki, hakyky iş usullarydyr.

Gylyk şahsyýetiň hereketleriniň endige öwrülen formasydyr. Adamyň gylygy temperament hem-de ukyplylyk ýaly psihiki häsiýetler bilen hem berk baglanyşyklydyr. Gylygyň tebigy esasyny düzýän ýokary nerw işiniň tipini aňladýan temperamentdir. Temperament adamyň gylygyndaky deňagramlylygyny ýa-da deňagramsyzlygyny, alçaklygyny ýa-da garasöýmezligini we ş.m taraplaryny kesgitleýär. Adamyň temperamentiniň tiplerine laýyklykda gylyk-häsiýetler kemala gelýär. Holerigiň ganygyzmalygynyň netijesinde gödeklik, sangwinigiň joşgunlygy esasynda alçaklyk, flegmatikde zähmetsöýerlik, melanholikde egoizmlik ýaly gylyk-häsiýetler kemala gelýär. Gylyk adamyň ukyby bilen hem berk baglanyşyklydyr. Zähmetsöýerlik ýaly häsiýet esasynda adam başarnygy ele alýar, öz ukybyny

artdyrýar. Adamyň gylygy dogabitdi bolmaýar. Ol adamyň ýaşaýyş durmuşynyň dowamynda kemala gelýär. Emma gylyk dogabitdi bolmasa-da, adamyň nerw ulgamynyň işiniň aýratynlyklary onuň ýüze çykmagynda, aýry-aýry häsiýetleriň döremeginde uly rol oýnaýar. Adamyň nerw prosesleriniň deňagramlylygy ýa-da deňagramsyzlygy, güýçlenmegi ýa-da gowşamagy, çaltlygy ýa-da haýallygy onuň özüni alyp barşyny, tertibini bezeýär.

Gylyk-häsiýete nerw ulgamyndan başga-da, ýürek-damar, aşgazan we beýleki agzalaryň aýratynlyklary hem täsir edýärler. Şeýlelikde, adamyň gylygy nerw ulgamynyň işiniň tipleri we durmuş täsirleriniň birleşmesi esasynda emele gelýär.

Adamyň gylygy onuň fiziologik gurluşyna, bedeniniň strukturasyna bagly däldir. Adam näçe görmegeý, owadan bolsa-da, onda dürli ýaramaz gylyklar kemala gelip biler. Emma durmuşda adamyň ýöreýşine, ýüz keşbine, mimikasyna, gepleýiş äheňine syn etmek bilen gylygynyň aýratynlyklaryny kesgitlemek bolar. Adamyň gylygy dürli jemgyýetçilik işlerinde, adamlar bilen gatnaşyklarynda ýüze çykyp, adamyň keşbini suratlandyrýar. Adamyň gylygynyň hemme aýratynlyklaryny gysga wagtyň içinde bilmek mümkin däldir. Ony ahyryna çenli öwrenmek üçin uzak wagtlap aragatnaşykda bolmalydyr. Adam bilen näçe köp bile bolsaň, aragatnaşyk sasynpaň, şonça-da gylygyny gowy öwrenmek mümkindir. Durmuşda adamlaryň ýaramaz gylyklaryny düzetmek mümkindir. Şonuň üçin terbiýelemegi we düýpli üýtgetmegi mümkin bolmadyk gylyk ýokdur. Adam öz gylygynyň ýaramaz taraplaryny ýüze çykaryp, ony özüne erk etmek arkaly terbiýelemäge çalyşmalydyr.

Adamyň gylygy birnäçe alamatlarda ýüze çykarylýar.

1. Ahlak alamatly gylyklar.

Muňa şahsyýetiň mylakatlylygy, gödekligi, egoistligi, dogruçyllygy kollektiwizm we ş.m. degişlidir.

2. Erk alamatly gylyklar.

Maksada okgunlylyk – bu şahsyýetiň öz hereketlerini, özüni alyp barşyny jemgyýetde peýdaly, durnukly maksada gönükdirmegidir. Maksadyna okgunly adamlar özüniň bar güýjüni we ukybyny öz öňünde goýan maksadyna ýetmäge sarp edýär. Maksada okgunlylyk

erkli häsiýetler şahsyýeti durmuşda uly üstünliklere we ýeňişlere ýetirip bilýändir.

Özbaşdaklyk – bu şahsyýetiň özüni hut öz dünýägaraýşyna laýyk edip alyp barmaga tabyn etmegidir. Özbaşdaklyk erk häsiýetli adamy öz garaýyşlaryna we ynamlaryna ters gelýän hereketleri etmäge yrmak mümkin däldir.

Aýgytlylyk – bu şahsyýetiň çylşyrymly, kyn ýagdaýlarda çalt we dogry karara gelip bilmegini hem-de haýal etmän ony ýerine ýetirmäge girişmegini aňladýar. Aýgytlylyk adamyň howlukmaçlygyny, gyssanmaçlygyny bildirmeýär. Sebäbi howlukmaç adam öz eden kararynyň dogrudygyny ýa-da ýalňyşdygyny, jemgyýetçilik ähmiýetlidigini seljermeýär.

Tutanýerlilik – bu şahsyýetiň öz öňünde goýan maksadynyň ahyryna çenli ýetip bilmegini görkezýän erkli häsiýetidir. Tutanýerli adamlar öz öňlerinde bögetler, şowsuzlyklar duş gelende, öz ýollaryndan sowulmaýarlar. Tutanýerlilik bilen bir wagtda şahsyýetde keçjallyk ýaly ýakymsyz häsiýet hem kemala gelip bilýändir. Keçjal adamlar jemgyýet üçin peýdasyz, zyýanly maksatlary goýup bilýär. Olar, köplenç, öz diýenlerini, ýalňyş pikirlerini dogry etmäge çalyşýarlar.

Çydamlylyk – bu adamyň öz hereketiniň nädogrudygyny, ýalňyşdygyny bilenden soň, özüne buýruk berip, özüne erk edip bilmegi aňladýan erkli häsiýetidir. Bu hili erk häsiýetli adamlar dürli kynçylyklary ýeňmekde hem özlerini akylly-başly, aňly-düşünjeli alyp barmagy başarýarlar.

Batyrgaýlyk, gaýduwsyzlyk – bu şahsyýetiň öz öňünde goýan maksadyna duş gelýän howply, hatda jany üçin howatyrly kynçylyklarda hem hereket edip bilmegidir. Batyrgaýlyk Watan goragynda gahryman esgerlerde kemala gelip, terbiýelenip bilner. Batyrgaýlyk adamy uly gahrymançylykly ýeňişlere getirip biler.

Tertiplilik – bu şahsyýetiň jemgyýetde özüni tertipli, göreldeli alyp barmagyny bildirýän gylyk-häsiýetidir. Tertipli adam durmuşda özüni tertipli alyp barmaga, jemgyýetçilik düzgünlerini dogry berjaý etmäge ýykgyn edýär.

Adamyň aýry-aýry ukyby işiň üstünlikli ýerine ýetirilmegini üpjün edip bilmeýär. Her bir işiň ýerine ýetirilmeginiň üstünlikli bolma-

gy elmydama birnäçe ukyplaryň bolmagyna baglydyr. Muňa aýgytlylyk, durnuklylyk, tertiplilik we ş. m. degişlidir.

3. Emosional alamatly gylyklar.

Muňa gyzmalyk, hyjuwlylyk, mylaýymlylyk we ş.m. degişlidir.

Adamyň özüni alyp barşyna syn edip, onuň häsiýetlerini ýüze çykarmak bolýar. Häsiýetleri birnäçe toparlara bölüp görkezmek bolar.

1. Adamyň jemgyýete, kollektiwe we beýleki adamlara bolan garaýşyny bildirýän gylyk-häsiýetler.

Bu şahsyýetdäki gylyga kollektiwizm, egoizm, mylakatlylyk, gödeklik, dogruçyllyk, ýalançylyk, hüşgärlik, edeplilik, köpçülige gatyşmak ýa-da gatyşmazlyk, syr saklamak we syr açmak ýaly polložitel we otrisatel häsiýetlerde döreýän gylyklar degişlidir.

2. Adamyň zähmete, işe bolan garaýşyny bildirýän gylyk-häsiýetleri. Adamyň bu häsiýetdäki gylygyna zähmetsöýüjilik we ýaltalyk, işi ak ýürek bilen ýerine ýetirjilik, tabşyrylan işi jogapkärli ýerine ýetirijilik, inisiatiwalylyk, öňdebaryjylyk we yzagalaklyk, işe yhlaslylyk, tygşytlylyk, aýawlylyk, işiň netijeliligi barada aladalanmak we ş. m. degişlidir.

3. Adamyň özüne bolan garaýşyny bildirýän gylyk-häsiýetler.

Adamyň bu häsiýetdäki gylygyna kiçigöwünlilik ýa-da ulumsylyk, öýkeleklik, utanjaňlyk, öz hususy eşretiň barada aladalanmak we ş. m. degişlildir.

4. Adamyň gylygynyň erkli häsiýetleri.

Adamyň bu häsiýetdäki gylygyna maksada okgunlylyk, özbaşdaklyk, aýgytlylyk, tutanýerlilik, çydamlylyk, batyrgaýlyk, tertiplilik degişlidir.

Şahsyýetiň gylygynyň bu häsiýetleri erkli hereketlerde kemala gelýär we terbiýelenýär. Şahsyýetiň gylygynyň erkli häsiýetini hasaba almak üçin onuň işiniň, hereketiniň maksadyny bilmelidir. Sebäbi şahsyýetiň zyýanly bolan tutanýerli hereketine gylygyň položitel häsiýeti hökmünde garamak bolmaz. Adamyň gylyk-häsiýetlerini işiň, aragatnaşygynyň dowamynda terbiýelemek we ösdürmek mümkindir. Adamyň gylygynyň gowy häsiýetlerini terbiýelemekde indiwidual we kollektiwleýin çemeleşmegiň ähmiýeti uludyr. Ol käbir ýagdaýlarda indiwidual täsir ediş gowy bolsa, başga bir ýagdaýda kollektiwleýin

täsir ediş amatly bolýar. Çagalarda gylygyň dürli häsiýetleri mekdebe çenli döwürde kemala gelip başlaýar. Mekdebe çenli döwürdäki ýaşly çagalarda kollektiwizm we beýleki birnäçe gylygyň erkli sypatlary oýun, zähmet işleriniň täsiri netijesinde kemala gelýär. Çaga mekdebe gelenden soň, birnäçe düzgünleri berjaý etmeli bolýar. Şol düzgünler okuwçylarda maksada okgunlylyk, tertiplilik, tutanýerlilik sypatlaryň terbiýelenmegine getirýär. Okuwçyda gowy häsiýetleri terbiýelemekde kollektiw köpçüligiň hem roly uludyr. Çaga köpçülige öwrenişip, özüniň ýalňyşlyklaryny, kemçiliklerini ýüze çykarýar. Olarda dostluk, kollektiwizm, birek-biregi goldamak we ş. m. sypatlar terbiýelenýär. Mugallym öz synçylygy bilen okuwçylaryň özüni alyp barşyna gözegçilik edýär, ol gözegçiligiň dowamynda her okuwçynyň gowy ýa-da ýetmez taraplaryny görýär. Bu ýagdaý mugallyma okuwçylarda gowy sypatlary terbiýelemek üçin dürli usullary, ýollary saýlap almaklyga mümkinçilik berýär.

Adamyň hereketlerinde we işlerinde görünýän psihiki häsiýetleriniň, dürli durmuş ýagdaýlarynda adamyň özüni nähili alyp barýandygynyň, özüne bagly bolan häsiýetleriniň jemi gylyk sözi bilen aňladylýar. Adamyň gylygyny bilip, belli bir ýagdaýlarda onuň nähili hereket etjekdigini we ondan nämä garaşmalydygyny biz öňünden görüp bileris. Eger-de adamyň indiwiduallygy içki kesgitlilikden mahrum bolan bolsa, eger onuň hereketleri özüne bagly bolşundan köpräk daşarky ýagdaýlara bagly bolsa, onda biz “gylyksyz” adam hakynda aýdýarys.

Şahsyýetiň gylygy özünden düzülýän we belli bir şertlerde adamyň özüni alyp barşyny öňünden güman etmäge mümkinlik berýän psihiki häsiýetlerine gylygyň sypatlary diýlip at berilýär. Mertlik, namyslylyk, inisiatiwalylyk (öňdebaryjylyk), zähmetsöýüjilik, ýagşy niýetlillik, gorkaklyk, ýaltalyk, syr bermezelik gylygyň dürli sypatlarynyň mysallarydyr. Bir adamy mert, beýleki adamy gorkak diýip hasap edenimizde, biz howpa duş gelnende ondan we beýlekisinden nämä garaşmak gerekdigini aýdýarys. Adamyň inisiatiwalylygyny (öňdebaryjylygyny) görkezýän wagtymyzda, biz şunlukda onuň täze işe nähili gatnaşjakdygyna garaşmak gerekdigini aýtmak isleýäris.

Temperament öz-özünden erbet temperament ýa-da gowy temperament bolup bilmez, ýöne öz temperamentiňe erk etmegiň, ony peý-

dalanmagyň başarylyşy gowy ýa-da erbet bolup biler. Gylyk barada bolsa biz hemişe ”gowy gylyk”, “erbet gylyk” diýlen aňlatmalary peýdalanýarys. Munuň özi adamyň özüni alyp barşynda gös-göni suratlanýan, özüniň hereketleri şoňa bagly, şoňa görä-de göni durmuşa degişli ähmiýeti bar bolan aýratynlyklaryny “gylyk” diýen söz bilen belleýändigimizi görkezýär.Biz mydama gylygyň sypatlaryndan, meselem, mertlige, namyslylyga, ýagşy niýetlilige, syr bermezlige we ş.m. peýdaly sypatlar hökmünde baha berýäris, başgalaryna, meselem, gorkaklyga, ýalançylyga, jogapkärsizlige, öwünjeňlige we ş.m. peýdasyz sypatlar hökmünde baha berýäris.

Gylyk adamyň öz öňünde goýýan maksatlarynda-da, onuň şu maksatlaryny amala aşyrýan serişdelerinde-de ýa-da usullarynda-da, ýagny özüni alyp barşynyň mazmunynda-da, formasynda-da ýüze çykýar.

Edil şol bir işi iki adam ýerine ýetirip biler we edil şol bir maksada eýerip biler. Emma olaryň biri hyjuw bilen işläp, özüniň edýän zady bilen “joşar”, beýlekisi bolsa, özüniň borjuny diňe ýöne aňlamaga gollanyp, ýagşy niýet bilen, emma bigamlyk bilen işlär. Iki adamyň edil şol bir işi nähili ýerine ýetirýändigindäki bu tapawudyň hem, köplenç, çuňňur ähmiýeti bar, bu iki adamyň indiwiduallygynyň durnukly aýratynlyklaryny suratlandyrýar.

Adamyň özüni alyp barşynyň mazmuny, ozaly bilen, onuň dünýä, başga adamlara, özüniň işine, galyberse-de, öz-özüne garaýşy bilen kesgitlenilýär. Bu garaýyş adamyň dünýägaraýşynda, onuň ynamlarynda aýdyň görünýär we adamyň duýgularynda bolýar.

Adamyň gylygynyň onuň dünýägaraýşy we ynamlary bilen ysnyşykly baglanyşyklydygy şu ýerde düşnüklidir. Adamyň öz öňünde goýýan maksatlarynyň aýdyňlygy berk ynanmalardan döreýär, maksatlaryň aýdyňlygy bolsa, hereketleriň yzygiderliliginiň aýdyň şertidir.

Gylyk psihiki ýaşaýşyň hemme taraplary bilen baglanyşyklydyr. Bilmek prosesleriniň-de, duýgularyň-da hususy aýratynlyklary, eger diňe olar adamyň psihiki gurluşynda möhüm ähmiýete eýe bolýan bolsalar, eger olar onuň özüni alyp baryş ýoluna täsir edýän bolsalar, oňa mahsus bolan hereket usulyny kesgitleýän bolsalar, gylyk sypatlary bolup bilerler.

Gylyk sypatlarynyň ep-esli bölegininiň çylşyrymly tebigaty bardyr we olar bilmek sferasynyňda-da, duýgy sferasynyňda-da, erk sferasynyňda-da aýratynlyklaryny öz içine alýar. Munuň özi, meselem, mertlik, zähmetsöýüjilik, inisiatiwalylyk, kiçigöwünlilik we başgalar ýaly sypatlara degişlidir.

Gylygyň aýry-aýry sypatlaryny we olaryň gylygyň tiplerini emele getirýän özboluşly utgaşmalaryny analiz etmek, seljermek psihologiýanyň iň çylşyrymly meselelerinden biri bolup durýar. Bu ýerde biz häsiýetli sypatlaryň käbir iň möhüm toparlaryny görkezmek bilen çäkleneris.

Birinjiden, adamyň başga adamlara bolan gatnaşygy görünýän sypatlardyr. Adamlara gatyşyp-garyşyjylyk (we oňa garşylyklaýyn bolan sypat – jemgyýetden çetde durmak), syr bildirijilik (we oňa garşylyklaýyn bolan syr bildirmezlik), hüşgärlik, ýoldaşlarça gatnaşmaga ukyplylyk (adam hakynda: ”Ol ýagşy ýoldaşdyr” diýilýän wagtdaky nazarda tutulýan sypat), edeplilik we başga-da birnäçe sypatlar şeýle sypatlara girýärler.

Ikinjiden, adamyň özüniň özüne bolan garaýşyny bildirýän sypatlar. Hut öz gadyr–gymmatyňy duýmak, kiçigöwünlilik (we munuň tersine, özüňe göwnüýetijilik, ulumsylyk), öýkeleklik, utanjaňlyk, egosentrizm (ýagny mydama özüňi we özüňiň başdan geçirýän zatlaryňy birinji nazarda tutmaga meýillilik), egoizm (ýagny aglaba köp babatda öz şahsyýetiň hakynda alada etmäge meýillilik) we beýleki sypatlar.

Üçünjiden, adamyň zähmete, özüniň işine garaýşyny görkezýän sypatlar. Inisiatiwalylyk, tutanýerlilik, zähmetsöýüjilik (we tersine bolan sypat – ýaltalyk), kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan hyjuw (we munuň tersine – kynçylyklardan gorkmak), hoşniýetlilik, işiňe jür bolmak we başgalar şuňa girýärler.

Galyberse-de, dördünjiden, şahsyýetiň psihiki gurluşyny emele getirýän gylygyň has umumy sypatlary. Meselem, şu aşakdaky iň möhüm sypatlar: prinsipiallyk, yzygiderlilik, mertlik, akýüreklilik, tertip-düzgünlilik, işeňňirlik şeýle sypatlardandyr.

Şahsyýetiň haýsy-da bolsa başga hillerine garanyňda, gylygynyň dogabitdi we üýtgemeýän häsiýetligi has azdyr. Gylyk sypatlary diňe bir hereketlerde we özüňi alyp barmakda ýüze çykmakdan başga-da,

olar şol hereketlerde we özüňi alyp baryşlarda emele gelýärler we guralýarlar. Düzgün-tertipli bolmak üçin hemişe düzgün-tertipli hereket etmek gerekdir, edepli bolmak üçin hemişe özüňi edepli alyp barmak gerekdir.

Adamyň dünýägaraýşy we ynamlary onda belli bir gylyk sypatlarynyň emele gelmegine hyjuw, meýil döredýärler. Emma bu meýiller diňe eger adam mydama we gyşarnyksyz degişli suratda hereket etse, amala aşyp bilerler. Özüňi düzgün-tertipli etmegiň ýalňyz usuly hemişe we hemme ýerde düzgün-tertipli hereket etmekdir.

Täzeden düzedip guramak mümkin bolmaýan hiç bir gylyk ýokdur, bu täzeden düzedip guramagy diňe şol gylygyň eýesi amala aşyryp biler. Bu işde oňa diňe töwerek-daşyndaky adamlar we durmuşyň obýektiw şertleri kömek edip biler. Şoňa görä, haýsy-da bolsa bir ýaramaz işi gylygyň kemçiligidir diýip, aklajak bolmak dogry däldir. Adam özüniň gylygy üçin özi jogapkärdir.

## Şahsyýetiň erkli häsiýetleriniň manysy we ähmiýeti

Häsiýet diýip adamyň özüni alyp barşynyň endige öwrülen özboluşly aýratynlygyna aýdylýar.

Adamyň öz daşyny gurşap duran hakykata garaýşy onuň hut özüni alyp baryş aýratynlygynda ýüze çykýar.

Erk bolsa häsiýetiň özenidir. Erk adamyň içerki we daşarky kynçylyklary ýeňip geçmegi bilen baglanyşykly maksada okgunly, aňlydüşünjeli hereketinde ýüze çykýar.

Her bir adamyň gylyk-häsiýeti hakynda gürrüň edilende, onda erk sypatlarynyň bardygyndan ýa-da ýokdugyndan, ol häsiýetleriň nähili derejede ösendiginden ugur alynýar. Gowşak erklilik we gowşak häsiýetlilik diýen düşünjeleriň ikisi hem, adatça, bir manyda ulanylýar. Bu düşünjeleriň ikisi hem adamyň öz öňünde goýan maksadyna ýetmekde gowşaklyk edýändigini, kynçylyklaryň öňünde ejizleýändigini, olaryň hötdesinden gelmegi başarmaýandygyny, özüne erk edip bilmeýändigini, onda maksada okgunlylygyň, batyrlygyň we sowukganlylygyň ýetmezçilik edýänligini aňladýan düşünjelerdir. Emma erk we häsiýet hakynda gürrüň edilende bir zady unutmak bol-

maz. Kanunyň öňünde günäkärler, keçjallar hem özlerini berk erkli, gorkmazak,edermen, tutanýerli, ugurtapyjy adamlar diýip hasaplaýarlar.

Bu hili adamlaryň "erkini" häsiýetiň oňyn taraplary hökmünde görkezmek dogry bolmaz. Sebäbi olaryň hereketleri hiç hili jemgyýetçilige peýdaly maksatlar bilen baglanyşykly bolman, gaýtam jemgyýetçilik bähbitlerine ters gelýär. Diňe öz şahsy bähbitlerini we hereketlerini umumy jemgyýetçilik bähbitleri bilen utgaşdyryp bilýän, öz öňünde jemgyýetçilik bähbitli maksatlary goýan we nähili kynçylyk bolsa-da üstün çykyp, ol maksatlara ýetmegiň hötdesinden gelýän adam hakyky berk erkli adam diýlip hasap edilip bilner. Biz diňe erk hakynda däl, eýsem terbiýelenen ahlakly erk hakynda gürrüň edýäris. Erk we häsiýet adamyň dünýägaraýşyndan, ahlak sypatlaryndan üzňe zat bolman, eýsem berk baglanyşyklydyr. Sportda hem berk erkiň we häsiýetiň bolmagy üstünligi üpjün edýär.

Bu ýerde A.S.Makarenkonyň ýüregiňe jüňk bolýan aşakdaky sözlerini ýatlamazlyk mümkin däl:

"...Umumy maksatlar meniň hem maksatlarymy kesgitlemeli. Bu umumy we hususy maksatlaryň sazlaşyklylygy jemgyýetiň aýratynlygydyr. Meniň üçin umumy maksatlar diňe baş, dominirleýji zat bolman, eýsem meniň hususy maksatlarym bilen hem baglanyşyklydyr".

Erk bilen ugrukdyrylýan hereketler özleriniň kynçylyklary, böwetleri ýeňip geçmek bilen baglanyşyklylygy we maksada ýetmek üçin çynlakaý ymtylmagy, çalyşmagy talap edýänligi bilen tapawutlanýarlar.

Maksada ýetmek ugrunda adamyň uly böwetleri ýeňmegi onuň erkiniň has güýçlüdigine şaýatlyk edýär.

Maksada ýetmek ugrunda ýolda duş gelýän böwetleri hem topara bölmek mümkin:

1. Içerki böwetler.
2. Daşarky böwetler.

Adamda islegiň tersine ýüze çykýan gowuşgynsyzlyk, ýaltalyk, ýadawlyk, gorky, utanjaňlyk, özüňi artykmaç söýmek, keçjallyk, ulumsylyk, öz güýjüňi äsgermezlik we ş.m. ýaly böwetlere **içerki böwetler** diýilýär.

**Daşarky böwetler** obýektiw böwetlerdir. Olar hökmünde adamyň öňünde goýan maksadyna ýetmegini, beýleki bir tarapdan, päsgel berilmegini, maksada ýetmek üçin çözülmeli meseleler bilen baglanyşykly kynçylyklary, bitirilmeli işiň, ele alynmaly täze hünäriň we ş.m. çylşyrymlylygyny,umuman, adamyň özüne bagly bolmadyk her hili daşarky garşylyklary görkezmek bolar.

Hakykatdan-da, özüne erk edip bilýän adamy şu içerki we daşarky böwetleriň hiç biri gorkuzyp ýa-da onuň maksadyna ýetmegine päsgel berip bilmez. Her hili uly ýa-da kiçi maksada ýetmegiň ýolunda ol ýa-da beýleki (içerki ýa-da daşarky) böwetleriň duş gelýänligi tebigydyr. "Azapsyz ýeriň ady ýok" diýlişi ýaly, şol ähli kynçylyklary, böwetleri ýeňip, maksada ýetilmegi adamyň güýçli erkiniň bardygynyň şaýadydyr we ol öňde goýlan maksadyň paýhaslydygynyň, gymmatlydygynyň alamatydyr.

## Okuwçylarda erkli häsiýetiň sypatlary

Erkiň we häsiýetiň sypatlary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

Maksada okgunlylyk. Maksada okgunlylyk diýip, adamyň öz üniň ähli hereketlerini, özüni alyp barşyny jemgyýetçilik ähmiýetli ýeketäk durnukly maksada ýetmäge tabyn etmeklige düşünilýär. Maksada okgunly hereket edýän adam ähli güýjüni, ukyplaryny öňünde goýan maksadyna ýetmäge gönükdirýär, şol maksada ýetmeklige tarap meýilli, yzygiderli suratda birsyhly çalyşýar.

Adam öz öňünde goýan maksadyna ýetmegiň ýolunda oňa ýetmegi üpjün edýän başga-da birnäçe ownuk maksatlary hem öz öňünde goýmaly we çözmeli bolýar. Şol ownuk maksatlar esasy maksada ýetmek ugrundaky basgançaklardyr. Olara kem-kemden ýetilmegi, olara ýetmekde maksada okgunlylyk görkezilmegi maksada ýetmekligi üpjün edýär.

Prinsipiallyk we özbaşdaklyk. Prinsipial we özbaşdak adam özüni alyp barşyny hut özüniň dünýägaraýşyna laýyk gelýän prinsiplerine, garaýyşlaryna we ynamlaryna tabyn edýär. Ony öz garaýyşlaryna we ynamlaryna ters gelýän hereketleri etmäge yrmak mümkin däl.

Prinsipiallyk we özbaşdaklyk paýhaslylyk bilen utgaşýar, ol öz nädogry, ýalňyş, zyýanly garaýyşlaryňa we ynamlaryňa köre-körlük bilen tabyn bolmak däldir. Prinsipial we özbaşdak adam başgalaryň peýdaly maslahatlaryny hem diňleýär, olary seljerip görýär, tankydy gözden geçirýär, baha berýär we ähmiýetli diýip hasaplanlaryny kabul edýär. Şeýlelikde, prinsipial we özbaşdak adam negatiwistden bütinleý tapawutlanýar. Çüňki negatiwist başga adamlaryň peýdaly, ähmiýetli maslahatlaryny hem ret edýär, olary seljerip görmeýär, diňe özüniň nädogry prinsiplerine eýerýär. Bu hili adama erkli adam diýmek mümkin däl.

Şunuň bilen birlikde, prinsipial we özbaşdak adam tiz beýlekileriň täsirine düşýän, olaryň "maslahatlaryndan" ugur alyp,öz prinsiplerinden dönýän gowşak erkli adamlardan hem bütinleý tapawutlanýar. Gowşak erkli adamlar öz öňünde goýan maksatlaryna ýetip bilmeýärler, öz prinsiplerine biwepalyk edýärler, başgalaryň iteklemegi bilen ýöreýärler, dürtmegursak bolýarlar.

Aýgytlylyk. Aýgytly adamlar kyn ýagdaýlarda çalt, dogry we durnukly karar kabul etmegi başarýanlygy hem-de haýal etmän, ony ýerine ýetirmäge girişýänligi bilen tapawutlanýar.

Aýgytlylyk bilen howlukmaçlygy garyşdyrmak bolmaz. Bular dürli-dürli düşünjelerdir.

Howlukmaç adam dogry karar kabul edip bilmeýär, ol edýän kararynyň dogrudygyny-nädogrudygyny, jemgyýetiň bähbidine nähili derejede laýyk gelýändigini seljermeýär. Munuň bolsa erbet netijä getirmegi mümkin. Aýgytly hereket edýän adam howlukmaýar, meselä paýhasly çemeleşýär, ýagdaýdan ugur alýar, ýöne eger ýagdaý talap edýän bolsa, çalt, emma dogry karar kabul etmegi başarýar. Karar edilenden soň, haýal etmän ony wagtynda ýerine ýetirmäge girişmek aýgytlylygyň zerur alamatydyr.

Tutanýerlilik. Tutanýerli adam öz öňünde goýan maksadyna ahyryna çenli ýetmegi başarýar. Ol maksada ýetmäge tarap ýolda nähili kynçylyklar, böwetler duş gelse-de, barysyndan üstün çykýar, her hili şowsuzlyklar hem ony ýolundan sowup bilmeýär.

Şu hili tutanýerli adamlaryň mysaly hökmünde Aýdogdy Tahyrowy görkezmek bolar. Ol nemes faşistleriniň nähili gynaýandyklary-

na garamazdan, aldawa salmak üçin edýän dürli pirimlerine gulak asmazdan, Watanyň, goşunyň syryny saklamakda tutanýerlilik we mertlik görkezdi. Sportsmenler hem tutanýerlilik bilen tapawutlanýarlar.

Tutanýerliligi keçjallykdan tapawutlandyrmak gerek. Keçjallyk otrisatel häsiýetdir. Keçjal öz öňünde jemgyýet üçin ähmiýetsiz, käte hatda zyýanly maksatlary goýýar. Şolara ýetmäge hem keçjallyk bilen dyrjaşýar. Ol, köplenç, öz hereketiniň dogry däldigine, maksadalaýyk däldigine,zyýanlydygyna düşünýär, emma şonda-da öz diýenini etjek bolup dyzaýar. Bu, elbetde, tutanýerlilik bilen bir ýere sygyşmaýar. Gaýtam, keçjallyk adamyň gowşak erklidigine, onuň özündäki erbet häsiýetiň garşysyna göreşmäge we nädogry hereketlerden ýüz öwürmäge ejizlik edýänligine şaýatlyk edýär.

Çydamlylyk, durnuklylyk we öz-özüňe erk etmek. Erkiň we häsiýetiň bu alamatlarynyň adamzat jemgyýetinde, aýry-aýry adamlar arasyndaky aragatnaşykda we gündelik durmuşda ullakan roly bar. Erkiň we häsiýetiň bu alamatlary özünde bar adam öňünde goýan maksadynyň we edýän hereketleriniň gereksizdigine ýa-da zyýanlydygyna düşünen badyna, olardan el çekmegi başarýar.

Her bir adam diňe öz öňünde maksat goýmagy we oňa ýetmegi başarman, eýsem zerur bolanda, ýagny öz hereketleriniň nädogrudygyny duýanda, ondan el çekmegi hem başarmalydyr. Bu adamyň güýçli erkiniň we häsiýetiniň alamatydyr.

Batyrlyk we gaýduwsyzlyk. Batyr we gaýduwsyz adam öz öňünde goýan jemgyýetçilik ähmiýetli maksadyna ýetmekde duş gelýän iň howply, belki, jany üçin hatarly böwetlerde hem howatyrlanman hereket edýär. Erkiň we häsiýetiň bu alamatlary bilen tapawutlanýan adam jemgyýetçilik borjuň hatyrasyna gorky, howatyrlanmak ýaly duýgulary basyp ýatyrmagy we kyn, hatarly hereketler etmegi başarýar. Batyrlyk we gaýduwsyzlyk ikisi bir düşünje däldir. Gaýduwsyzlyk batyrlylygyň, özüňe ynam etmegiň, öz işiň dogrulygyna berk ynanjyň bolmagyny hem talap edýär.

Batyrlyk we gaýduwsyzlyk diňe Watan goragynda zerur we hut şol ýerde özüňde şeýle sypatlaryň bardygyny görkezmek mümkin diýip düşünmek, elbetde, dogry bolmaz. Parahatçylykly günlerde

hem batyrlygyň we gaýduwsyzlygyň ajaýyp nusgalarynyň ençeme mysallaryny tapmak mümkin.

Musal üçin, suwa gark bolanlary halas etmek ýa-da ot alan jaýda galanlary çykarmak batyrlyk we gaýduwsyzlyk görkezmegi talap etmeýärmi?

B.Kerbabaýewiň "Yhlasa-myrat" hekaýasynyň baş gahrymany hem dönükleri ele salmakda tüýs batyrlyk we gaýduwsyzlyk bilen hereket edýär.

Inisiatiwalylyk, öňdebaryjylyk we aktiwlik, işjeňlik. Erkiň we häsiýetiň bu sypatlary hem adamyň öz öňünde goýan maksadyna ýetmekde uly rol oýnaýar. Inisiatiwasyz we passiw adam wagtynda öz maksadyna ýetip bilmeýär, passiw hereket maksada ýetmäge uly zyýan ýetirýär. Mekdepde okuwçylarda inisiatiwalylygy we aktiwligi terbiýelemekde synpdan we mekdepden daşary işleriň ähmiýeti uludyr.

Salyhatlylyk. Häsiýetiň bu sypaty adamy beýleki adamlar bilen aragatnaşygynyň, özüni alyp barşynyň ýönekeýligi bilen tapawutlandyrýar. Salyhatly adam öz hyzmatlarynyň ähmiýetini ýokary götermäge çalyşmaýar, özüne tankydy baha berýär, ulumsylyk, gedemlik, öwünjeňlik etmeýär.

Öz hereketleriňe gözegçilik etmek we olara tankydy baha bermek. Bular hem erkiň we häsiýetiň zerur sypatlary bolup durýarlar. Bu sypatlary özünde jemleýän adam özündäki, öz garaýyşlaryndaky, özüni alyp barşyndaky, öz hereketlerindäki kemçilikleri ýüze çykarýar we olary düzetmegiň hötdesinden gelýär.

Mekdep okuwçylarynda häsiýetiň şu sypatlaryny terbiýelemekde dürli serişdeler ulanylýar. Erk we häsiýet dünýägaraýşyň we ahlak duýgularyň, ýagny borç, jogapkärçilik duýgularynyň terbiýelenmegi bilen berk baglanyşykda alnyp barylýar.

## Okuwçylarda erki we häsiýeti terbiýelemegiň usullary we serişdeleri

Mekdebe çenli ýaşda-da, mekdep ýaşynda-da çagalar dürli görnüşli topar oýunlaryny oýnaýarlar. Şol oýunlaryň prosesinde, eger olar maksadalaýyk guralsa, çagalarda erki we häsiýeti terbiýelemek üçin

oňaýly şert döreýär. Sebäbi oýunlaryň prosesinde çagalar birnäçe kynçylygy ýeňip geçmeli bolýarlar, özleriniň wekilçilik edýän toparynyň abraýy üçin göreşýärler, durnuklylyk, tutanýerlilik görkezýärler, ylalaşykly hereket etmek endiklerini özleşdirýärler. Bularyň hemmesi erki we häsiýeti terbiýelemekde iňňän ähmiýetlidir.

Erki we häsiýeti terbiýelemegiň ähmiýetli serişdelerinden biri zähmetdir. Mekdebiň töwereginde mugallymlar tarapyndan guralýan zähmetiň dürli görnüşlerinde okuwçylar özüne erk etmegi, kynçylyklary ýeňip, üstün çykmagy, öz güýjüňe dogry baha bermegi öwrenýärler. Okuwçylarda zähmete bolan garaýşy kemala getirmek bilen erki we häsiýeti terbiýelemek biri-birinden üzňe däldir, gaýtam berk baglanyşyklydyr. Şoňa görä, okuwçylary öňdebaryjy halkyň gahrymançylykly zähmeti bilen tanyşdyrmak, önümçiligiň öňdebaryjylary bilen duşuşyklar guramak hem erki we häsiýeti terbiýelemeklige üstünlikli hyzmat edýärler.

Okuw okuwçynyň esasy işidir. Okuw prosesinde okuwçylarda erki we häsiýeti terbiýelemek üçin giň mümkinçilikler döreýär. Okuw çaganyň özüne erk etmegini, güýjüni we pikirini jemlemek başarnygyny, uzak işlemäge ukyplylygyny talap edýär. Okuwçynyň okuw prosesinde alan ol endikleri oňa uly adam bolup ýetişende hem erkini jemlemäge ýardam berýär. Çünki erkiň özi hem endik bilen berk baglanyşyklydyr. Endik bolsa adamda dinamiki stereotipiň emele gelmegi netijesinde döreýär.

Mekdep tejribeligi ukyplylygy bilen tapawutlanmaýan, emma, özüne erk edip bilýän okuwçylaryň okuw materialyny ukyply bolsada,özüne erk edip bilmeýän okuwçynyň özleşdirişinden pes özleşdirmeýändiginiň ençeme mysallaryny berýär. Munuň özi okuw işinde erki terbiýelemegiň uly ähmiýetiniň bardygyny görkezýär.

Okuwçylaryň kollektiwde jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşdyrylmaklary olarda erki we häsiýeti terbiýelemegiň iň gowy serişdeleriniň biri bolup durýar. Şoňa görä, mekdepde her bir okuwçynyň dürli guramalarda, diwar gazetleriň, mekdep radiouzeliniň redaksiýalarynda ol ýa beýleki jemgyýetçilik işiniň birine gatnaşmagyna esasy üns berilmelidir. Okuwçylaryň ol işlere gatnaşmagy olarda toparyň öňünde jogapkärçilik duýgusyny, öz maksatlaryňa ýetmek ugrunda

çynlakaý çalyşmagy, kynçylykdan gorkmazlygy we tä ahyryna çenli göreşmek endigini terbiýeleýär, tutanýerlilik, durnuklylyk häsiýetini kemala getirýär.

Bedenterbiýe sapaklarynda okuwçylaryň erkini we häsiýetini terbiýelemek olaryň dürli maşklary ýerine ýetirmekleri, hereketleri we sport oýunlary bilen meşgul bolmaklary arkaly durmuşa geçirilýär. Bedenterbiýe sapaklarynda okuwçylar beden taýdan taplanýarlar, öz hereketlerine erk etmegi öwrenýärler.

Mekdepden daşary işleriň dürli formalary, meselem, gürrüň, leksiýa, doklad, gezelençler, ýörişler, syýahatçylyk, sport, topar bolup teatra gitmek we ş.m. hem okuwçylarda dünýägaraýyşlaryny kemala getirmek bilen birlikde erki we häsiýeti terbiýelemek üçin oňaýly hyzmat edýärler.

Beýik akyldarlaryň, alymlaryň, ýazyjylaryň, syýahatçylaryň ömri we işi, köplenç, olardan ýeňilmezek erkli, maksada okgunly, tutanýerli, ýadamazak, mert häsiýetli bolmagy talap edýär. Geçmişde ençeme akyldarlaryň açyşlarynyň ýa-da döredijiliginiň köp garşylyklary ýeňip geçmeli bolandygy, awtorlaryň köp horluklara, azaplara döz gelmeli bolandygy, emma şonda-da öz prinsiplerinden, ideýalaryndan ýüz öwürmändikleri taryhdan bellidir. Sapakda we sapakdan daşary işler arkaly okuwçylaryň olaryň ömri we işi bilen tanyşdyrylmaklary erki we häsiýeti terbiýelemek üçin oňaýlydyr.

Erki we häsiýeti terbiýelemekde mugallymlar we synp ýolbaşçysy okuwçylaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryndan ugur almalydyrlar. Munuň üçin bolsa olar okuwçylaryň gylyk-häsiýetlerini, özlerini alyp baryşlaryny birsyhly synlamalydyrlar we öwrenmelidirler.

Käbir okuwçynyň utanjaňlygy hakynda oýlanyp göreliň. Utanjaň okuwçylaryň hemmesinde utanjaňlygyň sebäbi meňzeş bolmaýar. Şoňa görä, ähli okuwçydaky şu häsiýeti düzetmekde hem ýeke-täk usulyň ulanylyp bilinmejegi düşnüklidir. Bir okuwçynyň utanjaňlygyna onuň fiziki kemçiliginiň bolmagy(meselem, ýüz-gözündäki kemçilik, sözleýşindäki ýetmezçilik, el-aýagyndaky näsazlyk) sebäp bolsa, beýleki bir okuwçynyň okuw materialyny özleşdirmekde gowşaklygy,ýoldaşlaryndan pes ýetişmegi sebäp bolup biler.

Mugallym utanjaňlygy ýeňip geçmek üçin okuwçylar bilen işlände, iň ilki utanjaňlyga sebäp bolýan dürli faktorlary oňat seljerme-

lidir. Aýry-aýry okuwçylarda erki we häsiýeti terbiýelemekde mugallymlar dürli usullary ulanýarlar. Olara mysal hökmünde okuwçy bilen gürrüň etmek, talap etmek, ata-enesi bilen gürrüňdeş bolmak, gödek hereketleri üçin temmi bermek, kollektiwde,synp toparynda ara alyp maslahatlaşmak, mekdep diwary gazetiniň täsirini peýdalanmak we ş.m. görkezmek bolar. Bu usullaryň haýsy ulanylsa-da, okuwçynyň indiwidual aýratynlygyndan ugur alynmasa, onuň ulanylmagy zerur netijäni bermez, belki, zyýan edip biler.

Mugallym okuwçynyň häsiýetindäki bu kemçilikleri ýüze çykarandan soň, olaryň sebäbini anyklamak we ýok etmek maksady bilen olaryň öýlerine köp gezek barýar. Ol öýde çaganyň belli bir gün tertibini saklamaýandygyny anyklaýar. Ata-enesi muňa parhsyz seredipdir. Mugallym çaganyň ata-enesi bilen gürrüň edip, onuň anyk düzgün boýunça işlemegine, öý işlerini ýerine ýetirmegine we umuman, hereketlerine gözegçilik etmeklerini ýola goýýar. Mugallym okuwçynyň özi bilen hem telim sapar gürrüň edýär.

Okuwçy kem-kemden düzgüne öwrenişip, wagty biderek geçirmegini azaldýar. Ünsüni geçilýän materiallary özleşdirmäge, öý işlerini özbaşdak ýerine ýetirmäge jemläp başlaýar. Mugallym sapakda oňa aýratyn üns berip, geçilenleri ýygy-ýygydan soraýar, düşündirilýän materialy nähili diňleýändigini anyklamak üçin sorag bilen ýüzlenýär, ony gaýtaladýar. Ýazuw işlerinde we matematika boýunça goýberýän kemçiliklerini görkezip, düzetmegiň ýollaryny öwredýär.

Mugallym kem-kemden okuwçyda yzygiderli okamak höwesiniň we endiginiň döräp ugrandygyna göz ýetirýär. Onda jogapkärçilik duýgusyny artdyrmak, berk erki kemala getirmek üçin mugallym topar bolup teatra gitmekligi, çeper eserler okamaklygy, olary ara alyp mashatlaşmagy we şonda şol okuwça aýratyn üns bermegi, ony gürrüňe köpräk gatnaşdyrmagy, sapakda ýygy-ýygydan soramaklygy hem giňden ulanýar. Okuwçynyň mekdep kitaphanasyndan kitap alyp, özbaşdak okamagyny guraýar.

Bu işler erbet netije bermeýär. Okuwçyda kem-kemden özüne erk etmek, ünsi jemläp bilmek, aktiwlik, jogapkärçilik, tutanýerlilik, zähmetsöýüjilik ýaly sypatlar kemala gelýär. Okuwçy synpdan üstünlikli geçýär.

Çagalarda erki we häsiýeti terbiýelemekde maşgalanyň, ata-eneleriň täsiri uludyr. Şoňa göra, mugallymlar we ata-eneler çaga terbiýesinde bu meseläni ünsden düşürmeli däldirler.

Erki we häsiýeti terbiýelemekde çaga gönükmeler etdirmek ýerlikli peýdalanylmalydyr. Mekdepde we maşgalada çaga onuň ýaşyna laýyklykda erkini terbiýelär ýaly ýagdaýlaryň, şertleriň döredilmegi zerurdyr. Erk we häsiýet terbiýesi okuwçynyň öz-özüni terbiýelemegi bilen utgaşýar. Eger-de ol öz-özüni terbiýelemeklige parhsyz garasa, erki we häsiýeti terbiýelemek boýunça onuň bilen maşgalada we mekdepde geçirilýän işler netijesiz bolup çykýar. Şoňa görä, okuwçylara öz-özüni terbiýelemegiň ýollary öwredilmelidir we bu meselede gazanýan netijeleri barlanyp durulmalydyr.

## Gylyk-häsiýetiň kemala gelmegi we terbiýelenmegi

Belli rus alymy I.M.Seçenowyň bellemegine görä, gylyk-häsiýetiň 1/999 bölegi adamyň tebigatyna bagly bolýar, 999/1 bölegi bolsa adamy gurşap alan sreda baglydyr. Hakykatdan-da, gylyk-häsiýetiň kemala gelmeginde sosial faktorlar biologik faktorlara garanyňda has möhüm rol oýnaýarlar.

Gylyk-häsiýetiň kemala gelmegi irki çagalyk döwründen başlanýar. Eýýäm mekdebe çenli döwürde çaganyň gylygynyň ilkinji alamatlary duýulýar. Oýunlaryň üsti bilen çagalarda kollektiwizm, tutanýerlilik, batyrgaýlyk ýaly häsiýetler kemala gelýär. Zähmet işlerini ýerine ýetirmek arkaly çagalarda zähmete sarpa goýmak we ony söýmek ýaly häsiýetler terbiýelenýär.

Mekdep döwrüniň başlanmagy bilen çaganyň gylyk-häsiýetiniň kemala gelmeginde täze bir döwür başlanýar. Mekdepde belli bir düzgünleri berjaý etmek arkaly okuwçyda jogapkälilik, tertiplilik ýaly gylyk-häsiýetleriň düýbi tutulýar. Şol düzgünleri berjaý etmek bilen okuwçylarda guramaçylyk, maksada okgunlylyk, tutanýerlilik, tertiplilik, zähmetsöýerlik ýaly häsiýetler ösüp başlaýar. Gylyk-häsiýetiň terbiýelenmeginde kollektiwiň ähmiýetiniň uludygyny bellemek zerurdyr.

Ýetginjekleriň gylygynyň aýratynlyklarynyň çalt depginler bilen ösýändigini görmek bolýar. Ýetginjek okuwçy kiçi ýaşly okuwça

garanyňda, ululáryň işine has köp gatnaşýar, okuw hem-de jemgyýetçilik işlerinde jemgyýetçilik düzgünlerinden ugur alýar. Gylyk-häsiýetiň kemala gelmegine mekdep uçastoklaryndaky işler, tebigaty goramak we ş.m. ýardam edýär. Çaganyň gylygyna terbiýe uly täsir edýär. Gylyk-häsiýetini terbiýeläp bolmajak çaga ýok diýlip hasap edilýär.

Gylyk-häsiýeti tebiýelemekde zähmetiň, kollektiwiň, şahsy göreldäniň, öz-özüňe gözegçilik etmegiň, okuwça indiwidual çemeleşmegiň ähmiýetiniň ululygyny alymlar belleýärler.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Gylyk diýlip nämä aýdylýar?
2. Adamyň gylygy nähili ýüze çykýar?
3. Adamyň gylygynyň nähili häsiýetleri bar?
4. Mugallym okuwçylarda gylygyň nähili položitel häsiýetlerini terbiýeläp biler?

**Amaly ýumuşlar**

1. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň zähmete bolan gatnaşyklarynda nähili gylyk-häsiýetleriniň terbiýelenýändigine syn etmeli.
2. Aşakda getirilen häsiýetleriň haýsysynyň adamyň a) zähmete bolan gatnaşyklaryny; b) adamlara bolan gatnaşyklaryny; ç) özüne bolan gatnaşygyny; d) zatlara bolan gatnaşygyny aňladýandygyny anyklaň: adamkärçilik; erjellik; dogruçyllyk; salyhatlylyk; egoizm; öňdebaryjylyk; özüne garaýyş; sypaýyçylyk; sadalyk; tygşytlylyk; buýsançlyk; jomartlyk; gysgançlyk.

## § 16. Ukyplylyk

Adamyň ukyplylygy barada aýdylanda, ilki bilen, onuň işiniň netijeliligi göz öňünde tutulýar. Haçan adama ukyply diýmek bolar? Muny adamyň işi ýerine ýetirmekde tapawutlanýan 2 tarapy boýunça bilmek bolar. Eger-de adam degişli işi beýlekilere görä tiz, çalt özleşdirip bilse hem-de onuň ýerine ýetirilen işi hil tarapdan netijeli bolsa, onda adama ukyply diýip baha bermek bolar.

Näme üçin adamlar birmeňzeş şertlerde meňzeş işleri deň ýerine ýetirmeýärler? Haçan-da adam işiniň talaplaryna ýokary derejede

jogap berende, adama ukyply diýmek bolar. Ukyply adamyň gazanýan ýokary netijesi onuň nerw-psihiki aýratynlyklarynyň toplumynyň işiň talaplaryna laýyk gelýänligi bilen düşündirilýär. Adamyň durmuşda ýerine ýetirýän her bir işi çylşyrymly we köptaraply bolýar. Ol adamyň psihiki we fiziki güýçleriniň öňünde dürli talaplary goýýar. Eger şahsyýetiň aýratynlyklarynyň bar bolan ulgamy şol talaplara laýyk gelýän bolsa, onda ýokary derejede ýerine ýetirmäge ukyply bolýar. Eger-de şeýle laýyklyk bolmasa, onda indiwidual işiň şu görnüşini ýerine ýetirmäge ukypsyzlyk duýulýar.

Ukyplylyk – bu adamyň indiwidual psihologik aýratynlygy bolup, işiň talabyna jogap bermesiniň we üstünlikli ýerine ýetirmeginiň şertidir. Ukyplylygyň kesgitlemesiniň esasy tarapyna üns berip geçeliň. Birinji tarapdan, ukyplylyk adamyň indiwidual aýratynlygydyr, ýagny bir adamyň beýlekiden tapawutly tarapydyr.

İkinjiden bolsa, ukyplylyk adamyň indiwidual psihologik aýratynlygydyr.

Adamyň dürli işleri amatly ýerine ýetirmeginde eliniň, boýunyň uzynlygy onuň ukylylygyny aňladýar. Adamlarda sazlary bilmek, sportuň dürli görnüşlerini gowy ýerine ýetirip bilmek, reňkleri saýlap bilmek, dürli çyzgylary çyzyp bilmek ýaly ukyplar bolýar. Adamyň ukybyny degişli işi beýlekilerden has ökdelik bilen ýerine ýetirmeginde görmek bolýar. Adam durmuşda diňe bir işi ýerine ýetirmäge ukyply bolman, işiň dürli görnüşlerinde öz ukybyny ýüze çykaryp bilýär. Islendik iş diňe birtaraply ukyby däl-de, eýsem, biribiri bilen baglanyşykly bolan birnäçe ukyplary talap edýär. Ukyplylyk adamyň işiniň, hereketiniň dowamynda kemala gelýär. Adamyň işi ýerine ýetirişine syn etmezden, oňa ukypsyz diýip baha berip bolmaýar. Ukyplylyk adamda degişli işi ýerine ýetirmegi öwrenmegi bilen ol barada bilimler we düşünjeleri berk kemala gelýär. Mysal üçin, kiçi ýaşly mekdep okuwçysyna saz çalmagy öwretmän, oňa çalmaga ukypsyz diýip bolmaýar. Saz çalmagyň ýönekeýje düşünjelerini öwredip başlanyňda, okuwçynyň sazy çalmaga ukybynyň boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny anyklamak bolýar. Adam işe ukyply bolup dogulmaýar. Ol diňe ýaşaýşyň dowamynda öwrenmek, gaýtalamak bilen ukyplylygy ele alýar. Adamyň işe bolan höwesi, gyzyklanmasy degişli işi ukyply ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Okuwçynyň

matematiki bilimleriniň, başarnyklarynyň we endikleriniň bolmaklygy esasynda dürli çylşyrymly meseleleri çözüp bilmek, logiki pikirlenip bilmek ýaly ukyplary ýüze çykýar. Okuwçylaryň ukyplaryny ösdürmekde mekdep mugallymlarynyň alyp barýan işleriniň ähmiýeti örän uludyr. Saz mugallymy okuwçylaryň saz diňlemäge we çalmaga bolan ukyplaryny, surat mugallymy surat çekmäge we reňkleri saýlap bilmäge bolan ukyplaryny ýüze çykaryp we ösdürip bilýär.

Adamda ukybyň emele gelşine tebigy, dogabitdi faktorlaryň täsiri barmyka?

Birnäçe psihologlar adamyň ukyby dogabitdi bolup, nesildennesle geçýär diýen pikiri goldap çykyş edipdirler. Emma ylmy psihologiýa ukybyň dogabitdi däldigini tassyklady. Ukybyň ele alynmagynda adamyň ýaşaýyş şertiniň täsiriniň esaslydygyny tassyklady. Emma durmuşda käbir çagalarda ýa-da uly adamlarda zehini (tebigy berlen ukyby) görmek bolýar. Käbir çagalar surat çekmegiň ýa-da saz çalmagyň ýörite öwredilmäge başlanmazdan kän öň bu predmetlere özleriniň höweslidigini, meýillidigini ýüze çykarýar.

Şeýle ýagdaýlarda dogabitdi ýa-da tebigy, guýmagursak ukyplar hakynda aýtmak bolýar. Emma beýle diýildigi, ukybyň tutuşlygyna dogabitdi berilýändigini aňlatmaýar. Hatda saza zehinli çaga aýdymy dogry aýtmagy we heňi tanamagy öwrenmelidir. Surat çekmäge ukyply, zehinli çagalar hem surat çekmegiň usullaryny, düzgünlerini öwrenmelidir. Bu bolsa tebigy zehiniň barha üstünlikli kämilleşmegine alyp barýar. Zehinler okamak we terbiýelenmek, zähmet çekmek proseslerinde ukyplary ösdürmek üçin mümkinçilikleri özünde jemleýär. Şonuň üçin hem çagalaryň ukyplaryny maksadalaýyk kemala getirmekde tebigy ukyplary mümki boldugyça ir ýüze çykarmagyň uly ähmiýeti bardyr. Ukybyň kelle beýnisiniň gurluşynyň haýsydyr bir dogabitdi, anatomik aýratynlyklary bilen baglydygy gürrüňsizdir.

Görnükli rus fiziology I.P. Pawlow adamyň ukyplaryny ýüze çykarmakda ýokary nerw işiniň aýry-aýry ýüze çykmalarynda birinji we ikinji signal sistemalarynyň agdyklyk etmegi bilen ukyplylygyň 3 tipini: çeperçilik tipi, pikirlenmek we orta tipi bölüp görkezdi. Çeperçilik tipi birinji signal sistemasy arkaly ýokarlandyrylan duýgurlygyň

bolmagy bilen ýüze çykýar. Bu tipiň wekilinde duýuş organlary arkaly alynýan maglumatlar baýlygy we aýdyňlygy bilen tapawutlanýar. Bu tipe sazandalar, hudožnikler, ýazyjylar, artistler we ş. m. degişlidir. Pikirlenme tipi agdyklyk edýän adamlar üçin abstrakt pikirlenmek mahsusdyr. Bu tipdäki adamlar oýlap tapyjylyk bilen meşgullanýarlar, ylmy açyşlar edilýär. Adamlaryň köp bölegi sistemalaryň ikisiniň-de täsirini özünde sazlaşykly birleşdirip, orta tipe degişli bolýarlar. Biziň geçmişimizde we häzirki döwrümizde zehinli adamlaryň bolandygyny, bardygyny aýtmak bolar. Tanymal hudožnik K.P.Brýullow 9 ýaşynda akademiýada okap bilipdir. A.S.Puşkin goşgy düzmäge başlapdyr. Şeýle tanymal adamlar ýatkeşli pikirlenişi bilen beýleki adamlardan düýpli tapawutlanýarlar. Goşmaça aýdylanda, zehinlilik – bu ukyplaryň heniz ösmedik, emma işleriň ilkinji synaglarynda duýulýan tebigy esaslarydyr.

Adamyň ukybynyň ösüşiniň okuw we döredijilik derejelerini tapawutlandyryp görkezmek bolar. Ukyplaryň ösüşiniň okuw derejesinde duran adamlaryň bilimleri ele almakda we özleşdirmekde, dürli işleri öwrenmekde we ony ýerine ýetirmekde ýokary başarjaňlyklary duýulýar.

Ukyplarynyň ösüşi döredijilik derejesinde durýan adamlar bolsa täze zatlary döredýärler. Ukyplylygyň ösüşiniň derejelerinde başgada umumy akyl we ýörite ukyplylyk diýen ýaly görnüşleri tapawutlandyrmak bolar.

**Umumy akyl ukyplylygy** – bu şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlyklarynyň bilimleri we dürli görnüşdäki işleri ele almakda ýeňilligi we ýokary netijeliligi üpjün edýän toplumydyr. Umumy akyl ukyplylygy şahsyýetiň ýokary we baý zehininiň hem-de hemmetaraplaýyn ösüşiniň netijesidir.

**Ýörite ukyplar**– bu şahsyýetiň psihologik aýratynlyklarynyň işleriň haýsydyr bir ugry boýunça (edebiýat, şekillendiriş sungaty, saz, sahna we ş.m.) ýokary netijeler gazanmaga mümkinçilik berýän toplumydyr. Adamyň ukyby gyzyklanmalar, höwesler bilen berk baglanyşyklydyr. Adam höwesleriň, gyzyklanmanyň netijesinde gowy ukyplary we başarnyklary ele alyp bilýär. Işe höwesi, gyzyklanmasy bolan adam döredijilikli işlemäge, üstünlikler gazanmaga ýykgyn ed-

ýär. Adamyň maksada okgunlylyk, aýgytlylyk, çydamlylyk ýaly erkli häsiýetleri başarnyklaryň, ukyplaryň terbiýelenmegine sebäp bolýar.

Adamda zehinlilik, talantlylyk, geniallyk diýen ýaly ukybyň birnäçe ýokary derejeleri kemala gelip bilýär.

Zehinlilik – bu şahsyýetiň haýsydyr bir işi üstünlikli ýerine ýetirmegine mümkinçilik berýän ukyplarynyň özboluşly utgaşmasydyr. Adamyň zehinliliginiň ýokary derejesi talant sözi bilen aňladylýandyr. Talantlylyk – bu adamyň işde ajaýyp üstünlikler gazanmagyna mümkinçilik berýän ukybynyň bir görnüşidir. Talant adamyň işe bolan söýgi duýgusyndan ösüp ýetişýändir. Talantlylykdan has ýokary derejede durýan geniallyk hem bardyr. Geniallyk adamyň ylymda uly açyşlar etmegine, oýlaptapyjylykly işler bilen meşgullanmagyna mümkinçilik berýän ukybynyň ýokary derejesidir. Ylymda köp alymlar ýokary açyşlar edip, öz geniallyklaryny görkezdiler. Geniallyk adamyň öňdengörüjilikli ukybynyň barlygyny hem görkezýär.

Adamyň ukybynyň ýüze çykyşynyň we ösüşiniň iň ýokary derejeleri talantlylyk we geniallyk sözleri bilen aňladylýar. Talantly we genial adamlar sungatda, ylymda we beýleki ähmiýetli işlerde ýokary netijeli täze-täze üstünlikler gazanýarlar. Genial adamlar ylmy barlaglar babatynda, edebiýatda we sungatda, önümçilikde haýsydyr bir täze ýollary açyp, üýtgeşik zatlary döredýär. Talantly adam bolsa kesgitli işleriň, barlaglaryň çäklerinde ýokary netijeler gazanýar.

Haýsy-da bolsa bir ýa-da birnäçe işiň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň şertleri bolup durýan hususy aýratynlyklara ukyplar diýilýär. Meselem, ýazyjynyň, alymyň, pedagogyň we ş.m. işinde ullakan ähmiýeti bar bolan synçylyga biz ukyp diýip at berýäris. Suratkeşiiň, heýkeltaraşyň işine gös-göni gatnaşygy bar bolan görüş ýadyna, biziň öň bilşimiz ýaly, ýazyjynyň döredijiliginde ullakan rol oýnaýan emosional ýada we emosional hyýala, inženeriň ýa-da tehnigiň işinde zerur bolan tehniki hyýala, saz zehinine we ş.m. biz ukyplar diýip at berýäris.

Adamyň her bir beýleki psihiki aýratynlygy ýaly, ukyp hem tebigy üşüklere (zadatkalara) bagly bolsa-da, olar üýtgemeýän häsiýet bolman, eýsem ösüşiň netijesidir.

Käbir çagalaryň surat çekmegi ýa-da saz çalmagy tertipli öwredilmäge başlanmazyndan öň şu predmetlere özleriniň ukyplylyklary

bilen ünsi özlerine çekýändikleri bellidir. Şeýle wakalar barada ýygy-ýygy "dogabitdi ukyplar" ýa-da "tebigy ukyplar" hakynda aýdylýar. Emma welin bu wakalarda-da diňe üşükler dogabitdi üşüklerdir. Saz barada hatda iň ukyply çagalar-da dogry aýdym aýtmagy ýa-da heňi tanamagy öwrenmelidirler, hatda surat çekmäge iň zehinli çagalar-da surat çekmegi öwrenmelidirler. Bu çagalaryň aýratynlygy diňe öwrenmek prosesiniň olarda örän irki ýaşda, çalt we ýeňil, köplenç ýagdaýlarda oýnuň barşynda geçýändiginden, munuň özüni ata-enelериniň we pedagoglaryň duýman galýandyklaryndan ybaratdyr.

Emma welin ukyplaryň ir ösmegine ýagşy üşükleriň sebäp bolmaýan wagtlary-da bolýar. Ýygy-ýygy haýsy-da bolsa bir ukybyň has giçden soň iň ilki ýüze çykmagy başlaýar, emma mundan buýana aýratyn ýokary derejede ösüşe ýetýär. Bu wakalarda diňe işiň belli bir görnüşini meýilli öwrenmek, şol işde birsyhly gönükme bar bolan üşüklere ýaýbaňlanmaga mümkinçilik berýär. Şoňa görä, haýsy-da bolsa bir ukybyň ir ýüze çykmazlygy hiç haçan şu ukyp üçin üşükleriň ýokdugy hakynda pikire gelmeklige esas bolup hyzmat etmeli däldir.

Birsyhly öwrenmek prosesinde şol ýa-da başga ukybyň ösüşiniň çaltlygyna adamyň üşükleri has dogry görkezijidir. Diňe öwretmegiň netijelerine garap, üşükler we ukyplar hakynda dogry baha bermek bolar.

Hiç bir aýry-aýry ukyp işiň üstünlikli ýerine ýetirilmegini üpjün edip bilmez. Diňe bir synçylyk, onuň özi hernäçe kämilleşen bolsa-da ýa-da diňe bir emosional hyýal, ol hernäçe güýçli bolsa-da, ýazyjyny entek ýagşy ýazyjy etmeýär. Diňe bir tehniki hyýalyň bolmagynyň entek adamyň ýagşy inžener-konstruktor bilup çykjakdygyny görkezmeýşi ýaly, örän oňat saz zehininiň bolmagy hem entek şu oňat saz zehinli adamyň ýagşy sazanda bolup çykjakdygyny görkezmeýär. Her bir işi ýerine ýetirmegiň üstünlikli bolmagy mydama ençeme ukyplaryň bolmagyna baglydyr. Meselem, synçylygyň, obrazly ýadyň, akylyň ençeme hilleriniň, güýçli ünsi suratda jemlemäge bolan ukybyň, ençeme başga ukyplaryň ýazyjynyň işi üçin birinji derejeli ähmiýeti bardyr.

Haýsy-da bolsa işi üstünlikli ýerine ýetirmäge bolan mümkinçiligi üpjün edýän ukyplaryň şol özboluşly utgaşmasyna zehinlilik diýlip at berilýär.

Zehinliligiň ýokary derejeleri talant sözi bilen aňladylýar.

Eger bir aýdyň görnüp duran ukybyň bolmagy belli işde ýokary derejede zehinliligiň bardygyny görkezmeýän bolsa, onda haýsy bolsa-da bir ukybyň gowşaklygy-da şol iş üçin özüňi ýaramsyz hasap etmäge hiç haçan esas bolup bilmez. Ýaş wagtyňda söz ýadyň ýaramaz bolan bolsa-da, uly ýazyjy bolmak ýa-da ýaş wagtyňda görüş ýadyň ýaramaz bolan bolsa-da, uly suratkeş bolmak mümkindir. Eger şu iş üçin gerek bolýan beýleki ukyplar ýeterlik derejede aýdyň bar bolsalar, onda adam belli iş bilen köp we başga işlere garanyňda üstünlikli meşgul bolmaga mümkinçilik alýar, şunlukda, yzda galýan ukybyň ösmegi üçin hem amatly şertler döreýär. Netijede, ol ukyp özüniň ilkibaşky gowşaklygyndan hiç bir nyşan galmaýan derejede “deňleşip” biler.

Eger-de adamyň meýilleri, höwesleri we başga ukyplary berlen iş bilen meşgul bolmaga üzül-kesil gyzyklandyrýan bolsa, haýsy-da bolsa bir hususy ukybyň ýetmezligi ony bökdemeli däldir.

Haýsy-da bolsa bir işe bolan örän güýçli, täsirli we durnukly meýil, şu işe düýp söýgi bolup başlaýan meýil, adatça, şu iş bilen baglanyşykly örän möhüm ukyplaryň bardygyny görkezýär. Şonuň bilen bir wagtda işe bolan şunuň ýaly söýginiň özi talantyň ösmeginiň iň möhüm faktory bolýar. Ukyplaryň käbir esasy ýadrosy ýok wagtda işe bolan uly, hyjuwly söýgi gelip çykyp bilmez, eger-de ol gelip çykaýsa, adam mydama özüniň gowşak taraplaryny ýeňmegi, yzda galýan ukyplaryny öňde barýan ukyplarynyň yzyndan ýetirmegi we özüniň talantynyň doly gymmatly bolup ösmegini gazanmagy başarar.

Ukybyň ösüşinde we kemala gelşinde okamak we terbiýelemek aýratyn orny tutýar. Okamak we terbiýe bermek şahsyýetiň ukybynyň ýüze çykyşyny we ösüşini çaltlandyrýar. Okatmak prosesinde çaga teoretiki we praktiki ýumuşlary çözmegiň dürli tärlerini ele alýar. Okuwçylaryň ukyplaryny ösdürýän mugallym onuň işinde üstünligi üpjün edýän şu esasy şertleri bilmelidir:

**Birinji şert** çaganyň ähli ýagdaýlaryny bilmek we hasaba almak, onuň okuw predmetlerindäki, dürli jemgyýetçilik işiniň görnüşlerindäki güýçlerini we mümkinçiliklerini nazarda tutmakdyr. Munuň özi çaganyň psihofiziologik alamatlaryna garap, onuň has ukyply bolan bilimleriniň ugruny anyklamaga we işleriň ugruny kesgitlemäge, onuň tebigy gurluşyndaky we ösüşdäki aýratyn, üns bermeli kemçilikleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berer.

**Ikinji şert** bilimi özleşdirmek derejesi bilen okadylyş derejesiniň arasyndaky utgaşmany üpjün etmelidir. Mugallymyň öwredýän materiallarynyň mazmunyny okuwçylaryň nähili derejede özleşdirişlerini öwrenmek zerurdyr.

**Üçünji şertde** okatmak prosesi döredijilikli häsiýetde bolmalydyr. Okuwçylaryň öňünde problemalary, soraglary goýup, döredijilikli işlemekligi öwretmegiň ähmiýeti uludyr.

**Dördünji şert** – okatmagy praktiki zähmet bilen utgaşdyrmak. Diňe şeýle şertlerde okuwçylarda dürli başarjaňlyklar döräp biler.

**Bäşinji şert** okatmagyň dowamynda hünäre ugrukdyrmak işini yzygiderli alyp barmakdyr. Okuwçylaryň her biriniň heniz mekdep ýyllarynda özleriniň meýillerine we ukyplaryna laýyklykda erkana hünär saýlap almaklygyny guramak möhüm wezipeleriň biridir.

**Altynjy şert** – şahsyýetiň aktiw häsiýetlerini, ilkinji nobatda, özbaşdaklygy, zähmetsöýerligi we guramaçylygy kemala getirmekden ybaratdyr.

**Ýedinji şert** okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklaryny hasaba almakdyr. Şu görkezilen şertler okuwçylarda psihiki we ahlak häsiýetleriniň bilelikde kemala gelmegini üpjün edýär. Ösüp gelýän ýaş nesillerde ukyplaryň ýüze çykarylmagy we ösdürilmegi biziň jemgyýetimizi mundan beýläk-de maddy we ruhy taýdan ösdürmegiň esasy şertleriniň biridir.

## Çagalaryň ukyplaryny ösdürmegiň şertleri

Ukyplar işiň netijesinde kemala gelýärler we ösýärler. Ukyplary ösdürmekligi irki çagalyk döwründen başlamaly. Mekdebe çenli döwürde çagalar surat çekmegi, dogry aýdym aýtmagy we sazlary

tapawutlandyrmagy we ş.m. öwrenýärler. Mekdepde çaga dürli ugurlara degişli bolan gurnaklara gatnaşýar.

Her bir okuwçyda umumy hem-de ýörite ukyplar jemlenendir.

Ukyplaryň ösmegine iş, hereket oňyn täsir edýär. Okuwçylaryň ukyplaryny ösdürmegiň birnäçe şertlerini görkezmek bolar:

1. Çaganyň ýerine ýetirýän işi onuň üçin durnukly položitel emosiýalary, kanagatlanmany döretmeli. Çaga öz işinden lezzet alýar we şatlykly kanagatlanma duýgularyny başdan geçirýär. Mugallym okuwçynyň ukyplaryny ösdürmek üçin onuň gyzyklanmalaryny hasaba almaly.

2. Çaganyň işi döredijilik häsiýetde bolmaly. Meselem, okuwçylarda synçylyk ukyplaryny ösdürmek maksady bilen tebigata gezelençleri gurap bolýar.

3. Ukyplary ösdürmekde sapakdan daşary işleriň ähmiýeti uludyr. Muňa mysal edip, gurnak işlerini görkezmek bolar.

4. Başlangyç synpyň zähmet sapaklarynda ukyplary ösdürmek üçin birnäçe mümkinçilikler bar. Bu sapagyň dowamynda agaçdan, kartondan, kagyzdan, plastilinden we ş.m. şekilleri ýasamakda okuwçylaryň düşbüligi, döredijilikli çemeleşip bilýänligi ýüze çykarylýar.

Mugallym okuwçylaryň ukyplaryny ösdürmek bilen bir hatarda kynçylyklary ýeňip geçmeklige bolan tutanýerliligini (ukyplaryny) hem ösdürmeli, terbiýelemeli. Kähalatlarda ukyply diýlip hasaplanylýan okuwçy şowsuzlyklara uçranda, päsgelçilikleriň öňünde özüni gowşak alyp barýar, öňki gowy görýän gyzyklanmasyna bolan höwesi gaçýar. Şeýle ýagdaýlarda mugallymyň okuwçyny goldamagy, oňa kömek bermegi zerurdyr.

Ukyplary ösdürmek maksady bilen mugallym okuwçylarda talabedijilik, özüne tankydy göz bilen garamak ýaly sypatlary hem terbiýelemelidir. Çagalaryň ukyplaryna aşa ýokary baha bermek, ony köp öwmek, ony ukyby pes bolan okuwçylar bilen deňeşdirmek maslahat berilmeýär.

Ukyply okuwçynyň ukyplylygy sebäpli beýleki okuwçylardan belent tutulmagyna ýol bermeli däl. Bu okuwçynyň ukyply bolanlygy sebäpli ondan has köp talap etmekligi ýola goýmaly.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Ukyp düşünjesine kesgitleme we düşündiriş beriň.
2. Ukybyň nähili derejeleri we görnüşleri bar?
3. Adamyň talantlylygy we geniallygy nähili häsiýetlendirilýär?
4. Okuw-terbiýeçilik işinde okuwçylaryň ukyplarynyň ösdürilmegine gönükdirilen esasy şertler haýsylar?

**Psihologik sözlük**

***Ukyp*** – işi üstünlikli ýerine ýetirmäge şert bolup durýan şahsyýetiň indiwidual psihologiki aýratynlygy.

***Talant*** – şahsyýetiň ýörite ukybynyň ösüşiniň ýokary derejesi.

***Geniallyk*** – taryhy-jemgyýetçilik zerurlygy esasynda şahsyýetiň talantynyň we aktiw işiniň ýokary derejede ýüze çykmagy.

**Amaly ýumuşlar**

1. Saz we surat sapaklarynda okuwçylaryň ukyplarynyň ýüze çykyşyny synlamaly we hemmetaraplaýyn seljerip, netije çykarmaly.
2. Islendik işiň üstünlikli ýerine ýetirilmegi haýsy hem bolsa aýratyn ukyp esasynda däl-de, ukyplaryň jemi bilen gazanylýar. Aşakda pedagogik iş üçin zerur bolan ukyplaryň birnäçesi getirilendir. Olaryň haýsysynyň otnositel umumydygyny (islendik kärde zerurdygyny), haýsysynyň bolsa otnositel ýörite häsiýetdedigini (diňe aýry-aýry işlerde zerur bolýandygyny) kesgitläň:

a) predmetlerde, hadysalarda, adamlaryň özüni alyp barşynda we daşky sypatynda olar bilen iş salyşmakda zerur bolan häsiýetleri ýüze çykarmaklyga bolan ukyp;
b) okuwçylary dürli işlere çekmekligi başarmak;
ç) beýleki adamlar bilen göwnejaý aragatnaşyk saklamagy başarmak;
d) dürli garaýyşlara düşünmek we adamyň özüni alyp barşyndaky üýtgeşmeleri öňünden görmek ukyby;
e) tutuş kollektiwiň keýpini duýmagy başarmak;
ä) adamlar bilen gatnaşyklarda öz çeniňi duýmak, garşydaşyň göwnüne degmekden çetde durmak;
f) özüňe we duýgularyňa erk edip bilmek ukyby;
g) okuw-terbiýeçilik materialyny çagalaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryna laýyklykda saýlamagy we bu materialy göwnejaý guramagy başarmak;
h) beýleki adamlary işe döredijilikli çemeleşmeklige ruhlandyryp bilmek;
i) akyl ukyplarynyň iň ýokary, ösen derejesi.

# VI bölüm
# Ýaş aýratynlyklary psihologiýasynyň esaslary

## § 17. Ýaş aýratynlyklary psihologiýasyna giriş

Çaganyň psihikasynyň ösüşi barada psihologlar tarapyndan dürli-dürli pikirler öňe sürlüpdir. Birnäçe pedagoglar we psihologlar çaganyň psihiki ösüş aýratynlyklary barada nädogry düşündiriş beripdirler. Olar çaganyň psihiki ösüşiniň sebäplerini dogry düşündirmändirler. Olaryň birnäçesi çaganyň psihiki aýratynlygynda nesle geçijilik esasy rol oýnaýandyr, okatmak we terbiýe bermek prosesiniň bolsa, hiç hili ahmiýeti ýokdur diýip belläpdirler. Şeýle pikirleriň täsiri netijesinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynda deňsizlik emele gelipdir. Şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösüp, kemala gelmeginde sosial sredasy, bilim we terbiýe bermek, ýaşaýyş durmuşyny dogry guramak zerur zatlar hasaplanýar. Çaga bilim we terbiýe berlende nerw ulgamynyň tiplerini we psihologik aýratynlyklaryny hasaba almagy göz öňünde tutmalydyr. Çaganyň dogumlylygyny dürli tiplerde hem dürli terbiýeçilik täsiriniň netijesinde terbiýelemek mümkindir. Şahsyýeti terbiýelemekde işiň dürli görnüşleri: okuw, oýun, zähmet işleri ulanylýar. Şahsyýet dürli ýaş döwürlerinde işiň görnüşi bilen meşgul bolýar. Dürli ýaş döwründe haýsy hem bolsa bir iş esasy iş hasaplanýar. Şol işiň görnüşi hem çaganyň psihiki we fiziki ösüşine täsir edýär. Mekdebe çenli döwürde çaganyň esasy işi oýun hasaplanýar. Mekdep ýaşly çagalarda esasy iş okuw hasaplanýar. Okuwçy oýun işinden esasy okuw işine geçýär. Uly ýasly adamlarda esasy iş zahmetdir. Işiň her bir görnüşi şahsyýetiň ýaş döwürlerine görä gitdigiçe kämilleşýär. Okuw işi okuwçynyň ýaş aýratynlygyna görä çylşyrymly kamilleşyär. Okuwçydan ediýän talaplar güýçlenip, okuwyň mazmuny ýokarlanýar. Psihologiya ylmynda çaganyň psihiki ösüşinde ýaş döwürleri şu aşakdaky ýaly bölünýär:

1. Bäbeklik döwri (1 ýaşa çenli).
2. Irki çagalyk döwri (1 ýaşdan 3 ýaşa çenli).

3. Mekdebe çenli döwürden öňki döwür (3 ýaşdan 5 ýaşa çenli).

4. Mekdebe çenli döwri (5 ýaşdan 7 ýaşa çenli).

5. Kiçi mekdep yaşly döwri (7 ýaşdan 11 ýaşa çenli ).

6. Ýetginjeklik döwri (11 ýaşdan 14 ýaşa çenli).

7. Uly mekdep ýaşly döwri (14 ýaşyndan 16 ýaşa çenli).

Şu döwürleriň her birinde şahsyýetiň dürli indiwidual tapawutlyklarynyň bardygyny görmek bolýar. Şu döwürleriň her biri hem ösüşiň senzitiw döwrüni düzýär, ýagny rahat ösüşiň informasiýa toplaýan döwri. Psihologlaryň bellemegine görä, her senzitiw ösüş hökman krizis ösüş döwrüne gelýändir. Mysal üçin, mekdebe çenli dowrüň krizis döwürlerini şu aşakdakylara bölmek bolar: a) l ýaşly krizis döwri; b) 3 yaşly krizis döwri; ç) 7 ýaşly krizis döwri.

Şahsyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklygyna görä, islendik rahat ösüş özüne ep-esli informasiýa (maglumat) toplandan soň, hökman krizisli ösüşe gelýändir. Hemmetaraplaýyn sagdyn çaganyň ösüşinde senzitiw ösüş birtopar informasiýa toplap, krizis döwrüne geçýär. Çaga öz ösüşinde täzelikleri ýüze çykarmaga şert döredýär. Şeýlelik bilen, onuň durmuşynda birnäçe üytgeşmeler, ösüşler, täzelikler bölüp geçýär. Çaga döreýän üytgeşmelere öwrenişip, olary gowy ele alandan soň, çaganyň ösüşinde ýene täze döwür, ýagny senzitiw ösüş döwri başlanýar. Şeýlelikde, bir döwür beýleki döwür bilen çalşyp, çaga indiwidinde birnäçe täze şahsy hilleriň, sypatlaryň kemala gelmegine şert döreýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Çaganyň psihiki ösüşi barada nähili garaýyşlar, pikirler bolupdyr?
2. Şahsyýetiň ösüp kemala gelmeginde işiň görnüşleriniň nähili ähmiýeti bar?
3. Şahsyýetiň ösüşi nahili döwürlere bolünip öwrenilýär?
4. Ösüşiň senzitiw döwri diýlip nämä düşünilýär?

## § 18. Çaganyň mekdebe çenli döwürdäki ösüşi

Garaşsyz we baky Bitarap ýurdumyzyň geljeginiň berkidilmegi üçin şu günki günlerden irginsiz alada edilmelidir. Elbetde, çaga biziň geljegimizdir. Çagany hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet edip terbiýe-

läp ýetişdirmek ýurdumyzyň pedagoglarynyň we psihologlarynyň esasy wezipeleriniň biridir. Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin çagalaryň mekdebe çenli döwürdäki psihiki ösüşini öwrenip, terbiýeçilik işlerini şoňa görä alyp barmaklyk esasy wezipe bolup durýandyr. Mekdebe çenli döwre psihologik taýdan dogry analiz bermek üçin, ilki bilen, bu döwrüň nähili gurluşynyň bardygyny bellemelidir. Bu döwürde çaganyň ösüşi biologik, pedagogik we psihologik ösüşlere bolünip öwrenilýär.

Biologik ösüş çaganyň fiziologik ösüşini, pedagogik ösüş bolsa çaga bilim-terbiýe bermekligiň aýratynlyklaryny, psihologik ösüş bolsa, çaganyň psihologik ösüşiniň aýratynlygyny dürli döwürlere bölüp öwrenýär.

Çaganyň mekdebe çenli döwri hakynda gürrüň edilende, bu döwrüň şu aşakdaky ýaly gurluşyny bölüp görkezmek bolar.

1. Babeklik döwri– bu çaganyň doglan gününden l ýaşa çenli bolan wagtyny öz içine alýar.

2. Irki çagalyk döwri çaganyň 3 ýaşa çenli bolan wagtyny öz içine alýar.

3. Mekdebe çenli çagalyk döwri 3 ýaşdan 6 ýaşa çenli wagty öz içine alýar.

4. Mekdebe taýýarlyk döwri 6 ýaşdan 7 ýaşa çenli wagty öz içine alýar.

Köp wagty öz içine alýan mekdebe çenli döwrüň gurluşyny bölenimizden soň, şahsyýetiň ösüp, kemala gelmeginde işiň we gatnaşygyň ahmiýetiniň uludygyny bellemek bolar. Iş bilen gatnaşyk psihologiýa ylmynda aýrylmaz arabaglanyşykly birlikdir. Indiwid näçe ýaş bolsa, şonça-da bu iki birligiň ululygy ýokarydyr, şonuň üçin indiwidiň ösüşinde bu iki iş bir bitewi kompleks içinde amala aşýar. Bu ýagdaýa başgaça çaganyň ululara gönükmeklik kompleksi hem diýilýär. Irki babeklik döwründe “ululara gönükmeklik kompleksiniň” birnäçe aýratynlyklary ýüze çykyp ugraýar. Bu aýratynlyklar dogabitdi berlen refleksleriň analizatorlarynyň işleriniň esasynda bäbegiň daşyny gurşap alýan ulularyň kömegi bilen ýüze çykyp ugraýar. Irki bäbeklik döwründe bäbek dogabitdi berlen myşsa syzgylarynyň üsti

bilen eline amatly bolan predmetleri, oýunjaklary gatyja gysýar. Şu ýerde dana sözüni belläp geçmek ýerlikli bolar, ýagny “bäbegiň gysymy ýylany hem öldüripdir” diýmeklik bilen biziň ata-babalarymyz irki bäbeklik döwründe taktil syzgylaryň örän aktiwligini belläp geçipdirler. Çaganyň 3-4 aýlyk döwründe eýýäm ulular bilen gatnaşygy has-da çylşyrymlaşýar, ýagny bu döwürde çagada “gygyldama” prosesi başlanýar. Çaganyň görüş, eşidiş analizatorlarynyň işi aktiwleşýär. Birneme soňrak bolsa, tagam biliş analizatorlary hem ösüp başlaýar. Şeýlelikde, biz çaganyň özüni alyp barşyna, hereketlerine syn edenimizde, şeýleräk zatlary görüp bilýäris. Çaga eline ilen predmeti, oýunjagy, ilki bilen gaty gysymlar, soňra silkip görer (ses çykarmak üçin), soňra bolsa, gözüniň öňüne getirer, iň soňunda bolsa, agzyna ýetirip, dadyp görmäge çemeleşer. Ine, şu ýönekeýje hereketler çaganyň haýwanat wekilleriniň çagasynyň ösüşinden tapawutlydygyny görkezýär. Janly organizmleriň arasynda adam çagasy iň ejizi bolýar. Emma adam çagasy özüniň ösüşi boýunça hil tarapdan düýbünden üýtgeşikdir. Adamy haýwan wekillerinden bir basgançak ýokary galdyrýan aýratynlyk ol hem sözleýişdir. Bu döwürde sözleýşiň ösüşini esasy 3 döwre bölüp görkezmek bolar.

1. Birinji döwür, orta hasap bilen, 2 aýlykdan 11 aýlyga çenli döwri öz içine alýar. Bu döwre sözleýşe çenli bolan döwür diýilýär.

2. Ikinji döwür, orta hasap bilen, 11 aýlykdan 1 ýaş 7 aýlyga çenli dowam edýär. Bu döwürde çagada sözleýşin ilkinji elementleri başlanýar, bogunlar sözlere birleşip, ýönekeýje sözler aýdylyp ugraýar.

3. Üçünji döwür, orta hasap bilen, 1 ýaş 7 aýlykdan 3 ýaşa çenli aralygy öz içine alýar. Sözleýşiň bu döwründe çaga diliň grammatiki gurluşyny ele alyp ugraýar. Magtymgulynyň “3 ýaşyňa baranyňda saýrap duran dil biter” diýşi ýaly, 3 ýaşdan soň çaganyň sözleýşinde söz baýlygy giňeýär. Psihologlaryň bellemegine görä, 3 ýaşyna ýetende, çaga sözleri oýunjak ýaly oýnaýar, geplemek, soranjaňlyk döwri başlanýar. Soraňjanlygyň artmagy bilen çaganyň sözleýiş aktiwligi ýokarlanýar. Bu döwürde çaganyň soraglaryna ulular dogry, akyly ýeter ýaly jogap bermäge çalyşmalydyrlar. Irki çagalyk döwrüniň 2-nji ýarymynda çaga özi ýalylar bilen gatnaşmaga başlaýar. Irki çagalyk döwrüniň ahyryna çenli şahsy aragatnaşykda çagalar goşulyşyp

bir iş edip hem-de bile oýnamagy aktiw amala aşyryp bilýärler. Üç ýaşyndan soň, şahsy aragatnaşyk hem hil tarapdan uly özgerişe eýe bolýar. Mekdebe çenli döwürde çaga esasy oýun işi bilen meşgul bolýar. Hakyky oýun işi çaganyň 4 ýaş töwereginde başlanyp, onuň birnäçe görnüşleri bardyr. Olara rolly, düzgünli, konstruktiw oýunlar degişlidir. Çaganyň ösüşinde hakyky oýun işi ýüze çykýança ýerine ýetirýän hereketleri "işiň oýna çenli görnüşi" diýlip atlandyrylýar. Işiň oýna çenli görnüşi çaganyň ululara gonükmeklik kompleksinden başlanýar. Çaganyň oýunjagy eline alyp, şygyrdatmagy bilen monopolitiw hereketler başlanýar. Çaga hödürlenýän islendik oýunjagyň hökman terbiýeçilik manysy bolmalydyr. Çaga hödürlenýän oýunjaklar kem-kemden uly adamlaryň durmuşynda ulanylýan predmetleriň suduryny aňladýan oýunjaklar bilen çalşyp ugraýar. Meselem, piljagaz, maşynjyk, gurjajyk we ş.m.

Çaganyň ösüşinde monopolitiw hereketler barha çylşyrymlaşýar, baýlaşýar, monopolýasiýa geçmäge köp analizatorlar gatnaşyp ugraýar. Çaganyň durmuşynda oýnuň ilki ýüze çykýan görnüşi ýönekeýje rolly oýunlardyr. Soňra kem-kemden çaga düzgünli oýunlara geçip başlaýar. Düzgünli oýunlara çaga 5-6 ýaşdan girişip ugraýar. Düzgünli oýun oýnamak bilen çaga ýokary psihiki ösüşlere eýe bolýar. Çaganyň öz durmuşynda oýnalýan oýunlaryň ýene-de bir görnüşi önümli oýunlardyr. Mekdebe çenli döwrüň ahyrynda çaga eline galam, ruçka alyp, kagyzyň ýüzüne ugralla dürli çyzyjaklar çyzmaga başlaýar. Psihologlar bu döwri çaganyň "bulam - bujarlyk çyzýan döwri" diýip atlandyrýarlar. Soňra ol kem-kemden adamyň suduryny aňladýan suratlar çekip başlaýar. Surat çekmeklik kem-kemden çylşyrymlaşyp, mekdebe taýýarlyk döwründe öýüň, agajyň suratlaryny çekmäge synanyşyp başlaýar. Çaga surat çekmeklik bilen bilelikde plastilinden şekil ýasamaga, dürli kontruktor oýnawaçlaryndan şekil ýasamaga başlaýar. Şeýle oýunlara bolsa, önümli oýunlar diýilýär. Psihologlaryň bellemegine görä, önümli oýun işi zahmet işine başlangyç berýär. Şeýlelikde, çaga mekdebe çenli döwründe birnäçe psihiki ösüşlere eýe bolýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Mekdebe çenli döwürde çaganyň ösüşi nahili döwürlere bölünüp öwrenilýär?

2. Çaganyň ösüşinde iş bilen gatnaşyk nahili bölüp geçýär?
3. Mekdebe çenli döwürde çaga oýun işiniň nähili görnüşi bilen meşgullanýar?

## § 19. Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň psihologik aýratynlyklary

Kiçi ýaşly mekdep okuwçysyna 7-11 ýaş aralygyndaky çagalar degişlidir. Bu döwürde çagalaryň ösüşinde birnäçe üýtgeşmeler bolup geçýär. Çaganyň boýunyň, agramynyň, myşsalarynyň ösüşi öran ýeňil hem-de çalt ýagdaýda bolup geçýär. Çaganyň gan aýlanyşy, ýürek urşy kadaly ýagdaýda bolýar. Çaganyň ganynyň düzümindäki ak gan bedenjikleriniň mukdary köpelýär. Bu bolsa çaganyň kesellemeginiň garşysyna durmaga mümkinçilik berýär. Bu döwürde çaganyň süňk ulgamy hem belli bir ösüş derejesinde bolýar. Şonuň üçin elmydama çaganyň dogry hereketleri ýerine ýetirmegine gözegçilik etmelidir. Okuwçydan dogry oturmagy, yöremegi talap edip durmalydyr. Çaganyň beýnisiniň ösüşinde bem birnäçe üytgeşmeler bolup geçýär, 2-nji signal sistemasynyň ösüşi kämilleşip başlaýar. Nerw oýanyş we päsgelleniş prosesleri üýtgäp durmaga ukyply boýarlar. Şonuň üçin kiçi ýaşly mekdep okuwçylary ýokary oýanyjylygy we impulsiwlikleri bilen tapawutlanýarlar. Çaganyň elmydama hereket edip yörmek zerurlygy ösen bolýar. Şonuň üçin çagalaryň mekdepde arakesme wagtynda ylgaşyp, dürli oýunlary oýnamaga mümkinçilik bermelidir. Şeýle hereketleriň çaganyň durmuşynda yzygider gaýtalanyp durmagy beden taýdan sagdyn bolmagyna getirýär. Çaganyň mekdebe barmagy bilen onuň durmuşynda wajyp üytgeşmeler bolup geçýär. Çaga oýun işinden okuw işine geçýär. Çaganyň sosial durmuşy gatnaşygy birden üytgeýär. Okuw işi çaga üçin uly zähmeti, tertipliligi, guramaçyllygy, erk güyjüni talap edip durýan zähmet hökmünde kabul edilýär. Ol okuw işine geçmegi bilen özüniň islegine garşy bolan işleri hem etmeli bolýar. Çaga okuwa gelmek bilen täze kollektiwe goşulýar, ol şol kollektiwde ýaşamaly, okamaly we kämilleşmeli bolýar. Çaga kollektiwde bolmak bilen agzybir ýaşamagy, ylalaşykly hereket etmegi, tertipli bolmaklygy, beýleki çagalar bilen dostlukly gatnaşykda bolmaklygy öwrenýär. Başlangyç synpda bilimleri gowy özleşdirmek okuwçyda

synçylygy, ünslüligi, ygtyýarly ýatda galdyrmaklygy, islendik ýumşy seljerip bilmekligi talap edýär. Çaganyň mekdebe uýgunlaşmagy hem dürli ýagdaýlarda bolup geçýär. Käbir çagada oýun işinden okuw işine geçmeklik biraz kynçylyk döredýär. Çaganyň bu kynçylyklary ýeňip geçmeginde ene-atalaryň hem kömegi zerurdyr. Ene-atalar öz çagalaryna bilimiň ähmiýeti, bilim almaklygyň zerurlygy barada gürrüň bermelidirler. Çagalarda okuwa bolan höwesi döretmäge goltgy bermelidirler. Bu döwürde başlangyç synp mugallymlarynyň hem täsiri örän uludyr. Çaganyň mekdepde bolmaga, bilim almaga bolan höwesini oýandyrýan ilkinji adam mugallymdyr. Mugallym ilkinji sapaklardan okuwçylar bilen ýakyndan tanşyp, olary içgin öwrenmäge çalyşmalydyr. Çagalaryň dilini tapmagy, olar bilen örän mylakatly, şol bir wagtda hem talabediji ýagdaýda aragatnaşyk saklamagy başarmalydyr. Mugallymyň gepleýiş sesi, hereketi, özüni alyp barşy okuwçylara täsir edip, okamaga, bilim almaga bolan höweslerini artdyrmalydyr. Çaganyň mekdebe barmagy bilen gün-günden bilim derejesi artyp, düşünjesi kämilleşýär. Çaganyň birinji synpa okuwa barmaly wagty golaýladygyça onuň okuwçy bolmak, eline portfelini alyp, mekdebe barmaga bolan höwesi has-da artyp başlaýar. Çaga mekdebe taýýarlan galamlaryna, depderlerine günde birnäçe gezek seredýär, barlaýar. Çaganyň okuwa gelip, birnäçe gün geçenden soň: “Saňa mekdebiň nämesi has gowy ýaraýar” diýen soragy bereniňde, okuwçy hiç hili säginmän özüni has gyzyklandyrýan zatlaryny sanap berýär. Ol arakesmede bile oýnaýandyklaryny, mugallymyň synpda nähili bolmalydygyny, eliňi nähili galdyrmalydygyny öwredendigini sanap berýär. Emma birnäçe wagt geçenden soň, okuwçy okuw işiniň özboluşly bir oýun däl-de, eýsem erkliligi, güýji talap edýän zähmetdigine düşünip başlaýar. Şonuň üçin maşgalada özüni aýratyn alyp barýan, läliksiredilip, artykmaç üns berlen çaga birbada mekdebiň bu talaplaryna uýgunlaşyp bilmeýär. Şeýle çagalarda hem okuwa otrisatel garaýyşlar döräp başlaýar. Bu ýagdaýy bolsa ene-atalar, mugallymlar çalt düzetmäge çalyşmalydyrlar. Başlangyç synplarda okuw işiniň ugrugyp başlamagy bilen okuwçylar okuwyň, mekdebiň düzgün-tertibine öwrenişip başlaýarlar. Çagalarda okamaga, bahalar almaga bolan höwes artyp başlaýar. Okuwçylar mugallymyň özlerini öwüp

durmaklaryny, ene-atalaryň özlerini gowy görmeklerini isleýärler. Şonuň üçin okuwçylar aktiwlik görkezmäge çalyşýarlar. Okuwçylar birbada özlerine goýulýan bahalaryň ähmiýetine gowy düşünmeýärler. Olaryň käbiri diňe alan bahalarynyň sanyny deňeşdirýärler. Munuň şeýledigini okuwçylar bilen geçirilen barlaglarda, tejribelerde görmek bolýar. Okuwçylar bilen ýazuw görnüşinde ýumuş ýerine ýetirilip bahalandyrylýar. Şol wagt ähli okuwçylar özleriniň alan bahalaryny ýatdan bilýärler. Emma nähili ýalňyşlyk goýberendiklerini soranyňda, okuwçylaryň az bölegi aýdyp bilýär. Şu ýerde hem okuwçylary birbada alan bahalarynyň gyzyklandyrýandygyny görmek bolýar. Okuwçy kem-kemden okuwyň gyzykly hem-de peýdaly zatlary berýändigine düşünip bilmeýär. Mugallymyň okuwçylara okuw prosesindäki gazanan üstünliklerini aýdyp durmagy hökmandyr. Munuň üçin mugallym her okuwçynyň indiwidual aýratynlygyny göz öňünde tutup, onuň "berekellasyny" ýetirip durmalydyr. Eýýäm 2-nji synp okuwçylary özleriniň eden işlerine mugallymyň seredip, elmydama baha berip durmagyny isleýärler. Bu ýagdaý okuw işiniň has-da aktiwleşmegine getirýär. Okuwçylaryň bilim almaga, okamaga bolan höweslerini artdyrýar. Okuw işinde mugallymyň hormaty, sylagy okuwçylara durnukly bilim we terbiýe bermegiň esasy zerurlygy hasaplanýar.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda akyl ýetiriş prosesleri hem ösüp başlaýar. Çaganyň bilesigelijiligi bilen duýuş we kabul ediş prosesleri ösýär. Dogry, entek 1-2-nji synp okuwçylarynda kabul etmek prosesleri ýüzleý bolup, kämil däldir. Olar okuw we beýleki durmuş ýagdaýlarynda birmeňzeş bolan predmetleri tapawutlandyryp bilmän, ýalňyş kabul edýärler. Meselem, okuw sagatlarynda görkezme esbaplarynda çekilen belka bilen towşany, bäşburçluk bilen altyburçlugy, ýaz pasly bilen tomus paslyny çalşyp kabul edýärler. Munuň şeýledigini çagalaryň çeken suratlarynda görmek bolýar. Çagalarda kabul etmäniň synçylyk aýratynlygy ösen däldir. Şonuň üçin hem mugallym okuwçynyň goýberen ýalňyşlygyny gyzyl reňkli syýa bilen düzedýär. Başlangyç synplar üçin niýetlenen görkezme esbaplary gowy reňkler bilen reňklenen, okuwçylar dogry kabul eder ýaly ululykda bolmalydyr. Bu okuwçynyň temany gowy, dogry, ýeňil kabul etmegine mümkinçilik berýär. Okuwçylaryň duýuş we kabul ediş prosesleriniň ösüşine mugallymyň okuwçylar bilen tebigata gu-

raýan ekskursiýasynyň, gezelençleriniň täsiri uludyr. Okuwçylaryň tebigaty nähili kabul edendiklerini barlamak üçin surat sapaklarynda surat çekdirmek, zahmet sapaklarynda dürli zatlary taýýarlatmak bilen kesgitlemek bolar.

Bu dowürde okuwçylaryň ýat prosesinde hem birnäçe ösüşler bolup geçýär. Okuwçylaryň syn ediş-obrazly ýady söz-logiki ýadyna garanyňda, birneme ösen bolýar. Çagalar durmuşda, okuwda gören zatlaryny, predmetlerini gowy ýatda galdyrýarlar. Okuwçylar üýtgeşik, gyzykly, täsirli predmetleri, açyk reňkli zatlary gowy ýatda galdyrýarlar. Okuwçylar ýatda galdyrmaly materialy gaýtalanlarynda, birbada pikirlenmän, manysyna düşünmän, ol hakda pikir öwürmän gaýtalaýarlar. Şol sebäpli-de materialyň mazmuny mehaniki ýagdaýda ýatda galyp, çalt hem ýatdan çykýar. Emma okuwçylarda mehaniki ýat tutmak ösen diýip bolmaýar. Olar mugallymyň düşündirýän materialy hakda pikir öwrüp, ýatda galdyrmaga hem başlaýarlar. Munuň şeýledigini biz 2-nji synp okuwçylary bilen geçirilen tejribelerde görýäris. Çagalar mugallymyň gürrüň beren, soňra bolsa okap beren hekaýasynyň mazmunyny ýatda galdyrýarlar, soňra bolsa sapakda gürrüň berýärler. Okuwçylaryň ýat prosesi bilen birlikde hyýala getirmeleri hem ösüp başlaýar. Çagalarda gaýtadan dikeldiji hyýalyň görnüşi hem ösüp başlaýar.

Okuwçylar mugallymyň gürrüň berýän ertekilerini, rowaýatlaryny, hekaýalaryny diňlänlerinde, surat çekenlerinde öň kabul eden obrazlaryny hyýala getirýärler.

Bu döwürde okuwçylaryň pikirlenmeleri we sözleýişleri ösýär. Okuwçyda aýdyň-obrazly pikirlenme bolup geçýär. Çagalar gören zatlary, predmetleri barada gowy pikir öwrüp bilýärler. Okuw prosesiniň dowamynda okuwçylaryň pikirlenmeleri we sözleýişleri ösýär. Bu döwürde 3-nji synp okuwçylarynda pikirleniş we sözleýiş kämilleşýär. Olar pikirlenmek proseslериniň dowamynda predmetleri deňeşdirmek, analizlemek, sintezlemek, takyklaşdyrmak bilen predmet barada anyk düşünje alýarlar. Okuwçylarda dürli ýagdaýlarda pikir ýöretmeler hem bolup geçýär. Bu bolsa okuwçynyň özbaşdak pikirlenmesini ösdürýär. Okuwçyda pikirlenme bilen bir wagtda sözleýiş hem ösýär. Okuwçynyň 4-nji synpda söz baýlygy has hem köpelýär. Ol aýdylýan her bir sözüň manysyna düşünip, dogry sözlemäge çalyşýar,

öz pikirini, düşünjesini çuň beýan etmäge dyrjaşýar. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň ygtyýarly, erkli ünsi ygtyýarsyz, erksiz ünse garanyňda gowşak bolýar. Sebäbi okuwçylar özleri üçin gyzykly täsirli bolan predmetlere ünsi jemleýärler. Şonuň üçin her bir mugallym sapagyny täsirli, gyzykly geçirmäge çalyşmalydyr. Sapagyň dowamynda görkezilýän görkezme esbaplar, düşündirilýän temalar, ýerine ýetirilýän ýumuşlar, çözülýän gönükmeler çagalaryň ünsüni özüneçekiji bolmalydyr. Başlangyç synp okuwçylarynda erkli hereketler birneme gowşagrak bolup geçýär. Çagalar sähelçe kynçylyga uçranlarynda ruhdan düşmeýärler, şowsuzlyklardan ýöwsellemeýärler. Beýle ýagdaýyň ýüze çykmagyna okuwçynyň howlukmaç hereket etmegi, impulsiwligi sebäp bolýar. Mugallymyň tabşyryklary, edýän talaplary we yzygiderli terbiýeçilik täsirleri okuwçylarda ynamlylygy, erkli hereket etmekligi, tutanýerli bolmaklygy terbiýeleýär. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň özlerini alyp baryşlarynda, biri-biri bilen gatnaşyklarynda temperamentiň 4 tipine mahsus bolan häsiýetleriň hem bolup geçýändigini görmek bolýar. Çagalarda okuw işiniň dowamynda dogry terbiýeçilik täsiriniň netijesinde temperamentiň käbir tiplerine mahsus bolan otrisatel taraplary hem düzetmek mümkindir. Mugallym flegmatiklerde aktiwligi we çaltlygy, sangwinikde çydamlylygy we ynamlylygy terbiýelemäge çalyşmalydyr. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda gylygyň käbir sypatlarynyň hem kemala gelýändigini görmek bolýar. Bu döwürdäki çagalara keçjallyk häsiýeti mahsusdyr. Käbir ýagdaýlarda okuwçynyň kejirligini mugallymyň yzygiderli talaplary terbiýeleýär. Munuň şeýledigini geçirilen barlaglar, tejribeler subut edýär.

## Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň bedeniniň ösüşi

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň beden ösüşi rahat we deňagramly ösüş ýagdaýynda bolýar. Bu döwür çaganyň mekdebe çenli döwründen mekdep döwrüne geçişi hasaplanýar. Bu döwürde okuwçynyň hereketi işjeň ýagdaýda bolýar. Hereketler çaganyň süňk siňirleriniň ösüşine täsir edýär. Şonuň üçin başlangyç synp okuwçylary bilen sapak wagtynda ýa-da sapakdan daşary wagtlarda bedenterbiýe maşklaryny, hereketli oýunlary geçirmek amatlydyr. Başlangyç synp

okuwçylarynyň oňurga süňkleriniň dogry ösmeginde partada dogry oturmagyň hem ähmiýeti uludyr. Mugallym sapakda okuwçylaryň partada dogry oturyşlaryna üns berip, ondan edilýän gigiýeniki talaplary dogry berjaý etmelidir. Okuwçylaryň beden taýdan dogry ösmeginde arakesmäni guramaçylykly geçirmegiň hem ähmiýeti bardyr. Mugallym okuwçylaryň impulsiw hereketlerini göz öňünde tutup, arakesme wagtynda gyzykly oýunlary geçirip biler. Ýazuw sapaklarynda çagalar bilen ele, barmaklara, aýaga, bile degişli maşklary etmek has-da amatlydyr. Sebäbi çagalar sapakda çalt ýadaýarlar. Bu hadysa okuwçylaryň ünsüniň sowulmagyna getirýär. Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň durmuşynda köp üýtgeşmeler bolup geçýär. Ol oýun işinden okuw işine geçýär. Çaganyň borçlulygy, jogapkärçiligi artyp başlaýar. Okuw işi çaganyň öňünde köp talaplary goýýar. Mekdebe çenli döwürde çaga islege görä hereket edýän bolsa, mekdebe gelmegi bilen zerurlyga we talaba görä hereket etmäge başlaýar. Bu ýagdaý okuwçyny birbada aljyradýan-da bolsa, kem-kemden öwrenişýär. Talaplar ýuwaş-ýuwaşdan güýçlenip, okuwçynyň mekdebe uýgunlaşmagyna getirýär.

Başlangyç synp okuwçylarynyň akyl ýetirijilik, bilijilik prosesleriniň ösüş aýratynlyklary, kabul etmeleri, okuw işi daş-töweregi duýup we kabul etmek ýaly psihiki prosesleriniň ösmegine getirýär. Başlangyç synp okuwçylary ýiti gyzyklanmalary bilen tapawutlanýarlar. Olar kabul etmeleriniň doly ösmedikligine we ýüzleýdigine garamazdan, daşky dünýädäki zatlary uly gyzyklanma bilen kabul etmäge ukyply bolýarlar. Okuw işinde okuwçylar käbir harplary, sanlary çalyşýarlar. Olaryň meňzeş ýa-da tapawutly taraplaryny saýgarmakda kynçylyk çekýärler. Okuwçylar käbir reňkleri tapawutlandyrmakda hem kynçylyk çekýärler. Predmetleri kabul etmekde öňki tejribäniň ähmiýeti ýeterlik däldir. Çagalaryň käbir predmetleri doly tanamazlyklary, biri-birinden tapawutlandyryp bilmezlikleri öňki tejribäniň ýeterlik däldigini görkezýär. Başlangyç synp okuwçylaryny täsirli hem-de özüneçekiji predmetler has gyzyklandyrýar. Çagalar özlerine tanyş bolmadyk predmetleri bilmäge, ony hemmetaraplaýyn öwrenmäge çalyşýarlar. Mugallym çagalara predmetleriň ähli alamatlaryny aýdyp düşündirmelidir.

**Okuwçylaryň ýadynyň ösüşi**

Başlangyç synp okuwçylarynyň söz-logiki ýadyna garanyňda, şekil ýatlary has-da ösen bolýar. Okuwçylar kesgitlemelerden, düşündirişlerden, gürrüňlerden predmetleriň hakyky keşplerini, şekillerini, sypatlaryny has gowy ýatda galdyrýarlar. Başlangyç synplarda ygtyýarsyz ýat biraz ösen bolýar. Şonuň üçin okuwçylar has täsirli, gyzykly, owadan we özüneçekiji predmetleri çalt we gowy ýatda galdyrýarlar. Başlangyç synp okuwçylarynyň ýadyny ösdürmekde ertekileriň, rowaýatlaryň, hekaýalaryň ähmiýeti örän uludyr. Şonuň üçin mugallym sapakda ertekileri, rowaýatlary, hekaýalary ýatdan aýtmaklygy öwretmelidir. Okuwçylaryň gürrüň berýän zatlaryna düşünmeklerini, säginip, pikir öwrüp gaýtlamaklaryny gazanmalydyr. Başlangyç synplarda okuw materialyny özleşdirmekde assosiasiýalaryň hem ähmiýeti örän uludyr. Okuwçylar birnäçe sanlary, harplary, predmetleri baglanyşdyryp ýatda galdyrýarlar. Mugallym sapakda okuwçylaryň ýadynyň özboluşly indiwidual aýratynlyklaryny öwrenmelidir. Okuwçylaryň çalt ýatda saklap, çalt ýatdan çykarýanlary bilen köp işlemäge çalyşmalydyr, türgenleşmeler geçirmelidir. Mugallym sapagyň dowamynda gaýtadan ýada düşürmek proseslerini ulanmalydyr. Okuwçylara geçilen materialy ýygy-ýygydan gaýtalatdyryp durmalydyr. Temany gürrüň berýän okuwçynyň säginen mahalynda, ugrukdyryjy soraglary bermelidir, gaýtadan ýadyna düşürmegine mümkinçilik döretmelidir.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň fiziki we psihiki ösüşinde nähili üýtgeşmeler bolup geçýär?
2. Çagany mekdebe uýgunlaşdyrmakda mugallymyň täsiri barmy?
3. Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň akyl ýetiriş prosesinde nähili ösüşler bolup geçýär?
4. Bu döwürdäki çagalaryň psihiki häsiýetlerinde nähili ösüşler bolup geçýär?

## § 20. Ýetginjegiň psihologik aýratynlyklary

Ýetginjeklik döwri şahsyýetiň ösüşiniň aktiwligi bilen tapawutlanýan döwri hasaplanýar. Birnäçe psihologlar bu döwri kyn döwür diýip atlandyrýarlar. Indiwid bu döwürde ruhy dünýäsinde hem fi-

ziki ösüşinde uly özgerişlere sezewar bolýar. Ösüşiň şeýle aktiw döwründe terbiýeçiler, pedagoglar ýetginjeklere položitel täsir etmegi başarmalydyr. Ýetginjeklik döwri psihologik tarapdan adamyň uly özgerişleri başdan geçirýän döwri bolup durýar. Ýetginjegiň psihologik aýratynlygyna düşünmeklik üçin, ilki bilen, döwrüň gurluşyny bilmelidir. Ýetginjeklik döwri häzirki wagtda 30-40 ýyl mundan öňki ýetginjekler bilen deňeşdirilende has aşak düşendigini bellemek bolar. Psihologiýa ylmynda "akselirasiýa" diýen düşünje bar, ýagny ol ösüşiň tizligini, çaltlygyny aňladýar.

Häzirki döwürdäki çagalaryň ösüşi akselirasiýa prosesi netijesinde 30-40 ýyl mundan öňki çagalaryň ösüşine garanyňda, has aktiwligi bilen tapawutlanýar. Häzir ýetginjeklik döwri, orta hasap bilen, 11-12 ýaşdan başlanýar. Şu ýaşa çenli çaga fiziologik hem-de ruhy taýdan ýetginjeklik döwrüne geçýär. Psihologlar akselirasiýa prosesiniň ýüze çykmagyny dürli ýollar bilen düşündirýärler. Käbir psihologlar bu hadysany ýaşaýyş durmuşynyň gowulaşmagy bilen kesgitleseler, başgalary bolsa çagalara ýaşyndan has köp informasiýanyň ýetýändigi bilen kesgitleýärler. Ýetginjeklik döwri 4-7-nji synp aralygyndaky, ýagny 11-15 ýaş aralygyny öz içine alýar. Ýetginjeklik döwrüniň başlanmagy hemme çagalarda deň bolup geçmeýär, ýagny käbir çagalarda irräk, tersine käbir çagalarda bolsa gijräk başlanýar. Bu döwür çaganyň uly adama geçiş döwri hasaplanýar. Bu döwürde adam ähli tarapdan düýpli özgerýär. Çagalaryň ýetginjeklik döwrüne geçýandigini aňladýan ilkinji alamatlar adamlar bilen gatnaşygynda bolup geçýändigi bilen kesgitlenýär. Çaga özüni indi çaga saýman, uly adam ýaly alyp barmaga çalyşýar. Ýetginjeklik döwrüne ir ýa-da giç girişmekligiň birnäçe sebäpleri bardyr.

Ýetginjeklik döwrüne ir başlanmagynyň sebäpleri: çaga köp informasiýalaryň yzygiderli ýetip durmagy, çaganyň ir özbaşdak bolmagy we ş.m. Ýetginjeklik döwrüniň giç başlanmagynyň sebäpleri: çaganyň jogapkärçilikleriniň az bolmagy, ene-atasynyň öz çagasyna ýaş çaga ýaly garamaklygy, ynanmazlyklary, elmydama goldap durmaklary we ş.m.

Adamyň ösüşi daşky sosial sreda bilen berk baglanyşyklydyr. Sredanyň üýtgemegi, ösmegi bilen şahsy hiller hem üýtgeýär. Ýet-

ginjeklik döwrüne has gowy düşünmeklik üçin gysgaça bu döwrüň anatomiki-fiziologiki gurluşyny, ösüşini düşündirmek gerek.

Bu döwürde şahsyýetiň boýunyň ösmegi, agramynyň artmagy, döş kapasasynyň giňelmegi netijesinde ýetginjekleriň keşbi çaganyňkydan has özgerýär. Onuň beden gurluşy uly adamlaryňka meňzeş bolup ugraýar. Organizmde fiziologik taýdan uly özgerişmeler bolup geçýär. Ýetginjegiň myşsa ulgamy uly özgerişlere eýe bolýar. Bu döwürde jyns mäzleriniň kemala gelmegi bedeniň madda çalşymagyna uly täsirini ýetirýär. Fiziki ösüş we jynsy kemala geliş netijesinde birnäçe täze duýgular yüze çykýar. Şeýle duýgularyň döremegi ýetginjegiň durmuşyndaky sosial şertlere, onuň indiwidual aýratynlyklaryna, terbiýesine baglydyr.

Ýetginjegiň öz ýaşyna gabat gelmeýän eserleri okamaklygy, ululara degişli filmlere tomaşa etmekligi, öz ýaşyna degişli bolmadyk gürrüňleri etmegi, daş-töwerekdäki tertipsiz ýaşaýyş formalary onuň ösüşine ters täsir edýär. Kiçi mekdep ýaşly döwürde çaganyň özüne, ýoldaşlaryna baha berijiligi diňe ulularyň ýolbaşçylygynda bolýar. Ýetginjeklik dowründe bu ýagdaý düýbünden üýtgeýär. Ýetginjekde öz aýratynlyklaryny keseden görmek islegi döreýär. Ol özündäki kemçilikleri, üstünlikleri bilmek bilen kollektiwde özüni dogry alyp barmagy sazlaýar. Bu döwürde şahsyýetde öz ýetmezçiliklerini düzetmäge mynasyp ýoldaş bilen dostlaşmak häsiýeti hem yüze çykýar. Ol öz hereketlerini ýoldaşynyň hereketleri bilen deňeşdirip görmek bilen özündäki kemçilikleri görmegi başarýar. Ýetginjekleriň şahsyýetini terbiýelemekde kollektiwiň roly uludyr.

Ýetginjegiň şahsyýetiniň terbiýelenmeginde uly adamlaryň göreldesine eýermek hem uly ahmiýete eýedir. Ýetginjek uly adamlaryň ýanynda kömekçi hökmünde çykyş etmelidir. Meselem, gyzlaryň öý-hojalyk işlerinde ejelerine kömek bermegi, oglanlaryň bolsa uly adamlaryň ýanynda olaryň ýerine ýetirýän işleri bilen gyzyklanmagy we ş.m. işler degişlidir.

Ýetginjekler öran synçy bolýar. Olar ýoldaşlarynyň has inçe kemçiliklerini we gowy taraplaryny çalasynlyk bilen görmegi başarýarlar. Ene-atalar çaganyň ýetginjeklik döwründe ünsli bolmalydyrlar.

Ýetginjek gyzlar ejesinden öz içki syryny gizlemän paýlaşyp bilse, oglanlar bolsa öz kakasy bilen açyk pikir alşyp bilse, onda birtopar

ýalňyş işleriň öňüni almak mümkindir. Ýetginjegiň şahsyýetiniň formulirlenmeginde mugallymyň hem täsiri uludyr. Olar mugallymlar bilen aragatnaşyk saklap başlaýarlar, käbir mugallymlary edermen hem-de hakykatçy hasaplaýarlar. Ýetginjekler talabediji, adalatly mugallymlary gowy görýärler. Şonuň üçin hem ýetginjekler bilen işlenende, haýbat atyp ýa-da baha goýmak bilen gorkuzmaklyk ýetginjek şahsyýetiniň kemala gelmegindäki gatnaşyklarda otrisatel yz galdyrýar.

Ýetginjeklik döwründe öz başarjaňlyklaryna we ukyplaryna dogry baha bermekligine ymtylmaklyk hem yüze çykýar. Tejribeli mugallymlar ýetginjekler bilen işlänlerinde her şahsyýetiň özündäki kemçiliklerini görüp bilmekligini terbiýelemäge çalyşýarlar. Ýetginjeklik döwründe ünslülik çuňlaşýar. Bu ýagdaýy ünsüň islendik görnüşleriniň we häsiýetleriniň işinde görmek bolýar. Okuwçy ýokary synpa geçende, ondan okuw materialynyň çylşyrymly formalaryny özleşdirmeklik talap edilýär. Bu bolsa okuwçydan düşündirilýän temalary üns berip diňlemekligi, ýagny ygtyýarly ünsüň bolmaklygyny talap edýär. Okuwçyda ünsüň hasiýetleriniň çylşyrymlydygyny hem görmek bolýar. Ýetginjeklerde ünsli häsiýetler aktiwleşýär. Ol bir wagtyň özünde iki işi dogry, ýalňyşsyz ýerine ýetirip bilýär. Meselem, ýetginjeklik durmuşynda köp duşýan hadysa hökmünde bir wagtyň özünde magnitofon diňleýär hem öý işlerini dogry ýerine ýetirip bilýär.

Ýetginjeklik döwründe ýat prosesleriniň hem ösüşi aktiwleşýär. Ol köp işleri logiki ýat bilen işlemeklige çalyşýar. Olar mehaniki ýady inkär edýärler, bir zady köp gaýtalap, ýat tutmagy halamaýarlar, ýatda saklaýan materiallaryna düşünip, ýatda galdyrmaga ymtylýarlar. Bu döwür synçylygyň artmagy bilen kabul etmek prosesiniň aňlylyk derejesiniň ýokarlanandygyny görkezýär.

Görnüşi ýaly, ýetginjeklik döwründe akyl prosesiniň ählisiniň aňlylyk derejesi ýokarlanýar. Yetginjeklik üçin 45 minutlyk sapak diňe okuw sapagy bolman, eýsem mugallym we özi ýaly okuwçylar bilen gatnaşyk sapagyna öwrülýär. Mugallymyň sapagy täsirli edip geçmegi ýetginjeklere güýçli täsir edýär. Ýetginjeklik döwrüniň ilkinji ýarymynda okuwçynyň saýlap alan kärine ýakyn bolan predmetlere gyzyklanmasy artyp başlaýar.

## Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň psihologik sypatlary we aýratynlyklary

Ýetginjeklik döwrüne V-VII synplaryň okuwçylary, ýagny 11-15 ýaşlylar degişlidir. Fiziki, akyl, ahlak, sosial ugurlarda çagalykdan kemala gelenlige geçmeklik bu ýaş döwrüniň mazmunyny düzýär. Organizminde, öz ýanynda, deň-duşlary we ulular bilen sosial aragatnaşyklarynda, gyzyklanmalarynda, akyl ýetiriş we okuw işlerinde, özleriniň ahlak, etiki normalarynda düýpgöter täzelikler, kemala gelenligiň elementleri döreýär. Emma ösüşiň ähli ugurlary deň bolmaýar: käbir ugurlarda, meselem, intellektual ösüşinde ýokary derejelere ýeten bolsa-da, şahsyýetiň sosial ösüşinde çagalyk hilleriniň saklanyp galmagy mümkindir. Onuň düýp sebäbi şundadyr: daşky dünýäniň, hakykatyň haýsy ugurlaryny özi üçin möhüm, ähmiýetli, gymmatly hasaplap kabul edişindedir. Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň ahlak we sosial sypatlarynyň formirlenişiniň umumy esaslary we ugurlary goýulýar. Üýtgemeleriň, täzeden guramalaryň ugurlaryna seredeliň.

**Ýetginjegiň organizminiň ösüşi.** Organizmiň biologiki kemala gelmeginde düýpli üýtgemeler emele gelýär: fiziki kemala gelşi we jynsy kemala gelşi başlanýar. Boýy çalt ösýär, ilkinji jynsy alamatlar döreýär. Bu proses gyzlarda 11-13 ýaşlarynda, oglanlarda bolsa 13-15 ýaşlarynda intensiw gidýär. Boýy çalt ösüp, bedeni proporsiýalary boýunça ululara golaýlaşýar. Jynsy kemala gelşiň ahyrynda myşsanyň massasy we myşsa güýji artýar. Myşsa ösüşi jyns alamaty boýunça gidýär. Bu ösüş ýetginjegiň fiziki mümkinçiligini artdyrýar. Oňa erkek oglanlar aň ýetirýärler we olar üçin uly ähmiýetlidir: ýetginjek fiziki güýji ilkinji nobatda hormatlaýar. Hereket-daýanç apparaty gaýtadan guralar, şonuň üçin-de takyk hereketlerde sazlaşygyň, garmoniýanyň ýitirilmegi mümkindir. Ösýän organizm köp mukdarda iýmiti, kislorody we gan bilen üpjün edilmegini talap edýär, emma ýüregiň ösüşi yza galýar. Netijede, ýürek urmagynyň çaltlaşmagy, gan basyşynyň ýokarlanmagy, kellagyrylar, kelle aýlanma, çalt ýadamaklyk döreýär. Içki sekresiýa mäzleriniň işleýşi üýtgeýär. Netijede, organizmiň fiziki (pes ýa-da ýokary temperaturalaryň fiziki ýadamalara) we psihologiki dartgynlyklara, affektlere, otrisatel emosiýalara

(gahar, gorky, kemsidilmek) duýgulary ýokarlanýar. Şonuň üçin ýetginjek aşa gaharjaň bolýar. Onuň tormozlanyşy gowşak bolup, özi hem çalt ýadaýar, ünsi dagynykdyr, ukusy, işdäsi bozulandyr. Içki jynsy-köpeliş sistemalaryndan beýnä täze, näbelli tolgundyryjy signallar gelýär. Beýleki jynsa gyzyklanma, täze duýgular döreýär. Ähli biologik täzelikler ýetginjegiň umumy deňagramsyzlygyna, gaharjaňlygyna, oýandyryjylygyna, hereketiniň aktiwligine, wagtlaýyn gowşaklygyna getirýär. Ýetginjegiň göwresi uly bolsa-da, ol entek gowuşgynsyz, gowşak, şonuň üçin-de oňa aýawly seretmeli, sabyrly, takatly, geçirimli bolmaly, fiziki we psihiki taýdan aşa ýadamaklyga ýol bermeli däl.

**Şahsyýetde emele gelen täzelikler.** Sosial kemala gelmede çaganyň ulular jemgyýetinde ýaşamaga, goýulýan sosial talaplary kabul etmäge taýýarlygy talap edilýär. Ýetginjegiň kemala gelendiginiň ilkinji alamatlary ulular üçin ýakymsyz bolup biler. Beýle täzelikleriň köplügi onuň çagalykdan daşlaşýandygyny aňladýar. Aňynda emele gelen esasy, baş täzelik ýetginjegiň indi özüni çaga däl-de, kemala gelen hasaplamagy, uly bolmaga ymtylmagy we beýlekileriň hem ony uly hasaplamagyna garaşmakdyr. Oňa kemala gelenlik duýgusy diýilýär: ýetginjek özüni çagalykdan çykan hasaplasa-da, doly kemala gelenlik duýgusy ýok.

Bu duýgynyň döremeginde fiziki ösüşine we jynsy kemala gelişine obýektiw aň ýetirmek täsir edýär. Sosial kemala gelenligini duýmagy üçin ol nähilidir özbaşdak borçlary bilen zähmet işlerine gatnaşmalydyr. Özüniň hillerini – bilimlerini, güýjüni, başarnyklaryny ulularyň göreldesi bilen deňeşdirip, ululyk duýgusyny döredýär.

Özüni kemala gelen (uly) hasaplamak bilen ýetginjekde täze durmuş pozisiýasy, özüne, adamlara, daşky dünýä täze garaýyşlary döreýär, sosial aktiwligi ýokarlanýar. Aktiwlik ululara, olaryň aragatnaşyklaryna, özlerini alyp baryşlaryna degişli sosial normalary, gymmatlyklary özleşdirmäge duýgurlygyny ýokarlandyrýar.

Özüni ululara deňemegi olara daş keşbi, boluşlary, ýaşaýyş obrazy, hukuklary boýunça meňzemäge itekleýär. Düýpli gymmatlyklary özleşdirip bilmese, şol daşky ýüze çykyşlara – moda, “şadyýan dynç almaga”, özüni “erkin alyp barmaga”, spirtli içgilere, bezeglere “gyzykma” görnüşinde beýanyny tapýar.

**Ýetginjegiň ulular bilen aragatnaşyklary**. Başlangyç synpyň okuwçylary we ondan kiçiler ulularyň talaplaryny, görkezmelerini, gözegçiligini, howandarlygyny tebigy ýagdaý hökmünde kabul edýärler. Emma indi özüni "kemala gelen" hasaplaýan ýetginjek üçin bu düzgünler kabul ederliksiz – özi bilen ulularyň deň bolmagyny talap edýär. Ulularyň hukuklaryny çäklendirip, özüniňkini giňeldip, öz şahsyýetiniň mertebesini hormatlamagy, özüne ynanmaklygy, özbaşdaklygy, deňhukuklylygy talap edýär, konfliktsiz ýaşamagy, ösmegi we ýetginjegiň ösüşine päsgel bermezlik üçin ululara diňe bir ýol bar – ýetginjeklere garaýyşlaryny üýtgetmeli, onuň mertebesini hormatlamaly, özbaşdaklygyny ykrar etmeli. Eger-de şeýle edilmese, konflikt döreýär, ýetginjegiň özüni kemala gelen duýgusy bilen ulularyň ony çaga hasaplamagynyň arasyndaky gapma-garşylyk ýitileşýär. Konfliktde ýetginjekde kesirlik, negatiwizm, gulak asmazlyk, gödeklik ýaly sypatlar döreýärler. Olaryň ählisi ululara gönükdirilen. Onuň dowamly bolmagy ösüşdäki "krizise" – ösüşiň bökdelmegine getirýär. Ýetginjegiň öz deň-duşlary bilen aragatnaşyklary özara deňlik, hormatlamak, hyzmatdaşlyk, wepalylyk prinsiplerinde guralýar.

Bu ýerde möhüm problema döreýär: ýetginjekleriň özara gatnaşyklary olar üçin subýektiw gymmatly bolsa, ýetginjek öz kollektiwinde, toparynda aragatnaşykda ýerlikli statusa (kabul edilenlige) eýe bolmalydyr.

**Kemala gelenligiň ugurlary we durmuş gymmatlyklarynyň formulirlenişi.** Kemala gelenlikde ululardа nähili sypatlary, kimleri özi üçin nusga hökmünde kabul edişine görä, onuň ugurlary we şahsyýetiniň formirlenişi dürli bolýar.

Ilkinji nobatda, has ýüzleý, mese-mälim görünýän, gazanylmagy aňsat bolan daşky alamatlary – moda, bezegler, çilim çekmek, spirtli içgiler, özboluşly leksikon ululara öýkünmek arkaly özleşdirilýär. Onuň gyraky aýdyň ýüze çykyşy – "owadan, şadyýan" ýaşaýyş obrazy içgiler, kart oýnamak, erotiki wideoýazgylara tomaşa etmek we ş.m. bolup biler. Olar üçin mekdep, synp, okuw işi, zähmet öz gymmatlygyny ýitirýär.

Ikinji ugry oglanlarda "hakyky erkek adam" nusgasyny – güýji, erki, çydamlylygy, batyrgaýlygy, dostuna wepalylygy gymmatlyklar

hökmünde kabul etmekdir. Nusga hökmünde real şahsyýetler ýa-da kino-telefilmleriň, çeper eserleriň gahrymanlary hyzmat edýärler. Ýetginjek kimden nusga, mysal almaly? Kime meňzemeli? Bu soraglar ýüzleý soraglar däldir. Gynansak-da, käbir halatlarda nusga hökmünde položitel şahsyýetler, zähmetde, ylymda, tehnikada, sungatda, sportda at gazananlar däl-de, "näbelli" usullar bilen baýlaşan şahsyýetler çykyş edýärler. Olaryň ýaşlary azdyryjy täsirlerine, ýaşaýyş obrazyna, "baýlaşmak usullaryna" jemgyýet biperwaý bolup bilmeýär.

**Ulular işlerde nusga hökmünde**. Sosial-ahlak kemala gelmeklikde mazmuny boýunça gymmatlysy ýetginjegiň ulular bilen dürli işlerde hyzmatdaşlygydyr: öz borçlaryny ýerine ýetirmekde, ussatlyk gazanmakda nusga hökmünde ululara deňleşse we onuň kömekçisi bolanda has amatly formasydyr. Beýle nusga hökmünde ejesi, kakasy, doganlary, mugallym ýa-da islendik ussat ulular hyzmat edip bilerler. Ulular bilen deňlikde zähmete çekilip, olaryň ynamyndan ýetginjekde özbaşdaklyk, jogapkärçilik, beýlekiler hakynda alada we oýlanmak duýgulary döreýär. Golaý adamlarynyň oňat ýaşamagy, olar hakynda alada möhüm durmuş gymmatlygyna öwrülýär.

Modaly geýnen, "bezenen" (elbetde, ata-eneleriniň hasabyna), hiç kimiň (hatda özüniň hem) aladasyny etmeýän we etmek hem islemeýän, hiç kimi äsgermeýän, köçede maksatsyz gezim edýän ýetginjek bilen aladaly, mazmunly zähmete öz islegi bilen gatnaşýan ýetginjekleri deňeşdirip görüň. Olaryň geljegi nähili?

Ata-eneler öz hünärlerini, kärlerini, öý-hojalyk aladalaryny ýetginjeklere yhlasly, sabyrly öwretmelidirler. Bu ýerde oba ýerlerinde amatly şertler bar: öý-hojalyk, meýdan işleri terbiýelemegiň iň gymmatly, parasatly "mugallymlarydyr".

**Akyl ýetiriş işlerinde kemala gelenlik**. Kemala gelenlik geljeki meýilleri, akyl ýetiriş işlerini özboluşly gönükdirýär. Okuw programmalaryndan daşary çykýan mazmunlara, tehnika, sporta, sungata gyzyklanmalar döreýärler. Zerur serişdeleri - informasiýany, maglumatlary, kitaplary, gurallary özbaşdak öwrenmek, özüni ösdürmek hillerini, ymtylmalary döredýär. Haçan-da geljekki hünäri anyklanan bolsa, özüni özbaşdak şol perspektiwa taýýarlaýar. Beýle ýetginjek

özüne, ýoldaşlaryna, ululara baha bereninde, kriteriýa hökmünde olaryň bilimlerine, olaryň göwrümine we çuňlugyna esaslanýar.

Sungat eserleri şahsyýetiň ruhy dünýäsine düşünmäge ýardam edip, ýetginjegiň estetik we emosional ösüşine getirýär.

Akyl we ruhy ösüşiň iň amatly usuly dürli kitaplary özbaşdak okamakdyr. Şonuň üçin-de okuwçynyň okyjy bolmagy hakynda, onuň bilijilik gyzyklanmalaryny ösdürmek we giňeltmek, olary zerur kitaplar bilen üpjün etmek, gönükdirmek psihologyň baş wezipeleriniň biridir.

## Ýetginjegiň deň-duşlary bilen aragatnaşyklary

Ýetginjeklik döwründe deň-duşlary bilen golaýlygy dürli bolan tanyşlyk, ýoldaşlyk, golaý dostluk gatnaşyklary döreýär. Aragatnaşyklar mekdep, okuw problemalaryndan has giň bolup, ýetginjek üçin özbaşdak we örän möhüm ýaşaýyş sferasyny düzýär. Onuň gymmatlygy ýokary bolup, ol okuwçynyň hatda ata-eneleri, dogangaryndaşlary bilen aragatnaşyklaryny hem yza süýşürýär. Bu aragatnaşyklarda onuň iki islegi kanagatlandyrylýar:

– deň-duşlary bilen aragatnaşyga, bilelikdäki işlere, kollektiwde ýaşamaga, golaý ýoldaşly bolmaga;

– ýoldaşlary tarapyndan kabul edilmäge, makullanmaga, hormatlanmaga islegler. Kollektiwden, deň-duşlaryndan çetde galmak, olaryň gysyp çykarmalary ýetginjek üçin iň agyr, ýakymsyz ýagdaýdyr. Özüni alyp barşy gyşaran, terbiýelemesi kyn çagalaryň negatiw hilleriniň döremeginiň baş sebäbi kollektiwinden çetde galmagydyr (ony anyklamak üçin Morenowyň sosiometrik saýlaw usuly ulanylýar).

Ýetginjekleriň toparlarda kabul edilmegine getirýän sypatlary: ýoldaşlyk we dostluk hilleri, ugurtapyjylygy we bilimleri (ýetişigi, bahalary däl), batyrgaýlygy, özüni saklap bilijiligi. Aragatnaşyklarda hormatlanýan sypatlar: mertebesini hormatlamak, deňlik, wepalylyk, dogruçyllyk, ýoldaşlaryna kömekleşmek. Şahsyýetara gatnaşyklary şeýle iş bolup, onuň netijesinde ýetginjek özüni we beýlekileri öwrenýär, ýagny bu sosiallaşmagyň özboluşly mekdebidir.

### Ýetginjegiň okuw işleri

Mekdep, synp ýetginjegi indi okuw işi üçin däl-de, özara gatnaşyklar üçin özüne çekýär. Okuw işi belli derejede öz gymmatyny ýitirýär. Özbaşdak okamagy başarmasa, çylşyrymlaşýan okuw materialyny özleşdirmek kynlaşýar. Onuň ilkinji alamaty – ýetişiginiň peselmegi. Dürli okuw predmetlerine garaýyşlary onuň mugallymyna garaýyşlaryndan başlanýar. Ýetginjekler predmetini bilýän, talabediji, adalatly, hoşniýetli we mylakatly, materialy gyzykly we düşnükli beýan edýän, akyl işlerini aktiw we önümli edýän mugallymy hormatlaýarlar.

Akyl ösüşi diýlende ünsüň, ýadyň, pikirlenmäniň durnuklaşmagyna baýlaşmagyna düşünilýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Ýetginjeklik döwri haýsy ýaş aýratynlyklaryny öz içine alýar?
2. Psihologiýada akselirasiýa düşünjesi näme we ol ýetginjege nähili täsir edýär?
3. Ýetginjeklik döwründe akyl ýetiriş prosesiniň ösüşi nähili bolup geçýär?
4. Uly mekdep ýaşly döwürde okuwçylaryň fiziki ösüşinde nähili özgerişler bolup geçýär?
5. Uly mekdep ýaşly döwürde okuwçylaryň hünäri saýlap almaklygyna nahili mümkinçilikler döredilýär?

## § 21. Uly ýaşly mekdep okuwçysynyň psihologik aýratynlyklary

Uly ýaşly mekdep okuwçysy döwrüne ýa-da başgaça atlandyrylýan irki ýaşlyk dowrüne 14-16 ýaş aralygyndaky şahsyýetler degişlidir. Bu döwürdäki şahsyýetlerde jemgyýetçilik işlerine aktiw gatnaşmak, özbaşdak hereket edip bilmek ýaly taraplar belli bir ösüş derejesine eýe bolýar. Okuwçylarda öndürijilikli zähmete bolan islegler artyp, bilimini, düşünjesini artdyrmaga bolan ymtylmalar, ýokary okuw jaýyna girip, öz bilimini ýokarlandyrmaga bolan höwesler ýüze çykýar.

Bu ýaşdaky okuwçylar mekdebiň köpçülik işlerine gatnaşyp, jemgyýetçilik guramalarynyň tabşyryklaryny uly höwes bilen ýerine

ýetirýärler. Uly mekdep ýaşynyň ahyryna çenli şahsyýetiň beden taýdan ösüşinde birnäçe özgerişler bolup geçýär. Ýetginjeklik döwründe bedende bolup geçen ösüşler indi durnukly hem-de kadaly ýagdaýa geçýär, myşsalar birleşip başlaýar. Bu döwürdäki okuwçylaryň okuw işleri ýetginjeklik döwründäki okuwçylaryň okuw işinden häsiýeti we mazmuny boyunça tapawutlanýar. Sebäbi okuwçylaryň öwrenýän materiallarynyň çylşyrymlaşmagy bilen birlikde olardan edilýän talaplar hem güýçlenýär. Okuwçy okuw işinde aňly-düşünjeli aktiwlik görkezip başlaýar. Onuň aýry-aýry predmetlere bolan gyzyklanmasy ýokarlanýar. Onuň saýlan hünärine ýakyn, degişli bolan predmetlere bolan gyzyklanmasy has-da ýokary bolýar. Ýaş gyzlar we oglanlar predmetler boýunça geçirilýän gurnaklara, himiýa, matematika, fizika, biologiýa, taryh predmetleri boýunça geçirilýän olimpiadalara gatnaşmaga we gowy netijeler gazanmaga höwesli bolýar. Okuwçylaryň akyl ýetiriş prosesleri hem uly ösüşe eýe bolýar. Olaryň predmetleri dogry kabul etmek düşünjeleri, pikirlenip ýatda galdyrmak, logiki pikirlenip bilmek, obrazlary hyýala getirip bilmek, ünsi jemlemek ýaly psihiki prosesleri ösýar. Okuwçylar sapakda mugallymyň tabşyran meselelerini pikirlenip çözmegi we subut edip, düşündirmegi başarýarlar. Olar meseleleri, gönükmeleri özbaşdak çözmegi halaýarlar. Ýaşlaryň dünýägaraýşyny artdyrmakda jemgyýetçilik guramalarynyň hem ähmiýeti uludyr. Mekdeplerde hereket edýän Magtymguly adyndaky Ýaşlar birleşmesiniň düzümini uly ýaşly mekdep okuwçylary düzýär. Ýaşlar guramasynyň her bir geçirýän çäreleri mekdep okuwçylaryny terbiýelemeklige gönükdirilendir. Uly ýaşly mekdep okuwçylaryny hünäre ugrukdyrmak, olaryň dogry hünar saýlap almaklaryny gazanmak esasy meseleleriň biri bolup durýar. Bu meselede mugallymlar okuwçylar bilen düşündiriş işlerini geçirmelidirler. Önümçilik kärhanalaryna barmak, zähmet çekýän adamlar bilen duşuşmak, özara gürrüňdeşlik geçirmek ýaşlaryň hünar saýlap almaklygyna gowy mümkinçilik berýär.

Irki ýaşlykda emele gelýän şahsyýetiň möhüm hilleriniň biri-de özüni hormatlamagydyr – özüni şahsyýet hökmünde kabul etmegi ýa-da etmezligidir. Özüňi hormatlamagyň ýokarylygy ulumsylygy aňlatman, özüňi beýlekilerden kem däl hasaplap, özüňe göwnüň ýet-

megidir. Özüne hormatynyň pesligi özünden kanagatlanmaýandygyny, özüni ýigrenmegini, öz güýçlerine ynanmazlygy aňladýar (görkezijisi – beýlekileri hormatlamazlygy). Bu hil umumylaşdyrylan öz-özüňe bahadyr. Özüne hormaty pes bolsa, tankydy belliklere, başga sebäpli gülkülere, ýazgarmalara agyr jogap berýärler, ýeke galmaga ymtylýarlar, bäşleşikli ýa-da beýleki işlerden çetde durmaga çalyşýarlar.

**Aragatnaşyklary we emosional ýaşaýşy.** Deň-duşlary, mugallymlar, ata-eneleri bilen aragatnaşyklary çylşyrymlaşaýar – sosial talaplar ýokarlanýar. Ýaşlaryň ululardan garaşsyzlyga, özbaşdaklyga ymtylmak meýli dowam edýär. Özbaşdaklygyň üç görnüşi bar: özüni alyp baryşlarynda (özüne degişli meseleleri özüniň özbaşdak çözmek islegleri), emosional özbaşdaklyk (ýoldaşlaryny we dostlaryny ata-enelerinden garaşsyz özi saýlamaga islegler we hukuklar), ahlak we gymmatlyklar özbaşdaklygy (özüniň garaýyşlarynyň we bahalarynyň bolmagy).

Özbaşdaklyk özüniň boş wagtyny geçirmegi saýlap alşyndan başlanýar. Ata-eneleriň awtoritar terbiýe beriş usuly ýaşlaryň olardan daşlaşmagyna getirýär. Ýüzleý meselelerde – modasy, daş keşbi, saçynyň uzynlygy we ş. m. ulular ýaşlar bilen ylalaşmaýarlar, emma düýpli meselelerde – hünär saýlap almakda, dünýägaraýyşda ulularyň pikiri kabul edilýär.

Ýaşlar üçin toparda kabul edilmek, özüni toparda gerekli duýmak, onda kesgitli abraýly bolmak gymmatlydyr. Topardaky pes dereje öz-özüne bahasynyň peselmegine, howsalalygynyň ýokarlanmagyna getirýär. Köplenç, beýle okuwçylar köçe durmuşyna çekilýärler. Sebäbi köçe durmuşy şahsyýete mekdebiň sosial talaplaryny däl-de, oňa gapma-garşy talaplary goýýar.

Ýaşlygy ýetginjeklikden bölýän araçäk dostlugyň döremegidir. Ol emosional ýylylygy, içginligi, akgöwünliligi, düýpli garaýyşlarynyň we bahalarynyň laýyk gelmegini talap edýär. Öz maksatlaryny, pikirlerini, garaýyşlaryny, ruhy tolgunmalaryny “paýlaşmak”, özüni barlap görmek islegi dostlugy gözlemäge itekleýär. Dostlugyň dürli esaslary bar. Birleri özleriniň boluşlaryny, hillerini, dostunyň tassyklamagyny, makullamasyny isleýär. Beýlekileri dostlarynda öz

hillerini görmäge garaşýar, özi şoňa meňzemäge çalyşýar. Üçünjiler dostunda özi üçin nusga, psihologiki daýanç, goranyş gözleýär.

Irki ýaşlyk döwründe ýetginjegiň boýunyň ösüşi haýallaýar. Gyzlaryň boýy 16-17 ýaş aralygynda, oglanlaryňky 17-18 ýaş aralygynda ösüşini tamamlaýar. Agramynyň artmagy myşsalaryň hasabyna bolup, muskul güýji artýar. Dürli teoretiki mazmunly predmetleriň okadylmagy düşünjeler ulgamyny baýlaşdyryp, çylşyrymly intellektual operasiýalary özleşdirmäge getirýär, akyl ösüşi ululularyňka golaýlaşýar. Hususy we ýörite ukyplary intensiw formirlenýär. Şolary hasaba alyp, hünäre gönükdirmek, saýlamagyna ýardam etmek aktiwleşmelidir.

**Öz aňynyň ösüşi** öz hillerine, sypatlaryna, mümkinçiliklerine, psihologik proseslerine akyl ýetirip, özüne bahalar, garaýyşlar döretmegi, öz aňyny düzýär. Özüne gyzyklanma özüni öwrenmekden, bedenine, daş keşbine üns bermekden başlanýar. Daş keşbindäki, olaryň pikiriçe, käbir kemçilikler – boýunyň pesligi, ýüzündäki düwürtikler we ş.m. güýçli tolgundyrýar. Öz bedeniniň obrazy ýaşlaryň öz aňynyň möhüm düzüjisidir. Çaga ösdügiçe, onuň özüni duýşy daşky bahalaryndan öz-özüne bahalaryna bagly boýar. Özüniň ahlak-psihologik sypatlaryny, meselem, batyrgaýlyk, prinsipiallyk, edermenlik we ş.m. bilen deňeşdirip öwrenýär. Ýaşlary “Men kim? Men nähili? Men nämä ukyply, ýarawly?” diýlen soraglar tolgundyrýar – öz obrazy gyzyklandyrýar. Öz-özüne baha bermegiň iki usulyny ulanýar. Birinjisi, dürli işlerde gazanan üstünliklerine esaslanmak (“Men howply ýagdaýda gaçmadym- men gorkak däl”, “Men kyn meseläni çözdüm-men akylly, ukyply”). Ýaşlaryň käbir ýerliksiz boluşlary gahrymançylyklaryny synap görmegiň usullarydyr. Ikinjisi, özi hakynda beýlekileriň pikirlerine, bahalaryna esaslanmakdyr.

# VII bölüm
# Pedagogik psihologiýanyň esaslary

## § 22. Okatmagyň psihologik esaslary

Okuw – bu şahsyýetiň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almakda belli bir maksada gönükdirilen akyl ýetiriş işidir. Okuw prosesi barada gürrüň edilende, ilki bilen, mugallymyň işi, ukyby barada aýdylýar. Sebäbi mugallym okuw prosesini alyp baryjy, guraýjydyr. Çaganyň mekdebe gitmegi bilen onuň esasy işi okuw işine öwrülýär. Okuwçynyň mekdepde okap, bilim almagy, ähli okuw işleri jemgyýetçilik ähmiýetli işler hasaplanylýar. Okuwçynyň mekdebe gatnamagy, mugallymy diňlemegi,öý işlerini ýerine ýetirmegi entek okuw işini doly ýerine ýetirdigi däldir. Okuwçy okuw işi bilen meşgul bolmagyň dowamynda mugallymyň täsiri esasynda ylym-bilimler, düşünjeler bilen ýaraglanýar, dünýägaraýşy giňeýär,gözýetimi artýar.

Okuw işi belli bir gurluşa eýe bolup, ol esasy 3 sany bölüme bölünýär.

1. Motiwasiýa bölümi. Bu bölümde mugallymyň esasy wezipesi okuwçylarda okamaga, bilim almaga bolan höwesi, meýli ýüze çykarmakdyr, ösdürmekdir. Mugallymyň täsiri netijesinde okuwçylar bilimleri ele almak bilen özleriniň geljekde jemgyýete peýdaly adamlar bolup ýetişjekdiklerine düşünip başlaýarlar.

2. Operasiýa bölümi. Mugallym bu bölümde okuw işini dogry guramakda, ýumuşlary, gönükmeleri, mysallary we meseleleri çözmekde dürli operasiýalary, usullary we tärleri peýdalanmalydyr. Okuwçylaryň özleriniň usullardan peýdalanyp bilmeklerini gazanmalydyr.

3. Barlamak-bahalandyrmak bölümi. Mugallym okuwçylaryň ýerine ýetirýän işlerine gözegçilik edýär, okuw işiniň ýerine ýetirilişini barlaýar we bahalandyrýar.

Okamak prosesinde okuwçylaryň ukyplaryny ösdürýän mugallym öz işinde üstünligi üpjün edýän şu şertleri bilmelidir:

1. Birinji şert okuwçynyň ähli babatlarda ýagdaýyny bilmekdir. Onuň dürli okuw predmetlerindäki fiziki we jemgyýetçilik işiniň görnüşlerindäki güýçlerini we mümkinçiliklerini nazarda tutmakdyr.

Munuň özi çaganyň özüniň psihofiziologik alamatlaryna garap,onuň has ukyply bolan ugurlaryny anyklamaga we işleriň ugruny kesgitlemäge, şonuň bilen birlikde onuň tebigy gurluşyndaky, ösüşindäki aýratynlyklaryna üns bermek kemçilikleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berer. Başgaça aýdanyňda, okuwçynyň hemme babatlarda ýagdaýyny bilmek işiniň meýilnamasyny düzmegiň şertidir.

2. Ikinji şert bilimi özleşdiriş derejesi bilen okadylyş derejesiniň arasyndaky utgaşmany üpjün etmeli.

Okuwçylaryň diňe bir bilimleri özleşdiriş derejesine üns bermän, eýsem okadylyş derejesine-de üns bermelidir.

3. Üçünji şert – okatmak prosesi döredijilikli häsiýetde bolmalydyr. Mugallym okatmak prosesiniň dowamynda okuwçylaryň öňünde problemalaýyn soraglary goýup, döredijilikli işleri ýerine ýetirmelidir.

Okuwçylar ýumuşlary birbada mugallymyň kömegi bilen çözseler, olar kem-kemden özbaşdak çözmekligi öwrenip başlaýarlar. Okatmak prosesi okuwçylaryň pikirleriniň aktiwligini oýandyrýar, ösdürýär, okuwa we bilimleri ele almaga bolan gowy garaýyşlary terbiýeleýär.Şuňa laýyklykda hem okatmak okuwçylarda döredijilikli iş üçin zerur bolan ahlak-erk häsiýetlerini terbiýelemelidir.

4. Dördünji şert okatmagy praktiki zähmet bilen utgaşdyrmak bolup durýar. Diňe şeýle şertleriň bolmagy bilen teoretiki we praktiki meseleleriň üstünlikli çözülmegini gazanmak mümkindir.

5. Bäşinji şert – hünäre ugrukdyrmak işini yzygiderli alyp barmak. Munda her bir okuwçynyň öz gyzyklanmalaryna we ukyplaryna laýyklykda erkana saýlap almagyny guramaklygy heniz mekdep ýyllaryndan başlamak möhüm wezipeleriň biridir.

6. Altynjy şert şahsyýetiň aktiw häsiýetlerini, ilkinji nobatda, onda özbaşdaklygy, zähmetsöýerligi we guramaçylygy kemala getirmekden ybaratdyr. Bu şert ýerine ýetirilmese, şahsyýetiň güýçlerini we ukyplaryny işde ösdürmek mümkin däldir.

7. Ýedinji şert okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklaryny hasaba almakdyr.

Şu görkezilen şertler okuwçylarda psihiki we ahlak häsiýetleriň bilelikde kemala gelmegini üpjün edýär.

Okuwçylaryň özleşdirýän okuw predmetleriniň ählisi ylmy düşünjeleri özünde jemleýär. Şol ylmy düşünjeleri okuwçylarda kemala getirmek okuw prosesiniň esasy meseleleriniň biridir.

Bilimi özleşdirmek – bu okuwçynyň kabul etmek, ýatda galdyrmak, pikirlenmek, hyýala getirmek arkaly guramaçylykly amala aşyrylýan akyl ýetirmek işidir.

Bilimleri özleşdirmek şu aşakdaky ýaly döwürleriň bolup geçmegi bilen amala aşyrylýar.

1. Materialy kabul etmek.
2. Pikirlenmek.
3. Materialy ýatda saklamak.
4. Bilimi tejribede ulanyp bilmek.

## Okuwçynyň okamak motiwleri, meýilleri

Okuwçynyň okamak meýilleriniň oňyn häsiýetde bolmagy okuw materialyny ýokary hilli özleşdirmeginiň esasy şertidir. Okuwçylarda okamak meýillerini döretmekde uly rol oýnaýan esasy faktorlar şulardyr:

1. Okuw materialynyň mazmunynyň ideýa- syýasy häsiýete eýe bolmagy.
2. Okuwçylaryň alan bilimleriniň amaly tejribelikde, durmuşda peýdaly boljakdygyna düşünmekleri.
3. Öwrenilýän materailyň emosional häsiýete eýe bolmaklygy, berlen bilimleriň okuwçylarda kanagatlanmak we şatlyk duýgularyny döredip bilmegi.
4. Okuwçylarda özbaşdak işläp bilmek endiklerini ösdürip, öz eden işlerinden lezzet almaklaryny öwretmek.
5. Okuwçylary okuw işiniň has täsirli usullary, ýollary bilen ýaraglandyrmak.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Okatmak prosesi, okuw işi diýlip nämä düşünilýär?
2. Okuw işi nähili gurluşa eýe?
3. Mugallym okuw işini dogry guramak üçin nähili şertleri berjaý etmeli?

## § 23. Terbiýe bermegiň psihologik esaslary

Terbiýe – bu şahsyýeti syýasy, fiziki we ruhy taýdan ösdürmeklige, onuň dünýägaraýşyny, ahlak keşbini we estetik idealyny, maksada okgunly we beýleki birnäçe taraplary kemala getirmeklige gönükdirilen pedagogik prosesdir. Terbiýe bilen okatmak biri-birinden üzňe prosesler bolman, eýsem biri-biri bilen berk baglanyşýan, biri-biriniň üstünlikli bolmagyny üpjün edýän prosesdir. Okatmak bilen terbiýe berk baglanyşykly bolsalar-da, bularyň her biriniň aýratyn wezipeleri bardyr. Okatmak, esasan, okuwçylary okuw maksatnamasyna laýyklykda bilimler, başarnyklar we endikler bilen ýaraglandyrmagy üpjün etmäge gönükdirilýän bolsa, terbiýe olarda ahlak sypatlaryny, erki we hasiýeti, özüni alyp baryş endiklerini, jemgyýetçilik işiň endiklerini öwretmegi, özüni terbiýelemek islegini hem ony dogry guramagy maksat edinýär. Terbiýeçilik işleri mekdeplerde, mekdepden daşary işlerde, ýaşlar guramalarynda, mekdepden daşary edaralarda we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde amala aşyrylýar. Terbiýeçilik işini amala aşyrmakda radio, telewideniýe, edebiýatlar hem uly ähmiýete eýedir.

Terbiýe prosesini birnäçe kanunalaýyklyklar häsiýetlendirýärler. Terbiýeçilik işi jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklary nazara alnyp hem-de jemgyýetiň hajatlaryna doly laýyklykda guralýar. Bu terbiýe prosesiniň esasy kanunalaýyklygydyr. Terbiýe prosesiniň ýene-de bir kanunalaýyklygy terbiýäniň hemme adamlar üçin deňligi we aýry-aýry adamlaryň ýerine we islegine dahylly däldigidir. Terbiýe – bu müdimilik kategoriýadyr. Terbiýäni ýatyryp bolmaýar. Şahsyýetiň ösmegi we kämilleşmegi adamyň ömrüniň ähli ýyllarynda, ýagny çagalygyndan başlap, ulalandan soň hem, garrylygynda hem dowam edýär. Emma şahsyýetiň ösüp, kemala gelmeginiň we ösmeginiň iň

güýçli bolup geçýän döwri onuň mekdep ýyllarydyr. Şahsyýetiň mekdep döwründe ahlak sypatlaryň esaslary goýulýar. Şeýlelik bilen, terbiýe prosesi uzak ýyllary öz içine alýar. Okuw prosesiniň netijesini bada-bat görmek bolýar, emma terbiýeçilik işiniň netijesini bada-bat görmek mümkin däldir. Şonuň üçin terbiýeçilik işi uzak döwri öz içine alýar. Şahsyýetde ahlak sypatlary, düzgün-nyzamlylygy, erkli häsiýetleri bir günüň, aýyň ýa-da 1 ýylyň içinde däl-de, bütin ýyllaryň dowamynda yzygiderli geçirilýän terbiýeçilik işleriniň täsirinde terbiýelenýär. Şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösüp, kemala gelmeginde öz-özüňi terbiýelemegiň ähmiýeti uludyr. Bu şahsyýetiň özünde bar bolan ýaramaz taraplaryny duýup, ony aňly-düşünjeli düzetmeklige çalyşmagydyr.

Şahsyýetiň öz-özüni terbiýelemegi, aslynda terbiýeçilik işleriniň, jemgyýetiň we kollektiwiň täsiri netijesinde kemala gelýär. Terbiýe prosesiniň dowamy öz-özüňi terbiýelemek bilen üýtgeşdirilýär ýa-da onuň dowamy hasaplanýar. Pedagoglar kähalatlarda terbiýeçilik işlerinde gaýtadan, täzeden terbiýelemeklige hem üns bermeli bolýarlar. Bu ýagdaý şahsyýetiň özüni alyp barşynda ýaramaz, zyýanly, erbet endikleriň yzygiderli gaýtalanyp durmagy netijesinde ulanylýar. Gaýtadan terbiýelemek şahsyýeti dogry ýola gönükdirmegiň bir serişdesidir. Terbiýeçilik işine toplumlaýyn çemeleşmek esasy meseleleriň biridir. Terbiýä toplumlaýyn çemeleşmek ideýa-syýasy, zähmet, ahlak terbiýesiniň, maşgalanyň, mekdebiň we jemgyýetiň biri-biri bilen jebis utgaşdyrylmagydygyny göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik işine toplumlaýyn çemeleşmek ýaş nesliň jemgyýete peýdaly, öndürijilikli zähmete gatnaşdyrylmagyny has guramaçylykly we maksada gönükdirilen häsiýetde ýola goýmaklygy göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik işine toplumlaýyn çemeleşmek terbiýäniň ähli serişdelerinden we formalaryndan peýdalanmagy, täze serişdeleri we formalary synag edip görmegi göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik işlerinde şu talaplaryň ýerine ýetirilmegi we berjaý edilmegi terbiýäniň toplumlaýyn hasiýetini üpjün edýär.

Terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan adamlaryň ahlak terbiýesiniň ylmy psihologik esaslaryny gowy bilmekleri we tejribede olara

esaslanmaklary terbiýeçilik işiniň üstünlikli bolmagyny üpjün edýän zatlaryň biridir. Çaganyň mekdebe gelen ilkinji gününden başlap, mugallym okuwçyny mekdebiň düzgünleri bilen tanyşdyryp başlaýar. Elbetde, okuwça bu täze talaplary we düzgünleri berjaý etmek birbada ýeňil düşmeýär. Çagalarda özüni dogry alyp barmak endikleri birbada terbiýelenmeýär. Şonuň üçin mugallym okuwçylaryň talaplary käte berjaý etmezliklerine düzgüni aňly-düşünjeli bozmaklyk diýip düşünmeli däldir. Bu döwürde çaganyň talaplary berjaý etmezliklerine, köplenç, ýatdan çykarmaklary sebäp bolýar. Geçirilen barlaglaryň netijesinde 1-nji synp okuwçylarynyň çalt ýadaýanlygy yüze çykaryldy. Sapak prosesinde 30 minut wagt geçenden soň okuwçylaryň ünsi öwrenilýän materialdan başga zatlara sowlup başlaýar. Birinji synpdaky okuwçylara ahlak gatnaşyklary baradaky düşünjäni söz arkaly düşündirmek kyn düşýär. Olarda öýkünjeňlik, ýerine ýetirilen zatlary gaýtalamaklyk güýçli bolýar. Okuwçylar ýuwaş-ýuwaşdan gün tertibini berjaý etmelidigine düşünip başlaýarlar. Okuwçylar okuw ýylynyň ahyryna çenli mekdebiň düzgünlerini berjaý etmegi öwrenýärler. 2-nji synp okuwçlarynda eýýäm mekdep üçin zerur bolan düzgünleri berjaý etmek endikleri ösüp başlaýar. Okuwçylar düzgünleriň talaplaryna dogry düşünip başlaýarlar. Egerde okuwçy kähalatlarda mekdebiň düzgünlerini bozýan bolsa, onda eýýäm onuň talaplara parhsyz garaýanlygyny, keçjallyk edýänligini görkezýär. 2-nji synp okuwçylarynda kollektiwizm gatnaşyklary ösüp başlaýar. Çagalar kollektiwdäki beýleki okuwçylaryň kemçiliklerini duýup, oňa tankydy baha berip bilýärler. Okuwçylar mugallymyň tabşyran ýumuşlaryny berjaý etmelidiklerine bolan jogapkarçiliklerini duýup başlaýarlar. Bu ýagdaý okuwçylarda psihiki ösüşleriň aktiwligini görkezýär. Muňa garamazdan, entek okuwçylarda öz islegini basyp ýatyrmak ukyby ösen däldir. Şonuň üçin okuwçylarda terbiýeçilik täsiriniň netijesinde öz nädogry islegini basyp ýatyrmak ukyby terbiýelenmelidir. Bu döwürde okuwçylaryň psihologik ösüşi mugallymlaryň alyp barýan işlerine, ene-atalaryň ýolbaşçylygyna baglydyr. Şu döwürde mugallym okuwçylarda düşbüligi, ýokary aň-düşünjäni kemala getirmeklige we ösdürmeklige çalyşmalydyr.

Mugallym okuwçylaryň güýçýeterliklerini göz öňünde tutup, olaryň öňünde kiçijik perspektiwalary goýmalydyr. Çagalar öz öňlerinde goýan maksatlaryna düşünip, olary berjaý etmeklige çalyşýarlar, onuň zerurlygyna düşünýärler. 3-nji synpda okuwçylaryň gözýetimi giňäp, söz baýlygy öňkä görä artýar. Olar dürli predmetlerden täze düşünjeleri we terminleri özleşdirýärler. Okuwçylaryň düşünjeleri, pikirlenmelerli takyk forma eýe bolup başlaýar. 3-nji synpyň ahyryna çenli okuwçylarda ünsi jemlemek häsiýeti ösýär. Bu döwürde okuwçylar, esasan hem oglanlar çalt hereket etmegi halaýarlar. Şonuň üçin çagalar arakesme wagtynda ylgaşyp oýnaýarlar. Bu ýagdaý bedende energiýanyň, güýjüň çalt toplanmagy bilen düşündirilýär. 3-nji synpda okuwçylar özüni dogry alyp barmagyň kadalaryny berjaý etmek bilen tapawutlanýarlar. Okuwçylarda özüni alyp barmak gowulanýar, bilim derejeleri hem ýokarlanýar.

4-nji synpda okadylýan predmetleriň sanynyň köpelmegi bilen okuwçylaryň gözýetimleri has-da giňeýär, düşünjeleri baýlaşýar, okuwçylaryň syýasy, ahlak, estetik taýdan ösüşlerine ýardam edýär. Çaga ene-atanyň goldamagy bilen maşgalada köp işleri özbaşdak ýerine ýetirip başlaýar, oňa bolan ynam artýar. Okuwçy öý işlerini hem özbaşdak ýerine ýetirmegi halaýar. Bu döwürde okuwçylaryň jemgyýetçilik aktiwligi ýokarlanýar. Okuwçylarda logiki we abstrakt pikirlenmeleriň ösmegi bilen materialyň mazmunyny aňly-düşünjeli özleşdirmek häsiýeti ýüze çykýar. Bu dowürde okuwçylar degişli işde öňkä görä uzagrak işlemegi başarýarlar. Okuwçylarda özüne erk etmek, göz öňüne getirmek, ýerine ýetirilen işinden kanagatlanmak, öz borjuny duýmak, köpçüligiň pikirini hormatlamak ýaly gowy sypatlar ösýär. Okuwçy mekdepde okan dört ýylynyň dowamynda ençeme bilim alyp, alan bilimlerini aňly özleşdirip başlaýar. 4-nji synpyň okuwçylary mugallymlar bilen ýakyn aragatnaşyk saklap, olardan görelde alýarlar.

5-nji synp okuwçylarynda jyns taýdan ýetişmeklik prosesi, beýnisiniň ösüşi tamamlanýar. Olar öran bilesigeliji bolýarlar, köp okaýarlar. Olaryň ünsi öňki synplardaka garanyňda, has durnukly häsiýete eýe bolýar. Olaryň ýady berk, göz öňüne getirmesi baý

bolýar. Bu döwürdäki çagalar tizräk ulalmagy we özleriniň uly adam hökmünde hormatlanmagyny isleýärler.

5-nji synp okuwçylarynyň psihologiýasynda garşylykly aýratynlyklary bellemek bolar. Olaryň arasynda käte aldawçylyk, ýaltaçylyk edýänleri-de we tutanýerlilik görkezýänleri-de duş gelýär.

Bu ýaşdaky çagalar bilen işleýän mugallym aýratyn mylakatly bolmalydyr, olaryň pikirlerini hem hasaba almalydyr, kemçiliklerini mylaýymlyk we seresaplyk bilen duýdurmalydyr. Bu döwürde okuwçynyň gowy sypatlaryny aladaçyllyk bilen ösdürmäge çalyşmalydyr.

6-njy synp okuwçylarynda utanjaňlyk, çekinjeňlik güýçlenýär. Olar nätanyş adamlaryň ýanynda, gyzlar oglanlardan, oglanlar bolsa, gyzlardan utanjaňlyk edýärler.

Bu döwürdäki okuwçylaryň ünsi, ýady, pikirlenişi, duýgulary, erki ösüşini dowam etdirýär. Okuwçylar söýýän predmetleri boýunça gurnaklara höwes bilen gatnaşyp başlaýarlar. Bu ýaşdaky okuwçylar dostlaşmagy, birek-birege kömek bermegi başarýarlar.

7-nji synpda eýýam okuwçylar barha uly adamlara çalym edýärler. Olar öýde ähli hojalyk işlerine aktiw gatnaşýarlar. Ýetginjeklerde güýçler köpelýär, olar öz güýçlerini sarp etmäge ähmiýetli işler gözleýärler. Olaryň watançylyk duýgulary aňly-düşünjeli häsiýete eýe bolýar. Okuwçylarda watançylyk duýgularyny ösdürmekde öwrenilýän predmetleriň hem roly uludyr. 7-nji synp okuwçylary öz ýadyna we ünsüne erk edişi boýunça tapawutlanýarlar, olaryň arzuwlary has takyk we real häsiýete eýe bolýar. Okuwçylarda özlerini alyp baryş kadalary we endikleri häsiýetiň durnuklaşan sypatlaryna öwrülip başlaýar. Ýetginjekler özlerine syrdaş dost tutunýarlar. Bu döwürde logiki we abstrakt tipik görnüşe eýe bolýar. Ahlak ynamlar ösüp, kollektiwizm duýgulary güýçlenýär.

7-nji synp okuwçysy adalatlylygy, şahsyýetiniň hormatlanmagyny talap edýär. 8-nji synp okuwçylarynda täze islegler ýüze çykýar. Olar ýurduň geçmişi, häzirki üstünlikleri bilen içgin gyzyklanýarlar, bilesigelijilikleri bilen tapawutlanýarlar. 8-nji synp okuwçylary subut edilmän, esaslandyrylman aýdylan zatlara ynanmaýarlar. Olarda erk

sypatlary ösüp, peýdaly iş etmek, bellenen maksada ýetmek islegleri güýçlenýär. Olar dostluga aňly-düşünjeli seredýärler, wepalylygy hormatlaýarlar. 9-njy synpda oglanlarda, gyzlarda jyns taýdan ýetişmeklik, esasan, tamamlanýar.Olaryň myşsa güýji köpelip, ösüş depgini bolsa birneme kemelýär, işe ukyplylyklary yokarlanyp, fiziki işe çydamlylyklary artýar. Nerw ulgamy uly adamlaryňky ýaly kämilleşýär. Okuwçylarda durnukly we mekdebiň çäginden daşary çykýan jemgyýetçilik ähmiýetli islegler döreýär. Bu ýaşdaky okuwçylarda belli bir hünare bolan söýgi artyp başlaýar. Olar kollektiwiň pikirini diňleýärler we oňa hormat goýýarlar. Okuwçylar dostlaşmaga has jogapkärli çemeleşýärler. Ýaşlar özleriniň hereketlerine gözegçilik edýärler we özlerini terbiýeleýärler. Olar guramaçylyk, tutanýerlilik, durnuklylyk, düzgün-tertiplilik bilen tapawutlanýarlar.

Başlangyç synp okuwçylarynda tertip-düzgünliligi terbiýelemekde höweslendirmek we temmi bermek tärleri ulanylýar.

Höweslendirmeler tabşyrylan işde, okuwda, sportda, zähmetde dürli kynçylyklary ýeňip geçmekde, aktiwlik görkezenlerinde we özlerini göreldeli alyp baranlarynda ulanylýar. Höweslendirmegiň giň ulanylýan formalary hökmünde makullamagy, sylaglamagy, baýrak bermegi, sag bolsun yglan etmegi, Taryp hatyny gowşurmagy görkezmek bolar. Temmi bermek, esasan, okuwçy mugallymyň talaplaryny berjaý etmekden ýüz öwrende, düzgünleri bilip, gödek bozanda ulanylyp bilner. Mugallym okuwçynyň nähili etmişi üçin temmi bermegiň ulanylmalydygyny dogry çözmelidir.

Başlangyç synplarda höweslendirmegi we temmi bermegi ulanmakda aýratyn seresaplylyk edilmelidir. Sebäbi bu döwürde ol okuwçylara güýçli täsir edýär.

Başlangyç synplarda höweslendirmegi we temmi bermegi okuwçynyň degişli hereketiniň gös-göni yz ýanyndan yglan etmek zerurdyr. Ýogsam okuwçylar bolan zatlary ýatlaryndan çykaryp, näme üçin temmi berilýändigini ýa-da höweslendirilýändigini aňlamaýarlar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Terbıýe prosesi, terbiýeçilik işi diýlip nämä düşünilýär?
2. Terbiýeçilik işlerine toplumlaýyn çemeleşmek näme?
3. Okuwçylaryň ýaş döwürleri boýunça terbiýeçilik işi nähili tapawutlanýar?

## § 24. Mugallymyň psihologiýasynyň käbir meseleleri

Biziň jemgyýetimizde mugallymyň tutýan orny örän uludyr. Mugallym iň hormatly kärleriň biriniň eýesidir. Ol türkmen halkynyň geljegini, ýagny onuň iň eziz, iň mähriban adamlaryny – çagalaryny terbiýeleýär. Mugallym diňe sapak okatmak bilen çäklenmeýär. Ol, ilkinji nobatda, terbiýeçi bolup, nesli hemmetaraplaýyn durmuşa taýýarlaýan adamdyr.

Mugallymyň diňe okatmak işi jogapkärli bolman, eýsem onuň terbiýeçilik işleri hem örän jogapkärlidir. Mugallym öz okadýan we bilim berýän okuwçylaryna, olaryň özlerini alyp baryşlaryna parhsyz garap bilmeýär. Mugallym ýaş neslimizi terbiýelemekde ýaňlyşlyk goýberse, onda onuň netijelerini düzetmek iňňän kyn bolýar. Mugallymyň terbiýeçilik işi sabyrlylygy, paýhaslylygy, terbiýäniň dürli usullaryny ulanmakda örän paýhasly çemeleşmegi we synçylygy talap edýär. Mugallym terbiýeçilik işinde ýalňyşmazlyk üçin okuwçylary öwrenmelidir. Sebäbi okuwçylar özleriniň gylyk-häsiýetleri, temperamentiniň tipleri, ukyplary, maşgalada alan terbiýesi, fiziki we akyl taýdan ösüşi boýunça birmeňzeş bolmaýarlar. Olar biri-birinden ýaş taýdan hem tapawutlanýarlar. Okuwçylary öwrenmezden, bilmezden terebiýeçilik işini dogry guramak we alyp barmak mümkin däldir. Terbiýeçilik işlerinde mugallymyň üns merkezinde bolmaly zatlaryň biri hem her bir okuwçyda, iň ýalta hem-de edepsiz okuwçyda hem gowy taraplaryň bolýanlygydyr. Mugallym okuwçynyň inçe duýgularyny öwrenip, şol gowy taraplaryny ýüze çykarmaga çalyşmalydyr. Şahsyýetiň şol taraplaryny öwrenmezden, bilmezden, oňa iňirdemegiň, köpçülikde tankytlamagyň, gödek sözler bilen göwnüne degmegiň ýaramaz netije bermegi mümkindir.

Okuwçylar bilen işlemekde mugallym olaryň maşgala ýagdaýy bilen hem tanyşmalydyr. Okuwçylaryň ene-atalary bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, çaga terbiýeçilik täsirini ýetirmekde mekdebiň we maşgalanyň ylalaşykly hereket etmegini gazanmak onuň terbiýeçilik işini üstünlikli amala aşyrmagyna mümkinçilik berýär. Mugallymyň terbiýeçilik işinde onuň çagalar bilen işlemäge çuň höwesiniň bolmagy, çagalary söýmegi, olara adalatly çemeleşmegi uly kömek edýär. Emma şu ýerde bir zady bellemek zerurdyr. Mugallym çagany söýmeli diýilse, onuň ähli diýenlerini etmek ýa-da çagany öz ugruna goýberip, hajyk-hujuk etmek diýildigi däldir. Mugallymyň çaga bolan söýgüsi talabedijilikli söýgi bolmalydyr. Şeýle mugallymy okuwçylar gowy görýärler, onuň bilen arkaýyn gürleşip, öz aladalary barada gürrüň bermegi halaýarlar, onuň ähli maslahatlaryna gulak asýarlar. Okuwçylara üstünlikli täsir etmek üçin mugallymda ösen ahlak duýgusynyň, ýagny başgalara duýgudaşlyk etmek, onuň ýagdaýyna düşünmek häsiýetiniň bolmagy zerurdyr. Bu mugallyma çagalara çemeleşende olaryň psihologik ýagdaýyna düşünmäge kömek edýär. Mugallym synçy bolmaly diýip biz belläp geçipdik. Bu ukyp mugallyma, ilkinji nobatda, çagalar bilen gürrüňdeş bolanda zerurdyr. Synçy mugallym okuwçynyň hereketinden, okuwçylaryň arasynda özüni alyp barşyndan, ýüz-gözünden, aýdylýan zatlary ünsli ýa-da ünssüz diňleýşinden okuwçynyň psihologik aýratynlyklaryny öwrenip biler. Mugallymyň terbiýeçilik işleriniň netijeli bolmagy üçin okuwçylar bilen ýakyn aragatnaşyk etmegi zerurdyr Ýaş mugallymlar birbada okuwçylar bilen ýakyn aragatnaşykda bolup bilmeýärler. Şonuň üçin okuwçylary özüne ýakynlaşdyryp, olar bilen bilelikde synpdan daşary terbiýeçilik işlerini guramak, sport oýunlaryny bile oýnamak, özara gürrüňdeşlik geçirmek peýdalydyr. Mugallym okuwçylaryň arasynda özüni ýönekeý alyp barmalydyr. Ol ulumsylyk etmän, aragatnaşyk saklamaga, okuwçylary özüne has ýakynlaşdyrmaga çalyşmalydyr. Käbir ýaş mugallymlarda okuwçylary gorkuzyp terbiýelemek häsiýeti hem bolýar. Bu ýagdaý mugallymyň pedagogik tebiýesiniň ýeterlik däldigini, terbiýeçilik işleriniň usullaryny gowşak bilýänligini görkezýär, bu bolsa mugallymyň kem-kemden abraýyny gaçyrýar. Mugallym

okuwçylara çemeleşende, olar bilen hyzmatdaşlygy demokratik häsiýetde alyp barmagy, her bir çaga ösüp gelýän şahsyýet hökmünde seredip, onuň bilen ikitaraplaýyn birek-birege hormat goýmak formasynda aragatnaşyk etmegi dogry bolar. Mugallym terbiýeçilik işinde özüniň şahsy durmuşda bolýan käbir ýakymsyz zatlara bolan içki duýgusyny (gynanjyny, gaharyny, närazylygyny) okuwçylaryň arasynda ýüze çykarmaly däldir. Mugallymyň şahsy başdan geçirmeleri onuň okuwçylar bilen aragatnaşygyna täsir etmeli däldir. Kähalatlarda mugallymlar nämedir bir zada gelen gaharyny okuwçylardan çykarmaga ýykgyn edýärler. Bu mugallymyň abraýyny gaçyrýar, okuwçylaryň ondan göwnüniň galmagyna getirýär.

Okuw-terbiýeçilik işlerinde mugallymyň özüniň okuwça aýdýan sözleriniň, berýän nesihatlarynyň, edýän talaplarynyň, geçirýän terbiýeçilik çäreleriniň, ony öwmeginiň, tankytlamagynyň, temmi bermeginiň nähili netije berjekdigini öňünden çak edip, göz öňüne getirmeginiň ähmiýeti örän uludyr. Mugallymyň bu ýagdaýyna **pedagogik intuisiýa** diýilýär. Sebäbi ol mugallyma terbiýeçilik işlerinde ýalňyşlyklary goýbermezligine kömek edýär. Mugallym elmydama adalatly adam bolmalydyr, onda adalatlylyk duýgusy güýçli ösen bolmalydyr. Mugallym bigünä okuwça gygyrsa, azgyrylsa, işi seljermän temmi berse, mynasyp däl okuwçyny öwse, onda okuwçylaryň öňünde abraýdan gaçýar. Okuwçylar bilen işlemekde mugallymyň erkine hem köp zatlar baglydyr. Mugallym okuwçylara tabşyran ýumuşlarynyň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik edip durmalydyr. Okuwçylar mugallymyň geçirimliliginden peýdalanmaly däldir.

Mugallymyň terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagy üçin onda ýumor duýgusynyň barlygy hem uly rol oýnaýar. Ýumor duýgusy bolan mugallym gerek ýerinde degişme äheňinde gürlemegi başarýar. Mugallymyň bu häsiýeti sapak wagtynda we beýleki terbiýeçlik çärelerinde okuwçylaryň ýadawlygyny aýyrýar. Okuwçylar toparynda ýakymly sredany döretmeklige mümkinçilik berýär. Ýerlikli degişmegi başarýan mugallym bilen okuwçylar gowy aragatnaşykda bolýarlar. Mugallymyň tabşyryklaryny göwünjeň ýerine ýetirýärler. Okuw-terbiýeçilik işinde mugallym üçin zerur häsiýetleriň biri hem

onuň öz beren sözünde durup bilmekligi başarýanlygydyr. Mugallym okuwçylara nämäni wada eden bolsa, şony hem ýerine ýetirmäge çalyşmalydyr. Mugallymyň ähli häsiýetleri, özüni alyp barşy okuwçylara görelde görkezerlikli bolmalydyr. Mugallymyň okuwçylar bilen gowy aragatnaşyk saklamagynda pedagogik takty dogry berjaý etmegi hem zerurdyr.

Pedagogik takt – bu mugallymyň çagalar bilen, olaryň ene-atalary bilen gowy aragatnaşyk saklamagyny, okuwçylara üns berşini, paýhaslylygyny göz öňünde tutýar. Pedagogik takt mugallymyň ahlak tarapdan päkliginde hem ýüze çykýar. Mugallymyň okuwçylaryň ene-atalary bilen mylakatly aragatnaşyk saklap, olar bilen düşünişmegi hem pedagogik takt düşünjesine degişlidir. Pedagogik takt mugallyma özüni dürli ýagdaýlarda hem arkaýyn, parahat alyp barmaga, özüne erk edip bilmegine kömek edýär. Mugallymyň okuwçylara çemeleşmeginde diňe terbiýeçilik usullaryny we serişdelerini bilmegi ýeterlik däldir. Munuň üçin pedagogik tehnikanyň ähmiýeti örän uludyr.

Pedagogik tehnika – bu mugallymyň okuwçylara, çagalar toparyna, kollektiwine täsir etmek maksady bilen saýlap alan usullaryny tejribede netijeli peýdalanmagy üçin zerur bolan ukyplarynyň, bilimleriniň we başarnyklarynyň jemidir. Mugallymyň pedagogik tehnikany özleşdirip bilmekligi onuň pedagogik ussatlygynyň aýrylmaz bölegidir. Munuň üçin mugallymyň pedagogikany we psihologiýany düýpli bilmekligi zerurdyr. Ýaş mugallymlarda pedagogik tehnika birbada emele gelmeýär. Pedagogik tehnikanyň zerur alamatlary hökmünde mugallymyň sözleýiş medeniýetini okuwçylara indiwidual özbaşdak çemeleşmegi başaryşynda görkezmek bolar. Mugallym okuwçylary diňe öz sözi bilen, özüni alyp barşy bilen terbiýelemän, ol bütin durky, daşky görnüşi, sözleýiş medeniýeti, oturyp-turşy bilen hem terbiýeleýär. Pedagogik işde gazanylýan üstünlikler mugallymyň bilimini we beýleki birnäçe aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Her bir iş hünäri ýerine ýetirijä kesgitli ahlak-psihologik talaplary goýýar.

Hünäriň maksady jemgyýetiň ýaş nesillerini terbiýelemek bolan işe **pedagogik iş** diýilýär.

Pedagogik işiň psihologiýasy diýlip, mugallymyň terbiýeleýji we okadyjy wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan psihologik hillerine, sypatlaryna düşünilýär.

Pedagogik işiň şeýle düzüjisi bar (islendik işe meňzeş):

1. Işiň motiwasiýasy – bu şahsyýetiň işiniň manysy.

2. Pedagogik işiň maksady Prezidentimiziň çykyşlarynda, bilim hakda kanunda berlen. Şahsyýeti umumadamzat we milli gymmatlyklar esasynda ösdürmek. Bu maksat hünäriň ugruna görä takyklaşýar. Meselem, edebiýat mugallymynyň maksady şahsyýetde adamzat gymmatlyklaryny, ruhy baýlyklary formirlemek.

Bu wezipäni adam hakyndaky gumanitar okuw dersleri bolan edebiýat, ene dili, taryh we ş.m formirleýär.

3. Serişdeleri – okuw kitaplary, gollanmalary, tehniki serişdeler mekdebiň infrostrukturasy.

4. Işiň obýekti – okuwçynyň aňy.

5. Iş usullary – okatmak, öwretmek, terbiýelemek üçin ulanylýan bilimler, başarnyklar, endikler. Olar näme etmeli diýen soraga jogap berýär.

6. Işiň önümleri – okuwçylaryň sosial-ahlak sypatlary, bilimleri, informasiýa.

Okuwçylaryň bilim we terbiýeçilik işlerindäki üstünlik mugallymlaryň hünär derejesiniň hiliniň ýokary bolmagyny talap edýär. Mugallymlaryň hünär derejesiniň hil strukturasynda dört ugur tapawutlandyrylýar:

1. Milli ruhly dünýägaraýyş, ynam we ideýalar, ýokary ahlak keşp, umumy medeniýetiň ýokary derejesi. Bu mugallymlar üçin hakyky zerur hünär hilidir.

2. Pedagogik döredijilige položitel çemeleşmek, şahsyýetiň pedagogik gönükdirilmegi, pedagogik ýykgynlygy, ýagny pedagogik işe özüňi bagyş etmeklige durnukly höwes we ymtylyş.

3. Pedagogik ukyplylyk.

4. Hünär – pedagogik bilim, başarnyk we endik.

Şeýlelikde, okuwçylara bilim we terbiýe bermekdäki üstünlik bilim we terbiýe berijiniň öňdebaryjy dünýägaraýyşly, ýokary ahlak

sypatly, ýokary bilim derejeli, başarnyk we endik hünärli, umumymedeni derejesi ýokary pedagogik gönükdirilen bolmagyny talap edýär. Emma bu heniz ýeterlik däldir. Munuň üçin ýene-de şahsyýetiň käbir ýörite aýratynlygy zerur bolup, oňa akyl, emosional we şahsyýetiň erki degişlidir. Bu ukyplar pedagogik iş bilen meşgullanýan adamlardan edilýän talaplara laýyk gelýär we onuň gazanýan üstünliklerine özüniň täsirini ýetirýär. Pedagogik ukyplylyk diýlip, şahsyýetiň indiwidual-psihologik aýratynlyklarynyň pedagogik döredijiligiň talaplaryna jogap berijiligine aýdylýar.

Mugallymyň pedogogik işiniň üstünlikli bolmagynda pedagogik ukybyň roly uludyr.

Okuw-terbiyeçilik işlerinde mugallymda birnäçe zerur bolan pedagogik ukyplar ýüze çykyp durýar.

**Didaktiki ukyplylyk** mugallymyň geçýän materiallary okuwçylara düşnükli edip ýetirip bilmegine, ylmy esasda düşündirmekligine, öz pikirini sada dilde mimikalaryň, hereketleriň üsti bilen berip bilmegine kömek edýär. Mugallym temany gürrüň berende, düşündirende, okuwçylar üçin düşnükli, grammatik tarapdan dogry, labyzly, gowy diksiýa bilen beýan etmelidir.

**Konstruktiw ukyplylyk** mugallymyň aýry-aýry okuwçylar bilen ýa-da umumy kollektiw bilen geçirmeli işlerini dogry meýilnamalaşdyryp bilmegine kömek edyär. Mugallymyň öz geçirjek işlerini, terbiýeçilik çärelerini öňünden meýilnamalaşdyrmagy oňa terbiyeçilik işlerini guramagyň dogry ýollaryny saýlap almaklygyna kömek edýär.

**Guramaçylyk ukyby** mugallymyň okuwçylar bilen geçirýän işlerini dogry gurap we ýerine yetirip bilmegidir. Ol mugallyma terbiýeçilik işlerine okuwçylaryň guramaçylykly, höwesli, köpçülikleýin gatnaşmaklaryny, geçirilýän işlerde aktiwlik görkezip işlemeklerini gazanmakda hem kömek edýär.

**Kommunikatiw ukyplylyk** mugallyma okuw-terbiýeçilik işinde okuwçylar bilen kadaly aragatnaşygy ýola goýmakda, okuwçylar bilen sapakda we terbiýeçilik işleri geçirilende aragatnaşyk etmegi ýeňilleşdirýär. Kommunikatiw ukyp mugallymyň okuwçylaryň ene-

atalary we beýleki adamlar bilen aragatnaşyk etmegini hem aňsatlaşdyrýar.

**Akademiki ukyplylyk** – bu ukyplylyk degişli dersiň ylmy taýdan ukyplylyk derejesini aňladýar. Edebiýat mugallymlarynyň az hem bolsa edebi ukyplylyga, matematika mugallymlarynyň matematiki, zähmet ýa-da fizika mugallymlarynyň konstruktiw-tehniki bilimlere eýe bolmagy gerek. Öz hünärine ukyply mugallymlar uly döredijilik inisiatiwasy, dersini bilmek bilen däl, öz eli bilen köp zatlary edip bilýän mugallym hökmünde mydama okuwçylaryň söýgüsini gazanýar. Akademiki ukyplylyga mugallymyň erudisiýasy, bilimiň ýokary derejesine galmagy, akyl dünýägaraýşynyň giňligi hem degişlidir. Şeýle mugallymlar hemişe dünýägaraýşyny giňeldýärler. Şeýle mugallymlar öz dersini sapak üçin zerur bolanyndan giň we çuň bilýärler.

**Sözleýiş ukyplylygy** – bu ukyplylyk öz pikiriňi we duýgularyňy sözleýiş formasynda dürli hili hereketler, mimikalar bilen utgaşdyryp aýdyňlaşdyrmakdyr. Mugallymyň sözleýşi janly, obrazly, emosional, grammatiki, stilistiki, fonetiki taýdan ýalňyşsyz beýan edilmelidir. Bir tonda beýan edilen sözleýiş okuwçylary çalt ýadadýar, biparhlyk, ýaltalyk döredýär. Çalt sözlemegi özleşdirmekligi gowşadýar we tiz ýadadýar. Örän gaty, kesgin, gykylykly sözleýiş okuwçylaryň nerwisine täsir edýär. Mugallymyň gowşak we ýuwaş sözleýşi ýaramaz eşidilýär.

**Pedagogik gözegçilik.** Munda mugallym okuwçylaryň, terbiýelenýänleriň içki dünýäsine aralaşmalydyr. Ukyply mugallym, terbiýeçi sähelçe daşky alamatlary boýunça okuwçylaryň içki ýagdaýyndaky üýtgeşmeleri bilmekligi başarýar. Pedagogik taktlylyk okuwçylaryň indiwidual we ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutmak bilen tutuşlaýyn täsir ediş çärelerini geçiriş ukyplylygynda ýüze çykýar.

**Suggestiw ukyplylyk** – bu okuwçylaryň emosional-erkin täsir etmek ukyplylygy, talabedijilik ukyplylygy we talaplaryň sözsüz ýerine ýetirilişini gazanmak ukyplylygydyr.

**Pedagogik göz öňüne getirme** – ol öz işleriniň täsir netijelerini öňden görmeklikde, okuwçy şahsyýetini terbiýelemekligi

meýilnamalaşdyrmakda, haýsy okuwçyny geljekde haýsy şertlerde olaryň ol ýa-da beýleki hil taraplaryny terbiýelemelidigi çaklamakda we göz öňüne getirmekde ýüze çykýar.

**Gaýtalamak üçin soraglar**

1. Mugallymyň esasy aýratynlyklaryny nähili häsiýetlendirmek bolar?
2. Pedagogik takt we tehnika diýip nämä düşünilýär?
3. Okuw-terbiýeçilik işinde mugallymyň nähili pedagogik ukyplaryny bölüp görkezmek bolýar?

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 1 tom. Aşgabat, 2008.

5. *Asadullin W., Ahmedowa F.* Başlangyç synp okuwçylaryny psihologiki öwrenmegiň usullary we serişdeleri. Türkmenabat,1998.

6. *Basarow B.* Gysga psihologik sözlük. Aşgabat, 1993.

7. *Basarow B., Ymamkulyýewa G., Genefiko H.* Umumy psihologiýa boýunça praktikum. Aşgabat, 1991.

8. *Asadullin W., Jumanyýazowa A.* Ýetginjekleriň we ýokary synp okuwçylarynyň psihologik sypatlaryny diagnostirlemek. Türkmenabat, 1998.

9. Durmuş endiklerini terbiýelemek. Aşgabat, 2004.

10. *Крутецкий В.* Психология. 1986.

11. *Крутецкий В.* Психология обучения и воспитание школьников. Москва, 1968.

12. *Панибратцева З.* Методика преподавания психологии. Москва, 1971.

13. *Paşalakow B., Basarow B., Hydyrowa H.* Umumy psihologiýa. Türkmenabat, 1992.

14. *Pirliýew G.* Mekdepde terbiýeçilik işiniň esasy meseleleri. 1990.

15. *Рувинский Л., Хохлов С.* Как воспитать волю и характер. Москва, 1968.

# MAZMUNY

## I bölüm
## Psihologiýa dersine giriş

§ 1. Psihologiýanyň dersi, wezipeleri we barlag usullary 7
§ 2. Beýni we psihika 21
§ 3. Psihikanyň we aňyň ösüşi 28

## II bölüm
## Şahsyýet we onuň işleri, hereketleri

§ 4. Şahsyýet we onuň kemala gelşi barada umumy düşünje 37
§ 5. Şahsyýetiň işleri barada umumy düşünje 46
§ 6. Üns 53

## III bölüm
## Şahsyýetiň bilijilik, akyl ýetirijilik prosesleri

§ 7. Duýma, duýuş 75
§ 8. Kabul ediş 84
§ 9. Ýat, huş 98
§ 10. Pikirlenme we sözleýiş 108
§11. Hyýal, göz öňüne getiriş 143

## IV bölüm
## Şahsyýetiň emosional we erk prosesleri

§ 12. Emosiýa we duýgular 148
§ 13. Erk 161

**V bölüm**
**Şahsyýetiň psihologik, özboluşly aýratynlyklary**

§ 14. Temperament 169
§ 15. Gylyk-häsiýet 184
§ 16. Ukyplylyk 201

**VI bölüm**
**Ýaş aýratynlyklary psihologiýasynyň esaslary**

§ 17. Ýaş aýratynlyklary psihologiýasyna giriş 211
§ 18. Çaganyň mekdebe çenli döwürdäki ösüşi 212
§ 19. Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň psihologik aýratynlyklary 216
§ 20. Ýetginjegiň psihologik aýratynlyklary 222
§21. Uly ýaşly mekdep okuwçysynyň psihologik aýratynlyklary 231

**VII bölüm**
**Pedagogik psihologiýanyň esaslary**

§ 22. Okatmagyň psihologik esaslary 235
§ 23. Terbiýe bermegiň psihologik esaslary 238
§ 24. Mugallymyň psihologiýasynyň käbir meseleleri 244

Edebiýat 252

*Esen Atdaýew, Kakamyrat Öwelekow,*
*Güljennet Annameredowa, Ýazgül Toýlyýewa*

# PSIHOLOGIÝA

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

Redaktory *N. Annaweliýewa*
Suratçy *Ý. Peskowa*
Surat redaktory *T. Aslanowa*
Teh. redaktory *T. Aslanowa*
Neşir üçin jogapkär *K. Kulyýew*

Ýygnamaga berildi 28.06.2010. Çäp etmäge rugsat edildi 31.08.2010.
Ölçegi 60x90 1/16. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Hasap-neşir listi 12,9. Çap listi 16,0. Neşir № 30.
Sargyt №   . Sany 2000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym“ neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.